# IMAN ETMEK GADAGAN EDILENDE

## 40 GÜNLÄP YZARLANYLÝAN MESIHILER BILEN

TODD NETTLTON

## *Iman etmek gadagan edilende* alkyş aýdyň

"Türkiýede tussaglykda bolan iki ýylymyň dowamynda Mesihe iman hem hakykat bilen gulluk edenleriň we azar bermeler wagtynda berk duranlaryň göreldeleri meni berkitdi. Imany ugrunda ezýet çekenleriň sanawy uzyndyr. Käbirleri başgalara garanda köpräk göreşmeli boldular — menem, elbetde, göreşdim — ýöne ahyrsoňunda berk durmak zerurdyr. Todduň bu kitapda toplan wakalarynyň ummasyz gymmaty bar. Birden biz şol uzyn sanawda ýer eýelemäge çagyrylsak, onda şoňa taýýarlyk görmäge olar kömek eder. Şuňa taýýarlanmak ilkinji derejeli we gyssagly predmetdir diýip hasap edýärin".

**RUHY ÇOPAN ENDRÝU BRANSON** | Mesih ugrunda Türkiýede tussaglykda bolan öňki ýesir.

"Men *"Iman etmek gadagan edilende*" atly kitaby uly gyzyklanma bilen okadym. Ol meniň lapymy keç etmedi. Kitap yzarlanylýan imanlylardan daşda aýajyp durmuşda ýaşaýan okyjyny synlaýjydan yzarlanylýanlaryň ezýetine gatnaşyja öwürýär we bizi imany ugrunda azar berilýänlere gynanmakdan olar bilen hakyky hyzmatdaşlygyň işjeň pozisiýasyna alyp barýar. Todd okyjyny özüniň gürrüň berýän zadyna çagyrýar we yzarlanma gündelik adaty hadysa ýaly seredýän mesihileriň durmuşyny aýdyň görkezýär. Iňňän şahsy wakalar bilen baglanyşykly bolan doga-dileg etmeleriň ýazgylary şahsy oýlanmalar we ruhy ösüş üçin mümkinçilikleri teklip edýär. Okyja öz pikirlerini ýazmak teklip edilýär. Yzarlanylma bilen şaýatlygyň ekiz dogan bolup durýan ýerindäki yzarlanylýan mesihiler hakda berilýän gürrüňler olaryň imanly durmuşyna içgin seretmäge mümkinçilik berýär. Okyjylaryň bu kitaby özleriniň şahsy gullugyny gowulaşdyrmak üçin ulanmaklary üçin doga edýärin. *"Iman etmek gadagan edilende*" — bu özleriniň maşgaladaky sežde etme wagtyny baýlaşdyrmak üçin gollanma gözleýänlere Hudaý tarapyndan berlen sowgatdyr".

**NIK RIPKEN** | Missiýanyň 35 ýyllyk stažy bolan weterany; *"Hudaýyň akylsyzlygy*" kitabynyň awtory.

"Azat ýurtlarda ýaşaýan biz imanlylar "Isanyň yzyna eýerme kararyna geldim" diýip aýdym aýdanymyzda bu borjuň düşýän gymmaty hakda seýrek pikir edýäris. Iman üçin azar berilýän ýurtlardaky Mesihiň yzyna eýerijileriň köpüsi üçin munuň ýaly karar janyň bahasyna durýar. Yzarlanylýan ýygnagyň şaýatlyklaryny eşitmek biziň üçin aňry ýany bilen wajypdyr. Bu bize yzarlanylýan doganlarymyz üçin Hudaýa doga etmäniň gymmatly artykmaçlygyny berýär we azat ýygnakdaky özüne göwni ýetmäni we irkilmäni aýryp taşlaýar. Pasportyňyzy alyp, howpsuzlyk kemerini dakynyň-da, Todd bilen Isanyň yzyna eýermegiň nämedigi hakda global düşünjäni almak üçin syýahata ugraň. Şonda imanyňyz öňküsi ýaly ýagdaýda galmaz!"

**JANET PARŞAL** | Tok-şounyň awtory hem alyp baryjysy

"Ýakyn Gündogarda ýygnak ýolbaşçysy bolanym üçin Todduň yzarlamalar hakdaky taryhlary alyp, olary umumylaşdyrýanyny we giň okyjylar toplumy üçin düşnükli edişini gözüm bilen gördüm. Meniň özüm onuň bilen eýýäm on ýyldan bäri tanyş. Şu döwrüň dowamynda ol biziň şaýatlyklarymyzy ýazyp aldy, hatda olaryň käbirlerini şu ajaýyp kitapda hem ulandy. Her gezek Todduň ýazan wakalaryny okanymda, men ruhlanýaryn we mende Mesihi yzarlaýan bu dünýäde Onuň ugrunda görgi görme islegi tutaşýar. Todduň öz durmuşyny şunuň ýaly şaýatlyklary dokumentleşdirmäge bagyş edýäni üçin men oňa minnetdar, sebäbi olar diňe bir siziň ýürekleriňizi tolgundyrman, eýsem, Mukaddes

Ruha-da biziň durmuşymyzda ajaýyp hereket edip başlamaga mümkinçilik berýär. Irkilip oturan dünýäniň oňaýlyklarynyň içinde imanyňy nädip tutaşdyryp bolar? Parhsyzlyk ruhuny nädip ýeňmeli? Bu kitabyň sizde umyt döretjekdigine we özüňize berlen beýik wezipäni ýerine ýetirme islegini tutaşdyrjakdygyna ynanýaryn".

**ÝAKYN GÜNDOGARDAKY ÝYGNAGYŇ ANONIM ÝOLBAŞÇYSY**

"Todduň "Iman etmek gadagan edilen" atly soňky kitaby hakykatdan hem ruhlandyrýar we okyjynyň içki dünýäsini üýtgedýär. Mesihiň yzarlanylýan teniniň arasynda ýigrimi ýyla golaý wagtlap wagyzçylyk gullugyny alyp baranda Todd şol adamlaryň arasynda, käwagt hem olaryň üsti bilen ýaşady. Onuň ýazan şaýatlyklary ýöne bir waka bolman, eýsem, olar Hudaýyň yzarlanylýan wepaly adamlary bu dünýä gabat gelmeýändikleri üçin ejir çekenlerinde-de Onuň olara ýaşaýyş, şatlyk we gülki berýändigini görkezýär. Isa Mesihde takwa durmuşda ýaşamak isleýän her bir mesihi bu kitaby okamalydyr".

**BOB FU** | "Hytaý kömek guramasy" missiýasyny esaslandyryjy we onuň Prezidenti hem-de Mesih ugrundaky öňki tussag.

"Men Todd Nettltony köp ýyllardan bäri tanaýaryn. Ol wakalary nähili gowy gürrüň berýär! Biziň günlerimizde dabaralanýan mukaddesleriň şaýatlyklaryndan başga nähili wakalar biziň üçin gowy bolup biler?! Todduň kömegi bilen indi şol "ýeňiş taryhlary" gizlenip galanok. Olar diýseň ajaýyp! Olar meni Hudaýa DOGA ETMEKLIGE ruhlandyrýar!"

**GRASIÝA BERNHEM** | Missioner, "Ethnos360" missiýasynyň işgäri, "*Duşmanlarymyň ýanynda*" atly kitabyň awtory.

"Men *"Iman etmek gadagan edilende*" atly kitaby okanymda, göwnüme mukaddes ýerde ýöräp barýan ýaly boldum. Kitabyň haýran galdyryjy wakalary sizi dünýädäki mesihiler üçin has howply bolan ýurtlaryň käbiriniň atmosferasyna alyp barýar. Şeýle-de bolsa, Todd Nettltonyň gürrüňini edýän ýeňijileri yzarlamalarda ýöne bir aman galman, eýsem, hemme zadyň tersine, gülläp ösýärler! Mesih olary şeýle bir doldurypdyr welin, olar Hudaýyň Patyşalygynyň ýeňilmejek güýjüne öwrülipdirler. Bu aklyňy haýran ediji kyrk günlük syýahata bizi hem äkideniňe sag bol, Todd! Men bu kitaby gowy görýärin we ony okamagy nygtamak bilen teklip edýärin. Isa üçin görgi görmäge, hatda janyny hem bermäge taýýar bolan doganlarym bilen duşuşmakdan men ruhlanma aldym. Islendik ýagdaýda-da Isanyň yzyna eýerýän bu mukaddesler ýaly, biziň Halasgärimizem haýran galdyryjydyr!"

**TOM DOÝL** | "Çäksiz hyzmatlar" general direktory we Joann Doýla *"Töwekgelçilik edýän aýallar: Isanyň musulman dünýäsindäki gizlin agentleri*" kitap boýunça awtorlyk ediji.

"Bu kitaby Todda ýazmaga özboluşly mümkinçiligi bereniň we oňa bu kitaby ýazmagy tabşyranyň hut Rebdigine ynanýaryn. Ahyrzaman golaýlaşdygyça, hatda ABŞ ýaly günbatar ýurtlarda hem yzarlamalaryň güýçlenjekdigini bize Mukaddes Kitap aýdýar. Dorgusyny aýtsak, ol wagt eýýäm başlandy. Şeýlelikde, bu kitapda ýygnalan we hakyky wakalara esaslanyp berilýän gürrüňler diňe bir Günbatarda ýaşaýanlaryň

imanyny berkitmek hem-de tende Rebbiň yzyna eýermegimize ýardam etmek bilen çäklenmän, eýsem, käbirlerimiziň häzir duş gelýän yzarlanmalarymyza bolmalysy ýaly garamaga (2 Timoteos 3:12) we ertirki günüň bize taýýarlaýan zatlarynyň hemmesine taýýarlaýar (Matta 24: 9)".

**GORMOZ ŞARIAT** | IranAlive.org

"Häzirki wakalar, atsyz hem ýüzsüz adamlar we biziň ýüreklerimiziň arasyndaky nokatlary baglanyşdyrmak — aňsat däl. Yzarlanylýan ýygnak hakda eşidenimizde, hatda ezýet çekýänlere duýgudaşlyk bildirenimizde-de olar bize ýakyn bolmaýarlar. Biz ýygnanyşyk wagtynda "Meniň ýüregimi söýgüden doldur" diýip şeýle köp aýdym aýdýarys, ýöne onuň nämäni aňladýanyna düşünýärismi? *"Iman etmek gadagan edilende*" atly kitaby okamaklyk sizi oňa düşünmäge kömek etjek ýoldan alyp geçer. Bu kitapda ýazylan şaýatlyklar Hudaýyň Kimdigini we bu dünýäniň bulam-bujarlyklarynyň içinde Onuň nähili hereket edýändigini bize ýatladýar. Olar bize Mesihiň Teniniň ýagdaýyny ýatladar, şol bir wagtyň özünde hem, Hudaýyň biziň öz durmuşymyzdaky barmaklarynyň yzlaryny açyp görkezer. Bu şaýatlyklardan ruhlanma alyň, sebäbi olar şemalyň dünýäniň ähli künjeklerine özgerlişikleri alyp barýanyny görkezýär. Diňe bir Todd Nettltonyň bu taryhlary däl-de, eýsem, öz ýazgylaryňyz hem, sizi Hudaýa doga etmeklige ruhlandyrar. Bu taslamany "Iman çagyrşy" diýip atlandyryp bolar. Eger syýahatyň tutuş kyrk gününiň dowamynda çyn ýürekden Hudaýa doga etmeklige gatnaşsaňyz, onda bu kitaby okanyňyzdan soň, öňkiňiz ýaly galmarsyňyz diýip pikir edýärin".

**RUT KRAMER** | "Network habarlar missiýasy" guramanyň ýerine ýetiriji prodýuseri we alyp baryjysy

"Isa üçin, resullar üçin, dabaralanýan we toba gelýän ýygnak üçin, göreşiji we missionerçilik ýygnagy, şeýle hem, bütin dünýädäki doganlarymyz üçin... görgüler mydama şöhratyň öňünden gelýändir. Soňky üç ýüz ýylyň dowamynda Günbatarda bar bolan haçsyz, agyrysyz, görgi görmeýän mesihiligimiz — bu dowamly ýalňyşlykdyr, onuň tizara soňy geler. *"Iman etmek gadagan edilende*" kitaby bize sagdyn mesihiligiň nämedigini we Reb Isa gelmeziniň öňündäki soňky günlerde umumy geljegimiziň nähili boljakdygyny görkezýär".

**DIK BROGDEN** | "Diri Öli" hereketini döretmäge gatnaşan, Jidda, Saud Arabystan.

"Teniň bir ýeri ejir çekse, biziň hem olar bilen bile ejir çekmelidigimiz baradaky Mukaddes Kitabyň hakykatyna düşünip, biz maşgalamyz bolup yzarlanylýanlary dogalarymyzda mümkin boldugyça köp ýatlaýarys. Indi bu kitabyň kömegi bilen bizde olar bilen tanyşmaga gaty gowy mümkinçilik bar! Todd bilen Hytaýa, Ýakyn Gündogara, Afrika we başga ýerlere ugraň-da, Mesihiň yzyna eýermek üçin *hemme zadyny* şatlyk bilen pida edýän mesihiler bilen gürleşip oturyň. Biziň ruhy maşgalamyzyň yzarlanylýan agzalary bilen tanyşmak we olardan ruhlanma almak üçin şol kyrk günlük syýahaty ediň".

**BENJAMIN UOTSON** | "NFL"-iň awtory, işjeň, öňki agza.

# Iman etmek gadagan edilende

## 40 GÜNLÄP YZARLANYLÝAN MESIHILER BILEN

Todd Nettlton

Originally published in English under the title
*When Faith is Forbidden* by Voice of the Martyrs with Tom Nettleton
Copyright © 2021 by Voice of the Martyrs, Inc.

©2021 Ejir çekenleriň sesi
Awtorlyk hukugy goralan. Neşirçiden hat üsti bilen rugsat almazdan, tankydy we syn makalalaryndaky gysgajyk salgylanmalardan başga materiallary ulanmak ýa-da köpeltmek gadagandyr.

Suratlar: awtorlyk hukugy © 2011 FreeTransform / iStock (115905400)
© 2016 by gurkoao / iStock (504182338)
© 2019 by Fourleaflover / iStock (1165723077)
© 2019 LifeofRileyDesign / iStock (1185821355).
© 2012 crossbrain66 / iStock (171580669).
© 2016 lukbar / iStock (599273638).
Suratlara ähli hukuklar berlen. Suratlaryň awtory: Kori Lak

Bu kitabyň teksti “Ejir çekenleriň sesi” tarapyndan iňlis dilinde ilki çap edilen býulletenden, asyl nusgasyndan  we guramanyň saýtyndan alyndy.

Kitapda beýan edilen wakalaryň hemmesi hakykat, emma gahrymanlaryň käbirleriniň atlary we ýagdaýlary howpsuzlyk maksady bilen üýtgedildi.

Mukaddes Kitaba salgylanmalar Sinodal terjimeden alyndy.

Kitap satuwa degişli däldir. Ol satylan ýagdaýynda aşakda görkezilen salga habar bermegiňizi haýyş edýäris.

“Ejir çekenleriň sesi” — bu täjirçilik guramasy bolman, eýsem, konfessionalara mesihilik missionerçilik guramadyr. Ol bütin dünýäde yzarlanylýan maşgalalara iş ýüzündäki we ruhy kömegi bermäge we Mesihiň Teniniň azat dünýädäki agzalaryny yzarlanylýan mesihiler bilen gatnaşdyrmaga we olar üçin Hudaýa doga etmeklige niýetlenilendir. “Ejir çekenleriň sesi” 1967-nji ýylda, kommunistik Rumyniýada Mesihe iman edendigi sebäpli on dört ýyllap türme tussaglygynda bolan ruhy çopan Riçard Wurmbrand tarapyndan döredildi. Onuň aýaly Sabina zähmet lagerlerinde üç ýyl boldy. 1965-nji ýylda Riçard we onuň maşgalasy Rumyniýadan satyn alyndy we yzarlanylýan mesihilere gulluk edýän missiýalaryň bütindünýä zynjyry döredildi. Biziň web-saýtymyza girmek, “Ejir çekenleriň sesiniň” her aýdaky mugt býulletenini hem-de Mesihe şaýatlyk edeni üçin tussaglykdakylar hakyndaky elektron habarlary almak üçin ýazylmak bilen siz yzarlanylýan doganlaryňyzyň çäksiz imanyny görüp ruhlanarsyňyz we özüňiziň olara nähili gulluk etmelidigiňizi bilersiňiz.

Biziň materiallarymyza şu salgy boýunça ýazylyp bilersiňiz: a/ýa 6, 33024, Rowno, Ukraina ýa-da  info@vom-ru.org

Biziň rus dilindäki saýtymyza giriň — www.vom-ru.org

Bagyş etme Şarlotta
Bu sahypalarda gürrüň berlen her bir waka, Bangolora, Pekine ýa-da Bakuwa edilen her bir sapar seniň ýeke ene bolmagyňy, ýeke geçiren gijeleriňi aňladýar. Şeýle-de bolsa, Hudaýyň aladasyna bil baglap sen mydama meni goýberdiň, maňa Onuň işini etmegi tabşyrdyň we men gidenimde, meniň üçin Hudaýa doga etdiň. Men seniň pida edijiligiňi görýärin. Biziň Atamyz hem ony görýär. Bu şaýatlyklar – *biziň* bilelikdäki gullugymyzyň miwesidir, sebäbi sen onuň her bir etapyndaky doly hukukly hyzmatdaşy bolupdyň we häzirem hyzmatdaşsyň.

Mesih üçin ýaşamaga we munuň üçin islendik bahany tölemäge taýýar bolanlaryň hemmesi üçin. Gadyrly okyjy, siz özüňizi-de şu sanawa salmaklaryny isleýänsiňiz diýip umyt edýärin. Mesih muňa gürrüňsiz mynasyp ahyry!



## GIDILEN GÜN

# UÇUŞYŇ ÖŇ ÝANYNDAKY GÖZEGÇILIK SANAWY

“Bu adamlaryň bary ölýänçä imandan dänmedi. Wada edilenlere gowuşman, olary uzakdan görüp, şatlykly garşylap, özleriniň Ýer ýüzünde ýat hem mysapyrdyklaryny boýun aldylar. Beýle gepleýänler özleriniň bir watan agtarýandygyny açyk görkezýärler. Aslynda olar çykyp gaýdan ýurtlaryny ýatlaýan bolsalar, onda yzlaryna dönmäge pursatlary bolardy. Emma olar has gowusyny, ýagny asmandaky watany arzuwlaýardylar. Şonuň üçin Hudaý Özüni olaryň Hudaýy diýip atlandyrmakdan utanmaýar. Çünki olar üçin bir şäher taýýarlady”.

**ÝEWREÝLER 11:13–16**

………………………………………………..

*— Ýigrimi bäş minutdan aeroporta gidýäris. Siz taýýarsyňyz diýip umyt edýärin!*

Men çemodanymy ýapmaga synanyşyp we gidenimde nämäniň gerek bolmagynyň mümkindigi hakda pikirlenip, öýüň içinde iki baka ylgaýaryn. Men howa maglumatyny görmek üçin eýýäm näçenji gezek telefony alýaryn. Ýyly kurtka juda köp ýer eýelär. Ol maňa dogrudanam gerek bolaýarmyka? Ýygnaga geýer ýaly köwüş gerekmikä? Ýygnaga galstuk dakynmaly bolarmyka?

Goşmaça geýimleriň her biri almalymy ýa dälmi diýen seljermäni talap edýärdi. Hawa, eger myhmanhanada fitnes bar bolsa, onda krossowkaly bolsaň erbet bolmaz. Ýöne ol gymmatly ýeri eýeleýärdä. Hawa, meniň Mukaddes Kitabymy-da alasym gelýär, ýöne ýola alynýan Täze Ähtim has kiçi hem ýeňil, üstesine-de, gerek bolsa, telefonymda Mukaddes Kitap bar. Mundan başga-da, men mydama öýe gaýdanymda, çemodanymda biraz boş ýer bolar diýip umyt edýärdim, sebäbi aýalym ýa-da ogullarym we gelinlerim üçin hökman sowgat alyp gelýärin (çagaka olaryň gowy görýän oýunjaklary gylyçdy, pyçakdy ýa-da dürli görnüşli ýaraglardy!).

Missionerleriň ogly bolan men köp syýahat edilýän maşgalada ulaldym. Çemodany ýygnamagyň düzgünleri örän aňsatdy: eger göterip bilmejek bolsaň, onda ýanyňa zat alma. Biz mydama — hatda Papua — Täze Giwineýa — el goşda on iki adamlyk aşhana kümüş gap-gaçlaryny getirenimizde-de şu ýörelgäni saklaýardyk. Men entegem şol düzgüne eýerýärin: ortaça göwrümli sumkany ýüke tabşyrýaryn we elime-de birini alýaryn, onuň içine kamera, nauşnik we elektron kitaplary, şeýle hem, şnur bilen adapteri salýaryn. Eger bagtym çüwse, onda garbanar ýaly bir zat we artykmaç bir köýnegimi salýaryn, sebäbi çemodanyň özüň bilen bile barjagyny hiç haçan bilmeýärsiň.

— *On minutdan biziň yzymyzdan gelýärler. Men syrmany ýapar ýaly, şu ýeri gysarmysyňyz*?

Ilki “Ejir çekenler” gullugynda işläp başlanymda, yzarlanylýan mesihiler hakdaky düşünjäm häzirkimden düýbünden tapawutlanýardy. Hytaýa birinji gezek gidenimde biziň komandamyzyň soňky üç aýyň içinde birnäçe gezek tussag edilen

bir ruhy çopan bilen duşuşmagy meýilleşdireni ýadyma düşýär. Ol hasaba alynmadyk uly ýygnaga ýolbaşçylyk edýärdi. Bu ýygnak ýygnanyşyk geçirmek üçin sişenbe günleri ýygnanyşýardy. Şonda dini işler boýunça guramalar bilen polisiýa, ýygnanyşygy geçirip bilmez ýaly, ony alyp gidýärdiler. Ol özüniň ulalyp barýan ýygnagyna gulluk edip bilmez ýaly, ony uzakly gün, käwagt hem uzakly gije saklaýardylar, soň hem goýberýärdiler.

Onuň ýanyna barýarkak, göz öňüme görgüli, göwnüne deglen ruhy çopan geldi. Çuň göwnüçökgünlikde bolýany sebäpli, daşary ýurtly adamlaryň göwünlik bermäge gelmegi onuň üçin nähili ak pata diýip pikir etdim. Şol wagt meniň düşünjäm hakykatdan daşda däldi!

Biz onuň öýüne girenimizde, gülküsini zordan saklaýan şatlykdan doly adamy gördük. Ol öz etrabyndaky adamlaryň Isa Mesihe iman edýändiklerine we ýygnagynyň ulalýandygyna diýseň begenýärdi. Eger onuň gullugynyň netijeliligi birnäçe bolgusyz tutulmalar we kamerada geçirilen gijeler sebäpli bolan bolsa, onda ol tutulanda näme? Bu zatlar adamlaryň durmuşynyň üýtgeýäniniň we Hudaýyň Patyşalygynyň artýanynyň şaýady bolma hormatyna eýe bolýanyňa degýär.

Şonda ruhy çopanyň mydama ýygnaga gidende ýany bilen alyp gidýän sumkasyny görkezeni ýadyma düşýär. Onuň içinde ýorgan bilen çalşyrgyç eşik bardy. Bu onuň türme haltasydy — ol mydama taýýardy we onuň ýanyndady.

Biz çaý içip otyrkak, men ruhy çopanyň ýanynda oturan aýalyndan adamsyny görkezip:

— Siz onuň üçin gorkaňyzokmy? — diýip soradym.

— Men näme üçin gorkaýyn?! — diýip, ol terjimeçiniň üsti bilen jogap berdi. — Onuň aladasyny Hudaýyň Özi edýär!

*Hudaý onuň aladasyny edýär. Hudaý biziňem aladamyzy edýär.*

Şol sapardan soň meniň öz syýahatlarymyzyň maksady baradaky düşünjäm üýtgedi. Yzarlanylýan mesihiler başga mesihiler bilen

gatnaşmagy gowy görýän bolsalar-da, olar meniň ruhlandyrmama *mätäç däl*. Aslynda olaryň ýüzlerinde öwşün atýan we durmuşynda ýüze çykýan şatlygy görme zerurlygyny meniň özüm duýýaryn. Men olaryň ýanlaryna şaýatlyklaryny diňlemek üçin gidýärin. Men olaryň ýanlarynda özleriniň imany we "iň gowy, ýagny gökdäki" watana barýan ýollary hakda köpräk bilmek isleýän okuwçy hökmünde gidýärin. Özümiň ýerdäki öýüme gaýdyp gelenimden soň, men olaryň haýran galdyryjy imany hakdaky taryhy mümkin boldugyça gowy gürrüň berme islegi bilen alawlaýaryn.

— *Äpişdegen serediň, entek meniň yzymdan gelmedimikäler*?

Bu kitaby okanyňyzda siz meniň bilen bile syýahata ugraýarsyňyz. Biz siziň bilen kyrk günümizi şu zatlary bilmäge, ýagny Hoş Habary çäklendirýän ýurtlara syýahat etmäge we ýaňky hytaýly batyr ruhy çopan bilen onuň aýaly ýaly adamlary baryp görmäge bagyş ederis. Soňky ýigrimi üç ýylyň dowamynda duşuşan yzarlanylýan erkek hem aýal doganlarymyzyň käbirleriniň şaýatlyklaryny diňlemek üçin meniň bilen bile syýahata ugraýanyňyza men şat.

Eger siz Mesihiň yzyna eýeriji bolsaňyz, onda bu kitaby açmazdan öň, eýýäm şunuň ýaly syýahatda bolup göreniňiz gürrüňsizdir. Mukaddes Kitabyň birnäçe ýerlerinde, mysal üçin, biziň bu gün eýýäm ýatlap geçenimizdäki ýaly, gürrüň Mesihiň Ýerdäki jahankeşdeler hem gelmişekler, kowlanlar we watan gözleýjiler hökmündäki yzyna eýerijileri hakda gürrüň edilýär. Bu ýerde, Ýer ýüzünde biz öýümizde däldiris, sebäbi biz bu dünýäden däldiris. Biz bary-ýogy öz hakyky öýümize — göklere barýan jahankeşdelerdiris!

Şeýlelikde, bu syýahata yzarlanylýan mesihiler bilen duşuşmak üçin ugramak bilen biz özümize başga wagtda, has wajyp — gökdäki syýahata alyp barjak syýahat wagtynda özümize gerek boljak hakykaty bileris (diýip men umyt edýärin).

Biz aeroporta gidýäris, şonuň üçin birinji sapak: syýahata ýeňil ýükli gidiň.

Köp mesihiler durmuşda gereginden has artyk bolan ummasyz ýük bilen syýahat edýärler. Bir sumkasyny goş tabşyrýan ýere tabşyryp, ýanyna-da ýekeje goş almagyň deregine, olar alty sumkany "goşa tabşyrmak" we ullakan üç sumkany hem ýanlaryna almaga çalyşýarlar. Olar arabalaryna şeýle bir ýük ýükleýärler welin, zadyň derdinden nämäni nirä itekleýänlerini-de görmeýärler! Olar soňky barylmaly nokat hakda däl-de, häzir nirede durandyklary hakda köpräk pikir edýärler, şonuň üçin yzlary bilen juda köp zat çekýärler. Awiakompaniýalaryň "artykmaç agram" üçin ýolagçydan töleg alşy ýaly, beýle mesihiler juda uly ýük alyp barýandyklary üçin töleg tölemeli bolýarlar.

Belki, siziň artykmaç sumkaňyz — bagyşlamazlykdyr; siz ony göterip bolmaz ýaly ýük edýän öýkäni gizleýänsiňiz. Belki, bu — toba edilmedik günädir. Belki, sizde özüňiziň hakyky öýüňiz hakda pikir etmäge päsgel berýän aşa köp material gymmatlyklaryňyz bardyr. Belki, gep başagaýlykdadyr; siziň iş tertibiňiz şeýle dykyz bolup, töweregiňize göz aýlamaga-da wagtyňyz ýokdur.

— *Ine, yzymyzdan geldiler.*

Meniň bilen syýahata gitmek üçin aeroporta ugranyňyzda, özüňiziň juda köp ýük göterýänmidigiňizi görkezmegini sorap, Hudaýa doga edersiňizmi? Biziň mesihi maşgalamyzyň yzarlanylýan agzalarynyň şaýatlyklary siziň üçin ak pata bolar we Mesihiň yzyna şahsy eýermekdäki nädogrulyklary görkezer diýip umyt edýärin. Olar, şeýle hem, özüňiziň hakyky öýüňiz we oňa tarap barýan ýoluňyz hakda has çuň pikirlenmäge sizi mejbur eder diýip umyt edýärin.

Daşary ýurda gidilýän pasport? — Bar!

Uçuşlaryň tertibi? — Çap edilen!

Pul? — Ýanymda!

Indi biz taýýar.

Diňe iti sypalamak, aýalyňy hem çagalaryňy ogşaýmak galýar.

Ýola düşmäge çen boldy!

# PIKIRLENMEK ÜÇIN

Özüňiziň bu ýerde “jahankeşde hem gelmişekdigiňiz” we soňky barmaly ýeriňiziň — “iň gowy watandygy” hakda köp oýlanýarsyňyzmy? Muňa düşünmeklik nädip şu günki ýaşaýşyňyza täsirini ýetirýär? Siz bu durmuşda “ýeňil ýükli” syýahat edýärsiňizmi? Ýa-da yzyňyzda gerek bolmajak, “götermesi oňaýsyz” bolan, diňe ýer eýeleýän we ýüküňizi gozgap bolmaýan edýän zatlary-da süýreýärsiňizmi?

Şu soraglaryň üstünde pikirlenip, jogaplaryňyzy gündelige ýazyň (aşakda). Şol gerek däl zatlary yzda galdyrmaga sizi näme mejbur edip biler?

## Uçmazyň öň ýanyndaky doga-dileg

“Rebbim Hudaý, bu syýahata biziň bilen bile git. Haýyş edýärin, meniň ýüregimi ýanyna barýan adamlarym bilen duşuşmaga taýýarla we olary Öz hakykatlaryňy maňa has köpräk açmak üçin ulan. Maňa özümiň hakyky öýümi, “iş gowy watany” köpräk ýatlat hem-de barmaly ýerime alyp barýançaň, şu ýoluň bütin dowamynda meni howpsuz alyp git. Haýyş edýärin, meniň özümde bolmaly däl zady ýanym bilen alyp barýan barmaýanymy maňa görkez we olary goýmaga maňa kömek et. Omyn”.

## *Siziň gündeligiňiz*

## Meniň gündeligimden

1998 -nji ýylyň 19 oktýabry (meniň "Ejir çekenleriň sesi" topary bilen Sudana ilkinji saparymyň edil öň ýanynda).

"Men bir hepdeden soň özümiň Bartlswilldäki ýakymly, howpsuz we oňaýly durmuşymy goýup, on günümi Sudanda iýmit hem Mukaddes Kitap paýlap... özümiň oňaýly durmuşymyň çäklerinden takmynan16 müň km. aralykda... geçirýärin.

Bu sapary we nämäniň bolmagynyň mümkindigini göz öňüne getirmek gyzykly. Birinjiden, özümiň gaýdyp gelmezligimiň mümkindigi hakda pikir etmeli boldum. Sudan — howply ýer, şol sebäpden hem, dogrymy aýtsam, döwlet goşunlarynyň esgerleri ikirjiňlenmän meniň agaryp duran amerikan tenime ok atyp bilýärler.

Gaýdyp gelmezligimiň mümkindigine akyl ýetirmeklik bu ýerdäki günlerime aýratyn ýitilik berýär. Men her bir minutymy Şarlotta hem ogullarym bilen geçirmek, göreldeli är hem ata bolmak isleýärin. Men aladaçyl hem duýgudaş bolmak isleýärin. Men telewizory öçürip, köpräk wagtymy olar bilen gürleşip hem olary diňläp geçirmek isleýärin. Men köpräk gujaklaşyp, olaryň her birine, gün içinde iň bolmanda ýigrimi bäş gezek söýýändigimi aýtmak isleýärin.

Emma bu ýagdaý meni günä duýgusyny duýmaga-da mejbur edýär. Näme üçin men mydama şeýle ýaşamaýaryn? Näme üçin Sudana gitmeklik meni gorkuzýar we ýylda 365 günläp bolmaly bolýan erkek kişi bolmaga mejbur edýär? Näme üçin men uruş tarapyndan weýran edilen Afrikada özümi ejiz duýýaryn, ýöne Amerikada sarsmaz adam hasaplaýaryn? Eýsem, deňimden geçip barýan serhoş sürüjiniň, tötänden duş gelýän zorluk edijiniň ýa-da awtoheläkçiligiň şu ýerde ertir ömür tanapymy üzüp biljekdigini men bilmeýärinmi? Näme üçin men mydama ölüme taýýar bolup ýaşamaýaryn-da, diňe halkara saparlara gitjek bolanymda oňa taýýar bolýaryn?

Belki, entek edilmedik bu sapardan alan esasy sapagym şudur: ertirki güne bolmaly zat ýaly garamaly däl-de, her gün Ýer planetasyndan bakyýete geçmäge islendik wagtda taýýar bolmaly".



# 1-NJI GÜN




# BIZIŇ GÖZEGÇILIGIMIZDEN DAŞDA

"Adam ýüreginden niýet edýär, onuň ädimine bolsa Reb hököm edýär".

**SÜLEÝMANYŇ PÄHIMLERI 16:9**

.............................................

Ýeý, Sudan, 1998 ý.

Başga ýurda baran birinji günüňde daňdan 2:30-da ýa-da 3:00-da uklamazlykda hiç hili üýtgeşiklik ýok. Men wagtyň üýtgemesi sindromyny nädip ýeňmelidigi hakdaky köp teoriýalary okapdym, ýöne häzirklikçe hakykatdan hem peýda edýän ýekejesini-de tapamok. Ukusyzlyk meni gynamagyny dowam edýär. Günüň dowamynda men mümkin boldugyça köp wagtymy Günüň aşagynda geçirmäge çalyşýaryn. Galan zatlarda hemme zada çydamak gerek.

Biziň komandamyz Sudana gelen badyna derrew Ýeýe gitmegi meýilleşdirmändi. Emma syýahatyň birinji sapagy käwagt hemme zadyň meýilnama boýunça gitmeýändiginde jemlenendi. Biziň maksadymyz Turaleýe gitmekdi.

Hut Turaleýiň golaýyndaky oba bolan Aýende ruhy çopan Awraam Ýak Deng dört sany gara sudanly mesihiden ybarat bolan ýygnaga ýolbaşçylyk edýärdi. Onuň jübüde göterilýän ýekeje gyzyl Mukaddes Kitaby Mukaddes Ýazgynyň bütin ýygnakdaky ýekeje ekzemplýarydy. “Ejir çekenleriň” öňki gezek gelen komandasy Turaleýe köp korobkada Mukaddes Kitap getireninde, ruhy çopan Awraam diýseň begenipdi. Öz ýygnagyndaky her bir maşgalanyň özünde Mukaddes Kitabyň boljakdygy baradaky pikir ony joşa getiripdi.

“Ejir çekenleriň sesiniň” bir agzasy Awraamdan özüniň haýsy aýady has gowy görýändigini soranda, ol: “Sebäbi günäniň muzdy ölüm, Hudaýyň sylagy bolsa, Rebbimiz Mesih Isada ebedi ýaşaýyşdyr” — diýip, Rimliler 6:23-i aýtdy.

Awraam bilen gürleşenimize we Mukaddes Kitap getirenimize dört gün geçenden soň, yslamçy *majahedler* Aýene çozdular. Olar ýaňyja getirilen Mukaddes Kitaplary ýakdylar we ýigrimi adamy ogurladylar, ruhy çopan Awraamy bolsa, kellesinden atyp öldürdiler.

Bu gazaply çozuşdan birnäçe aýdan soň, biziň komandamyz öňki ýok edilen Mukaddes Kitaplaryň ýerine başgasyny getirmegi meýilleşdirdi, ýöne Turaleýde ýagan sil uçuş zolagynyň iki tarapyny hem aldy, şonuň üçin biziň kömek äkitmek üçin kireýine tutan iki motorly “Antonow” uçarymyzyň gonmagy we soňra ol ýerden uçmagy üçin gerekli gury ýeriň ýeterlik däldigini aýtdylar.

Şonuň üçin toparymyzyň ýolbaşçysy saparymyzyň meýilnamasyny üýtgetdi. Biz birnäçe günden soň Turaleýe baryp bileris diýen umyt bilen, ilki Ýeýe gitdik. Indi biz maşyn tapyp bilmän Ýeýde otyrys. Bizde SHEG-iň (Sudany halas ediş goşunyň) söweş hereketleri guşaklygyndaky esgerlerine eltip bermesi

gerek bolan Mukaddes Kitaplar bar, ýöne biziň kireýine tutmagy meýilleşdiren ýük maşynymyz işli eken. Ýene bir maşyn bar, ýöne ol ýangyja garaşýar. Biz aladamyzy diýseň gowy edýän örän gowy missionerleriň öýünde bolup ýörüs, emma biz öz öňümizde goýlan ýumşy ýerine ýetirip bilemzok.

Ahyrsoňy biz özümize gerek ugurda missiýanyň başga işgärleriniň hem işleýändiklerini bildik-de, olara goşuldyk. Emma syýahatymyzyň başlananyna iki sagat geçenden soň, biz karta girizilmedik derýanyň boýuna baryp ýetdik. Onuň üstünden geçýän köpri ýykylypdyr. Öňümizde barýan güýçli ýük maşyn derýanyň saý ýerinden geçmekçi boldy. Ol ýoluň ýarymyny geçenden soň, güýçli akym ony öz ugruna aşaklygyna çekip başlady. Biziň komandadaky ýoldaşlarymyz maşynyň äpişgesinden çykyp, ýokarsyna dyrmaşdylar, biz hem olara ýüp oklap, typmakdan saklap, şeýle etmek bilen hem (myžžyk ýagdaýda bolsa-da), yzlaryna kenara çykaryp bildik.

Şonuň üçin frontdaky esgerlere Mukaddes Kitap paýlamagyň deregine biz ýük maşyny çekip çykarmak mümkin bolar ýaly, derýadaky suwuň derejesiniň peselerine garaşyp, şu ýerde saklandyk.

*"Sen näme edýärsiň, Rebbim? Biz Saňa gulluk edýäris ahyry! Biz duşmanyň ýok eden Mukaddes Kitaplarynyň öwezini doljak bolýarys. Uçuş-gonuş ýoly gurar ýaly, Sen, iň bolmanda wagtlaýyn, ýagşy saklap bilmeýärsiňmi näme? Sen bize şeýle zerur bolan ýük maşynyny tapmaga kömek edip bilmeýärsiňmi näme? Eýsem, biz derýadan geçip biler ýaly, onuň suwuny pes derejede saklap bilmeýärsiňmi näme?"* — diýip, men doga etdim.

Elbetde, Hudaý Öz islän zatlarynyň hemmesini edip bilýär. Ol ýagşy ýagdyrybam, ony saklabam bilýär. Ol derýany guradyp ýa-da ony suwuny çekmäge mejbur edibem bilýar. Şeýle-de bolsa, Sudana giden wagtymyzda munuň ýaly zat bolmady, şonuň üçin biziň jikme-jik taýýarlan meýilnamamyz puç boldy. Näme üçin?

Men bu soraga jogap bermäge gaýratymyň çatmagyny isleýärdim. Men örän wajyp bir zady aýdyp: "Ine näme üçin Hudaý ýagşyň ýagmagyna ýol beren eken!" diýip bilmegi isleýärdim, ýatmagy meýilleşdiren ýerimizde haýsydyr bir esgere, ýagny soňy bilen sudanly Billi Grem bolan esgere Mukaddes Kitaby sowgat berenimizi gürrüň bermek isleýärdim. Näme-de bolsa, biz Mukaddes Kitaby alyp bardyk, ýöne olaryň käbirini okamazdan öňürti guratmak gerekdi. Näme-de bolsa, biz iýmit eltip berip bildik. Iýmitiň arasynda onlarça doýa garny doýmaýan çagalara seredilýän "keselhana" (siz bilen biz ol ýeri "saglyk öýi" diýip atlandyrardyk) ýokary derejede belogy bolan iýmiti hem bardy. Biz özümizi kabul eden missionerler bilen gürleşdik. Biziň barmagymyz olar üçin ak pata hem goldaw bolandyr diýip umyt edýärin.

Şeýle-de bolsa, biz özümize bagly bolmadyk ýagdaýlar sebäpli öňde goýan maksadymyza ýetip bilmedik.

*"Biziň gözegçiligimizden daşda"*. Bu sözler maňa ýaramaýar. Men hemme zady öz gözegçiligim astynda saklamak isleýärin. Men karar kabul edip, olary ýerine ýetirmek isleýärin. Men meýilnama düzmek we soňunda onuň durmuşa ornaşdyrylyşyny görmek isleýärin. Men onuň netijesini bilmek isleýärin. Men gözegçilik etmek isleýärin!

Ýöne hatda biz ertirlikde näme iýmelidigini — mekgejöwen patragyny ýa-da tort iýmelidigini saýlap bilýän bolsak-da, günüň galan bölegindäki wakalara gözegçilik edip bilýärismi? Eýsem, mesihiniň durmuşynyň tutuş manysy gözegçiligi söýýän, mukaddes hem gudratygüýçli, biziň iň uly bähbidimiz üçin durmuşymyzdaky syýahatymyzy Özi meýilleşdirýän Atanyň eline bermekde jemlenen dälmidir? Süleýmanyň aýdyşy ýaly, "Adam ýüreginden niýet edýär, onuň ädimine bolsa Reb höküm edýär" (Süleýmanyň pähimleri 16:9). Siz şuňa ynanýarsyňyzmy? Men muňa ynanýarynmy?

Öz gözegçiligimizden daşdaky zatlaryň hemmesi — uçuş-gonuş zolagy, wagtynda gelmedik uçar, bütin şäherde ýük maşynyna ýangyç guýup bolmazlygy sebäpli gaýgylanmak nähili aňsat.

Ýa-da öýde: işde bolýan duýdansyz ýagdaýlar, kesel, ahlaksyz ýoly saýlaýan çagaň.

Durmuş — biziň gözegçiligimizden daşdadyr. Ölüm — biziň gözegçiligimizden daşdadyr. Biz muňa tabyn bolmalydyrys. Biz öz ugrumyzy şatlyk bilen üýtgetmäge taýýar bolmalydyrys. Hudaýyň meýilnamasynyň özümiziňkiden ýokary bolmagyna ýol bermelidiris. Näme üçindigini biz hemişe bilip bilmeýäris, ýöne muny Ol *bilýär*. Bu hem biziň gözegçiligimizden daşdadyr.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Siziň durmuşyňyzda gözegçilik etmäge çalyşýan ulgamyňyz, ýöne onuň öz gözegçiligiňizden daşdadygyny boýun almasy gerek bolan ulgamyňyz barmy? Ol haýsy ulgam? Hemme zady öz gözegçiligiňiz astynda saklama isleginden el çekmegiňiz üçin size näme gerek?

Gündelige şol ulgamlaryň birini ýazyň hem-de eger bu hepdede durmuşyňyzyň şol ulgamyna gözegçilik etmegi söýýän Ataňyzyň eline berseňiz we Onuň “siziň syýahatyňyzy dolandyrsa” onda munuň nähili boljakdygy hakda ýazyň.

### DOGA-DILEG ETMEK

“Atam, hemme zady öz gözegçiligim astynda saklamak isleýändigimi boýun alýaryn. Men öz meýilnamalarymy düzmek we olara Seniň ak pata bermegiňi isleýärin. Saňa ynanmaga maňa kömek et, Sen meniň görmedik zatlarymy görýärsiň ahyry. Maňa gözegçilik etmek isleginden el çekmäge, bütin gözegçiligi Saňa gutarnykly berip, Seniň maksadyň meniň iň ýokary bähbidime gulluk edýändigine ynanmaga kömek et. Her gün Seni gözlemäge, Seniň islegiňe akyl ýetirmäge we Seniň meniň durmuşymdaky, töweregimdäkileriň durmuşyndaky Öz hoşniýetli

maksadyňa ýetmegiň üçin mende hem-de meniň üstüm bilen hereket etmegiňe ýol bermegime kömek et. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

31-nji oktýabr, 1998-nji ýyl. Ýeý, Sudan (aýalym Şarlotta).

"...Ýöne men seniň üçin doga edýärin. Men Hudaýdan biziň öýümizi gurşap almaklary we ony duşmanyň hüjüminden ýa-da ýamanlyk edip biläýjek zatlaryň hemmesinden goramaklary üçin perişdeleri ibermegini soradym".

Wakanyň galan bölegi: men Sudanda bolan wagtymda, men ýokkam syrkawlan aýalym bir gün gijäniň içinde oýanypdyr. Ol gözlerini açanda, biziň ýatýan otagymyzyň aýnasyny ýapyp duran žalýuzyň arasyndan erkek kişileriň şekillerini aýdyň görüpdir.

Ol ýerinden turup, her äpişgeden seredipdir, emma daşda hiç kimi görmändir. Emma ol gorkynyň ýerine doly asudalyk duýup, derrew düşegine geçip, süýji uka gidipdir. Aýalym ikimiz perişdeleriň bardygyna ynanýarys...



## 2-NJI GÜN



# “ÖŇ MEN ONY ÝENJIPDIM”

“Men Rebbimiz Isa Mesihiň maňa gujur-gaýrat berendigi üçin şükür edýärin. Ol meni sadyk saýyp, Özüne hyzmat etmäge belledi. Men ozallar Isa Mesihe dil ýetirip, azar berip, zalymlyk baryny edipdim. Ýöne men bularyň baryny bilmezlikden we imansyzlykdan edenim üçin, maňa rehim edildi. Rebbimiz Isa Mesihiň çäksiz merhemeti, söýgüsi we Onuň beren imany üstüme boldan-bol ýagdy. Şoňa görä-de: “Isa Mesih günäkärleri halas etmäge geldi” diýen sözler dogry we her jähtden kabul ederlikdir. Şol günäkärleriň iň günäkäri-de mendirin”.

**1 TIMOTEOS 1:12–15**

.........................................

### Allawanyň ýanynda, Efiopiýa, 2005-nji ýylyň oktýabry

“Hajy” (arap dilinden terjime edende “zyýaratçy” diýmegi aňladýar) — bu yslamyň bäş sütüniniň biri bolan Mekgä *haç* parzyny üstünlikli ýerine ýetiren musulmana sylag berilýän

hormatly derejedir. Bu dereje köplenç adamyň adynyň öňünde goýulýar. Adatça ol "ruhy çopan" sözüne gabat gelmeýär!

Biz "Hajy ruhy çopan" bilen Efiopiýanyň günorta böleginde ýerleşýän üçegi otdan edilen öýde tanyşdyk. Ol ýerlerde radikal yslamyň tolkuny mesihi ýygnaklara we mesihilere howp salýardy. Öýüň içinde diwaryň ýüzünde oduň yzy bardy. Bir hepde şondan öň radikal musulmanlar Hajynyň öýüni ýakjak bolupdyrlar. Bagtyna ody söndürmek başardypdyr.

Özümize Hajynyň mylakatlylyk bilen hödür eden pyrtykally gazly suwuny haýaljakdan içip oturşymyza biz ýokary seretdik we dykyz goýlan ot üçegiň arasyndan geçýän Gün şöhlesini gördük. Ol deşikler Hajyny we onuň maşgalasyny bu sebitlerden gitmäge ýa-da yslama gaýdyp gelmäge mejbur etmek üçin öýi daşlamaklarynyň netijesinde emele gelipdir. Bagtyna şonda maşgaladakylaryň hiç haýsysy zyýan çekmändir.

Hajy radikal musulmanlaryň ýigrenjine gaty gowy düşünýär. Sebäbi onuň özi-de öň şolaryň biridi ahyry! Ol yslama şeýle yhlasly bolupdy welin, ony ýörite taýýarlygy geçmek üçin Saud Arabystana-da goýberipdiler.

Biz Hajynyň külbesiniň ýanynda durkak, ol bizi özi bilen duşuşmaga alyp baran hoşhabarçyny gujaklady we meniň hiç haçan ýatdan çykarmajak sözlerimi aýtdy. Ol: "Öň men ony ýenjipdim" — diýdi.

*Näme?!*

"Öň men ony urdum" — diýip, Hajy gaýtalady we ozal özüniň radikal yslam toparynyň lideri bolandygyny, bu toparyň mesihilere hüjüm etmegiň we yzarlamagyň Pygamberiň öňündäki mukaddes borjy hasaplaýandygyny bize gürrüň berdi. Olaryň hüjüm edenleriniň biri bolan hoşhabarçy indi Hajynyň ýanynda ýylgyryp durdy, Hajy-da ony doganlyk söýgüsi bilen gujaklady.

Şol mesihi özüniň urlandygyna garamazdan hüjüm edenleri ýigrenmeýärdi. Gaýtam, ol olara söýgüsini görkezip, ak pata berýärdi we Hoş Habary wagyz edýärdi. Hajy munuň ýaly hereketi

düşündirip bilmeýärdi. Özleriniň uran adamy nädip olara söýgi görkezip bilýärkä? Ol nädip gaharlanman, hatda garşylyk hem görkezmän bilýärkä?

Ahyrsoňy Injil we Hajynyň hüjüm eden mesihisiniň söýgüsi onuň ýüregini tabyn etdi. Ol öz düşünjesinden üstün gelýän söýginiň we parahatlygyň hatyrasyna yslamyň gazabyny hem zorluk etmegini goýdy.

Hajynyň gelen karary onuň yslamçy dostlaryny gazaba mündirdi. Ol özüniň mesihilere eden zatlaryny çekip, bir ýylyny türmede geçirdi. Indi onuň öz öýüne-de daş ýagýar, hatda öýi-de ýanypdy. Şeýle-de bolsa, Hajy Isa Mesihe bolan imanyndan ýüz öwürmek hakda pikir hem etmeýär.

Biziň yzarlanylýan mesihi maşgalamyzdan bolan erkekleriň we aýallaryň durmuşynda görýän *şatlygym* eýýäm näçenji gezek meni aňk edýär. Hajy — bagtly adam. Onuň ýylgyrşy adatdan daşary giň, gülküsi bolsa, ýeňil hem ýaňlanyp duran. Üstüne abanýan howp hakyky hem yzygiderli bolsa-da, ol mydama gorkuda ýaşamaýar. Ol begenýär we özüniň beýik Patyşasyna gulluk edýär.

Hajy tutanýerlilik hem üstünlik bilen Hudaýyň Patyşalygyny dabaralandyrýar. Eýsem, birwagtlar haja gidip gelen, yslama şeýle berleni üçin Saud Arabystana-da ýörite taýýarlygy geçmek üçin goýberilen öňki musulmandan başga kim musulmanlara Isa hakda gowy şaýatlyk edip biler? Adamyň jennete girme hukugyna mynasyp bolandygyny ýa bolmandygyny görmek üçin onuň gowy hem erbet işlerini ölçeýän hudaý bilen, biziň gowy işlerimiziň hiç haçan hem günälerimizden agyr gelmejekdigini bilýän, şol sebäpden hem, günälerimiziň tölegini tölemek we mukaddes gany arkaly jennete girmegimiz üçin Özüniň Ogluny iberen Hudaýyň arasyndaky tapawudy kim gowy düşündirip biler?

Hajynyň taryhy ýeke-täk däldir. Ýygnagyň ilkinji beýik missionerleriniň biri-de öz dininiň şeýle bir janköýeridi welin, hatda onuň taglymatyna eýermeýän meshilere azar bermäge rugsat

etmeklerini özi haýyş edipdi. Emma onuň öz yzarlaýan Kişisi bilen bolan duşuşygy durmuşyny hemişelik üýtgedipdi.

“Ejir çekenleriň sesiniň” Kolumbiýadaky kömekçileriniň biri bir gezek: “Ýüwrük at hemme ýerde-de birmeňzeş tizlikde ylgaýar” — diýdi. Günä etmäge höwesli bolanlar, köplenç Mesihe höwesli bolýarlar. Mesihileri uran adam öz Patyşasyna gulluk edeni üçin urgulary şatlyk bilen kabul etmäge taýýar bolup biler.

Bir adama öz göwnümize dogry bolan dini gözler bilen seretmek we ony ýigrenmek aňsat. Ol şeýle bir gaty ýürekli welin, oňa hiç zady düşündirip bolmaýar. Ol günäsine şeýle bir batypdyr welin, ondan ol hiç haçanam çykyp bilmez. Emma ruhy çopan Hajynyň şaýatlygy-da, edil resul Pawlusyň şaýatlygy ýaly, *hiç birimiziň* hem Hudaýyň merhemetine we rehimine ýetip bilmez ýaly derejede däldigimizde jemlenendir. Köp zatdan halas edilenler bolsa, Mesih üçin hemmelerden gaty ylgaýan we Oňa has köp adamy getirýän ylgaýjy atlar bolup çykýarlar.

“Öň men ony ýenjipdim” — diýip, öňki radikal musulman, indi bolsa, yzarlanylýan ýygnagyň ruhy çopany, yzarlanylýan mesihi, Hudaýyň Patyşalygynyň gullukçysy aýtdy.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Siziň ruhy taýdan ýigrenýän, öz pikiriňizçe, Hudaý oňa elini salgamaly hasaplaýan, wagtyňyza hem edýän tagallaňyza mynasyp däl adamlaryňyz barmy? Siziň töweregiňizdäkileriň haýsysy Isa we Onuň Hoş Habaryna “dil ýetiriji, Ony yzarlaýjy we Ony kemsidiji” bolup durýar? Belki, Hudaý sizi şol adamy söýmeklige we oňa şaýatlyk etmeklige çagyrandyr. Belki, Hudaýyň meýilnamasy hut şol adamyň Pawlus ýa-da Hajy bolmagynda we Onuň Patyşalygy üçin hasylly zähmet çekmeginde jemlenendir. Mesihiň söýgüsi siziň üstüňiz bilen şöhle saçar ýaly, siz näme edip bilersiňiz?

Bir adamyň adyny ýazyň we oňa Hoş Habary ýetirmek üçin şu hepdede ätjek ädimleriňiz üçin nähili ýol gurup başlajakdygyňyzy ýazyň.

## DOGA-DILEG ETMEK

"Gökdäki Atam, men öz güýjüm bilen bu adamy söýüp bilmeýärin. Käwagt onuň bilen hatda bir otagda bolup hem bilmeýärin! Haýyş edýärin, maňa oňa bolan Öz söýgiňi ber. Ony Sen nähili görýän bolsaň, maňa-da ony şonuň ýaly görmekligi ber we onuň ýüregini ýumşatmagy üçin Mukaddes Ruhy iber. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Bu sapar wagtynda biz musulmanlardan gelip çykan, ene-atasy öýünden kowan başga-da on iki sany ýaş oglan bilen tanyşdyk. Häzir olar özlerini kabul eden mesihi maşgalalarda ýaşaýarlar we bilim almagy dowam etmäge çalyşýarlar. Ýaşaýyş jaý we iýmit olar üçin aýda 4-5 dollara durýar!

Öz ene-atañyzyň sizi öýüňizden kowanyny göz öňüne geitirip bilýärsiňizmi? Bu gün şeýle ýagdaý on üç ýaşly gyzda bolup geçdi. Ony göni köçä kowdular!

Biz, şeýle hem, mesihi bolanlaryndan soň, aýallaryny taşlap giden ýaş ýigitler bilen hem tanyşdyk.

## YZARLANYLÝAN MESIHILER ÜÇIN HUDAÝA DOGA EDIŇ

Musulmançylykdan mesihilige täze gelen mesihileriň (edil biziň efiopiýaly dostumyz Hajy ýaly) ýakynlaryna ilkinji aýtmaly bolýan iň wajyp zatlarynyň biri-de — bu indi olaryň musulman däl-de, Isa al Mesihiň — ***Isa Mesihiň*** yzyna eýerijidiklerini aýtmaklyk bolýar.

Bu gürrüň biziň Mesihdäki erkek ýa-da aýal doganymyzy öldürmeklerine hem alyp baryp biler.

Ol, şeýle hem, Injili wagyz etmeklige gapy açyp hem biler.

**BU GÜN** bütin yslam dünýäsinden täze iman edenlere bu jan derejesindäki wajyp gürrüňi haçan we kime aýtmalydygy baradaky karara dogry gelmeklige kömek etmegini Hudaýdan sorap doga ediň.



## 3-NJI GÜN



# “BIZDE ÖZÜMIZE GEREK ZATLARYŇ HEMMESI BAR”

Men muny nämedir bir zada mätäç bolanym üçin aýtmaýaryn. Sebäbi her ýagdaýda baryma kaýyl bolmagy öwrenendirin. Men mätäçligiň-de, bolelinligiň-de nämedigini bilýärin. Men doklukda ýa açlykda, bolelinlikde ýa mätäçlikde ýaşasam-da, garaz, her ýagdaýda we her halda kanagatly bolmagyň tärini öwrendim. Maňa kuwwat berýän Isa Mesih arkaly ähli zady başarýaryn. Şöhratly Hudaýym Öz baýlygy bilen siziň, ýagny Isa Mesihe degişli bolanlaryň ähli mätäçlikleriniň öwezini dolar”.

**FILIPILILER 4:11–13, 19**

..............................................

### Ebriliň ýanynda, Demirgazyk Yrak, 2016-njy ýylyň ýanwary

Biz Demirgazyk Yrakdaky göçürilen adamlaryň çadyrynda otyrys. (“Göçürilen adamlar” — bu özleriniň öýünden gitmäge

mejbur edilen, emma öz ýurdunyň milli serhedinden geçmedik adamlar. “Bosgunlar” bolsa — bu öz öýlerinden giden, indi ýurdunyň çäklerinden daşda bolan adamlar).

IGIL-iň esgerleri Ninewiýa düzlügini eýelänlerinde, on müňlerçe adamlar — mesihiler, ýezitler, şaýy-musulmanlar, hatda igilçileriň ynamdaşlary-da, sünni-musulmanlar gaçdylar. Biz demirgazyk Yrakda bolan wagtymyzda, olaryň köpüsi böleklere bölünen çadyr lagerlerde — bu ýerde sünniler, ol ýerde şaýylar, hol ýerräkde mesihiler ýaşaýardylar. Biziň oturan çadyrymyz sünni böleginiň merkezindedi, bu ýerde müňden-de gowrak sünniler maşgalasy mesgen tutupdylar.

Bu çadyryň eýesi Muhammet atly adamdy. Muhammet atly mesihileri gaty gowy görýärin! Ýanwar aýydy, daşary sowuk. Birnäçe gün mundan ozal gar hem ýagypdy. Indi gumly ýol aýagyň aşagynda palçyldap duran hapa bulamaga öwrülipdi. Şemal bolsa çar tarapdan öwüsýän ýaly, içiňden geçip barýardy. Kerosin peç çadyryň içini azajyk ýyladýardy, ýöne ol ýerde bolan wagtymyň dowamynda men paltomy çykaryp bilmedim.

Asly Yragyň demirgazygyndaky iň uly, şol bir wagtyň özünde-de, IGIL-iň eýelän iň uly şäheri Mosuldan bolan Muhammet bilen onuň aýaly sünni-musulmandylar. Duşuşmazymyzdan takmynan on ýyl öň ol düýşünde Isa Mesihi görüpdir. Ol onuň bilen gürleşipdir. Muhammet oýananynda, ol öz ýanyna gelip, ýörite onuň bilen gürleşmegi Özüne kiçilik bilmedik Mesihiň yzyna eýermek kararyna gelipdir.

Ilki Muhammediň aýaly, barypýatan dindar bolan adamsynyň dinden çykanyna, kapyr bolanyna örän gynanýar. Ol hakyky ynamy nädip taşlap bildikä?! Ýöne üç aýa golaý wagt geçenden soň, ol hem Muhammediň gürrüň beren düýşüni görýär. Isa onuň bilen ýörite gürleşmäge gelipdir. Ol hem oýananyndan soň, adamsynyň gelen kararyna gelýär: ol hem Isanyň yzyna eýerýär.

Muhammediň şaýatlygyny diňlänimden soň, men onuň aýalyndan adamsy bu düýşi göreninden soň onda bolan üýtgeşmeleri

görenmidigini gyzyklanyp soradym. Ol terjimeçiniň üsti bilen: “Hawa, ol meni urmagyny bes etdi” — diýip jogap berdi. *“Elbetde, iman adamsynyň ýolundaky ajaýyp ilkinji ädim!*” — diýip, men pikir etdim.

Mesihe bolan imany arkaly gutulyş alan Muhammet Mosuldaky goňşularyna Ol hakda şaýatlyk edip başlaýar. Indi ol diňe bir dinden çykan bolman, eýsem, beýleki musulmanlary-da dinden çykan bolmaga işjeňlik bilen çagyrýardy. Munuň üçin onuň öýüni otlapdyrlar. Polisiýa-da “derňew” geçirmäge söz beripdir, ýöne hiç hili şübhe astyna düşen adamy tapmandyr, bu asla geň galdyryjy zat däl. Soňra Muhammet bilen maşgalasy täze öýe göçýärler-de, täze goňşularyna Isa hakda gürrüň berip başlaýarlar.

2014-nji ýylda IGIL-iň esgerleri eýýäm şähere golaý gelenlerinde, Muhammet maşgalany halas etmegiň gerekdigine düşünipdir. Igilçiler ýöne bir onuň öýüni otlaman, eýsem, oňa yslama gaýdyp gelmäge ýekeje mümkinçilik bererdiler, eger ol boýun towlasa, onda duran ýerinde atýardylar. Maşgala, şeýdip, Mosuldan gaçyp gaýdýar-da, ahyrsoňy Ebriliň golaýyndaky lagere gelýär. Muhammediň pasportynda entegem “sünni-musulman” diýlip ýazylgy durandygy üçin ony lageriň sünni bölegindäki bu çadyra ýerleşdirýärler.

Emma indi bu bölek indi dolulygyna sünnileriňki däldi. Muhammediň maşgalasy bu ýere geleli bäri başga-da iki maşgalanyň agzalaryny Mesihe getiripdi. Olar, hatda, lagerde-de Isa şaýatlyk etmegi bes etmediler. BMG-yň işgärleriniň betonyň üstünde gurup beren iki çadyryny alyp, Muhammet bilen onuň maşgalasy (olaryň bäş çagasy bar) bir çadyrda ýaşamagy, beýlekisini bolsa, Hudaýa doga etme ýygnanyşyklary we Mukaddes Kitaby öwrenýän toparlar üçin goýmagy makul bildi. Olar özleriniň sünni lageriniň ýygnanyşygyna güýçli täsir etdiler, bu hem göze ilmän galmady. Muhammet mydama çadyrlarda ýa özüniň, ýa-da aýalynyň galmaly bolýandyklaryny gürrüň berdi, sebäbi olar, eger çadyry gözegçiliksiz saklasalar, onda özleriniň Mesihe

iman edenine gaharlanýan sünniler olaryň çadyryny weýran eder diýip howatyrlanýardylar.

Biziň barmagymyz, daşary ýurtlularyň gelmegi, töwerekdäkileriň ünsüni çekip başlady. Biz bu ýerde uzak galyp bilmejekdigimize düşündik. Muhammediň şaýatlygyny diňlänimden soň, men: “Siz näme diläp doga edýärsiňiz? Hudaýdan näme soraýarsyňyz?” — diýip soradym.

Muhammet terjimeçiniň üsti bilen: “Hudaýdan bize hiç zat soramak gerek däl. Bizde özümize gerek zatlaryň hemmesi bar. Biz bagtly!” — diýip jogap berdi.

Meniň ilkinji pikirim Muhammede garşy çykyp: “*Gulak as, dogan. Siz bäş çaga bilen çadyrda ýaşaýarsyňyz! Goňşularyňyz sizi öldürmek isleýär! Sen nädip özüňize gerek zatlaryň hemmesiniň sizde bardygyny aýdyp bilýärsiň?*” — diýmekdi.

Edil şol pursatda Mukaddes Ruh meni paş edip: “*Köpräk diňle. Azrak gürle*” — diýdi.

Muhammediň: “*Bizde özümize gerek zatlaryň hemmesi bar*” — diýen sözlerinde beýik hakykat gizlenip ýatyr. Biziň üstümizde öýümiz bar. “Şu günki iýmitimiz bar. Biziň ähli ugurda, edil gapynyň agzynda, missionerçilik işimize meýdan bar”.

Muhammet bilen onuň maşgalasy her gün Hudaýa daýanýarlar. “Bize şu günki zerur çöregimizi ber!” Olar bu doga bilen her gün ýaşaýarlar. Olar “baryna kaýyl bolmagy” başaryp, Pawlusyň ýazyşy ýaly ýaşaýarlar.

Hudaýa her gün bagly bolup ýaşalýan durmuş şahsy synagdyr diýip hasap edýärin. Ykdysady taýdan ösen ýurtlarda ýaşaýanlaryň köpüsine-de beýle ýaşamak agyr düşer diýip pikir edýärin. Galyberse-de, eger adam tutanýerli zähmet çekse, ol köp zada ýetip bilýär. Bu maňa ýaraýar.

Ýöne Hudaýa gündelik durmuşda bil baglamaklyk nähilikä? “Men hemme zada öz islegimiň we zähmetimiň kömegi bilen ýetip bilýärin” diýmegiň deregine, “Özümi güýçlendirýän Mesih arkaly

her zady etmegi başarýaryn” — diýmegi öwrenip, barymyza kaýyl bolmagy öwrensek näme?!

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Siz her gün nämä bil baglaýarsyňyz? Öz aýlygyňyzamy, işiňizemi, aklyňyzamy, maşgalaňyzamy? Ýa-da Hudaýamy? Öýe mätäçlikden başlap, her bir gürrüňdeşlikde aýtmasy zerur bolan sözüňize çenli, mätäçlikleriňiziň hemmesinde Hudaýa bil baglaýarsyňyzmy?

Durmuşda hemme zatdan köpräk daýanýan adamyňyzyň ýa-da zadyňyzyň adyny ýazyň, soň hem, özüňiziň her gün, her minutda Hudaýa nädip bil baglajakdygyňyzy suratlandyryň.

### DOGA-DILEG ETMEK

“Reb Isa, özümiň köplenç Senden köpräk ______________________ bil baglaýandygyma düşünýärin. Meni bagyşla! Özümiň diňe bir ýerdäki durmuşymda we bakyýetde däl-de, eýsem, her gün, her minutda Seniň meýilnamaňa we özümi hem maşgalamy üpjün etmäňe ynanmaga maňa kömek et. Seniň şü günki meniň üçin taýýarlan ädimleriňi görmegime kömek et. Sende meniň özüme gerek zatlarymyň hemmesiniň bardygy üçin minnetdar! Omyn”.

### *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Men Muhammetden: "Siz näme diläp doga edýärsiňiz? Hudaýdan näme soraýarsyňyz?" — diýip soranymda, ol: "Hudaýdan bize hiç zat soramak gerek däl. Bizde özümize gerek zatlaryň hemmesi bar. Biz bagtly!" — diýip jogap berdi.

Özümi onuň bilen deňeşdirenimde, özümde "iman" diýip atlandyryp boljak NÄHILIDIR BIR häsiýetiň asla barmydygyny özümden soraýaryn.

Eger sizde meniň näme üçin bu gullugy alyp barýanym, öz işimi etmek üçin dünýäniň ýarymyny aýlanýandygym hakda sorag ýüze çyksa... Bu zatlaryň hemmesi bu adam we onuň maşgalasy ýaly Isanyň yzyna eýerýän adamlar bilen çadyrda oturmak üçin. Men öýüme çaltrak gaýdyp baryp, bu iman şaýatlygyny hemmeler bilen paýlaşmagy nähili isleýärin!



## 4-NJI GÜN

# “MEN, HATDA HAMMAMDA SUWA DÜŞENIMDE-DE GARK BOLUP BILÝÄRIN”

...Emma ýeliň güýjüni görüp gorkdy, gark bolup ugranda: “Agam, meni halas et” diýip gygyrdy. Isa şobada elini uzadyp, ony tutdy-da: “Eý, az imanly, näme üçin şübhelendiň?” diýdi.

**MATTA 14:30–31**

........................................

### Hüseýin, 1-nji bölüm: Ýurduň ady aýdylmaýar, 2009-njy ýyl

Hüseýin — toslanyp tapylan at. Ol Eýranda ýaşaýar, ýöne biz eýranlylara hem, amerikalylara hem wiza berýän başga bir ýurtda duşuşdyk.

Hüseýin berk düzgünli yslam maşgalasynda ulaldy. Onuň ejesi dine berlen aýaldy, Gurhan okaýardy we düzgün bolan tertipde günde bäş wagtyna namaz okaýardy. Onuň kakasy, ejesi ýaly, beýle bir dindar adam bolmasa-da, kimdir biri onuň onçakly dine

berlen musulman däldigini aýdaýsa, ol gaharlanardy, hatda topulardam. Hüseýiniň kakasy ejesini köp urýardy. Olaryň nikasy bozulmagyň öň ýanyndady.

Hüseýin hökmany harby gullugy geçeninden soň, ol öýüne gaýdyp geldi. Iş tapmak kyndy, şonuň üçin ol köne dostunyň galp pul ýasama "telekeçiligine" goşulma kararyna geldi. Bu jenaýat işi üçin, Eýranyň berk jenaýat sistemasyna laýyklykda, ölüm jezasy berilýärdi. Ýöne Hüseýini we onuň dostlaryny tutmadylar, şonuň üçin bu ýigidiň girdejisi günsaýyn artdy. Ol aýşy-eşretde ýaşady — aýallar, neşeler, azgynçylyk etdi. Ýöne bu zatlaryň hemmesi onuň derdini diňe gysga wagtlyk ýeňledýärdi we onuň öz içinde duýýan boşlugyny doldurmaýardy.

Hüseýin bilen dostunyň arasynda agzalalyk ýüze çykanda, ol jenaýatçylykly telekeçilikden mahrum boldy we birden onuň girdejisi nola düşdi. Gynansak-da, girdejiniň kesilmegi bilen onuň neşä ýykgyn etmesi gutarmady.

Hüseýin juda betbagtdy. Ol özüne kast etmek hakda tutanýerli oýlanýardy. "Men ölmek isleýärdim, ýöne agyryly ölesim gelmeýärdi" — diýip, ol maňa gürrüň berdi. Şonuň üçin ol aşa joşgunly ýagdaýdan keýp alyp, köp gatly jaýyň ýokarsyndan özüni oklamak kararyna geldi. Hüseýin köp gatly beýik jaý tapdy, hatda onuň ýokarsyna çykmanyň hem usulyny tapdy. Indi oňa bar gerek zat neşedi.

Şol wagt onuň gullukdaş dosty, onuň ady-da Hüseýin, dostunyň ýaşaýan şäherine barmakçy boldy we oňa duşuşmagy teklip etdi. Bir käse kofeniň başynda dosty Hüseýine özüniň *täze bir zat* tapandygyny gürrüň berdi.

Hüseýin şobada janlandy. Ol öz dosty nähilidir bir täze neşe tapandyr öýtdi, sebäbi ol neşe gözläp ýördi. Munuň deregine dosty oňa özüniň Mesihi tapandygyny gürrüň berdi.

Hüseýiniň bu dosty oňa Täze Äht goýberýär, ol hem Mattanyň Hoş Habaryny okaýar. Ýöne bu ilkinji okaýyş oňa hiç hili täsir etmeýär. Dosty şähere ýene gelende, Hüseýin bilen duşuşmaga

gelende, ýany bilen başga-da mesihileri alyp gelýär. Olar ajaýyp güneşli günde ýerli seýilgähde duşuşýarlar. Gelenleriň arasyndaky Padina atly bir zenan hem, öň neşe hem depressiýa bilen göreşipdir hem-de özüni öldürjek bolupdyr. Mesihiler Hüseýini diňlediler-de, onuň agyrsyna duýgudaşlyk bildirdiler.

Padina göni Hüseýiniň gözüne seredip, oňa öz agyrysyny Isa bermegi teklip etdi.

Hüseýin özüniň ýitirjek zadynyň ýokdugyny bilýärdi. Ol eger Isa hiç zat edip bilmese, onda barybir soňrak özümi öldürerin diýen karara geldi. Näme üçin Hudaýa doga etmeli dälmişin? Munuň näme zyýany bolup biler? Hüseýin Isa Mesihe doga edip, Ondan öz durmuşyna gözegçilik etmegini we agyrysyny almagyny soranynda, haýran galdyryjy bir zat bolup geçdi. Şobada ol özüni düýbünden başgaça duýdy. Hüseýin Hudaýa doga edip bolandan soň özüni "düşnüksiz bagtyň" gurşap alandygyny maňa gürrüň berdi.

Hüseýiniň durmuşy üýtgäp başlady. Ol neşäni, çilimi we alkogoly taşlady. Onuň durmuşynda bolup geçen ajaýyp üýtgeşmäniň bolup geçenini gören oglan hem gyz doganlary-da Mesihi kabul etdiler. Hüseýiniň Injili wagyz edişini gören ýygnak ýolbaşçylary ony ýolbaşçylyk gullugyna gatnaşmaga çagyrdylar. Hüseýin bu gulluga Hudaýyň çagyrýanyny duýýardy, ýöne oňa garşy çykmaga synanyşýardy.

Hüseýin Hudaýyň kömegi bilen neşäni taşlap, takwa durmuşda ýaşap başlady. Onuň gowuja aç-açan işi bardy. Onuň maşyny hem öýi bardy. Ol Rebbe gulluk etmäge taýýardy, ýöne bölekleýin gulluk etjek bolýardy. Eýsem, Hudaýa gulluk edip hem, şonuň bilen bir wagtyň özünde oňaýly ýaşaýşy we durnukly girdejini saklap bolmaýarmy? Onuň öýünde ýygnagyň agzalary ýygnanyşyp biljekdi!

On sekiz aý geçenden soň, Hüseýin mesihiler topary bilen deňze gitdi.

Deňiz Hüseýniň gowy görýän ýeri däldi. Ol özüniň näderejede gowy ýüzüjidigini maňa düşündirende: “Men hatda hammamda suwa düşenimde-de gark bolup bilýärin!” — diýdi.

Bir gezek Hüseýin gyzgyn çägeli suwa düşülýän ýerde durka, suw oňa asuda hem saý ýaly bolup göründi. Ol oňa bir ädim ädip girdi. Soň ýene we ýene girdi. Şol wagt birden Hüseýni akymly tolkun ony gurşap aldy-da, ol suwuň aşagyna gitdi we gaty erbet gorkup, jany ugrunda göreşdi. Dowla düşen Hüseýin Hudaýy çagyryp, özüniň ölmek islemeýändigini ýalbaryp aýtdy, sebäbi ol entek Hudaýyň gulluga özüni *doly* bagyş etme çagyryşyna jogap bermändi. Bir wagtlar köp gatly beýik jaýdan bökmegi meýilleşdiren adam indi janyny halas etmegini Hudaýdan ýalbaryp sorady!

Hudaý hem Hüseýiniň dogasyna jogap berdi. Ol haýsydyr bir göze görünmeýän elleriň özüniň bedenini göterýänini we kellesini suwuň ýüzünde tutup duranyny duýdy.

Hüseýiniň dowla düşünini gören üç sany halas ediji oňa kömek etmäge howlukdylar we ony kenara alyp çykdylar, şeýdip, onuň janyny halas etdiler. Soňrak ol suwa düşülýän ýerde ýorganyň aşagynda sandyrap ýatyrka, halas edijiler: “Seniň kelläňi suwuň ýüzünde saklaýşyňy görenimizde, gowy ýüzüjidigiňi bildik. Eger sen şeýle gowy ýüzmedik bolsaň, onda biz seniň ýanyňa barmazdyk, sebäbi bizi-de aşaga alyp giderdiň” — diýdiler.

Hüseýin hiç hili jogap bermedi. Ol kömek edendikleri üçin olara minnetdardy, ýöne *aslynda* näme bolanyny gaty gowy bilýärdi — ony gutulgysyz ölümden Hudaý halas edipdi.

Hüseýin Hudaýyň özüni gulluga doly bagyş etmeklige çagyryşyna jogap berdi. Ol muny ýygnagyň ýolbaşçylaryna habar berende, olar onuň bolup geçen waka sebäpli juda tolgunýan bolmagynyň mümkindigini aýtdylar we gutarnykly karara gelmezinden öň, garaşmagy we gelen karary üçin birnäçe hepdäniň dowamynda doga etmegi maslahat berdiler. Hüseýin Rebbe gulluk etmek üçin hemme zatdan el çekmäge taýýardygyny nygtady. Wezipesini ýokarlandyrmagy başlygy teklip eden bolsa-da, ol işinden çykdy.

Soň ol maşynyny satdy-da, bergilerini üzdi we bütin durky bilen gulluga berildi. Ýolbaşçylar Hüseýiniň tutanýerliligini görüp, ony gulluga taýýarlap başladylar. Ol otuz günüň dowamynda, gulluk edişlerini ýöne bir synlamak üçin, ruhy çopan we onuň aýaly bilen wagtyny geçirdi.

Hudaý derrew Hüseýiniň çagyrylanyny tassyklap başlady. Olar gulluk meselesi bilen bir öýe girenlerinde, bu maşgalanyň gyzy aglady. Ol gyz köşeşeninden soň, öten agşam düýşünde Isany görendigini gürrüň berdi. Hüseýin ony başynda üç adam oturan stoluň ýanyna alyp bardy. Indi onuň gören adamlary öýüne gelipdi! Gyz üçin bu Injiliň hakykatdygynyň tassyklamasy boldy, Hüseýin üçin bolsa, özüni Hudaýyň gulluga çagyranynyň we onuň gullugyna ak pata berjeginiň tassyklamasy boldy.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Siz haçan hem bolsa bir wagt Hudaý bilen jedelleşipdiňizmi? Belki, siz Onuň özüňizi haýsydyr bir gulluga çagyranyny duýansyňyz, ýöne eger Onuň çagyryşyna jogap berseňiz, onda beýle etmeklik öz durmuşyňyzy has kynlaşdyrar diýip biynjalyk bolansyňyz. Belki, siz şu wagtam Hudaý bilen jedelleşýänsiňiz?

Özüňizi nämäniň saklaýanyny ýazyň: belki, nämedir bir zada eýe bolmagyňyzdyr ýa-da ýaşaýyş ýörelgäňizdir, siz ondan el çekmek isleýän dälsiňiz. Tolkunlaryň öz kelläňizi örterine ýa-da mümkinçiligi sypdyraryňyza garaşmaň; Hudaýyň meýilnamasy *gowulygadyr.* Şu wagtyň özünde Ol sizi nämä çagyrýan bolsa, Oňa "Bolýar!" diýip jogap beriň.

### DOGA-DILEG ETMEK

"Reb Isa, Seniň çagyryşyňdan durmuşdaky oňaýlyklary gowy görýändigim üçin meni bagyşla. Sen haýyş eden badyňa "Bolýar!" diýip jogap bermäge maňa kömek et. Seniň Patyşalygyň meniň üçin öz

oňaýlyklarymdan ýokary bolmagyna kömek et. Saňa we men babatdaky meýilnamalaryňa "Bolýar!" diýmäge maňa kömek et. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Bu ýerde Padina bilen onuň adamsy bar. Olar Eýrandan gelipdirler. Padinadan men 2004-nji ýylda interwýu alypdym we: "Aňry ýany bilen Hudaýa mätäç" diýip, ol hakda ýazypdym [howpsuzlyk maksatlary bilen ýurduň ady ýazylmaýar]. Onuň ejesi meniň bilen tanşanyna ÖRÄN BEGENDI we Padinanyň taryhyny ýazanym üçin maňa minnetdarlyk bildirdi!

Ol, şeýle hem, meniň ýazanlarymyň diňe "Birinji bölüm" bolandygyny we indi ol taryhyň eýýäm dowamynyň bardygyny aýtdy.

## 5-NJI GÜN



# "BULARYŇ HAÝSY GOWY?"

"Sebäbi doga-dilegleriňiz we Isa Mesihiň Ruhunyň kömegi arkaly bu külpetleriň maňa azatlyk getirjekdigini bilýärin. Çünki men asla utanja galmajakdygyma, hemişekim ýaly şindi hem mertlik bilen hereket etjekdigime ynanýaryn. Men ýaşasam-da, öldürilsem-de, meniň bedenim arkaly Mesih beýgeldiler. Çünki meniň üçin ýaşaýyş Mesihdir, ölüm-de bähbitlidir".

**FILIPILILER 1:19–21**

..........................................

### Hüseýin, 2-nji bölüm: Ýurduň ady aýdylmaýar, 2009-njy ýyl

Eýranda gulluk etmek aşa töwekgelçiliklidi. Hüseýiniň özüni Rebbe bagyş eden pursatyndan bary-ýogy birnäçe aý geçdi. Bir gezek Hüseýin öz öýünde Mukaddes Kitaby öwrenme sapagyny geçip otyrka, içeri polisiýa kürsäp girdi. Hüseýin bilen mesihiler ýaňyja bäş ýüz sany Mukaddes Kitapdan ybarat bolan toplumy alypdylar. Ol ullakan üç gutyda otaglaryň birinde durdy. Polisiýa jaýy dökdi we tapan zatlarynyň hemmesini myhman otagyň poluna taşlady. Olar hatda diwara asylgy suratlary-da aýyrdylar. Hüseýin polisiýa işgäriniň, hatda poluň iki tagtasynyň arasyna düşen bir

iňňäni-de çykaryp alandygyny, emma nähilidir bir gudrat bilen ýatylýan otagyň ortasynda duran Mukaddes Kitaply üç sany ullakan gutyny görmändiklerini gürrüň berdi!

Polisiýa Hüseýni we onuň gullukdaky işdeşleri bolan iki sany aýaly tussag etdiler. Ilki Hüseýini uly türmä alyp gitdiler, soň hem onuň gözlerini daňyp, başga bir maşyna mündürip, başga bir ýere alyp gitdiler. Hüseýin soraglara näme jogap berjekdigi hakda pikirlendi. Birdenem, ol gowy işden we oňaýly durmuşdan ýüz öwürmegiň nämä gerek bolandygy hakda pikirlendi.

Ony ini iki metr, boýy üç metr bolan ýekelikde oturylýan kamera saldylar. Ullakan ýiti ýagtyly prožektor ol jaýyň içini 24 sagatlap ýagtyldyp durdy. Hüseýin ony söndürmegi haýyş edende, gözegçi oňa: “Näme, bu ýeri saňa myhmanhanamy?” — diýip jogap berdi.

Hüseýiniň kellesinde soraglaryň tupany turdy. Onuň işdeşleri nämäni boýun aldykalar? Polisiýa näme diýdikä? Ony köp saklarmykalar? Onuň tutulanyna ene-atasy nähili gararka?

Ýekelikde oturylýan kameranyň sowuk polunda otyrka Hüseýin Isa Mesih bilen duşuşypdyr. Soňrak ol maňa gürrüň berende, Hudaýyň krany açanymyzda suw akandakysy ýaly ses bilen gürlänini eşidendigini aýtdy. Ol: “Meniň bilen gürleşmek üçin Isanyň hemme zady, bütin dünýäni bir gyra goýup ýanyma gelenini duýdum” — diýdi. Hüseýin Hudaýa doga edip başlady. Birden onuň göwnüçökgünligi we soraglarynyň hemmesi gaýyp boldy, bütin kamerany dolduryşy ýaly, ýüregini-de Hudaýyň asudalygy gurşap aldy.

Hüseýin Mesihiň: “Näme üçin sen näme diýmelidiginiň aladasyny edýärsiň? Näme diýmelidigini sen çözmeýärsiň, sebäbi seniň diliň üsti bilen *Meniň Özüm* gürleýärin!” — diýdi.

Hüseýiniň gorkusy şobada ýitip gitdi.

Sorag etmeler başlandy. Hüseýin aldamazlygy üçin doga etdi, Hudaý hem ony her bir soraga dogry jogap berer ýaly etdi. Ony her gün sorag etdiler, emma ýekeje aňtaýjy-da, ondan özüniň hakykatdan hem mesihimidigini, Mesihiň yzyna eýermek üçin

yslamy terk edenmidigini soramady. Hüseýinden Mukaddes Kitaplar hakda soranlarynda, ol polisiýa ýatylýan otagda duran bäş ýüz Mukaddes Kitaby tapandyr öýtdi. Ol mümkin boldugyça az gürlemeklige çalşyp, gaty seresaplyk bilen jogap berdi. Ol soňrak poliseýleriň öz torbasyndan tapan iki sany Mukaddes Kitaby hakda sorandyklaryny bildi.

Birnäçe günden soň ony suda alyp bardylar. Ol kazynyň öňünde durdy, ýöne edil aňtaýjylar ýaly, kazy hem ondan mesihimidigini soramady. Hüseýini kamerasyna gaýtaryp getirdiler. Bu ýerde ol jemi on gününi geçirdi. Ol ýerde krowat ýokdy, gijesine bolsa, Hüseýin ýatyp uklamaz ýaly, kameranyň içine suw guýýardylar.

Ýene bir hepde geçenden soň, Hüseýini adaty türmä geçirdiler-de, 11-nji derejä ugratdylar. Onuň soňundan bilşi ýaly, 11-nji dereje ölüm jezasyna höküm edilen tussaglaryňky eken. Ony ol ýere alyp baranlarynda, ol ýerde işleýän gözegçi haýran galyp: “Ony näme üçin bu ýere getirdiňiz, bu ýerde ony derrew öldürerler” diýdi. Ýöne dokumentde “11-nji dereje” diýlip ýazylgydy. Gözegçi demir derwezäni açyp, Hüseýini ol ýere itýär-de, yzyndan derwezäni ýapdy. Şeýdip, Hüseýin 250 sany ölüm jezasyna höküm edilen tussaglaryň arasyna düşdi, gözegçi bolsa, derwezäniň aňry tarapynda galdy. Hüseýin bu derwezäniň aňyrsynda tussaglaryň höküm sürýänini — ölüme höküm edilen tussaglaryň kameralarynyň hemmesine bandanyň gözegçilik edýänini bilýärdi.

Hüseýin Hudaýa doga edip, “nähili bolmaly?” diýen soragy özüne berdi. Şol gije ony bandanyň ýolbaşçylarynyň ýanyna “çagyrdylar”. Ol özünde häzir bolup biläýjek elhençlikleri göz öňüne getirip gorkdy. Ýöne Hudaý onuň aladasyny etdi. Ýolbaşçylar nädip hem bolsa bir ýol bilen Hüseýinde ABŞ bilen gatnaşygynyň bardygyny bildiler. Olar Hüseýiniň türmede saklanyşlarynyň nähili aýylgançdygy hakda daşky dünýä gürrüň bermegini isleýän ekenler. Gürrüňdeşligiň soňunda olar Hüseýini özleriniň arasyna kabul etdiler. Şeýdip, ol ölüme höküm edilen 250 tussagyň sekiz lideriniň biri boldy. Birinji gijäniň özünde oňa ýokarky krowady

berdiler. Bu ýerde bäş ýyldan bäri bolup ýörenlerem entek polda ýatýardylar! Onuň şahsy suwa düşýän ýeri bardy. Ol her gün ter miweleri we gök-önümleri iýýärdi. Ol suwuň paýlanylyşyna jogap berýärdi, şonuň üçin tussaglar oňa hormat bilen garaýardylar, sebäbi özleriniň paýyny almak isleýärdiler. Hudaý Hüseýini diňe bir goraman, eýsem, ony baştutan edip goýdy!

(Belki, bu wakany okamagy goýup, Gelip çykyş kitabyndaky Ýusubyň taryhyny Mukaddes Kitapdan okasyňyz geler).

Hüseýin ölüme höküm edilenleriň kamerasynyň özi üçin myhmanhana bolanyny aýtdy. Ol ýere baranyna iki gün geçenden soň, administrasiýa oňa türmäniň “has howpsuzrak” ýerine geçmegi teklip etdi. Emma Hüseýin ölüme höküm edilenleriň bölüminde galanyny gowy görýändigini aýdýar!

Hüseýin bu bölümde on gününi geçirdi, soň ony girewe goýum goýlany üçin boşatdylar. Ol şähere gaýdyp gelende, oňa sudda gozgalan işler hakda diňlemeklik garaşýardy. Gelenden soň bolsa, ol bu ýerde-de Hudaýyň hereket edýändigini gördi. Suduň zalyna girende, Hüseýin kazynyň uzyn sakally dindar, musulman mollasy ekendigini gördi. Ol juda gaharly eken. Kazy Hüseýiniň işine seredende, onuň ýüzi üýtgäp gitdi. Hüseýin oňa şikaýat dokumentini berende, kazy: “Ýok, bu nädogry ýazylypdyr. Men häzir hemmesini düzederin” — diýdi. Şeýdip, Hüseýiniň şikaýat ediji dokumentini onuň özi düzetdi! Şeýle hem, kazy şikaýat arzasyny nädip bermelidigini, dokumentleri alyp nirä ýüz tutmalydygyny we olary nirä alyp barmalydygyny sabyrlylyk bilen düşündirdi. Mundan başga-da, ol, eger Hüseýinde mesele ýüze çyksa, onda özüne jaň etmelidigini we işi gymyldaman duran ýerinden gozgamaga özüniň kömek etjekdigini aýtdy.

Soň kazy Hüseýine hatda mundan beýläkki suduň diňlemelerine gelmegiň hem gerek däldigini, hemme zatlary özüniň düzetjekdigini aýtdy.

Gudrat, gudrat, gudrat, gudrat! Hüseýine özüniň her bir ruhy etapynda Hudaýyň gudraty garaşyp duran ýalydy.

Hudaýyň beýle gudratlaryna duş gelende gorkmanmydygyny men Hüseýinden gyzyklanyp soradym. Ol: "Ýok, men Hudaýyň hereket edýändigini eýýäm ençe gezekler gördüm! Men nämeden gorkaýyn?!" — diýip jogap berdi.

Hüseýin Eýranda gulluk alyp barmagyny dowam etdirýär. Ol özüne polisiýa bilen täze, belki-de, köp sanly duşuşyklaryň garaşýanyny bilýär. Men ondan bu zatlaryň ony gorkuzmaýanmydygyny soradym.

"Men iki zadyň biri bolar diýip pikir edýärin. Olar ýa-ha meni öldürerler, ýa-da şunuň ýaly gudratlar köp bolar" — diýip, ol asuda jogap berdi.

Soň ol ýylgyryp: "Şularyň haýsysy gowy?" — diýip sorady.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Hüseýinde saýlaw bardy: ol ýerde ýaşamagyny dowam etdirip, özüniň üsti bilen Hudaýyň gudrat bilen hereket edişini görüp ýaşap ýa-da göklere gidip bilerdi. "Şularyň haýsysy gowy?"

Käwagt bize öz ünsümizi özümize garaşýan "has gowy ýurda" gönükdirmek zerurdyr. Pawlus Kolosedäki ýygnaga "ýerdäki zatlar hakda däl-de, gökdäki zatlar hakda pikirleniň" (Koloseliler 3:2) — diýip nesihat berdi. Bu gün ünsüňizi gökde, Mesihiň ýanynda bakyýetde boljak ýerimizde we ýerde "gelmişek hem kowlan" bolmagy bes edenimizde duýjak şöhratymyzda jemlemäge size näme kömek eder? Öz ýiti ünsüňizi şu güne, şu hepdä, şu ýyla gönükdirmek örän aňsat. Ýöne esasy zat — bu bakyýetdir! Şu ýerde, ýeriň ýüzünde Isa bilen gatnaşykda bolmak ajaýyp zatdyr, ýöne Atamyzyň biziň üçin taýýarlan Öz öýündäki bakyýeti bilen deňeşdireniňde bu *hiç zadam* däldir.

Häzirki döwrüňize bolan garaýşyňyzyň size Mesihli bakyýeti görmäge nädip päsgel betip biljekdigini ýazyň. Siz öz nazaryňyzy we aklyňyzy nädip "gökdäki zatlara" gönükdirip bilýärsiňiz?

## DOGA-DILEG ETMEK

“Rebbim Isa, Seniň barlygyňa girenimde duýjak şöhratyma çuň düşünerim we Hüseýin hem resul Pawlus bilen bilelikde: “Çünki meniň üçin ýaşaýyş Mesihdir, ölüm-de bähbitlidir” (Filipililer 1:21) diýip bilerim ýaly, ünsümi bu ýerdäki, ýer ýüzündäki durmuşymda jemlemezlige kömek et. Omyn”.

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Şaýatlygynyň üstündäki işimi tamamlamak üçin men şondan soň Hüseýin bilen ýene duşuşdym. Onuň taryhy aklyňy haýran edýär! Degişme ýadyňa düşmeýär! Edil Müsürdäki Ýusup ýaly! Duranja bir gudrat! Ony ölüme höküm edýärler. Ol barypýatan jenaýatçylaryň oturan türmesinde oturdy. Hatda öz ömründe köpi gören gözegçi-de: “Ony näme üçin bu ýere getirdiňiz, bu ýerde ony derrew öldürerler” diýip garşy çykypdy.

Ertesi gün daň atanda Hüseýini eýýäm bandanyň ýolbaşçylary öz aralaryna kabul edipdiler, ol indi suwuň paýlanmasyna jogapkär edilip saýlanylypdy. Onuň özbaşyna suwa düşýän ýeri we terje miweleri bardy — edil myhmanhanadaky ýaly!

Hüseýin maňa özüne Hudaýyň: “Men saňa aladaňy etjegimi aýtdym-a!” — diýenini gürrüň berdi.

Hüseýin özüniň gowy görýän Mukaddes Kitap gahrymanynyň Şamuweldigini aýdýar, sebäbi ol Hudaýyň sesini anyk eşidipdi.

# PIKIRLENMEK ÜÇIN JÜMLELER

Özüňiziň Injiliňizi okasaňyz, mesihilik durmuşyndaky ortaçalygyň Isanyň teklip edýän iň beýik zady däldigi bilen ylalaşarsyňyz. Elbetde, Hudaý biziň ruhy ösüşimize — mydamalyk ýarym ruhy ýagdaýymyza görä sylanylmaýar.

Mesihdäki doly kämillige ýetenimizde Hudaýy hormatlaýandygymyzy Mukaddes Kitabyň aýdýanyny biziň hemmämizem bilýäris!

Beýle bolsa näme üçin biz mukaddeslere ýaraýan we dünýewi adamlaryň düşünjesini lapykeç edýän kiçijik lezzetlerden kanagatlanýarys?

Munuň sebäbi biz günleriň birinde haçy alma çagyryşy eşitdik, ýöne daga gitmegiň deregine, edil köçedäki söwdagär ýaly, Reb bilen söwdalaşdyk! Biz Mesih ugrunda özümizi sarp etmek höwesini duýduk, ýöne beýle etmegiň deregine, özümize soraglar berip başladyk. Biz Hudaýyň ruhy gazananlarynyň standartlary barada Onuň bilen jedelleşdik we sögüşdik.

Bu hakykat iman etmedik "liberallar" hakda däl-de, ýokardan doglan we: "Ýa Reb, bu maňa nähili baha düşer?" diýip soramaga het edip bilýänler hakdadyr.

**E. U. Ţozer**[1]

"Mähribanlarym, sizi synamak üçin başyňyza inen ot belasyna geň zada sataşan ýaly haýran galmaň. Tersine, Mesihiň çeken ejirlerine şärik bolýan ýaly şatlanyň. Onuň şöhraty aýan bolanda, şatlygyňyzyň çägi bolmaz. Mesihiň ady sebäpli kemsidilýän bolsaňyz, bagtyýarsyňyz, sebäbi Hudaýyň şöhratly Ruhy sizde mesgen tutandyr. Ýöne sizden hiç kim ganhor ýa ogry, başga bir jenaýatçy, ýa şugulçy bolup ejir çekmesin. Kim mesihi bolup ejir çekýän bolsa utanmasyn. Ol bu at bilen Hudaýy şöhratlandyrsyn".

**1 Petrus 4:12–16**

---

1 E. U. Tozer, "Mediocre Christianity" в "Mornings with Tozer: Daily Devotional Readings", düzen Jerald B. Smit (Çikago: "Moody Publishers", 2008), 15-nji aprel.



# 6-NJY GÜN



# “MUŇA BOLAN UMYT MAŇA GÜÝÇ BERDI”

“Sen ýüküňi Rebbiň üstüne ýükle, Ol seni söýgetlär. Ol dogry ynsanyň yranmagyna hiç haçan ygtyýar etmez”.

**ZEBUR 54:23**

..............................................

## Nepal, 2012-nji ýyl

Danmaýýa bilen duşuşmak üçin “Ejir çekenleriň sesi” komandasy Nepalyň günortasyndaky demirden üçekli öýe barjak bolup, ýakyp barýan jöwzada uzak ýol geçdi. Taksidäki kondisioner yssa hötde gelip bilmeýärdi, şonuň üçin biz sürüji bilen howany azajyk hem bolsa salkynlatmak üçin ony doly güýjünde işledýärdik, käte derlän ýüzümize şemalyň degmegi üçin aýnany açdyk. Ahyrsoňy biz barmaly ýerimize baryp ýetdik-de, Danmaýýanyň ýaşaýan kiçijik kerpiçden gurlan öýjagazyna sümüldik. Ol ýerdäki yssy taksidäkiden-de beter eken. Göwnümize biz pissa bişirilýän kerpiç pejiň içinde ýalydyk, ýöne içi plastik oturgyçly peç ýalydy.

Bu bir otagly jaý Danmaýýanyň özüniňki däldi, ol onda diňe ýaşaýardy. Aslynda ol ýygnagyndaky ruhy çopanyňkydy. Ol hem şol ýerde maşgalasy bilen ýaşaýardy.

Ruhy çopan biziň bilen salamlaşdy-da, maňa plastik oturgyjy görkezdi. Onuň özi bolsa, otagdaky ýeke-täk krowadyň üstünde oturdy. Onuň aýaly bolsa, polda oturdy. Ruhy çopan bize öz şaýatlygyny gysgaça gürrüň berdi, soň hem, Danmaýýa hakda gürrüňe geçdi.

Danmaýýa bilen duşuşmazymyzdan alty ýyl öň mesihi dosty oňa Hoş Habary wagyz edipdir, ýöne bu aýal Isanyň yzyna eýermegiň soňunyň nähili boljakdygy hakda pikir hem etmändir. Danmaýýa Hoş Habary höwes bilen kabul etdi we durmuşyny Rebbe şatlyk bilen bagyş etdi. Müňlerçe hindi hudaýlarynyň göwnünden turmaga çalyşmakdan ol bizar bolupdy. Mundan başga-da, ol Isa Mesihiň üsti bilen aýan bolan Hudaýyň söýgüsini ýüreginden duýdy.

Danmaýýa bu hakda adamsyna gürrüň berende, ol aýalynyň dine “güýmenmesi” uzaga çeker öýtmändi. Ol aýalyna öz pikirlerini içinde saklamagy we özleriniň ýokary gatlaga degişli bolan hindi maşgalasyny masgara etmezligi buýruk berdi. Şeýle-de bolsa, Danmaýýanyň imany göze ilmän galmady. Ol basym ösdi we Danmaýýa içinde saklardan juda ullakan boldy. Ahyrsoňy bu imany olaryň öýünde gizlin saklamak kyn boldy. Danmaýýa Mesihe iman edeninden bir ýyla golaý wagt geçenden soň, ol ruhy çopandan özüni suwda çokundyrmany öwretmegi haýyş etdi. Şonda adamsy munuň aýalynyň ynjyklygy we wagtlaýyn gyzyklanmasy däldigine, onuň öz imanyny gizlemekçi däldigine hem-de indi özüniň hindi zenany däldigi hakda dymyp ýörmejekdigine, mesihi bolanyny tizara hemmeleriň biljekdigine düşündi.

“Bu biziň dinimiz däl. Ondan el çek. Ýogsam men seni taşlaryn. Meniň mesihi aýally bolasym gelenok, men brahman (ýokary gatlaga degişli hindi) ahyry” — diýip, adamsy Danmaýýany yrmaga synanyşdy. Şol pursatdan başlap, Danmaýýa öz öýünde

özüniň halanylmaýandygyny duýup başlady. Ahyrsoňy adamsy onuň zatlaryny daşaryk zyňdy-da, başga aýala öýlendi.

Nepal medeniýetinde taşlanylan aýal adatça atasy öýüne gaýdyp barýardy ýa-da uly erkek doganynyň öýüne gidýärdi. Ol ýerde ony hemme zat bilen üpjün edýärdiler. Emma ene-atasy eger gyzy Isa Mesihe eden imanyndan ýüz öwürmese, ony kabul etmekden boýun towladylar. Ol nirä gitmeli?

Isa Özüniň yzyna eýerýänlere "adamyň duşmanynyň öz öýündäkiler boljakdygyny" duýdurypdy (Matta 10:36). Şeýdip, Danmaýýa Isanyň duýduryşynyň hakykydygyny öz tejribesinde gördi. Bu aýalyň Mesihe mizemez wepaly bolmagynyň ony özünde bu dünýäde bar bolan maşgala gatnaşyklaryndan mahrum edendigine garamazdan, ol Mesihden ýüz öwürmedi. Ýitgisiniň we geljekden gorkusynyň bolandygyna garamazdan — ol nirä gitmeli? Ony kim üpjün eder? — Hudaý Danmaýýa asudalyk duýgusyny we Öz barlygyny sowgat berdi.

Bu aýaly ýerdäki maşgalasy inkär eden bolsa-da, ruhy maşgalasy onuň öňünde kiçijik kerpiç öýüniň gapysyny giňden açdy. Häzir biz şol öýde derläp hem yssydan ýaňa demigip otyrdyk.

Danmaýýa bilen duşuşmazymyzdan öň men öýsüz, çagasyz, hasratdan çöken we ruhdan düşen, adamsy taşlan bir aýaly görerin öýdüpdim. Ýöne men ony görenimde, ol Rebbiň şatlygy bilen öwşün atyp durdy. Ol bu dymyk kerpiç öýjagazy gözgyny durmuşda ýaşamanyň mümkinçiligi hasaplamaýar-da, beýik şatlyk hasaplaýar (Ýakup 1:2).

Munuň ýaly synaglardan geçen bolsa-da, imanda beýle berk durmaklyk Danmaýýa nädip başartdyka?!

"Öz ýolumda nähili yzarlanmalar duş gelse-de, hatda ölmeli bolsam-da, men göklerde Mesih *bilen bile ýaşaryn*. Muňa bolan umyt maňa güýç berdi" — diýip, ol biziň komandamyza aýtdy.

Adamsyny bagyşlamak Danmaýýa üçin dowamly hem aňsat bolmadyk proses boldy. "Ilki ýüregimde (ondan) güýçli öýkeleme boldy. Ýöne soňrak, eger ony bagyşlamasam, onda Hudaý bilen

dogry ýoldan gidip bilmejekdigimi bildim, şonuň üçin men ony bagyşladym" — diýip, ol aýtdy.

Bu gün Danmaýýa öňki adamsy we häzirki öýlenen aýaly üçin hem Hudaýa doga edýär we olary-da Özüne getirmegini Hudaýdan soraýar.

Biz Danmaýýadan Mukaddes Ýazgyda has gowy görýän belli bir ýeriniň barmydygyny soranymyzda, ol Zebur 54:23-digini aýtdy: "Sen ýüküňi Rebbiň üstüne ýükle, Ol seni söýgetlär. Ol dogry ynsanyň yranmagyna hiç haçan ygtyýar etmez".

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Mesihilige duşmançylykly bolan we ony çäklendirýän ýurtlarda ýaşaýan erkek hem aýal doganlarymyzyň Isa Mesihe iman edeni üçin tölemeli bolýan bahasynyň şeýle ýokary bolýandygy, emma azat ýurtda ýaşaýan men we men ýaly başga-da köp mesihileriň şeýle az baha töleýändigimiz meni şok ýagdaýyna salýar. Olaryň bu bahany diňe bir kinesiz hem lapykeçliksiz höwes bilen däl-de, eýsem, arassa, hiç zat bilen gaýgylandyrylmadyk şatlyk bilen töleýändiklerine men has-da haýran galýaryn.

Belki, bu doganlarymyz biziň hem ýadymyzda saklamasy şeýle zerur bolan hakykatymyza akyl ýetirendirler. Mesih bilen ýöremegiň artykmaçlygy, günäleriň bagyşlanmasy, gökleriň wada berilmesi bu zatlaryň hemmesine degýändir. Ekin meýdanyndaky hazyna hakdaky tymsaly ýada salyň: hazynany tapan adam, ol ýeri satyn almak üçin özünde bar zatlaryň hemmesini satýar. Ýöne ol muny ikirjiňlenmän edýär; ol hemme zadyny "begenjinden" satýar (Matta 13:44).

Siziň durmuşyňyz we imanda bolmagyňyz hem edil şunuň ýaly şatlyk şöhlesini saçýarmy? Ýa-da size aladalar we gaýgy agram salýarmy? Siz olary Rebbiň üstüne ýüklemäge taýýarmy?

## DOGA-DILEG ETMEK

“Rebbim Isa, maňa gutulyş bereniň, Öz maşgalaň bir bölegi edeniň üçin Saňa minnetdar! Bu bahasyna ýetip bolmajak sowgadyň ýerde eýe bolan zatlarymyň hemmesinden, hatda maşgalamdan hem gymmatdygyny maňa ýatlatmagy dowam etdirmegiňi Senden soraýaryn. Öz ýolumda synaglaryň we kynçylyklaryň duş geljekdigine garamazdan, Danmaýýanyň şatlyk bilen gulluk edişi ýaly, Saňa şatlyk bilen gulluk etmegime kömek et. Omyn”.

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Ol [Danmaýýa] hemme zatdan ýüz öwürdi, ýöne onuň ýüzüni ajaýyp şatlykly ýylgyryş şöhlelendirip dur. Ol Rebbiň berýän parahatlygynyň we şatlygynyň nuruny saçýar.

Bu ýere eden uçuşymyz juda ajaýyp boldy! Biziň yzymyzda Ewerest dagy görnüp durdy. Biz ÄPET, IŇ BEÝIK Gimalaý dagyna uly joşgun bilen seretdik. Ol şeýle bir beýikdi welin, hatda uçaryň aýnasyndan hem oňa seredende ÝOKARY seretmeli bolduk!



## 7-NJI GÜN



# IŇ GOWY BOLMAGA DYRJAŞMAK — 1-NJI BÖLÜM

"Şoňa görä-de, kim Isa Mesihe degişli bolsa, ol täze ýaradylyşdyr. Könesi geçip gitdi, indi täzesi geldi!".

**2 KORINTOSLYLAR 5:17**

.........................................................

### Türkiýe, 2010-njy ýyl

Käbir adamlarda bäsdeşlik ruhy bolup, ol şol adamyň edýän işleriniň hemmesinde ýüze çykýar. Meniň täze eýranly dostum Iman — şonuň ýaly adamlaryň biri. Ol özüniň şaýatlygyny maňa gürrüň bermezinden öň, dyza çöküp doga etdi.

Iman özüni şeýtan ulanyp, durmuşyna täsirini ýetirip bilmez ýaly, oňa gapynyň iň kiçijik deşigini hem açmazlyk üçin, Mesihe duşmazdan öňki eden zatlaryny hatda *ýatlamak* hem islemeýär. Şonuň üçin hem ol Hudaýdan diňe Özüniň isleýän zadyny Imanyň

paýlaşmagy üçin gerek ýatlamalary bermegini we Isa iman etmezden öň şeýtanyň gol astynda saklan zatlaryny ýatlamakdan goramagyny sorap, Hudaýa doga etdi.

Iman özünde bütin ömrüne hereket eden bäsdeşlik ruhy hakda gürrüň bermäge başlady. Ol Eýran bilen Yragyň arasynda bolan uruşda esgerleriň iň gowusy bolupdyr we komandirlerden özüni söweşiň iň gazaply gidýän ýerine goýbermeklerini sorapdyr. Şeýdip, ol gije-gündiziň dowamynda öz ýurdy ugrunda ejir çeken adam bolup bilýärdi.

Iman ogry bolanda, ogrularyň arasynda *iň gowusy* bolup, beýleki ogrularyň ogurlamaga synanyşan, ýöne ogurlap bilmedik zatlaryny ogurlaýardy.

Ol neşekeş bolanda, bu işde hem iň gowusy bolmak isleýärdi. Ol elýeter bolan neşeleriň hemmesini ulanyp görmek we başgalardan köpräk dozany ulanmak isleýärdi.

Iman näme etse-de, iň gowy bolmaga dyrjaşýardy.

Ýaşlykda Iman gaty erbet awtoheläkçilige uçrapdy. Ulag çym-pytrak bolupdy, ýöne onuň ýekeje ýeri-de sypjyrylmandy. Heläkçiligi gözi bilen görenler, oňa täsin usul bilen päsgelçilikden geçip, ulaga erk etmäni saklamak başardandygyny gürrüň berdiler. Ýöne şol pursatda ulaga özüniň erk etmändigini bilýärdi. Şol wagt ol muny uruşda wepat bolup, ejir çeken doganynyň ruhy edendir ýa-da ejesiniň Alla eden dogasy janyny halas edendir diýip hasap edipdi. Diňe ýyllar geçenden soň Iman şol gün özüni Kimiň halas edendigine düşündi.

Neşekeşlik özüniň ýigrenji zäherli dişlerini Imanyň tenine çümdiren badyna, töwerekdäki zatlaryň hemmesine ol parhsyz boldy. Onuň maşgalasy ýokdy. Ol hiç zat iýmeýärdi we indiki dozany nädip tapmalydygy baradaky ýakyp barýan aladadan başga-da çuň sustupeslik duýgusyny duýýardy. Ol umydyny ýitirip, tesselliniň gözleginde "iňňä oturan" eýranlylaryň uzyn nobatyndakylaryň biridi.

Bir gün giç agşam Iman neşäniň täsiri astynda otyrka telewizion ýaýlymlary geçirýärkä, mesihilik sputnik tele gepleşiginiň üstünden bardy. Ol bary-ýogy birnäçe sekund eglendi, ýöne onuň eşiden: “Men ýüregimi Isa berenimde...” diýen sözleri ýadynda gowy galdy.

*“Görsene. Mesihiler nähili täsin adamlar-aý! Olar özleriniň ýüreklerini kimdir birine berýärler. Biziň döwrümizde adamlar hatda ruçkany-da bermeýärler* (meniň terjimeçim pars dilinde “ýürek” bilen “ruçkany” aňladýan sözüň meňzeş aýdylýanyny düşündirdi), *mesihiler bolsa, ýüreklerini berýärler! Bu akylsyzlyk!*” — diýip pikir etdi

On günden soň Iman alkogol serhoşlygy wagtynda ýene ýaýlymlary geçirip otyrka ýene şol mesihilik gepleşiginiň üstünden bardy. Onuň bu ýaýlymda saklanan birnäçe minudynyň dowamynda ol bir aýalyň: “Men ýüregimi Isa berenimde...” diýen sözlerini eşitdi. Iman ýene-de bu mesihileriň kimdir birine ýüreklerini berýän aklyndan azaşan adamlardyklary hakda pikir edip, ýaýlymy geçirdi.

Maşgala şäheriň daşyna göwün açyjy gezelenje gitmekçi boldy, ýöne Imanyň neşekeşligi şeýle güýçli bolany we şeýle eýmenç görünýändigi sebäpli, ýakynlary ondan özleri bilen gitmezligi haýyş etdiler. Ýigit lapykeç boldy; hatda öz maşgalasy-da onuň bilen iş salyşmak islemeýär we ony görkezmekden utanýar.

Şol gije Iman öz öýüniň üçeginde krek çekdi. Neşeler gutarypdy diýen ýalydy, şonda ol öz durmuşynyň agramyny has ýiti duýdy. Ol neşelere garşy durmakda özüniň güýçsüzdigine akyl ýetirdi. “Men neşesiz, hatda ýekeje gün hem nähili ýaşajagymy bilmeýärdim. Men ozal neşeden saplanmaga ençeme gezek synanyşdym, emma her gezegem şowsuzlyga uçradym”.

Çykgynsyzlyga düşen Iman asmana seredip: “Hudaý, meni halas et! Meni bu neşeden gutar!” — diýip ýüzlendi.

Şu pursatda onuň göz öňüne on bäş ýyl mundan ozal bolup geçen awtomobil heläkçiligi geldi. Şol wagt ol öz ulagyny Kimiň dolandyranyny we janyny halas edenini aýdyň gördi: bu Hudaýdy!

Iman dyza çöküp, ellerini ýokary galdyryp, ýürekden doga etdi. Ol köp ýyllar mundan ozal gudrat bilen aman galandygy üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdi, gudratyny görkezeni üçin Hudaýa minnetdar bolmany üçin ötünç sorady we özüni neşä baglylykdan halas etmegini sorady.

“Men ses eşitmäge ýa-da iň bolmanda, ýagty görmäge garaşdym. Emma beýle bolmady, şol sebäpden hem, men örän lapykeç boldum. Men düşege geçdim, ýöne uklamazymdan öň: “Hudaý, meni beýle elim boş goýbermek — Seniň häsiýetiňe gabat gelmeýär. Ýa-ha Sen hakykatynda ýok, ýa-da men aşa günäli, şonuň üçin Sen meniň bilen iş salyşmak islemeýärsiň” — diýdim”.

Iman düşekde ýatan ýerinde telewizory işledip, ýaýlymlary geçirip başlady. Bu gezek ol mesihi ýaýlymynyň üstünden baranda, birazajyk saklandy.

Ony gaty haýran galdyryp, ýene şol bir sözleri eşdildi: “Men ýüregimi Isa berenimde...”. Ýöne bu gezek Iman saklandy-da, sözlemi soňuna çenli diňlemekçi boldy. “...Ol meni halas etdi” — diýip, ekrandaky adam aýtdy.

Iki sagat mundan ozal Iman öýüniň üçeginde özüni halas etmegini sorap, Hudaýa doga etdi. Indi bolsa, ol Hudaýyň haçan halas edýändigini bildi: ýüregiňi Isa bereniňde.

Birden Iman özüniň telewizory başga ýaýlyma geçirip bilmeýändigini duýdy. Ekranda öz şaýatlygyny gürrüň berýän adam hem, birwagtlar neşekeş, umytsyz bolupdyr. Ýöne onuň ýüzüne seredeninde, Iman onuň ýüzünde neşe ulananynyň hiç hili yzyny görmedi. Ol adam doly sagdyndy. Üstesine-de ol bagtly hem şatlykly görünýärdi! Soň ekranda ruhy çopan peýda bolup, tomaşaçylara: “Sizem şu şatlygy, şeýle şypa almany, şu ýeňşi alyp bilersiňiz!” — diýdi.

Iman toba dogasyny etdi — geçmişdäki günäleriniň hemmesine toba edip, ýüregini Isa berdi.

Men doga-dileg etmek üçin gözlerimi ýumanymda, Isanyň barlygyny aýdyň duýdum. Eger gözlerimi açsam, onda Ony

görüp biljekdigimi duýdum. Ýöne men özüm üçin we günälerim sebäpli utanýandygym üçin gözlerimi açmaga het edip bilmedim. Men günäkär, şoňa görä-de, Ony görmäge mynasyp däl, ýöne duýgularym: "Hudaý şu ýerde!" diýýärdi.

Gözlerini açanda Iman içinde güýç duýdy we: "Berjaý boldy! Seniň köne durmuşyň gutardy" — diýen sesi eşitdi. Indi Iman täze ýaradylyşdy.

Esgerleriň iň gowusy bolup, ýurdy ugrunda ejirli ölüm bilen ölmek islän, iň gowy ogry hem iň gowy neşekeş bolmak islän Iman Mesihi tapdy we onuň bäsdeşlik ruhy ony täze ugurda iteklemäge başlady. Indi ol Mesihiň iň gowy şaýady, iň köp söýýän şägirdi, Onuň iň şatlykly yzyna eýerijisi bolmak isleýär!

Eger ol Isanyň yzyna eýermekçi bolýan bolsa, onda *iň gowusy* bolmalydyr!

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Belki, siz Isa duşmazdan öň neşekeş ýa-da ogry bolan dälsiňiz, ýöne Onuň sizi halas edendigi barybir gudratdyr. Käwagt men Isa bizi halas etmezinden öň özümiziň kim bolandygymyzy we nirede bolmagymyzyň mümkindigini ýatlamak gowy diýip hasap edýärin. Ýöne muny şeýtany yzyna girizer ýaly etmeli däl-de, köne durmuşymyz gutaranynda we täze ýaradylyş bolanymyzda duýan şatlygymyzy we minnetdarlygymyzy özümize ýatlatmak üçin etmeli. Hudaýyň özüňizi "täze ýaradylyş" edişi hakdaky şaýatlygyňyzy ýazyň we Ondan şu hepdede ony kimdir biri bilen paýlaşmaga mümkinçilik bermegini soraň.

### Doga-dileg etmek

"Rebbim Isa, meni halas edeniň üçin sag bol! Men muňa mynasyp däldim; Men muňa hiç haçanam mynasyp bolup bilmezdim, şeýle-de bolsa, Sen Öz rehimiň bilen meni günäden hem dowzahdan halas etdiň.

Sag bol! Seni söýýänim we meniň üçin eden zatlaryň hemmesi üçin Saňa minnetdarlygym sebäpli Saňa gulluk etmäge kömek et! Omyn”.

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Rebbe ýürekden wepaly bolup, ömrüni Hudaýyň hasyl meýdanyndaky işe bagyş edýän adamlaryň arasynda bolmak örän gowudyr!





## 8-NJI GÜN

### IŇ GOWY BOLMAGA DYRJAŞMAK — 2-NJI BÖLÜM

# “MENIŇ DURMUŞYMDAKY IŇ SÜÝJI WAGT”

“Isa şäherlerdir obalaryň baryny aýlanyp, ol ýerdäki sinagogalarda sapak berýärdi. Şalyk hakdaky Hoş Habary wagyz edip, her hili kesellere we dertlere şypa berýärdi. Isa uly mähelläni görüp, olara haýpy geldi, sebäbi olar çopansyz goýunlar ýaly dagynyk we tapdan düşendiler”.

**MATTA 9:35–36**

..............................................................

Türkiýe, 2010-njy ýyl

Iman durmuşyny Isa Mesihe bagyş eden gijesinden başlap, hoşhabarçy boldy. Ol Injili diňe bir ýekşenbe günleri ýygnakda ýa-da Hoş Habary ýaýradýan wagtynda wagyz etmeýär. Ol *özüne duş gelen her bir adamda*, Isa hakda eşitmegi üçin öz ýoluna Hudaýyň goýberen adamyny görýär. Iman bir wagtlar iň gowy

ogry we iň gowy neşekeş bolmak isleýşi ýaly, indi ol iň gowy hoşhabarçy bolmaga çalyşýar.

“Men adamlara ýerdäki gymmatlyklaryna laýyklykda baha bermeýärin. Her bir adam meniň üçin, edil Isa üçin gymmatly bolşy ýaly gymmatlydyr. Men her bir ýagdaýda Mukaddes Ruhdan: “Sen meniň näme etmegimi isleýärsiň?” — diýip soraýaryn. Men Injili her bir adama wagyz etmäge taýýar”.

Imanyň Injili wagyz etmäge taýýarlygy özüniň haýran galdyryjy netijesini berdi. Men onuň bilen ilkinji gezek tanşanymda, ol baryýogy dört ýyldan bäri Isanyň yzyna eýeriji bolup ýördi. Şol dört ýylyň içinde ol Mesihe toba dogasyny eden müňden gowrak adamy getiren eken. Ol adamlar özleriniň günäli durmuşyndan el çekip, ýüreklerini we durmuşlaryny Rebbiň yzyna eýermeklige bagyş edipdirler. Müňden gowrak adam!

Iman Eýrandaky mesihi gullukçylar zynjyrynyň bir bölegi boldy. Bu zynjyryň beýleki agzalary ýaly, ol okuw okady we her aýda eden işleri, şol sanda Isa Mesih arkaly halas bolma hakda näçe adama şaýatlyk edeni we näçe adamyň Onuň yzyna eýerme kararyna gelendigi hem-de onuň bilen bile doga edendigi hakda ýolbaşçylara hasabat ugradýar.

Imanyň Eýran Yslam Respublikasynda — mesihilik yzarlanylýan ýurtda ýaşaýandygy sebäpli onuň Injili wagyz etme gullugy, elbetde, göze ilýär. Ony tussag ederler, soraga çekerler we türmä salarlar. Emma Imanyň pikiri şeýle: “*Eger men türmä salynsam, diýmek, bu şeýle bolmaly, sebäbi ol ýerde kimdir birine Isa Mesih hakda eşitmek gerek*”.

Meni sebäpsiz tussag edenlerinde, men Hudaýyň özümi Öz üniň şaýady etmek üçin iberýändigini bildim. Şonuň üçin men gizlenmedim we garşy çykmadym. Men aýratyn saklanylýan kamerada elleri gandallanan jenaýatçylary gördüm. Olar howply jenaýatçylardy. Men olaryň ýanyna baryp: “Hudaý meni sizi halas etmek üçin iberdi!” — diýdim. Töweregimdäkileri meniň ýanyma Injili wagyz etmegim üçin Hudaýyň goýberendigine men ynanýaryn.

Men olara Injili gysgajyk gürrüň berdim. Takmynan 15 minutdan soň olar dyzlaryna çöküp, Mesihi kabul etmek üçin toba dogasyny etdiler. Derrew şondan soň polisiýa işgärleri gelip, maňa: "Seniň bu ýerde işiň ýok. Saňa garşy aýyplama ýok. Sen azat" — diýdiler. Men kameradan çykmazdan öňürti jenaýatçylary gujakladym. Olar hem meni ýürekden gujakladylar we agladylar. Polisiýa işgärleriniň biri: "Sen bu adamlary bary-ýogy 15 minutdan bäri tanaýarsyň, olar bolsa özlerini, edil garyndaşyň ýaly alyp barýarlar!" — diýdi. Meni kameradan alyp çykdylar-da, öýe gidibermelidigimi aýtdylar.

Imanyň günäkärlere Isa Mesih arkaly gutulyşy düşündirmäge edýän joşgunly dyrjaşmasy, onuň şaýatlyk eden we bile doga-dileg eden adamlarynyň köpüsiniň durmuşyny üýtgetdi. Imanyň Mesihe getiren bir ýaş ýigidi, halas bolma hakda öz kakasyna, ýagny howpsuzlyk gullugynyň işgäri bolan adama gürrüň berýär. Onuň kakasy oglunyň ynamy bilen çuň gyzyklanýan kişi bolup: "Nähili gyzykly! Men saňa bu zatlaryň hemmesini gürrüň beren dostuň bilen duşuşmak isleýärin" — diýipdir.

Onuň ogly Imany özleriniň şäherine gelip, kakasy bilen duşuşmaga çagyrypdyr. Emma Iman ol ýere baranda, oňa eýýäm polisiýa garaşyp duran eken. Imany tutupdyrlar-da, gözlerini daňyp, maşyna mündiripdirler. Polisiýa bölüminde ony on sagatdan köpräk sorag edipdirler-de, soňundan göni suda alyp barypdyrlar.

Iman kazynyň öňünde duranda, özüni Mesihiň neşä baglylykdan azat edip, azatlyk bereni hakdaky şaýatlygyny paýlaşypdyr. Ol kazy şol günden bäri, her gezek neşekeş görende, oňa muny aýtman bilmeýändigini, sebäbi onuň azatlyk almaga umydynyň bardygyny aýtdy. Iman haýsydyr bir syýasy basyşy döretmäge ýa-da ýygnak esaslandyrmaga çalyşmaýar. Onuň hereketleri özüni Hudaýyň neşeden halas edendigi sebäpli minnetdarlykdan ýaňa döredi, ol başgalaryň hem, neşä baglylykdan halas bolmagyny isleýär.

Diňleme işi gutaranyndan soň kazy Imanyň işini goşmaça derňewe iberdi. Türmedäki birinji gije Iman özüni

zorlamagy meýilleşdirendiklerine ynanýardy, şonuň üçin Hudaýy kömege çagyrdy.

Men Isanyň barlygynda ünsümi jemlemegi öwrendim. Men: "Maňa näme bolsa-da, bu Seniň meniň üçin eden zadyňa degýändir!" — diýdim.

Iman Hudaýa doga edip başlan wagtynda, gözegçiler oňa bes etmegi buýruk berdiler. "Men uzakly gün siziň soraglaryňyza jogap berdim, siz menden doga kabul edip hem biljek dälmi?!" — diýip jogap berýär.

"Kamerada Hudaýa doga edip geçiren wagtym — şeýle ajaýyp wagt boldy! Men her gezek Hudaýa doga edenimde, möňňürdim. Bu wagtyň gözelligi türmede özümiň erbet iş edenim üçin oturmandygymy bilýändigimde jemlenendi. Hut şuňa düşünmeklik hem, meniň dogalarymy süýji edýärdi. Men özümiň ol ýerde Hudaýyň tabşyrygy boýunça oturanymy bildim" — diýip, Iman soňrak ýatlady.

Iman özüne ujypsyzja iýmit getiren gözegçiler üçin Hudaýa doga etdi. Ol Hudaýdan olaryň durmuşy, nikasy we maşgalasy üçin ak pata diledi. Köp wagt geçmänkä, gözegçiler gizlinlikde oňa goşmaça iýmit getirip başladylar.

Iman ýigrimi bir gün ýeke oturylýan kamerada oturdy. Soň ony ulurak türmä geçirdiler. Ol ýerde dört ýüz sany tussag saklanylýardy. Bu ýerde ony kameralaryň iň erbedine, içi adam öldürenlerden, neşekeşlerden we psihiki taýdan syrkaw bolan gaharjaň tussaglardan doludy. Dostunyň bu türmede tanşynyň bardygy üçin Imany başga kamera geçirmelidigi barada buýruk geldi, ýöne ol geçmekden boýun towlady: "Eger Hudaý meni bu ýere goýberen bolsa, onda men hiç ýere-de gitjek däl" — diýip, Iman garşy çykdy.

Onuň oturan ini-boýy ýedi metr meýdany bolan kamerasynda altmyş bäş adam bardy, ýöne ýatylýan ýer kyrk bäş sanydy — on bäş sany üç gat krowat bardy.

Tussaglaryň biri Imandan türmede köpden bäri oturanmydygyny soranda, ol:

— Men ýigrimi bir günläp ýeke oturylýan kamerada boldum — diýip jogap berdi.

— Ol ýerde ölmän galmak saňa nädip başartdy? Men şonuň ýaly kamerada alty gün boldum welin, tas aklymdan azaşypdym!

— Ýöne men ýeke bolmadym, meniň ýanymda Hudaý boldy — diýip, Iman jogap berdi.

— Men seniň bilen gürleşmek isleýärin — diýip, olaryň gürrüňini eşiden başga bir tussag aýtdy. — Şeýdip, Imanyň türmedäki gullugy başlandy. Şol gün ol azarlamadan ejir çekýän bir neşekeşiň üstüne elini goýup doga etdi. Ol onuň üçin Isa Mesihiň ady bilen doga etdi welin, agyrylary derrew aýryldy.

Kameralara wideokamaralar arkaly seredilýärdi, şonuň üçin Iman öz gullugyny gizlemeli bolýardy. Kameralarda görünmän tussaglar bilen gürrüň etmek üçin olar krowadyň aşagynda ýatýardylar.

"Bu meniň durmuşymdaky iň ajaýyp wagt boldy!" — diýip, Iman gürrüň berýär. Onuň bu kamerada bolan sekiz gününiň dowamynda ol ýigrimi gört kameradaşynyň Mesihe iman edenine şaýat boldy. Olaryň ikisi adam öldürendi we ölüm jezasyna höküm edilendi. Bäşilenji gün Imana girew goýup, azatlyga çykyp bilýändigini aýtdylar, ýöne ol türmedäki gullugyny dowam etdirmek üçin, girew goýmany soňa goýdy. Beýle etmek üç gün, türmäniň administrasiýasy onuň näme üçin gitmeýändigini bilýänçä başartdy.

"Hudaý bizi bir ýere iberende, Onuň munuň üçin bizi taýýarlaýandygyna we ýaraglandyrýandygyna ynanýaryn. Bu türmede öz üstüme aýratyn missiýanyň ýüklenendigini men bilýärdim" — diýip, Iman maňa gürrüň berdi.

Türmeden boşap, maşgalasyna gaýdyp gelenden soň Iman ýolbaşçylaryna özüniň adaty aýdaky hasabatyny berdi. Ol tussaglygy, ýigrimi bir günläp ýekelikde oturylýan kamerada oturanyny, türmede geçiren wagty agzamady: "Geçen aýyň dowamynda men ýüz adama Hoş Habary wagyz edip bildim. Olaryň ýigrimi dördüsi

günäleriniň geçilmegi üçin doga edip, özleriniň durmuşyny Isa Mesihiň yzyna eýermeklige bagyş etdi".

Diňe birnäçe hepde geçenden soň, Imanyň şol aýdaky gullugynyň *tussaglykda* geçendigi onuň zynjyrynyň ýolbaşçylaryna mälim boldy.

"Türmeden çykan günümiň özünde men gullugymy dowam etdirdim. Men soňky demime çenli Isanyň öňünde borçludyryn. Men näme etsem-de, mende Mukaddes Ruh ýaşaýar. Men özümiň kim bolanymy bilýärin. Bütin şöhrat Rebbiňkidir. Men hiç zadam däl, Isa bolsa — hemme zat. Isasyz men, öňkim ýaly, günäli, neşä bagly adamdyryn" — diýip, Iman maňa gürrüň berdi.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Hudaý bu gün siziň üçin gullugyň haýsy ýerini taýýarlady? Ol sizi nirä goýberýär? Ol siziň ýoluňyza kimi alyp gelýär? Duş gelýän *her bir adamyňyzda*, Öz söýgüsi hakda eşitmegi üçin, Hudaýyň siziň ýanyňyza alyp gelen adamyny görýärsiňizmi? Eger siz adamlara Isanyň gözi bilen seretseňiz, onda bu siziň töweregiňizdäkilere bolan gatnaşygyňyzy nähili üýtgedýär?

### DOGA-DILEG ETMEK

"Ýa Reb, töweregimdäkileri, özümiň ynsanlyk gözlerim bilen däl-de, Seniň gözüň — duýgudaşlyk gözi bilen görmegime kömek et. Şu günüň özünde meniň ýoluma goýberen adamyňa Seniň söýgiň hakda şaýatlyk etmegime rugsat et. Men Seniň ilçiň şaýadyň bolmaga taýýar. Meni edil şu wagt kime Sen hakda eşitmek gerek bolsa, şol adamyň ýanyna ugrat. Omyn".

### *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Men bir aýa golaý wagtyny türmede, şol sanda 21 gününi ýekelikde oturylýan kamerada geçiren hoşhabarçydan haýran galdyryjy interwýu aldym. Ýöne ol bir aýyň dowamynda 24 adamy Hudaýa getirdi! Hatda girew bilen goýbermegi teklip edenlerinde hem, ol administrasiýa onuň näme üçin gitmeýändigi hakdaky soragy öz-özüne berýänçä, iman edenlere nesihatlar bermek we şaýatlyk etmegi dowam etdirmek üçin, ýene üç gün ol ýerde galdy. Ol örän gyzykly pikiri beýan etdi: “Eger siz mesihi bolup, yzarlanylmaýan bolsaňyz, onda ak pataňyzy elden giderersiňiz!”.

# AZAR BERILÝÄN MESIHILER ÜÇIN HUDAÝA DOGA ETMEK

Men Mesih ugrundaky ozalky ýesir Bob Fu bilen bolan gürrüňdeşligi hiç haçan ýatdan çykarmaryn. Men Bobdan kommunistik Hytaýda edýän gullugy üçin tussag edilmezinden öň türmedäki mesihiler üçin Hudaýa doga edende nähili doga edendigini soradym. Ol türmä düşmezinden öň türmä salnan mesihileriň mümkin boldugyça basymrak azatlyga çykyp, maşgalalaryna gaýdyp gelmekleri üçin Hudaýa doga edendigini aýtdy.

Özi türmä düşenden soň, onuň Hudaýa doga edişiniň ***üýtgänmidigini*** soradym.

"Hawa!" — diýip, ol jogap berdi. Indi ol tussaglykdaky mesihilerde Mesih hakda şaýatlyk etmäge mümkinçiliginiň bolmagy we Hudaýyň islegi boýunça olar ol ýerde bolan wagtlarynda Onuň olary goldamagy üçin Hudaýa doga edýär.

**BU GÜN** tussaglykdaky mesihiler üçin Hudaýa DOGA EDIŇ. Olaryň goralmagy we saglygy üçin doga ediň. Şeýle hem bu gün olaryň kimdir birine Isanyň söýgüsi hakda gürrüň bermegine mümkinçiligiň bolmagy üçin doga ediň. Gürrüň beriljek adamyň tussag ýa-da türme işgäri, ýa-da hatda kazy bolmagy-da mümkin. Hudaýyň olara mümkinçilik bermegi üçin, soň hem batyrlyk we Öz merhemetini bermegi üçin, şol mümkinçilikden peýdalanmagy üçin doga ediň.



## 9-NJY GÜN



# YZARLAMALAR — TÖTÄNLIK DÄL-DE, KANUNYLYK

“Dünýä sizi ýigrenýän bolsa, onuň sizden öň Meni ýigrenendigini biliň. Dünýäden bolan bolsadyňyz, dünýä sizi özüniňkiler kimin söýerdi. Emma siz bu dünýä degişli dälsiňiz. Men sizi bu dünýäden saýlap aldym. Ine, şonuň üçin hem, dünýä sizi ýigrenýär. Meniň size: “Hyzmatkär hojaýyndan beýik däldir” diýen sözümi ýadyňyza salyň. Olar Meni yzarlasalar, onda sizi-de yzarlarlar. Meniň sözümi berjaý etseler, siziňkini-de berjaý ederler. Olar size bu zatlaryň ählisini Meniň adym üçin ederler, sebäbi olar Meni Ibereni tanamaýarlar”.

**ÝOHANNA 15:18–21**

..........................................................

### Hindistan, 2010-njy ýyl

Bangalory käwagt “Hindistanyň IT — paýtagty”, tehnologiki merkezi diýip atlandyrýarlar. Bu ýerde bütin dünýä meşhur bolan

tehnologiki kompaniýalar bar. Hut şol ýerde, Hindistanda men bir pars adamsyndan türmeden çykanyna on iki sagat geçeninden soň interwýu alanymda, yzarlamalar hakdaky “täzeje” wakalaryň birini eşitdim.

Piter — Pol iki resulyň adyny göterýär we edil Petrus bilen Pawlusyň ölümden direlen Isa hakda wagyz edişleri ýaly, nirede bolsa-da, bu Injil Hoş Habaryny wagyz edýär. Piter — Pol ruhy çopançylyk gullugyndan daşary mugallymçylykdan gazanç edýär. Hindistan köplenç ýagdaýda hindi ýurt bolup durýan bolsa-da, Piter — Poluň ýaşaýan we işleýän garypja obasynda musulmanlar köp, şol sebäpden hem, onuň okuwçylarynyň köpüsi musulman maşgalalardandy.

Piter — Pol çagalara okuwynda kömek etmek, şeýle hem olary Isa bilen tanyşdyrmak üçin synpdan daşary sapaklaryň meýilnamasyny taýýarlady. Ol öz okuwçylarynyň köpüsine “ISA” filmi paýlaýar, olar hem diskleri höwes bilen öýlerine alyp gidip, filmi maşgalalarynda görkezýärler.

Injili wagyz etmäniň bu ädimi nädip hem bolsa bir ýol bilen bilinmän galdy, emma onuň indiki ädimi — takmynan 20 okuwça Injili paýlamagy beýle bolmady.

Çagalaryň hijisiniň öýünde kitap goýar ýaly tekje ýokdy. Olar özlerine täzeje kitabyň sowgat berlenine diýseň begendiler. Olar yslamy öwrenýän ýeri bolan medresä Injili ýanlary bilen alyp baranlarynda, medrese ýolbaşçylary gazaba mündiler. Musulman çagalar mesihi kitaplaryny nireden aldylar?! Olar özlerine kitaplary kimiň sowgat berendigini düşündirmegi olardan talap etdiler.

Medrese ýolbaşçylary 150 adama golaý adamy üç metjitden ýygnap, bu mähelläni Piter — Poluň öýüniň ýanyna alyp bardylar. Olar ol ýere Piter — Pol ertirki dogasyny edip bolandan soň geldiler.

Gazaplanan musulmanlar ony daşary süýräp çykarýarlar-da, hoşhabarçyny aýaklary bilen depip, kapyry öldürmek isleýändiklerini gygyryp aýtdylar.

Piter — Poluň aýaly Nirmala hüjüm edenleri köşeşdirmäge çalyşdy. Ol olar adamsyny goýberen batlaryna maşgalanyň bu ýerden gitjekdigine söz berdi. Piter — Pol aýalyndan gorkmazlygy haýyş etdi.

“Men aýalyma gaýtalap: “Goý Rebbiň meniň durmuşymdaky islegi amala aşsyn” diýdim. Men gorkmadym. Men özümi Hudaýyň halas edip biljekdigini bilýärdim” — diýip, ol soňrak maňa gürrüň berdi.

Hüjüm edenler maşgalanyň öýüni dökdüler we içini agdar-düňder etdiler. Soň olar Piter — Poly özüniň işleýän mekdebine süýräp äkitdiler-de, “jenaýat” bolan ýere polisiýany we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekillerini çagyrdylar.

Gelen polisiýa şu wagtjyk adamy ýenjip, onuň bar emlägini ýok eden düzgün bozujylary däl-de, eýsem, musulman çagalara mesihilik kitaplaryny paýlamak bilen “jemgyýetçilik sazlaşygyny bozýandygyna” salgylanyp, ejir çekeni alyp gitdiler. Şeýdip, Piter — Pol türmä düşdi.

Ruhy çopan Piter — Pol türmedekä Hudaýyň tussag edilen çagalary hakdaky Mukaddes Kitap wakalaryny ýada salandygyny maňa gürrüň berdi. Ol Filippidäki türmede aýdym aýdan Pawlus bilen Silasy hem-de daňylgy ýagdaýda iki sany rim esgeriniň arasynda otyrka, perişdäniň gelip, alyp giden Petrusyny ýatlapdyr.

Piter — Pol doga edip başlapdyr. Ýöne onuň dogasy halas bolmak we azatlyga çykmak hakda däldi.

“Seniň islegiň nähili bolsa-da, meniň durmuşymda ony amala aşyr!” — diýip, ol Rebden haýyş etdi.

Piter — Pol türmäniň başlygyna beýleki tussaglara ýüzlenip bilýänmidigini soranda, ol oňa rugsat berdi. Şonda hoşhabarçy ýerinden turup, Hudaýyň öz durmuşynda eden zatlary hakdaky öz şaýatlygyny gürrüň berdi. Ol islendik ýagdaýda Hudaýy şöhratlandyrmalydygy hakda wagyz etdi.

“Biz nirede bolsak-da — synaga düşenimizde-de, synaga salnanymyzda-da, hemme zadymyz gowuka-da

— Hudaýy şöhratlandyrmalydyrys. Biz mydama Hudaýy şöhratlandyrmalydyrys!” — diýip, ol tussaglara aýtdy. Şondan soň tussaglaryň birnäçesi ony gözläp tapyp, özleri bilen bile Hudaýa doga etmegini haýyş etdiler.

“Ejir çekenleriň sesiniň” işgärleri sudda Piter — Poly gorar ýaly adwokat tutdular we girew astynda ony azatlyga çykarmak üçin serişde berdiler. Soň ol şenbe güni agşam boşadyldy. Eýýäm ýekşenbe güni irden biz onuň bilen we Nirmala bilen bugaryp duran çaýy owurtlap oturdyk. Olaryň iki çagasy entek oýanmandy.

Maşgalanyň gidere ýeri ýokdy. Piter — Pol türmede bolan wagtynda, olaryň ýaşaýan jaýynyň eýesi bular juda köp kynçylyk döredýärler, eger olar bu öýde galsalar, onda musulmanlar ýene gelip, ýene bar zady weýran ederler ýa-da hatda öýi otlarlaram diýen netijä geldi. Ol öz emlägine töwekgelçilik etmek islemedi, şonuň üçin, Piter — Pol türmedekä, ol Nirmalany çagalary bilen jaýdan çykardy.

Piter — Pol girew astynda azatlyga çykdy, ýöne aýyplama ondan entek aýrylmandy. Onuň ýene türmä gitmeginiň mümkindiginiň howpy abanyp durdy. Çaý içip oturan wagtymyzda Piter bilen Nirmala eginlerindäki eşikleriň özleriniň ýerdäki ýeketäk emlägidigini aýtdylar. Galan zatlarynyň hemmesi ýok edilipdir. Olaryň barara öýleri ýokdy. Olar bu gije nirede ýatjagyny bilmeýärdiler.

Şeýle-de bolsa, biz Piter — Poldan olar üçin Hudaýa nädip doga etsek boljakdygyny soranymyzda, ol hatda özleri üçin doga etmegi-de soramady. Ol bizden öz ene-atasy üçin doga etmegimizi sorady. Onuň aýtmagyna görä, özüniň tussag edilmegi olaryň imanyny çuň yrandyrypdyr. Olary Hudaýyň köşeşdirmegi we berkitmegi üçin Hudaýa doga etmegimizi sorady.

Piter — Poluň indiki haýyşy öz gullugy hakdady. Ol wagyz etmegi dowam etdirme mümkinçiliginiň bolmagy — bir hepde türmede oturmaga, maşgala ojagyndan mahrum bolmaga we

ýerdäki emlägini ýitirmäge alyp baran işini etmegi üçin doga etmegimizi sorady.

“Yzarlamalar — tötänlik däl-de, Rebbi söýýänler we Oňa gulluk edýänler üçin kanunylykdyr!” — diýip, ol sözüni jemledi.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Belki, *Hindistanda* ýaşaýan hindi mesihileriň yzarlanmalara garaşmaklary gerekdir. Belki, Mesih hakda şaýatlyk edýän musulmanlaryň yzarlanmalara garaşmaklary gerekdir. Bize näme? Azat dünýäde, oňaýlykda hem howpsuzlykda ýaşaýan bize, mesihilere yzarlanma garaşmak gerekmi? Ýa-da biz özümize Hudaýyň diňe gülläp ösüşi hem ýerdäki üstünligi bererine garaşýarysmy? Isa: “Eger Maňa azar beren bolsalar, onda size-de azar bererler” — diýdi. Pawlus Timoteosa: “Umuman, Isa Mesihe eýerip, Hudaýyň ýörelgesine laýyklykda ýaşamak isleýänleriň bary yzarlanmalara sezewar bolar” (2 Timoteos 3:12) — diýip ýazdy. Bu milletleriň hemmesine-de degişlidir.

Yzarlanmalaryň — tötänlik däl-de, kanunylykdygyna düşünmekligiň siziň Mesihe bolan ynamyňyzy we Onuň yzyna eýermäge bolan garaýşyňyzy üýtgedýändigi barada gündeligiňize ýazyň.

### DOGA-DILEG ETMEK

“Rebbim Isa, Piter — Poluň türmede: “Seniň islegiň nähili bolsa-da, meniň durmuşymda ony amala aşyr!” diýip doga edişi ýaly doga etmäge maňa kömek et. Tapawudy ýok, Seniň islegiň tesellimi ýa-da ejir çekmemi, asudalykmy ýa-da göwün agyrysymy, saglykmy ýa-da keselmi, Seniň islegiň bolsun. Seniň islegiň nähili bolsa-da, meniň durmuşymda ony amala aşyr! Maňa özümiň däl-de, diňe Seniň islegiňi gözlemäge hem-de islendik ýagdaýda-da Seniň barlygyňy duýmaga kömek et. Omyn”.

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Ýekşenbe: Bu günümiz düýnjik agşam türmeden çykan ruhy çopandan interwýu almakdan başlandy. Biz onuň aýaly hem iki çagasy bilen tanyşdyk. Ol gaty şadyýan we Hudaýa wepaly adam eken!

Duşenbe: men düýnki tanşan ruhy çopanym üçin Hudaýa doga etdim we ony görmäge hem-de Özüniň bütin dünýäde nähili hereket edýänini görmäge mümkinçilik bereni üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdim. Edýän işimi etmek — Onuň eden işiniň şaýady bolmak we Onuň halky bilen duşuşmak, olaryň şaýatlyklaryny eşitmek we wepalylyklaryny görmek — nähili haýran galdyryjy hormat. Bu meniň üçin iň beýik hormat hem lezzetdir!



## 10-NJY GÜN




# “BIZ UZAK WAGTLAP HUDAÝA DOGA ETDIK...”

“Men size dogrusyny aýdýaryn, bugdaý dänesi ýere gaçyp ölmese, ýeke däne bolup galar, ýöne öläýse, köp hasyl berer”.
**ÝOHANNA 12:24**

..................................................

### Täjigistan, 2004-nji ýyl

Äpişgede entegem oklaryň emele getiren deşiklerinden daşary görnüp durdy.

Elbetde, olara kleýli lenta ýelmediler. Ýöne bolup geçen zat hakda pikir etmezligiň mümkin däl bolşy ýaly, olary görmezlik hem mümkin däldi.

Biz Täjigistanyň Isfara şäherindäki bir öýüň myhman jaýynda otyrdyk. Bu jaý içinde 126 sany metjidi bolan şäherdäki ýeke-täk ýygnagyň ýygnanyşylýan ýeri bolup gulluk edýärdi. Biz bu ýere

gelmezimizden bary-ýogy dört aý ozal, hut şu otagda aýnadan ruhy çopan Sergeý Bessarab atylypdy.

Biziň ýanymyzda Sergeýiň dul galan aýaly Tamara bardy. Gyş eýýäm gutaran bolsa-da, howa sowukdy. Tamara adamsy hakda gürrüň berdi. Onuň hasraty hem ýitgi ýarasy entek örän täzedi.

Sergeý Bessarab toba gelmezinden öň bäş gezek — kyrk üç ýaşynyň on sekiz ýylyny türmede oturyp çykypdyr. Ol türmede Mesihe bolan imany ýa-da mesihilik gullugy üçin oturmandyr. Ol öz döwründe Täjigistanyň jenaýatçylar dünýäsinde has meşhur bolan jenaýatçylaryň biri bolupdyr. Bu hem ony gözenegiň aňyrsynda uzak wagtlap bolmaklyga alyp barypdyr.

Ýöne Sergeý soňky gezek türmede oturanynda durmuşy üýtgedi. Ol baptist ýygnagynyň türmedäki gullugynyň kömegi bilen Mesihe gelen bir tussag adam bilen tanyşdy. Tiz wagtdan Sergeýiň dosty bolan ol adamyň ady hem Sergeýdi. Sergeý Halasgär Isa Mesihiň Özüni Sergeý Bessaraba aýan etmegini diläp doga edip başlady.

Bessarab dostuna özi üçin Hudaýa doga etmegiň gerek däldigini aýtdy. Ol: "Başga biri üçin doga-dileg et. Maňa wagtyňy biderek sarp etme" — diýdi.

Emma dosty bes etmedi. Ol türmedäki ybadathana jogapkär adamdy, şonuň üçin üç ýylyň içinde her gün Bessarabyň Isa Mesihi kabul etmegi üçin doga etdi. Ahyrsoňy, 2000-nji ýylyň awgust aýynda Hudaý onuň dogasyna jogap berdi. Sergeý Bessarab dyza çöküp, günälerine toba etdi we Isany öz Halasgäri hem Rebbi hökmünde kabul etdi.

Şol pursatdan başlap, onuň öňki jenaýatçylykly işe sarp eden güýji hem hyjuwy indi düýbünden täze ugra gönükdi. Alty aýdan soň Bessarab başga tussaglar bilen Mukaddes Kitaby öwrenmäni geçirip başlady. 2001-nji ýylda ony azatlyga çykaranlarynda, ol derrew suwda çokundyryldy. Ol azatlyga çykanyndan soň tussaglary baryp görmek, olara wagyz etmek we ündew bermek

üçin ençe gezek türmä bardy. Türmede onuň ýakyndan tanaýan adamlary entek gaty kändi, olara Isany kabul etmek gerekdi ahyry!

Sergeý Bessarab özüni Täjigistanyň demirgazyk-günbataryndaky Isfara şäherinde, ýekeje-de mesihi bolmadyk, ýöne radikal yslamyň güýçli bolan ýerinde ýygnak döretmäge Hudaýyň çagyrýandygyny duýdy. Sergeý bilen Tamara ýekşenbe günleri Isfara gatnap başladylar. Olar ýygnanyşyk geçirdiler we adamlara gulluk etdiler. 2003-nji ýylyň başynda olar mydamalyk ýaşamak üçin ol ýere göçüp bardylar. Ýygnak ösüp başlady, her ýekşenbe güni olaryň öýüniň uly myhman otagy adamdan doldy. Sergeýde yhlas hem özüniň wagyz edýän zadyna adamlaryň ünsüni çekmäge başarnyk bardy. Ol türmede on sekiz ýylyny geçireni sebäpli, hiç kimiň Hudaýyň merhemeti ýetmez ýaly ýerde ýerleşmeýändigini gaty gowy bilýärdi.

Bessarabyň jemgyýetçilik gullugynyň dwigateli (herekete getirijisi) onuň wagtyny Hudaý bilen ýekelikde geçirmesi bolup durýardy. Sergeý her gün irden iki sagat, ýene agşam iki sagat myhman otagda — ýygnak hasaplanylýan otagda wagtyny Hudaý bilen bile geçirýärdi. Ol Mukaddes Kitap okaýardy, Hudaýa doga edýärdi, gitara çalyp, özüni gulçulykdan hem garaňkylykdan halas eden Atasyna öwgi aýdymlaryny aýdýardy.

Ýöne hatda irden iki sagat we agşam iki sagat Isa bilen bolmaklyk hem onuň üçin az bolýardy. Tamara 2003-nji ýylyň ahyrynda Sergeýiň Reb bilen köpräk wagt geçirmäge mümkinçiligiň bolmagy üçin doga edip başlanyny gürrüň berdi. Ol Hudaýdan özüne günortan hem, sežde edip we doga edip geçirer ýaly, *ýene iki sagat* wagt bermegini sorapdyr.

Soň Hudaý özüniň garaşyşy ýaly bolmadyk bolsa-da, Sergeýiň dogasyna jogap berdi.

Ozal içinde ýekeje-de mesihi bolmadyk şäherdäki olaryň kiçijik ýygnagyna üns berip başladylar. 2004-nji ýylyň başynda ýerli gazetde ösüp barýan mesihi ýygnagy we olaryň musulmanlary dinden çykarmak üçin edýän işleri hakdaky makala çap edildi.

Bu makalada: “Sergeý Bessaraby näme etmeli?” — diýen sorag göni goýlandy.

Elbetde, Sergeý makalany okady. Ýöne Isfara ony hut Hudaýyň Özi çagyrypdy, ýerli gazet bolsa, şäherden gitmegi buýruk bermeli däldi. 12-nji ýanwarda birinji ýarag sesi ýaňlananda, Sergeý gitara çalyp, ýuwaşjadan aýdym aýdyp otyrdy. Gijäniň ümsümliginde ýaragyň sesi, edil puşkanyň sesi ýaly bolup ýaňlandy. Ok öňdäki aýnany oýup geçdi-de, kerep görnüşindäki jaýryk emele getirdi. Birinji atylan ok Sergeýiň eline degip, gitarany gana boýady. Ikinji ok onuň aýagyna degdi. Adamsynyň sesini eşideninde, Tamara beýleki otagdan ylgap çykdy-da, onuň ýanyna ylgap bardy.

Soňky ok Sergeýiň döşüne degdi. Tamara güýçli gorky bilen adamsynyň bakyýete gidişine seredip durmakdan başga hiç zat edip bilmedi. Hüjüm eden adam entegem içerdedi, ol duş gelen ýere ok atyp, entegem howlynyň içinde aýlanyp ýördi. Ol Bessarabyň maşynyna birnäçe gezek ok atdy. Munuň netijesinde maşyn hiç zada ýaramsyz bolup galdy. Soňra ol geçelge tarapa öwrülip, tüm garaňkynyň içinde gaýyp boldy.

Indi dört aý geçenden soň, biz Tamara bilen onuň adamsynyň jesedi jaýlanan gonamçylyga bardyk. Tamara adamsynyň gabrynyň daşyna aýlanan haýada ýaplanyp duranda, ýüzünden gözýaşlar syrykdy. Ol entegem çuň tolgunma ýagdaýyndad
y.

“Ýigrimi günüň dowamynda men elime Mukaddes Kitaby alyp bilmedim. Şonda Hudaý maňa Özüniň aýratyn rehimini görkezdi” — diýip, Tamara gürrüň berdi.

Ol gözüniň ýaşyny süpürip, azajyk dymyp durdy.

“Başda men diňe: “Näme üçin, Hudaý? Näme üçin?” — diýip soraýardym, ýöne wagtyň geçmegi bilen Hudaýyň meýliniň şeýledigine düşünip başladym. Men Hudaýa, hatda şunuň üçin hem minnetdarlyk bildirmegi öwrenip başladym, indi men Oňa çäksiz minnetdar”.

Sergeýiň mazaryndaky mermere Filipililer 1:21-däki: “Çünki meniň üçin ýaşaýyş Mesihdir, ölüm-de bähbitlidir” aýat ýazylgy

dur. Sergeý her gün Hudaýdan Öz ýanynda geçirmek üçin iki sagat bermegini soraýardy, indi bolsa, onda Hudaýyň ýanynda bolmak üçin iki sagat däl-de, tutuş bakyýet bar!

Ýanwar gijesindäki üç ok Sergeý Bessarabyň şaýatlygynyň soňuna çykyp bilmedi. Adamsynyň durmuşynyň miwesini we ölümini görmeklik Tamara üçin Hudaýyň beren tesellisiniň bir bölegidi. Tamara hatda ol jaýlananda-da, ozal Mesihden gaçyp ýören on sekiz ýaşly ogly, atalygyny çukura sallaýyşlaryny synlap durşuna, Mesihi öz ýüregine kabul edende hem adamsynyň gullugynyň miwesini gördi.

Tamara dört aýyň dowamynda Täjigistanyň sekiz türmesindäki tussaglardan hat aldy, sebäbi onuň adamsynyň durmuşy hem gullugy şol adamlaryň durmuşyna täsir edipdi.

Emma bu täsir diňe Täjigistanyň çäkleri bilen çäklenmedi.

"Köp adamlar, diňe bir Täjigistanda däl, eýsem, Gazagystanda-da, Gyrgyzystanda-da ruhy ukudan oýandylar. Bessarabyň şaýatlygyny eşiden türmelerdäki tussaglaryň köpüsi Mesihi tanadylar we özleriniň durmuşyny Oňa bagyş etmek islediler. Bessarab Isa bilen dört ýyldan az ýaşady, ýöne imandaky bu ýörişiň miweleri dünýäniň dürli ýurtlaryna ýaýrady" — diýip, birwagtlar Bessarabyň Mesihe gelmegi üçin doga eden Sergeý bize gürrüň berdi.

Şeýle hem Tamara adamsynyň ölüminde Isfaranyň, ýagny özlerini Hudaýyň çagyran şäheriniň ýalkanandygyny görýär. "Biz Hudaýyň Isfara üns bermegi üçin köp doga etdik, bu şeýle-de boldy. Hudaýda Özüniň meýilnamasy bardy, şoňa görä-de, indi Ol bütin dünýädäki köp adamlaryň ünsüni Isfara çekdi. Hudaý özbolușly ak pata taýýarlaýar... bizem Ondan bir zady — Sergeýiň öldürilen ýerinde öz gullugymyzy dowam etdirmegi, onuň gullugyny dowam etdirmegi soraýarys".

Has takygy olaryň Isa hakda şaýatlyk etmegi has-da isleýän bir adamy — Bessaraby öldüreni üçin tussag edilen ýerli metjidiň ýolbaşçysynyň ogly bardy. Sergeýde öz dostuny öldüren indi hem türmede oturan bu ýaş ýigit babatda öz meýilnamasy bardy.

"Günleriň birinde biz Bessaraby öldüren bu oglan bilen duşuşarys, sebäbi biz bütin Täjigistan boýunça türmede gulluk etmek bilen meşgullanýarys, biz oňa hökman Isa hakda gürrüň bereris".

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Sergeý Bessarabyň taryhynda biziň ynamymyza nägilelik bildirýän jähtler köp, ýöne biz olaryň ikisiniň üstünde durup geçeris. Birinjiden, Hudaý bilen geçirýän şahsy wagtyňyz hakda pikirleniň. Bessarab gün içinde dört sagadyny Mukaddes Ýazgyny öwrenmeklige, Hudaýa doga etmeklige we sena aýtmaklyga bagyş edipdir, ýöne muny *ýeterlik däl hasaplapdyr*! Ol *ýene köpräk wagtyny* gökdäki Atasy bilen geçirmek isläpdir. Siz Hudaý bilen wagtyňyzy nähili geçirýärsiňiz? Indiki ädimiňiz nähili ädim? Belki, siz Hudaý bilen her gün bile wagt geçirmäni indi ýola goýjak bolýansyňyz. Belki, size Hudaýyň Sözüni ýat tutmak ýa-da doga etmeklige köp wagt sarp etmek gerekdir. *Özüňiziň indi nähili ädim* ätjekdigiňizi ýazyň-da, ony şu gün etme borçnamasyny öz üstüňize alyň.

Ikinjiden, ine, haýsy jähtiň üstünde pikirleniň: Bessarabyň dosty Sergeý öz dostunyň Mesihi tanamagy üçin *üç ýylyň* dowamynda her gün, hatda Bessarab özi üçin Hudaýa doga edip, wagtyny biderek sarp etmegini bes etmegini oňa aýdandan soň hem doga edipdir. Eger men hepdäniň dowamynda nämedir bir zat üçin her gün doga edýän bolsam, onda hakykatdan hem, tutanýerli doga edýärin diýip pikir edýärin! Ýöne üç ýyl? Her gün? Hudaý sizi kim üçin näçe gerek bolsa, şonça-da doga edip söweşmeklige çagyrýar? Şol adamlaryň atlaryny ýazyň-da, olar üçin doga etmegini ýatladar ýaly, telefonyňyza her gün ýatladyjy belligi goýuň.

### DOGA-DILEG ETMEK

"Keýigiň akar suwlary küýseýşi ýaly, kalbym Seni küýseýär, eý Hudaý!" (Zebur 42:2).

“Rebbim Isa, maňa mydama Seniň barlygyňda bolmaga, Senden öwrenmäge we meni üýtgetmäge Saňa rugsat bermek islegini ber. Goý, bu isleg şeýle güýçli bolup, Seniň bilen gürleşmek mätäçligimi kanagatlandyrmaga günde dört sagat hem juda gysga ýaly bolup görünsin. Seniň barlygyňda we Seniň Sözüňi öwrenmäge köpräk wagt sarp etmäge mümkinçiligim bolar ýaly, öz wagtymy dogry hem paýhasly ulanmaga maňa kömek et!

Rebbim, aýratynam, Seni tanamaýanlar üçin mydama doga edip ýörmegime kömek et. Hiç haçan ýadamazlygyma, içimi gysdyrmazlyga we Seni adamlara aýan etmegi Senden soramakdan ünsümi sowmazlyga kömek et. Omyn”.

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Bu gün men biziň ertirki gitjek bolýan obamyzdan bolan dört adamyň häzir Guantanamo aýlagyndaky lagerdedigini eşitdim. Bu oba musulman fanatikleriniň öýjügi diýip pikir edýärin!

Bessarabyň ýygnagynyň agzalary biziň baranymyza begenip ruhlandylar. Ozal olaryň ýygnagyna hiç hili daşary ýurtly adamlar barmandyr — olar diňe golaýrakdaky şähere gelip gidýän ekenler. Olar bize gowrulan kartoşka, kömelek, sogan, çörek bilen naharladylar (olarda her dürli huruşly çörekler bar), çaý berdiler, çaýyň başynda uzak söhbetdeşlik boldy.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

"Şol bir Hudaý Stefany daşlap öldürmäge ýol berdi we Petrusy zyndandan çykardy. Hudaý mydama adyldyr hem-de Onuň merhemeti mydama ýeterlikdir".

**Rouz**, ruhy çopanyň aýaly[1]

"Ähli tesellileriň gözbaşy bolan merhemetli Ata Hudaýa, Rebbimiz Isa Mesihiň Hudaýyna we Atasyna alkyş bolsun! Hudaý ähli muşakgatlarymyzda bize teselli berýär. Biz hem öz gezegimizde her hili muşakgatlara uçran adamlara Hudaýdan alan tesellimiz arkaly teselli berýäris. Çünki Isa Mesihiň görgüleriniň durmuşymyzda artdygysaýy, Ol arkaly Hudaýdan alýan tesellimiz-de artýandyr. Eger biz görgüler görýän bolsak, bu siziň teselli tapmagyňyz we halas bolmagyňyz üçindir. Hudaý bize teselli berýän bolsa, bu biziň-de size teselli bermegimiz üçindir. Siz hem biz ýaly görgüler göreniňizde, şu tesellimizden teselli tapyp, muşakgatlaryň baryna döz gelersiňiz. Size baglaýan umydymyz berkdir, sebäbi siziň diňe muşakgatlarymyza däl, eýsem tesellimize-de şärikdigiňizi bilýäris.

Eý, doganlar! Biziň Aziýa welaýatynda başymyza inen külpetlerden siziň-de habarly bolmagyňyzy isleýäris. Bu külpetler çekip-çydardan juda agyrdy, biz diri galarys-da öýtmedik. Hawa, ajal biziň ýakamyzdan tutandyr öýtdük. Bu ýagdaý biziň özümize däl-de, diňe Hudaýa, merhumlary direldýän Hudaýa bil baglamagymyz üçin ýüze çykypdy. Hudaý bizi ajalyň penjesinden halas etdi we ýene-de halas eder. Biziň üçin edýän doga-dilegleriňiz arkaly Onuň bizi ýene-de halas etjekdigine umyt baglaýarys. Şonda köpleriň doga-dilegine jogap hökmünde bize berlen merhemet üçin köp adamlar Hudaýa şükür ederler".

**2 Korintoslylar 1:3–11**

1 Žurnal "Ejir çekenleriň sesi — ABŞ", iýun 2001 ý.





## 11-NJI GÜN

# ERITREÝADAKY GORKY

"Şonuň üçin häzir ony ynandyryp, çöle alyp bararyn, onuň ýüregine gürlärin".

**HOŞEÝA 2:14**

.................................................

### *Asmera, Eritreýa, 2004-nji ýyl*

"Ejir çekenleriň sesiniň" tabşyrygy boýunça halkara saparlaryna giden wagtymda men iki gezek örän gorkdum. Şol ýagdaýlaryň biri men Eritreýadan duşenbe güni agşam uçmaly günüm boldy.

Biziň bolan öýümiziň eýeleri — Asmerdäki gadagan edilen ýygnagyň ruhy çopanlary — maňa we işdeşlerime biz barada polisiýanyň soraýanyny aýtdylar. "Bu daşary ýurtlular kim? Olar bu ýerde näme işleýärler?" Bu biziň şol obadaky soňky günümizdi. Şol gün giç agşam biz öýe uçmalydyk.

Eritreýada bolan wagtymyzda biz döwlet hoşhabar ýygnaklaryna ýygnanyşyk geçirmegi gadagan edenden soňky birnäçe aýyň dowamynda eritreýa ýygnagyna berlen azarlar hakda ilkinji

adamlardan eşitdik. Biz gyzgyn çöldäki lagerde duran transport konteýnerlerinde imany üçin tussaglykda bolan mesihilerden interwýu aldyk. Doganlarymyzyň biri özüni halka köke görnüşinde daňyp goýuşlaryny görkezmek üçin, hatda poluň üstünde-de ýatdy.

Men Le Teý atly aýaly hiç haçan ýatdan çykarmaryn. Ol hökmany harby gullugy geçip ýören wagtynda bir mesihi aýal ony imana getiripdir. Şeýdip, ol täze mesihilik maşgalanyň agzasy boldy, bu maşgaladaky imanlylar biri-birine kömek edýärdiler. Ýetmiş sany mesihi erkek dogan tussag edilende, Le Teý bilen ýene bir aýal dogan kontrabanda ýoly bilen tussaglara iýmit hem azyk ugradyp başladylar. “Doganlarym ejir çekýärkä, men nädip hereket etmän oturaýyn?!” — diýip, ol aýtdy.

Ýöne wagtyň geçmegi bilen bu aýallary tutdylar-da jezalandyrdylar. Le Teýi imandan ýüz öwürmäge mejbur etjek bolup, bu kitap ýazylan wagtynda entegem döwlet başynda bolan Isaýasa Afwerki ony gyzgyn çöldäki türmä salmak kararyna geldi. Bu ýerde tussaglara minimum iýmit berilýärdi we maksimum oňaýsyzlyk döredilýärdi.

Ýöne häkimiýetiň pikiriçe bu aýalyň imanyny ýok edip biläýjek zat, gaýtam, aslynda ony berkitdi.

“Men öz durmuşymy Mesihe berdim, şonuň üçin maňa gorkmak gerek däldi” — diýip, Le Teý düşündirdi.

Ol Hoşeýa pygamberiň kitabyndan 2:14-de: “Şonuň üçin häzir ony ynandyryp, çöle alyp bararyn, onuň ýüregine gürlärin” diýdi. Le Teý hemme zatdan öňürti Ysraýylyň özboluşly häsiýetli bolan çagalaryna berlen, bu wadanyň türmede bolan birnäçe aýynyň dowamynda göni öz durmuşynda amala aşandygyny gürrüň berdi. Hawa, ol çölde boldy. Ýöne *Hudaý ol ýerde onuň bilen boldy*. Hudaý her gün onuň ýüregine hem ruhuna ýüzlenip, ony ruhlandyrdy we berkitdi.

“Bu ajaýyp wagt boldy” — diýip, Le Teý türmede geçiren alty aýy hakda gürrüň berdi. Ol günleriň basym geçendigi,

sebäbi mesihileriň bile bolup, wagtlaryny Hudaýa gulluk edip geçirendiklerini aýtdy.

Eritreýada bolan wagtymda men şunuň ýaly wakalary köp eşitdim. Ýöne özüm gaty gorkdum, sebäbi ol ýerdäki türmä düşmek islemedim. Eger polisiýa biz hakda soran bolsa, onda biziň agşamky uçara petegimiziň bardygyny olar eýýäm bilýändirler. Şonuň üçin, eger olar bizi saklamak isleseler, onda muny uçara münmezimizden öň ederler.

Aeroporta barýarkak ýolda men gaty alada etdim. Men hasaba alynýan ýerdäki dik stoluň başynda duran howa ýollarynyň işgärine pasportymy uzadanymda hem alada etdim. Pasport barlagyndan geçenimde hem gaty gorkdum. Hatda uçuş zolagyna çykyp, uçaryň basgançagyndan ýokary galanymyzda hem, men gowşaşyp bilmedim. Diňe ekipaž gapylaryň ýapylandygyny we uçup başlaýandygymyzy yglan edende, diňe şonda ýeňillik bilen dem aldym we uçaryň ýerden ýokary galanyny görenimde gowşaşyp başladym. “Men, meýilleşdirişim ýaly, öýe barýaryn!”

Birnäçe aý geçenden soň, şol gije ýeňillik duýanyma örän utandym. Bütin Eritreýa boýunça geçirilen gürpbasdylarda biziň duşuşan ýygnak ýolbaşçylarymyzyň birnäçesi tussag edildi. Indi biziň dostlarymyz türmede otyrlar. Meniň elime alan bäbeklerim indi kakalaryndan aýra düşdüler.

Asmeranyň aeroportundaky geçen şol gijeden soň on bäş ýyl geçdi. Ýöne hatda men şu sözleri ýazýarkamam imandaky doganlarymyň käbirleri entegem türmede otyrlar. Men olar hakda köp pikir edýärin we olaryň hem Le Teýiň duýan Mukaddes Ruhuň haýran galdyryjy gullugyny duýmaklary üçin doga edýärin. Goý, olar hem haçan hem bolsa bir wagt türmede bolmanyň “ajaýyp wagt” bolandygyny we tussaglykdaky ýyllarynyň bilinmän geçip gidendigini gürrüň bersinler.

Eger siz Isa Mesihiň yzyna eýeriji bolsaňyz, onda Eritreýadaky bu mesihi maşgalalar *siziň Rebdäki garyndaşlaryňyz*. Şonuň üçin siz hem, edil Le Teý ýaly: “Doganlarym Isanyň ugrunda ejir

çekýärkä, men nädip hereket etmän oturaýyn?” diýersiňiz diýip örän umyt edýärin.

Haýyş edýärin, eritreýa türmesinde entegem oturanlar üçin Hudaýa doga ediň. Olaryň Hudaýyň barlygyny duýmaklary üçin doga ediň. Olaryň fiziki talaplarynyň kanagatlandyrylmagy we saglygynyň goralmagy üçin doga ediň. Olaryň töweregindäkilere şaýatlyk etmäge mümkinçiliginiň bolmagy we türmede geçiren wagtynyň dowamynda öz imanynyň we gullugynyň miwesini görmekleri üçin doga ediň.

Şol gije biz aeroporta barýarkak, men gorkdum. Ýöne ýigrimi sagatdan soň men öýe sag-aman gaýdyp geldim, maşgalamy gujakladym we sag-aman gaýdyp gelenim üçin Rebbe minnetdarlyk bildirdim. Meniň bilen bilelikde Eritreýanyň türmesindäki tussag doganlarymyzyň, ýigrimi ýyla golaý wagtdan soň, basymrak özleriniň maşgalalaryna gaýdyp barmaklary üçin doga ediň.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Siz nämeden gorkýarsyňyz? Näme sizi tisginmäge ýa-da gijelerine uklap bilmezlige mejbur edýär? “Ejir çekenleriň sesini” esaslandyran Riçard Wurmbrand tussag edilen güni Mukaddes Kitapda “Gorkma!” diýen sözüň 366 gezek duş gelýändigini ýada salýar — onuň ýyldaky her güne biri düşýär, hatda artyk hem gelýär. Bu ruhy çopan Wurmbrand üçin has-da wajypdy, sebäbi ol 29-njy fewralda tussag edilipdi.

Bu günki sene haýsy gün bolsa-da, belki, şol 366 çagyryşyň birini ýatlamak size gerekdir. “Gorkma!” diýen çagyryşy bolan aýatlaryň haýsy hem bolsa birini tapyň-da, ony gündeligiňize ýazyň. Ony ýatda saklaň-da, indiki gezek gorky duýanyňyzda, ony sesli gaýtalaň.

Biziň ýolumyzy ugrukdyrýan Hudaýa ynanmak bolýandyr. Islendik ýagdaýda, hatda biz çöldäki eritreýa türmesiniň ýük

konteýnerinde gabalgy durkak hem, bize ýagşylyk hem ak pata getirmäge Onuň güýji ýetýändir. Onuň şeýle ynamdar hem gudratygüýçlüdigi üçin bize gorkara zat ýokdur.

## DOGA-DILEG ETMEK

"Ýa Reb, gorkynyň meni Seniň islegiňi ýerine ýetirmekden saklamagyna hiç haçan ýol bermezligime kömek et. Mydama Seniň öz öňümde goýan ýoluňdan ýöremegime kömek et. Rebbim, meniň Eritreýadaky doganlaryma ak pata ber, haýyş edýärin. Türmede oturanlary Özüň gora. Olary gora, olaryň aladasyny et we olaryň Seniň haýran galdyryjy barlygyňy duýmaklaryna kömek et. Haýyş edýarin, edil şu wagtyň özünde, Öz Mukaddes Ruhuň üsti bilen, olara özleri üçin doga edýändigimizi görkez. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Bu gün biz 2002-nji ýylda tussag edilen we ýenjilen ruhy çopandan interwýu aldyk. Bir ýyla golaý wagt mundan ozal ony ýene tutupdyrlar-da, bäş günüň dowamynda sorag edipdirler. Onuň beren gürrüňi Hudaýa wepalylygyň täsin şaýatlygy boldy, onuň söýgi hem tabynlyk ruhy bolsa, biziň üçin ullakan ak pata boldy. Ol gürrüňi özüne beýle bir ýowuz daramandyklaryna, beýlekileriň özünden beter ejir çekendiklerinden başlady.



## 12-NJI GÜN



# “EGER HUDAÝ BIZI ULANYP BILSE”

“Soňra Rebbiň sesini eşitdim. Ol: “Kimi ibereýin? Biziň üçin kim gider?” diýdi. Men: “Ine, men; meni iber!” diýdim”.

**IŞAÝA 6:8**

.........................................................

*Günorta — Gündogar Aziýa, 2014-nji ýyl*

Biz Günorta-Gündogar Aziýanyň paýtagtlarynyň birindäki köp adamly köçesinde ýerleşýän bir kafede duşuşdyk. Stiw bilen Meý kafe girenlerinde, olar hakda aýdyp bolaýjak ýeke-täk zat olaryň “göze ilgiç” däldigidi. Men olara adaty adamlar diýerdim. Şeýle-de bolsa, bu adaty adamlar özleriniň erklerini Hudaýyň erkine tabyn etdiler, şonuň üçin Hudaý olaryň tabynlygyny kabul edip, olara haýran galdyryjy ýagdaýda uzaga gidiji gullugy berdi.

Stiw bilen Meý özleriniň şaýatlyklaryny gürrüň berenlerinde, bizi tanyşdyran ýerli mesihiniň olar hakda näme üçin: “Olar örän sada adamlar” diýeni düşnükli boldy.

Stiw ABŞ-da önüp ösüpdir. Meý Günorta-Gündogar Aziýada doglupdyr, ýöne onuň maşgalasy bu sebitden Wýetnam urşy (wýetnamlylaryň "amerikan urşy" diýip atlandyrýan urşy) wagtynda gidipdir. Meýiň maşgalasy bosgunlar lagerinde iki ýylyny geçirip, ahyrsoňy ABŞ-a gidende, gyz özüne: "Men indi hiç haçan Günorta-Gündogar Aziýa gaýdyp gelmerin!" diýende, biziň şu wagtymyzy görşi ýaly, geljegimizi-de görýän Hudaý onuň sözlerine ýylgyran bolsa gerek! Biz şunuň ýaly wadalary berenimizde, Hudaýyň ýylgyryp başyny atýanyny men köp göz öňüne getirýärin.

Meýiň maşgalasy Stiwiň ýaşaýan şäherinde ýerleşýär. Stiw bilen Meý mekdep ýyllarynda biri-birini söýýär we mekdebi tamamlanlaryndan soň durmuş gurýarlar. Olar zähmetsöýer, "adaty" adamlardy. Stiw tirkeg telekeçiligi bilen meşgullanýar. Maşgala öz durmuşyny mesihilik ynamynyň esasynda gurmak isleýär.

Çagalar ulalyp, öýden gidenlerinden soň, Stiw bilen Meý özlerini Hudaýyň gulluga çagyrýandygyny duýup başlaýarlar. Çagyryşyň barlygy düşnüklidi, ýöne olar takyk bir zat bilmeýärdiler. Olar iman ädimini ätdiler: öýüni, telekeçiligini satdylar-da, goşlaryny düwdüler we çagalaryny hem agtyklaryny ogşap, Günorta-Gündogar Aziýa — Meýiň birwagtlar hiç haçan gaýdyp gelmezligi özüne söz beren ýerine ugradylar!

Stiw bilen Meýiň niýeti, adam satmanyň pidasy bolan gyzlar üçin gulluk döretmekden ybaratdy. Är-aýal Günorta-Gündogar Aziýa gelýärler-de, ilkinji ädimi ädip başlaýarlar. Ýöne olar her ädimde böwetlere we päsgelçiliklere büdräp başlaýarlar. Olar gapysyny, iň bolmanda deşik görner ýaly edip hem açyp bilmediler!

Olarda lapykeçlik hem şübhe döräp başlaýar. Olar Hudaýyň çagyryşyna nädogry düşünäýdimikäler? Belki, olar Aziýa asla gelmeli däl bolandyrlar! Eger Hudaý olary çagyran bolsa, onda näme üçin Ol olara perwaýsyzka? Mesele nämedekä?

Hudaý kem-kemden Stiw bilen Meýi täze ýoldan ýöredip başlaýar. Meýiň maşgalasy tutuş Günorta-Gündogar Aziýa, şol

sanda, Wýetnam, Laos we Hytaý ýaly ýapyk ýurtlara-da, ýaýran etniki topara degişlidi. Hudaý Stiw bilen Meýiň gözüni açyp, bu halkyň mesihilik okuwyna hem sazyna mätäçdigini görkezýär.

Stiw öz öýünde kiçiräk ses ýazgy studiýasyny açma kararyna gelýär. Ol YouTubda ses ýazgysyny we redaktirlemäni tehniki taýdan we programmalaýyn üpjün etme baradaky wideony görýär. Soň ol ulanylan studio gurallaryny alýar. Bu gurallar gelenden soň, ol kiçijik studiýa gurnaýar, Meý bolsa, öz tiresinden bolan tanyşlaryny çagyrýar, olar hem işe girişýärler. Bu tiräniň dilinde gürläp bilmeýän Stiw bolsa, kynçylyga duş gelende, YouTube we beýleki öwrediji onlaýn kurslaryna ýüzlenip, programmalary redaktirleýär.

Olar ýazgylary Internete goýýarlar, şeýle hem, olary “Uzakgündogar telekompaniýasy” ýaýlyma berýär.

Ilki är-aýal Mukaddes Kitaby öwretmek boýunça meýilnamalaryň üstünde işleýärler. Soň Meýiň tiresiniň dilinde mesihilik aýdymlaryny ýazyp başlaýarlar. Şeýdip, bu tiräniň wekilleriniň ene dilindäki mesihilik aýdymlary ilkinji gezek peýda bolup başlaýar!

Stiw bilen Meý bütin Aziýadan — hatda bütin dünýädenem — Meýiň degişli bolan milletiniň adamlaryndan, Stiw bilen Meýiň gullugy ýüreklerine ýaran adamlardan elektron hatlary alyp başlaýarlar. Bu gullugyň arkasyndan käbirleri Isa iman edýärler, käbirleri-de özleriniň maşgalalary tarapyndan yzarlanmalara we basyşlara garşy durup biler ýaly imanda berkeýärler.

Stiw bilen Meýi görmek üçin professional ýazgy studiýasyndan gelenlerinde, olar studiýa haýran galyp seredýärler. Olar: “Bu nädogry!” diýip ýüzlenýärler-de, kompýuter bilen mikrofony bir jaýda goýmaly däldigini, sebäbi duýgur mikrofonyň kompýuteriň sesini tutýandygyny belleýärler.

Şeýle-de bolsa, olar taýýar programmalary diňlänlerinde, sesiň hili şeýle bir çirksizdi welin, edil Naşwilliň ýa-da Nýu-Ýorkuň professional studiýalarynda ýazylan ýalydy.

— Siz muny nädip edip bildiňiz?! — diýip, professionallaryň biri geň galyp soraýar.

— Bilemok, men bary-ýogy ewakuatoryň sürüjisi! — diýip, Stiw jogap berýär.

Kafede oturyp, Stiw bilen Meýi diňleýärkäm, munuň hakyky gudratdygy hakda pikir etdim. Olar özlerine — ewakuatoryň sürüjisine we öý bikesine bütin dünýädäki adamlara täsirini ýetirmäge we özleriniň gullugy bilen olary bereketlemäge mümkinçilik berjegi hakda pikir hem etmediler.

"Bilýärsiňmi, eger Hudaý bizi ulanmak isleýän bolsa, onda Onuň edip biljek zadynyň *çeni-çägi ýokdur*!" — diýip, Stiw aýtdy.

Eger Hudaý hiç haçan Günorta-Gündogar Aziýa gaýdyp gelmejekdigini aýdan aýaly, ol ýerde gulluk edip başlamak üçin ulanyp bilýän bolsa... Eger Hudaý diňe iňlis dilinde gürleýän, diline düşünmeýän tiresiniň radiogepleşiklerini redaktirleýän ewakuatoryň sürüjisini ulanyp bilýän bolsa... Eger Hudaý, ozal hiç haçan Hudaýa sena aýdylmadyk dilde Ony şöhratlandyrmak üçin iň arassa sesi döreder ýaly, "nädogry" gurnalan ses ýazgy studiýasyny ulanyp bilýän bolsa...

"Eger Hudaý bizi ulanmak isleýän bolsa, onda Onuň edip biljek zadynyň *çeni-çägi ýokdur*!"

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Kimdir biri bir wagtlar aýdyşy ýaly, "Hudaý hünäri kämilleşen adamy çagyrmaýar-da, çagyranynyň hünärini kämilleşdirýär". Eger biz asuda hem aladasyz durmuşdan, öz meýilnamalarymyzdan we şahsy howpsuzlygymyzdan el çekmäge taýýar bolsak, onda Ol Öz Patyşalygyny abatlamak üçin bizi geň galdyryjy usulda ulanmak isleýär. Dawut çopandy, maşgalanyň iň kiçi çagasydy. Musanyň dili peltekdi. Petrus "ýönekeý" balykçydy. Stiw bolsa — ewakuatoryň sürüjisi.

Stiw bilen Meý imanda ýaşamak üçin ABŞ-daky owadan durmuşdan ýüz öwürdiler. Olar çagalaryndan we agtyklaryndan müňlerçe kilometr uzaga göçdüler. Her bir ýol kerpiç diwara baryp direlýän ýaly bolanda-da, olar tutanýerlilik etmegini dowam etdirdiler. Indi bolsa, olar özleriniň tabynlygynyň we Hudaýa Özüniň çagyran ýerinde gulluk etmäge taýýarlygynyň kömegi bilen Hudaýyň getiren miwesini görýärler.

Siz Hudaýyň öňünde doly tabyn bolduňyzmy? Siz Hudaýyň alyp barýan ýerine gitmäge we Onuň özüňizi ýerine ýetirmäge çagyrýan zadyny etmäge taýýarmy? Eger "ýok" bolsa, onda nämeden el çekmegiň özüňize kyn düşýändigi hakda pikirleniň. Siz Hudaýdan Öz yzyna düşmäge size isleg bermegini soramaga taýýarmy? Mesih üçin nämeden ýüz öwürmegiň size wajypdygyny öz gündeligiňize ýazyň. Soň hemme zady Hudaýyň eline berýändigiňizi aýdyp eden dogaňyzy ýazyň, gol çekiň we senäni goýuň.

## DOGA-DILEG ETMEK

"Men: "Ine, men; meni iber!" diýdim". (Işaýa 6:8).

"Rebbim, Sen meni nirä ýollasaň, şol ýere gitmäge we näme etmeklige çagyrsaň, şony ýerine ýetirmäge men taýýar. Meni Öz islegiň ýerine ýetmegi üçin doly ulanaryň ýaly, durmuşymdaky islendik islemezligi görmegime we ony aradan aýyrmagyma maňa kömek et. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Meý bilen Stiwiň häzirki ýaşaýan öýi birwagtlar Meýiň maşgalasynyň bosgunlar lagerinde ýaşan ýerinden bary-ýogy bir km. aralykda ýerleşýär. Häzir şol ýeriň deňinden geçeninde, birwagtlar aňyrsynda gezen haýadyny tanaýandygyny, ýogsam, ol ýerde bu wagt indi nähildir bir oba hojalyk pudagynyň bardygyny Meý aýdýar.

"Adamlary haýadyň aňyrsynda saklamak üçin, mallary saklamak üçin ulanylýan haýatdan düýbünden başga haýat gerek" — diýip, Stiw aýtdy.

Men Meý bilen Stiwiň eden şaýatlygyna haýran galdym we ruhlandym. Olar Hudaýyň çagyran adaty adamlary, ýöne olar: "Ine, biz, bizi goýber!" — diýip jogap beripdirler. Häzir olar bütin Günorta-Gündogar Aziýadaky adamlaryň, "Uzakgündogar teleradiokompaniýasynyň" kömegi bilen bolsa, bütin dünýädäki adamlaryň, ýüreklerine aralaşyp bilýärler. Hudaýa şükür!

## *Interwýu*

Stiwdir Meýden alnan interwýuny "Ejir çekenleriň sesiniň" saýtyndan tapyp bilersiňiz. www.vom-ru.org "Radio "Ejir çekenleriň sesi"" bölümi.








## 13-NJI GÜN

# MUKADDESLIGIŇ NUSGASY

"Sözüň aýaklaryma çyra, ýoluma nurdur".

**ZEBUR 119:105**

.................................................

*Gonkong, 2015 ý*

Jon Şort iň bolmanda meniň üçin — missionerçilik gullugynyň rowaýatydyr. Hudaýyň ony Özüniň Hytaýdaky hasyl meýdanyndaky zähmete çagyranyna elli ýyldan gowrak wagt geçipdir. Jon gämä münüp, şol döwürlerde berk ýapyk duran Halk Respublikasyna juda ýakyn bolan Gonkonga gidipdir. Ol hytaý ýygnagyny we Gonkongyň mesihilerini edebiýat bilen üpjün etmek gullugyny alyp bardy. Hytaý geljekler üçin gapysyny çalaja açanda bolsa, Jon derrewjik wiza arza beripdir. Şondan bäri ol bu ýurda ençe gezek sapara gidip geldi. Onuň hyzmaty müňlerçe we müňlerçe hytaýly mesihileriň ellerine Mukaddes Kitaplaryň berilmegine ýardam etdi.

Wagtyň geçmegi bilen Hudaý Jonuň gullugy üçin Aziýanyň beýleki böleklerinde-de — Birmada, Wýetnamda, hatda Demirgazyk Koreýada-da gapylary açdy.

2013-nji ýylda Jon Demirgazyk Koreýa bardy. Onuň sapary öz meýilleşdiren wagtyndan köpräk wagta çekdi, sebäbi 73 ýaşly awstraliýaly häkimiýetiň buýrugy boýunça saklanylypdy. Ony diňe 13 günden soň — "men demirgazyk koreýaly mesihileriň mümkin boldugyça köp bolmagyny isledim" diýip, mejbury ýagdaýda ýazandan soň goýberildi. Omyn!

Jon azatlyga çykanyndan soň iki gezek interwýu berdi: birini Awstraliýadaky öz şäherindäki gazete, ikinjisini bolsa, Radio "Ejir çekenleriň sesi" gepleşigi üçin maňa berdi.

Men Gonkonga baran günümiň ertesi "Mesihilik kitaby otagyna" gitdim. Bu Jonuň eýýäm onýyllyklaryň dowamynda alyp barýan gullugydy. Men her ýylda geçirilýän Mukaddes Kitaby gysgajyk öwrenmäniň we Hudaýa doga etmäniň başlanan wagtyna bardym, oňa gullugyň işgärleriniň hemmesi gatnaşýardy. Onda hemmeler her gün nobat boýunça Mukaddes Kitapdan bir aýat okady. Ähli gürrüňleriň merkezinde Hudaýyň Sözi boldy. Soň biz doga-dileg etdik.

Doga-dileg edileninden soň men bu işgärler bilen günortanlyk edindim. Şol gün soňrak men Jondan interwýu aldym. Ertesi gün men onuň aýaly Karen bilen gürleşdim. Men wakany onuň hem gürrüň berşini eşitmegi diýseň isledim. Jony tutanlarynda ol Gonkongda eken, şonuň üçin ol bilesigeliji žurnalistler bilen, hatda demirgazyk koreýaly içalylar bilenem iş salyşmaly bolupdyr.

Jon Demirgazyk Koreýa baranda, gümrükhana işgärleriniň onuň çemodanyny gaty gowy barlandyklaryny gürrüň berdi. Jon islendik ýere gidende bolşy ýaly, bu gezegem onuň şahsy Mukaddes Kitaby beýleki zatlaryň üstünde duran eken.

"Men durmuşymda Mukaddes Kitaby mydama birinji ýerde goýýaryn, özümiň şahsy Mukaddes Kitabymy bolsa, öz emlägimiň ýokarsynda goýýaryn — diýip, Jon düşündirdi. — Her gezekki

(Demirgazyk Koreýa) saparyň öň ýanynda ýüküň gowuja barlanylýar. Eger gümrükhana işgärleri: “Bu näme?” — diýip sorasalar, men: “Bu Mukaddes Kitap, meniň şahsy Mukaddes Kitabym” — diýip jogap berýärin. “Olar: “Siz muny Demirgazyk Koreýa salyp bilmeýärsiňiz” diýýärler. “Eger maňa Mukaddes Kitabymy ýanym bilen alyp gitmek bolmaýan bolsa, onda men öz saparymy bes etmeli bolýaryn, sebäbi men mesihi, şoňa görä-de, ony her gün okaýaryn. Men onsuz hiç ýere-de gitmerin” — diýýärin. Adatça olar nirädir bir ýere jaň edýärler, soň hem, birazajyk jedelleşip: “Biz size muny ýurda girizmäge rugsat etmeli däl” — diýýärler. Men: “Ýöne maňa bu Mukaddes Kitap gerek. Men onsuz hiç ýere gidip biljek däl” — diýýärin. Munuň olar üçin ullakan şaýatlykdygyny men görýärin. Şonda olar: “Mukaddes Kitabyň barlygy siziň dokumentleriňizde görkeziler, siz ýurtdan çykanyňyzda, ony görkezmeli bolýarsyňyz” — diýýärler. Men: “Bu Mukaddes Kitap iňlis dilinde. Ol koreýalylara maňa gerek bolşy ýaly gerek bolar öýdemok. Bu meniň hususy Mukaddes Kitabym. Ony ýurtdan alyp çykjakdygyma size söz berýärin” — diýip jogap berýärin.

Şol gezek Jon Demirgazyk Koreýa syýahatçy toparyň düzüminde geldi. Şonda bu toparyň baran ýerleriniň biri-de, buddist ybadathanasy boldy. Syýahatçylar baran wagtynda bu ybadathanada wandalçylyk edilen eken. Daşary ýurtlulara Demirgazyk Koreýanyň durmuşynyň nähili ajaýypdygyny görkezmeklik wezipesi berlen ýol beletçiler muňa gaty erbet aňk boldular. Olar zyýan ýeten ýerlere seretmek we olary düzedip, syýahaty dowam edip boljakmydygyny ýa-da beýle etmeklik Gadyrly Serdary juda gaharlandyrjakmydygyny, ýa-da daşary ýurtlulary haýal etmän başga ýere alyp gitmelimidigini biljek bolup, iki baka ylgaşdylar. Şol ýol beletçileriň azatlygynyň, belki-de, diri galjagynyň şunuň ýaly ýagdaýda olaryň nähili hereket edendigine bagly bolup biljekdigini göz öňüne getirmek bize kyn boldy.

Jon başagaýlykdan peýdalanyp, ybadathananyň howlusynda birnäçe hoşhabar broşýuralaryny gizledi, sebäbi ol bu ýerden

gideninden soň, olary taparlar diýip umyt edipdi. Ol bu broşýuralaryň koreý diline terjime edilmegini we çap edilmegini üpjün edipdi, soň hem, olary çemodanynyň gizlin bölüminde gizläpdi.

Ertesi gün irden Jon Phenýandan yzyna Pekine uçmakçy boldy. Emma ol özüni aeroporta alyp gitmeli maşynyň ýanyna baranda, onuň hiç ýere uçmaýandygyny aýtdylar. Broşýuralary tapypdyrlar, şonuň üçin Jon ýerli häkimiýet bilen düşünişmelidi. Şeýdip, uzaga çeken dowamly sorag etmeler başlandy. Ilki häkimiýeti olary kimiň alyp geçendigi gyzyklandyrdy. Olary nirede çap etdiler? Ýöne tiz wagtdan olar Jonuň durmuşy bilen gyzyklanyp başladylar. Oňa, göni manysynda, ömrüniň her ýylynda bolup geçen zatlary ýazmagy buýruk berdiler, soň demirgazyk koreýalylar olary barladylar. Olaryň Gonkongdaky öz ofisine, hatda çagalygynyň geçen ýeri bolan Awstraliýadaky öýüne-de içalylary iberendiklerini Jon soň bildi.

Bu Jonuň birinji gezek tutulyşy we sorag edilişi däldi. Ol Hudaýyň çagyryşyna jogap bermekligiň nähili baha düşýändigine gaty gowy düşünýärdi, şeýle-de bolsa, ony tölemäge ol taýýardy. Ol özüniň awstraliýalylara mahsus bolan çalgyrtlygy bilen yzarlanmalar we özüniň tanaýan hem-de bilelikde gulluk edýän hytaý ýygnagynyň beýik mukaddesleriniň öz imanyna täsirini ýetirişi hem imanyny berkidişi hakda gürrüň berdi. Olaryň köpüsi hepdelerini, hatda aýlaryny däl-de, eýsem, onlarça ýyllaryny türmelerde geçirdiler. Jon olaryň diýen sözlerini gaty köp ulandy. Onuň aýdanlaryndan has gowy ýadymda galany şu boldy: “Gorky bilen iman meniň ýüregimde bir wagtda ýaşap bilmez. Ömrümiziň her bir pursatyny Hudaýa ynanyp ýaşasak, ýürekde gorka asla orun galmaýar”.

Sorag etme dowam etdirildi. Ýöne Jonda entegem özüniň Mukaddes Kitaby bardy. Ol bu kitabyň habary öz durmuşynyň esasy diýen karara bireýýäm gelipdi. Karen ikisinde ony okamagyň şahsy usuly bardy. Özleriniň durmuş guran döwrüniň dowamynda olar Hudaýyň Sözüni her gün okadylar. Mukaddes Kitabyň beýleki

kitaplary bilen bir hatarda olar Süleýmanyň pähimlerinden bir baby we Ýohannanyň Hoş habarynyň bir babyny her gün okaýardylar. Aýyň birinji gününde olar bu kitaplaryň birinji baplaryny okap başlaýardylar. Ikinji güni ikinji baplaryny okaýardylar we ş.m.

Saklanylan wagtynyň tutuş dowamynda Jon daşky dünýä bilen gatnaşma mümkinçiliginden mahrum edildi. Oňa, hatda, öz ýagdaýlarynyň gowudygyny aýtmak üçin aýalyna jaň etmäge-de rugsat etmediler. Azatlyga çykanyna we durmuşy birneme adaty ýagdaýyna gelenine birnäçe aý geçenden soň Jon bu baplary her gün okamaklygyň, olary Kareniň hem şol gün okaýandygyny bilmekliginiň özüne islendik telefon aragatnaşygyndan köpräk ruhy baglanyşyk duýgusyny berendigini gürrüň berdi.

Ertesi gün men Karenden interwýu aldym. Jon tussaglykda bolan wagtynda men ondan telefon üsti bilen interwýu alypdym. Indi bolsa, biz olaryň öýünde stoluň başynda biri-birimiziň gabadymyzda otyrys. Karen özüniň awstraliýalylaryň çalgyrtlygyndaky äheňi bilen meniň soraglaryma asuda, oýlanyşykly jogaplary berdi. Jon ikisiniň Hytaýda gulluk alyp baran döwrüniň dowamynda onuň tussag edilmesi adaty zada öwrülipdi. Karen Hudaýa doga edýän pursatynda oňa näme bolup durandygyny anyk bilmän onuň üçin doga etmeklige endik edinipdi.

“Men Jon üçin nähili doga etdim? — diýip, ol gaýtalap sorady. Men Rebden diňe bir zady dileýärdim: onuň elinden Mukaddes Kitabyny almazlyklaryny soraýardym. Men: “Elinde Mukaddes Kitaby barka we ol ony okap bilýärkä, hemme zady gowy bolýar” — diýip pikir edýärdim. Bagtyma Hudaý meniň dogama jogap berdi”.

Karene onuň haýsy günde nämäni okaýandygyny çaklamak gerek däldi.

“Bizde öňden gelýän endik bar: beýleki baplaryň üstüne biz belli bir günde Mukaddes Kitabyň belli bir babyny okaýarys. Eger Jonuň elinde Mukaddes Kitaby bolsa, onda ikimiziň şol bir ýeri

okaýandygymyzy we onuň bilen bir sahypada barýandygymyzy bilmek ýakymly bolýar".

On üç günüň dowamynda biri-birinden hiç hili habaryň bolmaýandygyna garamazdan, Jon bilen Karen aslynda "bir sahypada" bolýardylar. Jon özüni "alyp gitmegi" üçin Pekine gelmegini haýyş edip, oňa jaň edende, ol Jonuň sag-aman öýüne gaýdyp gelmegini diläp eden dogasyna jogap bereni üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdi. Şeýle-de bolsa, şeýle zatlaryň bolup geçendigine garamazdan, Karen Jonuň geljekde Demirgazyk Koreýa gitmegine garşy däl.

Ol eger Reb ýene şol gapyny açsa, onda Jon bilen bile gitmek isleýändigini aýdýar!

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Jon bilen Kareniň taryhy, şeýle hem, olaryň öz durmuşynda hem maşgala durmuşynda Mukaddes Ýazga berýän birinji orny meni köp zat hakda pikirlenmäge mejbur etdi. Sizem Hudaýyň Sözüne şeýle çynlakaý garaýarsyňyzmy? Ony öwrenme wagty hem, siziň durmuşyňyzda şeýle nusga alarlykly bolup, kalendara seredende beýlekiler siziň şu gün nämäni okaýandygyňyzy aýdyp bilýärlermi? Ýa-da olar sagadyna seredip: "Häzir irden sagat 6. Olar Hudaýyň Sözüni okaýarlar" diýip bilýärlermi? Hudaýyň Sözüni okamaklyk meni içki taýdan üýtgedýär. Ol sizi-de üýtgedip biler. Ýöne munuň üçin, Jon hem Karen Şortlar ýaly, siz Ony şahsy mukaddesligiňiziň nusgasy, gündelik durmuşyňyzyň başlangyç nokady etmelisiňiz.

Hudaýyň Sözüni her gün okama kararyna geliň we onuň meýilnamasyny düzüň. Belki, Jon bilen Kareniň edişi ýaly, Ýohannanyň Hoş Habaryndan we Süleýmanyň pähimlerinden baplary okamakdan başlarsyňyz. Siziň çap edilen Mukaddes Kitapdan ýa-da telefondaky tekstinden okaýandygyňyzyň tapawudy ýok. Mukaddes Ýazgydan Hudaýyň Sözi hakdaky ýerleri tapyp okaň (Ýewreýler 4:12; Zebur 119:

2; Timoteos 3:16–17 we Işaýa 40:8-den başlap bilersiňiz. Başga-da şuňa meňzeş ýerler köpdür!) we öz pikirleriňizi gündeligiňize ýazyň. Soň şol aýatlary durmuşda ulanmanyň usullaryny ýazyň.

## DOGA-DILEG ETMEK

"Rebbim, maňa Öz Sözüňe bolan söýgi ber! Ony her gün küýsemekligi maňa ber. Mukaddes Ýazgynyň sahypalaryny açanymda, Seniň sesiňi eşitmegime kömek et. Goý, Seniň Sözüň, ony köp okadygymça, meni üýtgetsin-de, gün-günden Seniň Ogluň Isa Mesihiň hakyky keşbine öwürsin. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Men Jon Şort bilen 1999-njy ýylyň noýabrynda birinji gezek tanyşdym. Biz işdeşlerimiz bilen Hytaýa gitdik we ýol ugrumyza Gonkonga sowuldyk. Biz ol ýere ýekşenbe güni irden bardyk-da, Jonuň ýygnagyna gitdik. Şol gün onuň bizi Gonkongdaky "Peninsula" atly owadan myhmanhana "günortanlykdan soňky çaýa" çagyrany ýadyma düşýär. Ol bu ýerdäki otaglaryň bir gijäň üçin 350 dollardan başlaýandygyny aýtdy. Şonda onuň buzly çaý sargany ýadyma düşýär (indi bilşime görä, beýle çaý Aziýada giň ýaýran däl hem-de ony mugt bermeýärler). Şonuň üçin gürrüňdeşligimiziň köp böleginde beýleki ýurtlaryň hem, myhmanlara içgileri mugt bermäniň amerikan

däbini özlerine alsalar nähili gowy boljakdygy hakda pikirlenip, boş bulgurly oturdym.

Şol wagt Jon Hytaýda eýýäm birnäçe on ýyllardan bäri işläpdi we missionerçilik gullugynyň gahrymany bolupdy. Ýöne şol duşuşygymyz wagtynda men onuň haçan hem bolsa bir wagt Demirgazyk Koreýada tussag ediljegini göz öňüne-de getirip bilmändim.

## *Interwýu*

Jon hem Karen Şortlardan alnan interwýuny “Ejir çekenleriň sesiniň” saýtyndan tapyp bilersiňiz. www.vom-ru.org “Ejiz çekenleriň sesi” radiosy bölümi.

# YZARLANYLÝAN MESIHILER ÜÇIN HUDAÝA DOGA ETMEK

Käwagt özümize mähriban adamlaryň ejir çekişlerini görmek özüň ejir çekeniňden beter bolýar.

Yzarlanylýan mesihileriň aýallary we çagalary şeýle agyr ejirleri çekýärler. Olar özleriniň janlaryna howp abananda peýda bolýan görgüleri, ýaşaýyş üçin zerur serişdeleriniň ýoklugynyň görgüsini ýa-da maşgala agzalary türmede bolandaky görgini görýärler.

**BU GÜN** türmedäki mesihileriň aýallary hem çagalary üçin Hudaýa DOGA EDIŇ. Hudaýyň olary ruhlandyrmagy, şeýle hem, Onuň olary fiziki hem ruhy talaplar bilen üpjün etmegi üçin doga-dileg ediň.

Zorluk arkaly ýüze çykan aýralygyň täsirini ýetiren nikalary üçin doga ediň, goý, Hudaý är-aýala Öz barlygy we Öz Sözi arkaly ruhy birligi sowgat bersin.

Çagalaryň özleriniň ene-atasynyň türmededigi sebäpli Hudaýdan göwünleri geçmän we ýürekleri gataman, eýsem, olaryň ene-atalarynyň ugrunda ejir çekmäge taýýar bolan Hudaýyň Patyşalygyna wepaly gulluk etme mirasyny dowam etdirmekleri üçin doga ediň.



## 14-NJI GÜN



# PALTODAKY OKUŇ GALDYRAN DEŞIGI

"Meniň Hudaýym perişdesini iberip, ýolbarslaryň agzyny baglady. Olar maňa zeper ýetirmediler, çünki Hudaýyň huzurynda men bigünä saýyldym. Seniň öňüňde hem, eý, şahym, men hiç bir şer iş eden däldirin".

**DANYÝEL 6:22**

........................................................

### Demirgazyk Yrak, 2008-nji ýyl

2008-nji ýylda ruhy çopan Hekim, Yrakdaky urşuň ýüregiňi paralaýan başagaýlygynyň içinde Mosulda galan protestant ruhy çopanlarynyň az sanlysynyň biridi. Biz duşuşanymyzda ol iki ýyl mundan ozal öz ýygnagynda üç ruhy çopanyň gullugy alyp barandygyny gürrüň berdi. Olaryň birini sünni radikallary öldüripdir. Beýlekisi maşgalasynyň howpsuzlygy üçin Ýewropa göçüp gidipdir. Ýöne Hekim Hudaýyň Mosuldaky sürüsini bakmak üçin, galmak kararyna gelipdir.

Hekim bilen duşuşmazymyzdan sekiz gün öň, ol iş ýeriniň golaýyndaky duralga gelende, üç sany ýaragly adam onuň ýolunda durupdyr. Hekimiň soňrak bilşine görä, bu adamlary *ruhy çopany* öldürmek üçin goýberipdirler, şol sebäpden hem, olar işdeşlerinden ol hakda sorapdyrlar. "Şol mesihi nirede?!" diýip olar gygyrypdyrlar.

Awtomatly üç adam Hekime maşyny saklamagy buýruk beripdir. Emma ol saklamagyň ölüme barabardygyna düşünipdir. Şonuň üçin Hekim yza sürüpdir. Gynansak-da, oňa üç ok degipdir. Keselhanada musulman lukmanlar Hekimden özüniň kimdigini sorapdyrlar we haýran galypdyrlar:

"Oklaryň size (örän wajyp organlara we uly gan damarlaryna zeper ýetirmän) degşi — duranja bir gudrat!"

Hekim atylanyndan bary-ýogy sekiz gün geçenden soň, men we işdeşim bilen duşuşmak üçin başga şähere geldi. Onuň ýaralary entegem saralgy durdy. Ol şol gün irden geýen paltosyny entegem geýip ýördi. Ol paltonyň öň tarapyndaky ilikleriň biriniň gyrasynda okuň galdyran deşigine barmagyny sokdy. Ol entegem saralgy duran ýaralaryny, sag döşündäki atanak şekilli duran daňyny görkezmek üçin köýnegini çykardy.

Men beýle zadyň nädip bolup bilýändigine düşünip bilmedim: Hekimiň paltosynda bir okuň galdyran deşigi we döşünde iki okuň galdyran deşigi bar, ol bolsa entegem diri we özi ýöreýär. "Bular meniň medallarym" — diýip, ol daňylary we olaryň aşagyndaky ýaralary görkezip aýtdy. Bu hakykatdy, sebäbi ol — beýik ruhy söweşiň ýeňijisi ahyry. Ýöne onuň "medallary" her bir mesihiniň mynasyp bolmak isleýän medaly däldi.

Hekim bilen aýaly Nadira özleriniň gullugynyň taryhyny gürrüň berdiler. Hudaý olary Mosuldaky ýygnaga çagyrdy, ýöne töwerekde bulagaýlygyň, zorlugyň we ölümiň höküm sürýändigine garamazdan, Hudaýyň olary gitmäge çagyrýanyny eşitmändiler. Şonuň üçin olar galypdyrlar.

Basyşlar çendenaşa güýçlüdi — şäherdäki her bir mesihini musulmançylygy kabul etmäge ýa-da gitmäge mejbur etmek maksady bolan sünni radikallarynyň basyşlary ýowuzdy. Olar Mesihden ýüz öwrüp, Muhammede uýmaga mejbur etmäge synanyşyp, Hekime yzygiderli jaň edýärdiler. Beýle etmek başartmanyndan soň, olar onuň özüne we maşgalasyna boljak zatlary aýdyp gorkuzyp başladylar.

Ýewropadaky howpsuz ýere giden ýakynlary-da basyş edýärdiler. "Ol ýerden git. Howpsuz ýere gaç. Biz sizi kabul etmäge we aladaňyzy etmäge taýýar. Biziň ýanymyza geliň" — diýip, olar her hepde jaň edýärdiler.

Hekim bilen Nadiranyň gyzlary Mosuldaky uniwersitetiň talyplarydylar. Olar diplom alýançalar, olara howp abanýardy. Bir ýyl mundan ozal uniwersitetde Mukaddes Kitap ýaýradany üçin bir mesihi talyp gyz öldürildi. Mosulda mesihilik durmuşynda ýaşamak bilen özlerine nähili töwekgelçilik edýändikleri Hekim bilen Nadiranyň maşgala agzalarynyň her birine gaty gowy mälimdi. Olar öz janlaryna töwekgelçilik edýärdiler. Muňa garamazdan olar bu ýerde galdylar, sebäbi Hudaý olara gitmelidigini aýtmandy.

Hekim bilen Nadira her hepde Ýewropadaky ýakynlaryna: "Hudaý bizi Mosulda gulluk etmeklige çagyrdy. Biz bu ýerde galýarys!" — diýdiler.

Nadira gündogar çalgyrtlygyndaky iňlis dilinde bize Hudaýyň özüni, aýratynam, adamsyna hüjüm edilmeziniň öň ýanyndaky günlerde, köşeşdirişi hakda gürrüň berdi. Ol Hudaýyň barlygyny hakykatdan duýupdyr. Adamsyna hüjüm edilen wagtynda we şondan soňky günlerde Hudaýyň eliniň özüni berkidişini we güýçden dolduryşyny duýupdyr.

# PIKIRLENMEK ÜÇIN

Men Hekim bilen Nadira we olaryň şaýatlyklary hakda pikirlenenimde, kelläme iki pikir gelýär. Birinjisi, Hudaýyň Öz gulluga çagyran adamlaryny goramaga ukyplydygy hakdaky pikir. Hekim awtomat ýaragyndan üç sany ok alyp ýaralanýar. Olaryň ikisi onuň döşüne degýär. Sekiz gün geçeninden soň bolsa, ol eýýäm aýak üstüne galyp, bu hakda bize gürrüň berdi! Eger Hudaý siziň bir zady başdan geçirmegiňizi islese — şol zadyň her neneň eýmenç hem howpludygyna garamazdam — siz diri galarsyňyz!

Ikinji pikir — bu Hudaý Öz çagyryşyny üýtgedýänçä, Onuň çagyryşyna jogap berme kararyna gelmeklik. Ýol daşly hem agyr boldugyça, biz başga, has ýeňil ýoly köp gözleýärismi? Ýöne Hudaý hut agyr ýollarda bize köp zady öwredýär we beýik ak patalary taýýarlaýar.

Eger siz bu gün agyr ýoldan barýan bolsaňyz, onda Hudaýyň özüňize näme öwredýändigini we durmuşyňyzda nähili hereket edýändigini ýazyň. Eger şu pursatda siz oňaýly hem ýeňil ýolda barýan bolsaňyz, onda dynç alyş we asudalyk wagtynda minnetdarlyk dogasyny ýazyň.

## DOGA-DILEG ETMEK

"Rebbim Isa, Öz gullugyňa çagyranlaryňy goramaga we goldamaga täsin güýjüň hem ukybyň bardygy üçin Saňa minnetdar. Bu ýerdekäm, Ýeriň ýüzündekäm ýa-da meniň ebedi öýüm boljak "iň gowy ýurda" çagyrýançaň, Seniň çagyryşyňa jogap bermäge we her gün hem her pursatda jogap bermegi dowam etdirmäge maňa kömek et. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## Şarlotta ýazylan habardan

GEÇEN HEPDEDE (doglan gününiň ertesi) awtomat ýaragyň üç sany oky degip ýaralanan mosully ruhy çopandan diňe men interwýu aldym — bu BOMBA! Ol bu ýerde, biziň ýanymyzda, şonuň üçin men ondan we aýalyndan interwýu aldym. Ol okuň giren we çykan ýerindäki ýaralaryň daňylaryny görkezdi. OL ENTEGEM ... OKUŇ DEŞIP GEÇEN PALTOSYNY GEÝIP ÝÖR! (Bu meni azajyk tolgundyrdy diýsem, sen haýran galarmyň?)

Ol ýaralaryny görkezip: "Bu meniň söweşde alan medallarym" diýdi. Onuň aýaly bolsa, adamsyna hüjüm edileniniň öň ýanyndaky günde mesihilik aýdymyny diňländigini, şonda özüne Rebbiň asudalyk berendigini gürrüň berdi... Ol Hudaýyň barlygyny şeýle ýakyndan duýupdyr, beýle zat hiç haçan öň bolmandyr. Soň ol ýatýar. Şonuň ertesi gün adamsyna hüjüm edilýär. Ol hiç haçan adamsyny gullugyny bes etmäge çagyrjak däldigini, sebäbi ony ol ýere Hudaýyň çagyrandygyny aýdanda, maňa Sabina Wurmbrandy ýatlatdy.

Ýakynlarynyň hemmesi, ol ýerde galmagyň howpludygyny, gyzlarynyň aladasyny etmelidiklerini aýdyp, olary Mosuldan gaýtmaga yrjak bolýarlar. Ýöne olar özlerini ol ýerde galmaga Isanyň çagyrandygyny ýakynlaryna aýdýarlar. Bu ruhy çopan — iki million ilatly şäherde galan hoşhabar ýygnagynyň ýeke-täk ruhy çopany!

Haýran galdyryjy, juda täsin galdyryjy, tolgundyryjy şaýatlyk! Şeýle uzakdaky sapara gideniňe degýär!



# 15-NJI GÜN



# ÝERDÄKI ŞAÝATLYK

“Öz-özüňizi aldamaň: Hudaý Özüni ýaňsyladýan däldir. Adam näme ekse, şony hem orýandyr. Öz höweslerini kanagatlandyrmak isleýän özüni weýran eder. Emma Mukaddes Ruhy kanagatlandyrmak isleýän baky ýaşaýşy alar. Ýagşylyk etmekde ýadamalyň. Eger ruhdan düşmesek, öz wagtynda orarys”.

**GALATÝALYLAR 6:7–9**

.............................................

## Nepal, 2012-nji ýyl

Nepal — meniň şu wagta çenli bolan ýerlerimiň iň owadanlarynyň biridir. Biziň baran şäherlerimiziň birindäki myhmanhana otagymyň balkonyna güneşli günleriň birinde çykanymda, dünýädäki iň beýik on sany dagyň dördüsini görüp bildim. Nähili geň zat: uçarda uçan wagtyň dagyň depesini görmek üçin illýuminatordan ÝOKARY seredýärsiň — waw!

Öz ýygnagynyň eýýäm ölen agzasy üçin ýenjilmäge-de taýýar bolan Salindra ýaly ruhy çopana men hut Nepalda duş geldim!

Uly bolmadyk nepal şäherleriniň birinden bolan, biziň Bilal diýip atlandyrjak doganymyz ölende, onuň jesedini jaýlamak maşgalasy üçin wajyp bolupdyr. Ýewropada we Amerikada ýaşaýan köp

mesihiler üçin nepally maşgalalaryň beýle däbe üns berişlerine düşünmek kyn, ýöne nepal medeniýetinde merhumy jaýlama we mazaryň başyna ýazgy ýazdyrma - bu jesetden saplanma däl-de, eýsem "Awen — Ezer" (1 Patyşalar 7:12) — adamyň imanynyň hem onuň Hudaýa wepalylygynyň dilewarlyk bilen edýän şaýatlygydyr.

Bilalyň ýaşaýan şäheriniň ilaty otuz müňe golaýdy, şol wagtlar mesihi maşgala bolsa, bary-ýogy dört ýa-da bäş sanydy. Bilal ölende radikal induslar, indus däbine laýyklykda, onuň jesedini ýakmak üçin alyp gitmekçi bolanlarynda, maşgalasy ony bermändir, sebäbi olar mesihi jaýlama däbini etmek isleýärdiler.

Ýygnaga ýolbaşçylyk edýän ýaş ruhy çopan Salindra, ýagny Bilalyň maşgalasynyň agza bolup durýan ýygnagynyň ruhy çopany, köçede sesler eşidilende, merhumy jaýlamany gurnamaga kömek etmek üçin olaryň öýüne gelipdi. Gysga wagtyň içinde öýüň daşyna induslaryň uly mähellesi ýygnandy. Olar soňky indus däbini ýerine ýetirmek we jesedi ýakmak üçin jesedi bermeklerini talap edip gygyrdylar.

Maňa bu wakany gürrüň berende Salindra induslaryň durmuşynda üç sany wajyp zadyň — dogluş, nika we ölüm bardygyny gürrüň berdi. Bilalyň jesedini ýakmak bilen induslar onuň mesihilik şaýatlygyny aýryp taşlamak isläpdirler. Jesedi ýakmaklyk hemmeler üçin aslynda Bilalyň mesihi bolmandygynyň, ömrüniň soňky minutlarynda onuň "ýat" dini — mesihiligi inkär edendigini we induizme gaýdyp gelendigini alamaty boljakdy. Mazar bolsa, ölen adamyň mesihi *bolandygynyň* inkär edip bolmajak şaýatlygy boljakdy. Beýle bolmasa näme üçin onuň jesedi indus däbine laýyklykda ýakylmandyr-da, jaýlanylypdyr?

Salindra öýden çykyp, Bilalyň mesihidigini, şoňa görä-de, maşgalanyň mesihilik boýunça jaýlama däbini ýerine ýetirmek isleýändigini aýdypdyr. Mähelle gazaplanypdyr. Birnäçe adam Salindrany we başga-da iki mesihini tutup, ýumruklap hem taýaklap urupdyrlar. Mesihiler welosipedlerine münüp we wakanyň bolýan

ýerinden gaçyp halas bolupdyrlar. Ýöne mähelle gazap bilen olary gözlemegi dowam etdiripdir.

Mesihiler garry mesihi dul aýal Bimalanyň öýüne gaçyp gelipdirler. Ol kowalap gelýänlerden gaçyp gelen mesihilere gapysyny açyp, olaryň yzlaryndan mähelläniň gazaply ylgap gelýändigine garamazdan, olary öýüne salypdyr. Oňa mesihileri gizläp, öz öýüne hüjüm etdirjek bolmak nämä gerek bolduka?

"Men Rebbiň hyzmatkäri, şonuň üçin men güýçli bolmaly. Men gorkjak däl, sebäbi Ol biziň bilen. Munuň özüme kynçylyk döretjegini bilýärdim, ýöne men güýçli bolmaly!" — diýip, Bimala aýtdy.

Gazaplanan induslaryň mähellesi yza çekildi, şonda mesihiler motosikllerde gelip, ruhy çopan Salindrany we beýlekileri ol öýden alyp, howpsuzrak ýere äkidip bildiler. Ol ýerde onuň urulmanyň netijesinde alan ýaralaryny arassalap daňdylar. Wagtyň geçmegi bilen ýaralar bitdi, emma Salindranyň ýüreginde göreş gitdi. Özüniň üstüne hüjüm edileninden soň bir hepdeläp ol ýatyp bilmedi.

"Men özüm üçin Hudaýa doga etdim we Mukaddes Kitaby okanymda, özüme hüjüm eden induslary bagyşlamalydygyma düşündim, sebäbi Reb, eger başgalary bagyşlamasak, özümiziň hem bagyşlanmajakdygymyzy aýdýar. Bu sözler ýüregime jüňk boldy".

Hudaý Salindra özüniň hem Isa Mesihiň gurbanlygy arkaly bagyşlama alandygyny ýatladyp, ony hüjüm edenleri bagyşlamaga höweslendirýär.

"Menem köp zady nädogry etdim, ýalňyşlar goýberdim... Ýöne Reb şeýle hereket edýär. Ol meni bagyşlady. Şonuň üçin menem bagyşlamaly. Reb maňa: "Olary bagyşla. Olar Maňa gelmeli" — diýdi. Reb meniň bilen gürleşdi. Şonda men: "Bolýar, Rebbim! Olar Seniň ýanyňa geler ýaly, men olara gulluk etmeli" — diýdim. Hüjüm edilenine bir aý geçenden soň, Salindra mesihi dul aýalyň öýüne hüjüm edenleri we özüni uranlary doly bagyşlap bildi.

Özi urlanyndan soň, ýygnagynyň iki esse azalandygyna garamazdan, bu şäherde ol gulluk etmegini dowam etdirdi. Mesihileriň köpüsi gorkup gaçyp gitdiler. Olar ýygnaga barýandyklary ýa-da beýleki mesihiler bilen bile sežde etmek üçin ýygnanyşýandyklary sebäpli radikal induslaryň nyşany bolmaga töwekgelçilik etmek islemediler. Ýygnakda galanlar üçin bolsa, Salindra yzarlanmalara garşy durmagy öwretmek üçin wagyzlar toplumyny geçip başlady, sebäbi olaryň yzarlanmalara hökman duş geljegini ol bilýärdi.

"Günleriň birinde biziň hemmämizem ölýäris. Bu ýerdäki, ýer ýüzündäki durmuş örän gysgadyr. Mesihidigimiz sebäpli bize näme bolsa-da, nähili gün görmeli bolsak-da, hatda ölmeli bolsak-da, biz muňa taýýar bolýarys, sebäbi bizde Mesih bilen bakyýetde bolarymyz ýaly, uzak ýaşaýşymyz bolýar" — diýip, Salindra öz ýygnagyndakylara aýdýar.

Ýygnaga gelmäge gaty gorkýan mesihiler käwagt Salindradan özleriniň öýlerine baryp, olar bilen bile doga-dileg etmegini soraýarlar. Olar köpçüligiň içinde mesihi adyny almak islemeýärler, ýöne, şeýle-de bolsa, ruhlanmagy hem doga etmegi üçin özleriniň ruhy çopany bilen duşuşmagy isleýärler. Günleriň birinde olaryň batyr bolup, ýygnaga gaýdyp geljekdiklerine Salindra ynanýar. "Günleriň birinde olaryň ýygnaga geljegine ynanýaryn, sebäbi olar Rebbi tanadylar" — diýip, ol aýdýar.

Indi bolsa, bu şäherde mesihileriň bardygyna şaýatlyk edýän bellik, mazaryň üstündäki mydamalyk durjak ýazgy dur. Bilalyň geljekki nesilleri onuň mazarynyň ýanyna baryp, onuň imanyny ýatlap bilerler. "Görýärsiňmi, biziň kakamyz mesihidi! Eger ol indus bolan bolsa, onda onuň jesedini ýakardylar. Eger onuň mazary bolmadyk bolsa, iman edenine şaýatlyk hem bolmazdy. Ýöne ol mesihi boldy!" Onuň imanynyň alamaty bolsa, edil mazarynyň ýokarsynda dur.

# PIKIRLENMEK ÜÇIN

Ýewropa we amerikan medeniýetleriniň wekillerinde ölüm hakda düýbünden başgaça düşünjesi bar. Biz Nepalyň mesihileri ýaly, mazaryň üstündäki ýazgyny imanymyzyň şaýatlygy hasaplamaýarys. Ýöne biziň hemmämizem özümizden soň şaýatlyk galdyrýarys. Biziň hemmämizem öz durmuşymyz bilen maşgalamyz, ýygnagymyz we töweregimizdäki imansyzlar üçin alamat galdyrýarys, siz nähili iman alamatyny galdyrýarsyňyz? Siz bakyýete gideniňizden soň, adamlar näme diýerler? Olar: "Ol hakyky mesihidi!" diýip bilerlermi? Ýa-da olarda şübhe dörärmi? Özüňiziň maşgalaňyza we dostlaryňyza galdyrmak isleýän ruhy mirasyňyzy suratlandyryp biljek on sözi ýazyň hem-de eýýäm şu günden, Mesihe bolan imanyňyzyň aýdyň alamatyny galdyrar ýaly edip ýaşaň.

## DOGA-DILEG ETMEK

"Älemiň Ýaradyjysy, hemme zady gol astynda saklaýan Reb, bu gün töweregimdäkileriň hemmesi üçin öz durmuşymy bakyýetde we Ýer ýüzünde göze görünýän yz galdyrar ýaly edip ýaşamagyma maňa kömek et. Ölenimden soň maşgalam, işdeşlerim we dostlarym ikirjiňlenmän: "Ol hakyky mesihidi! Omyn" diýip biler ýaly, durmuşda ýaşamagyma kömek et".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Biz hoşhabarçy gullugyny alyp barýandygy sebäpli janyna mydama howp abanyp duran ruhy çopan bilen tanyşdyk. Ol ýetişmeýändigi sebäpli sekizinji synpda mekdepden çykarylypdy, şeýle-de bolsa, on dört sany şahasy bolan ýygnagy döredip bildi! Ol örän wepaly dogan hem zähmetkeş! Biziň bilen gürrüňi gutaranyndan soň ol biziň bilen daşary çykmak islemeýädigini aýtdy, sebäbi öý eýesi ony Günbatardan gelen daşary ýurtlular bilen bile görse, onda onuň jaý kireýini galdyrjagyny aýdanda, bu diýseň gyzykly boldy!

## PIKIRLENMEK ÜÇIN SALGYLANMALAR

"Elizabet Elliotyň belleýşi ýaly, haçda ölen Halasgäriň yzyna eýereniňde, ejir çekip ölmeklik adaty bolmadyk tabynlyk hasaplanylmaýar. Ejir çekip ölmeklik birden bary-ýogy adaty tabynlyk ýaly bolup görnüp biler".

**Dewid Platt**[1]

"Diňe muňa däl, eýsem muşakgatlarymyza hem begenýäris, sebäbi muşakgatlaryň çydamy, çydamyň erjelligi, erjelligiň hem umydy döredýändigini bilýäris. Şeýle umyt bizi utandyrmaz, sebäbi berlen Mukaddes Ruh arkaly ýüregimiz Hudaýyň söýgüsinden dolup-daşýar".

**Rimliler 5:3–5**

1 Dewid Platt, "RADICAL: TAKING BACK YOUR FAITH FROM THE AMERICAN DREAM", авторское право © 2010 David Platt. "WaterBrook Multnomah" rugsady bilen ulanylýar, çap edilme — "Random House", "Penguin Random House LLC" bölümi. Ähli hukuklar goralan.



## 16-NJY GÜN



# "AJAÝYP WAGT BOLDY"

"Şol wagt Nebukadnesar patyşa gorkudan ýaňa aňk bolup, haýran galyp, çaltlyk bilen ör-boýuna galdy. Ol geňeşçilerine ýüzlenip: "Biziň daňyp, oduň içine atanymyz üç adam dälmidi näme?" diýdi. Olar: "Dogry, eý, patyşahym!" diýip jogap berdiler. Patyşa: "Emma men oduň içinde gezip ýören, eli-aýagy çözülen dört adamy görýärin. Olara hiç hili zeper ýetmändir we olaryň dördünjisiniň keşbi Hudaýyň oglunyňka meňzeýär" diýdi".

**DANYÝEL 3:24–25**

............................................................

### Hytaý, 2002-nji ýyl

Meniň "Ejir çekenleriň sesiniň" tabşyrygy boýunça Hytaýa bolan ikinji saparym gidip durdy. Bu gezek men aýalymy ýanym bilen alyp gitdim. Bu onuň daşary ýurda ilkinji sapary boldy. Bu sapar oňa meniň "Ejir çekenleriň sesi" üçin çekýän zähmetimi görmäge mümkinçilik berjekdi. Ilki bilen Wýetnama bardyk. Ol ýerde hmong tiresinden bolan yzarlanylýan mesihilerden interwýu aldyk. Interwýu wagtynda bizi furgonyň yzky oturgyjynda alyp

gitdiler, sebäbi ol ýerde Günbataryň ýaşaýjysy bilen duşuşanyňda howpsuzlykda bolar ýaly ýer ýokdy.

Wýetnamdan biz Hytaýa gitdik. Ol ýerde biz barmazymyzdan birnäçe hepde öň türmeden çykan doganymyz Tong bilen duşuşdyk. Maňa ondan interwýu almak garaşýardy, soň men onuň şaýatlygy we türmede geçiren wagty hakda ýazmalydym.

Aýal doganymyz Tong Hytaýdaky öýünde hasaba alynmadyk ýygnagyň ýygnanyşygyny geçirýärdi. Ol ýerdäki ýygnaklardan döwlet tarapyndan hasaba alynmany talap edýärdiler we olar dini işler boýunça Bölümiň gözegçiligine geçdiler. Hasaba alnan ýygnaklar diňe döwletiň rugsady bilen ýygnanyşyk geçirmäge, haçan we nirede ýygnanyşyk geçirjekdiklerini, kimiň ony alyp barjakdygyny we kimiň wagyz etjekdigini habar bermäge, şeýle hem, ýygnaga kämillik ýaşyna ýetmedikleriň gatnaşmaklarynyň gadagan edilmesini ýerine ýeitrmäge borçludylar.

Imanlylaryň döwlet tarapyndan rugsat edilmedik islendik üýşmeleňi "kanuny däl dini ýygnanyşyk" bolup durýar. Şonuň ýaly üýşmeleňler wagtynda tutulan adamlar soraga çekilýär, olar tutulýar, köplenç hem tussag edilýär. Durmuşy nukdaýnazardan Bölümiň işgärleri şol wagtlarda, esasan hem, ünslerini mesihileri kabul eden öý eýelerinde we ýygnak ýolbaşçylarynda jemleýärdiler, ýöne ýygnanyşyga getirilen her bir adamy tussag etmäge synanyşmaýardylar.

Şeýlelikde, öz öýünde şonuň ýaly ýygnanyşyklary geçiren aýal doganymyz Tongy tussag etdiler-de, alty aýlyk türmä saldylar. Häkimiýet ony "täzeden terbiýeläp", oňa özündäki "Mesihiň aklynyň" ýerini tutjak "kommunistik pikirleri" öwretmäge synanyşdy (1 Korintoslylar 2:16).

Doganymyz Tong biziň bilen howpsuz ýerde duşuşmak üçin uzak ýoly söküp geldi, sebäbi eger ony daşary ýurtlular bilen duşuşan wagtynda tutsalar, ol agyr güne düşerdi. Doganymyz Tong inçejik eginli kiçijik aýaldy. Meniň bir metr ýetmiş sm. boýly aýalym onuň ýanynda gaýa ýaly bolup duran ýalydy. Biz bu aýal

bilen salamlaşdyk we terjimeçiniň üsti bilen birazajyk gürleşdik. Soň men interwýu alyp başlamak üçin elime diktofony aldym.

Birinji sorag: “Maňa türme hakda gürrüň beriň”.

Bu soragy bermek bilen men onuň şaýatlygy üçin esas taýýarladym we göni onuň görgülerine geçdim. Men türmedäki durmuşyň nähili agyrdygy — krowadyň şeýle gatydygy, iýmitiň iýer ýaly däldigi, ullakan alakalaryň bardygy hakda eýmenç zatlary eşitmäge garaşdym! Men terjimeçiniň meniň iňlis dilindäki soragymy mandarin diline terjime ederine sabyrsyzlyk bilen garaşdym. Diktofon işledi. Meniň eilmdäki ruçka bu aýalyň çekjek her bir suratyny jikme-jik çekmäge taýýar bolup durdy.

Tong doganymyz meniň soragymy eşiden badyna, onuň ýüzünde meniň “gögüň ýylgyrşy” diýip biljek ýylgyrşym peýda boldy. Ol terjimeçä hytaý dilinde bir zat diýdi. Ol hem terjime etdi.

“O, hawa. Bu *ajaýyp* wagt boldy!”

Men terjimeçä ynamsyzlyk bilen alardym. Men asla hiç zada düşünmedim. Men *türme* hakda soradym, Tong doganymyz bolsa, uludan ýylgyryp, ol wagtyň diýseň ajaýyp wagt bolandygyny aýdýar. Terjimeçi meniň soragyma düşünmedik bolarly. Bu ýerde nämedir bir zat dogry däldi, meniň düşünişime görä, türmede ajaýyp bolandygyny hiç kimem aýdyp bilmez. Dogry dälmi?

*Ýa-da aýdyp bilermi?*

Terjimeçi meniň soragymy dogry terjime edendigini, onuň hem: “O, hawa. Bu *ajaýyp* wagt boldy!” diýip jogap berendigini nygtap aýtdy.

Indi mende Tong dogana köp sanly sorag peýda boldy. Türme nädip ajaýyp bolup biler? Özüniň tussaglygy hakda ýekeje gezek agzalanda, beýle ýylgyrar ýaly, ol nämeleri başdan geçirdikä?

Ol şatlyk bilen jogap berdi.

Türmede gaty gowy boldy, sebäbi Hudaý onuň bilen bile bolupdyr! Tong dogan tussaglykda bolan wagtynda özüniň Isa bilen gatnaşyklarynyň şeýle ýakyn hem özbolușly bolandygyny gürrüň berdi. Ol Isanyň özüne aýratyn üns berendigini hem-de öz

ýüreginiň Onuň gönüden-göni barlygy hem köşeşdirmesi bilen her gün ýyladylandygyny duýupdyr. Ol türmede özüni Älemiň Ýaradyjysyna şeýle ýakyn duýupdyr welin, bu wagty ol "ajaýyp" diýip atlandyrman bilmeýär.

Diňe bir Mesihiň barlygy ajaýyp bolman, eýsem, Ol Tong dogana gaty gowy türme gullugyny alyp barmagyna mümkinçilik beripdir. Ol ýerde Tong doganda kameradaşlarynyň birnäçesini Mesihe getirmäge mümkinçilik beripdir. Dowzahyň patyşalygyndan alnyp, Isa Mesihiň ebedi Patyşalygyna gelen adamy görmekden ajaýyp näme bar?!

*"O, hawa. Bu ajaýyp wagt boldy!"*

Tong dogan türme şertlerindäki fiziki ejirler hakdaky gürrüňlere wagt ýitirmek islemedi, ruhy şertler onuň üçin has-da wajypdy. Bu hem ajaýyp ruhy şertler bolupdy!

Tong doganyň gürrüňleri meni üýtgetdi. Ol meniň dünýägaraýşymy güýçli özgertdi.

Şu gürrüňdeşlige çenli men türmäni asla ajaýyp ýer hasaplap bilmeýärdim. Türmä düşmeklik — bu ejir çekmekdir, eger mümkin bolsa, şonda ejirlerden gaça durmak gerek, şeýle dälmi? Ýöne Tong dogan görgülerden gaçmady. Indi bolsa ol, edil şu wagtjyk açar sokulýan deşijekden gökleri gören ýaly, görgülerini haýran galdyryjy ýylgyryş bilen ýatlaýar.

Eger türme görgüler ýeri bolman, ajaýyp ýer bolýan bolsa, onda men ýene nämä düşünmedimkäm? Eger ol bize söýýän Halasgäriň elleri bilen berlen bolsa, onda ajaýyp näme bolup biler? Kesel ajaýyp bolup bilermi? Işsizlik gazanylan zat bolup bilermi? Maddy ýitgi ak pata bolup bilermi?

Bu zatlaryň hemmesi bizi Mesih bilen ýakynlygy täzeçe we güýçli duýmaklyga alyp barýan bolsa näme? Bu bizi Mesihi has çuň tanamaklyga we Oňa özümizi has köp bagyş etmeklige alyp barýan bolsa näme? Eger şol wakalar gulluk gapysyny täzeçe açyp, bize başga usulda hiç haçan duşup bilmejek adamlarymyza Hoş Habary ýetirmäge mümkinçilik berýän bolsa näme?

Eger Hudaý seni Öz şöhraty üçin ulansa, onda mundan ajaýyp näme bolup biler?

Terjimeçi soragy-da, jogaby-da üýtgetmändir. Ýöne şol gün Tong doganyň sözleri meniň aklymy üýtgetdi. Ol sözler meniň türmä we görgülere bolan garaýşymy üýtgetdi-de, ýer ýüzündäki iň "erbet" ýerleriň hem, Hudaýyň ak patasynyň we barlygynyň ýeri bolup biler. Olar hakykatdan hem, *ajaýyp* bolup biler.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Siziň durmuşyňyzdaky näme özüňiziň *ajaýyp* däl zat baradaky düşünjäňize ýa-da pikiriňize gabat gelmedi? Hudaý hatda şonuň ýaly ýagdaýlarda-da hereket edip bilermi? Şonuň ýaly ýagdaýda Hudaýy täzeçe, üýtgeşik usulda duýmak mümkinmi? Belki, Hudaý sizi düşen ýagdaýyňyza, başga usulda hiç haçan duş gelip bilmejek biriniň — Isanyň özüne bolan söýgüsi hakda bilmeýäniň ýanyna alyp barmak üçin salandyr. Bu düşen ýagdaýyňyza, belki, hiç haçan garaşmadyk, ylaýta-da garaşmadyk ýagdaýyňyza — "*ajaýyp*" diýmäge taýýarmy? Gündeligiňize bu ýagdaýy we ondaky Hudaýyň hereket edişini nädip görýändigiňiz hakda ýazyň.

### DOGA-DILEG ETMEK

"Rebbim Hudaý, Seniň bilen, hatda türme kamerasynyň hem ajaýyp bolup bilýändigi üçin Saňa minnetdar. Özümiň ýönekeý bolmadyk ___ ______________________________ ýagdaýymy Seniň ýanyňa alyp gelýärin. Seniň Sözüňde "Mydama Rebde şatlanyň" (Filipililer 4:4) diýip ýazlypdyr, şonuň üçin, öz ýagdaýymyň şeýledigine garamazdan, şatlanma kararyna gelýärin. Men Tong dogan ýaly, düşmek islemedik we meýilleşdirmedik ýagdaýa düşenimde, Isa bilen aýratyn ýakynlygy duýup bileýin. Haýyş edýärin, töweregimdäki adamlaryň mätäçliklerini görmek we Seniň adyňy hem söýgiňi duş gelenlerimiň hemmesine wagyz etmek islegini ber. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Bu erkek hem aýal doganlarymyzy duş gelen kynçylyklary hakda gürlemäge mejbur etmek aňsat däl. Dogrusyny aýtsak, olar kynçylyklar hakda pikir hem etmeýärler! Olary tussag edilmäni ýa-da türme kamerasyny suratlandyrmaga mejbur etmek — bu diş sogurýan ýaly bir zatdyr.



## 17-NJI GÜN



# “INDI OL HUDAÝY HAS KÖP SÖÝÝÄR”

“Şonda gülküden doludy biziň agzymyz, şatlyk şowhunyndan — biziň dilimiz. Şonda milletler arasynda şeýle diýildi: “Reb olara beýik işleri etdi”. Reb bize beýik işleri etdi, şoňa görä, biz şatlykdan doly”.

**ZEBUR 125:2–3**

..................................................

### Praga, Çehiýa, 2017-nji ýyl

Yzarlanmany başdan geçiren adam bilen tanyşmak bir başga, gazaply yzarlanma duçar edileninden soň derrew *gowy tanaýan* adamyň bilen duşuşmaga taýýarlanmak başga bir zat. Ine, näme bu sapary özboluşly eden eken. Käbir manysynda bu saparyň öň ýanynda, “Ejir çekenleriň sesiniň” tabşyrygy boýunça giden “adaty” saparymdaka garanda, mende sorag köp boldy.

Pýotr Ýeşekaň Sudandaky türmeden azatlyga çykanyna barýogy sekiz gün geçenden soň men ondan interwýu almalydym. Ol şol türmede 14 aýyny geçiripdi. Ony içalylykda aýyplap, “ömürlik” türme tussaglygyna höküm edipdiler. Sudan kanunynda bu 2

ýyllyk, goşmaça-da 4 ýyllyk azatlykdan mahrum edilmä barabardy. Bagtyna, Çehiýa döwleti ony azatlyga çykarmak hakda gürleşdi, şonuň üçin indi ol öýüne gaýdyp gelipdi.

Pýotr bilen *şunuň ýaly* ýagdaýlarda duşuşaryn diýip, men hiç haçan pikir etmändim. Biz ikimiz Hudaýyň hasyl meýdanynyň işgäridik we yzarlanylýan ýurtlara bile syýahat edýärdik. Ol biziň öýümizde bolýardy, meniň maşgalamam, onuň öýüne barýardy. Ýöne bu zatlaryň hemmesi 14 aýlyk türme tussaglygyndan öň bolupdy. Bu tussaglyk wagtynda ol IGIL esgerleri, şeýle hem, Sudanda tussag edilenler bilen bile bolýar. Biziň Pragada duşuşmaly Pýotrymyzyň biziň öňki gowy tanaýan Pýotrymyzdan nähili tapawutlanjakdygyny kim bilýärdi? Nämä garaşmalydygyny we Pýotra başdan geçiren eýmençliklerinden we gören görgülerinden soň nähili kömek etmelidigi hakda biz ekspertler bilen maslahatlaşdyk. Ol gynanylan bolsa näme? Eger aňyna ýa-da tenine düzedip bolmajak şikes ýetirilen bolsa näme? Biz oňa näme kömek edip bileris? Şol uzaga çeken tussaglykdaky aýlaryň salan ýaralary näçe wagtlap ganap durarka?

Meniň uçarym Praga agşama golaý gondy. Soň biz Pýotr we onuň maşgalasy bilen agşamlyk naharynyň başynda duşuşmagy meýilleşdirdik. Men suwa düşdüm-de, bellenilen wagtda myhmanhananyň girelgesine düşdüm. Ol ýerde eýýäm Pýotr garaşyp durdy. Ol gowuja syratlanypdyr, özem uludan ýylgyrýardy. “Öýüňe hoş geldiň!” diýip, ony gujaklamak we biziň hem başga-da köp adamlaryň onuň üçin Hudaýa doga edendigimizi gürrüň bermek nähili hormat.

Indiki dört güni biz bile geçirdik. Pýotr özünde bolup geçen zatlary başdan aýak gürrüň berdi. Ol gürrüňi Sudandan uçmak üçin aeroporta ugranyndan, ýöne uçuşa geçmäge rugsat edýän talony alanda, ýurduň howpsuzlyk gullugynyň işgärleri tarapyndan tutulanyndan başlady. Şol gün ol gürrüňi “Kober” türmesiniň howlusynda mezmur okap otyrka, sakçylaryň biriniň gelip: “Pýotr, seni goýberýärler!” diýen ýerinde tamamlady.

Pýotryň şaýatlygynda täsin ýerler şeýle köpdi: igilçi kameradaşlary mesihini gark edipdiler diýen ýalydy, ýöne Hudaý ony halas edýär, Pýotryň bagtyna ony ýekelikde oturylýan kamera geçiripdirler, ol telefon üsti bilen maşgalasy bilen yzygiderli gürleşip durupdyr.

Ýöne öz durmuşynyň üsti bilen ony Hudaýyň bu tussaglyga bu waka bolmazdan has öň taýýarlandygy onuň şaýatlygynyň iň aňk ediji bölegidi. Çagalykdan başlap, kommunistik ýurtda yzarlanylýan ruhy çopanyň maşgalasynda ulalanyndan başlap, yzarlanylýan mesihilere kömek berme maksady bilen dünýä syýahat edende, Pýotr yzarlanmalar içinde nädip berk durmalydygyny uzak wagtlap hem netijeli öwrenýär. Üstesine-de, Hudaý ony ýene bir üýtgeşik usul bilen — düýş arkaly taýýarlaýar.

Pýotr Sudana gitmezinden iki ýyl öň düýş görýär, düýşünde ol özüni türmede aýdyň görýär. Ol kameranyň gapysynyň tarkyldap ýapylanyny we gulpunyň şakyrdanyny anyk eşidýär. Şonda ol düýşünde türmede uzak wagtlap bolmajakdygyna düşünipdir. Düýş şeýle hakyky, şeýle çuň bolupdy welin, hatda ertesi gün irden ýygnaga gelende, Pýotr şeýle birahat görünýärdi. Muny gören mesihi dosty ondan: "Pýotr, näme bolýar?" — diýip sorapdy.

Mundan iki ýyldan gowrak wagt geçenden soň, Pýotryň Sudanda tussag edilen güni, ony içalylyk we howpsuzlyk Milli gullugynyň ştab-kwartirasyna alyp gitmezlerinden öň, ony 24 sagatlap sorag edýärler. Kamera bir adama niýetlenendi, ýöne ol ýerde alty adam bardy. Biri krowatda, bäşisi ýerde ýatýardy. Polda ýatanlar, Pýotra ýer bermek üçin süýşüpdirler.

Pýotry kamera içalylyk gullugynyň işgäri alyp geldi. Şonda Pýotr ýapylyp barýan gapa seredende, pikirinde özüniň düýşüne gaýdyp gelýär. Bu onuň düýşünde *gören şol gapysydy.* Şol bir reňkdedi. Ortasynda edil şunuň ýaly kiçijik äpişgejik bardy. Gapy ýapylanda, şol düýşdäki şakyrdaýan ses eşdildi. Pýotr baryp iki ýyl mundan ozal özüni Hudaýyň bu kamerada bolmaklyga taýýarlaýanyny bilýärdi.

Bu Pýotryň şaýatlygyndaky köp sanly tolgundyryjy pursatlarynyň biri bolupdy. Onuň Sudandaky türmede 14 aýlap gören zatlaryna we ony Hudaýyň ysytma ýokuşmasyndan goraýşyna men entegem haýran galyp ýörün. Men Sudanda bary-ýogy *alty gün* boldum we öýe bu ýigrenji kesel bilen gaýdyp geldim!

Pýotr türmä salnanyna dört aý geçenden soň, kameradaşlarynyň birnäçesini Mesihe getiren güni hakda gürrüň berdi. Şoňa çenli ol gaýgyly hem aladaly bolupdy, türmede ýene näçe wagtlap bolmalydygyny Hudaýdan sorapdyr. Ýöne şol günden soň, töweregindäkilere ruhy taýdan täsir etmäge Hudaýyň mümkinçilik berýändigini görende, onuň pikiri doly üýtgedi. Onuň "näçe wagtlap bolmalydygy" baradaky dogasy "men bu ýerde Sen näçe wagtlap galmagymy isleseň, Sen bu ýerde maňa gulluk etmegi näçe wagtlap berseň, şonça-da galaryn" diýmeklige çenli üýtgedi.

Pýotr Hudaýyň Sözüne nähili güýçli teşne bolandygy, ýöne ahyrsoňy oňa Mukaddes Kitap almaga rugsat edendikleri hakda gürrüň berdi. Ony okamagyň ýeke-täk usuly — kameranyň äpişgesinden içeri düşýän çalaja Gün şöhlesini tutjak bolup onuň öňünde durmakdy, şonuň üçin ol şol ýerde ertirden günortana çenli durup, Mukaddes Ýazgydan nebsewürlik bilen ganýardy. Ol tutuş Mukaddes Kitaby üç hepdäniň dowamynda okap boldy!

Hudaýyň Pýotra türmede beren gullugy ösdi. Ony başga türmä geçirdiler, ol ýerde Hudaýa doga edilýän otag bardy. Ol ýerde Pýotr ýüzlerçe tussaglara Injili wagyz edip bilýärdi. Indi ol muňa taýýardy, sebäbi Hudaýyň Sözünden iýmitlenip geçirýän sagatlary oňa wagyz üçin tema berýärdi.

Pragadaky gürrüňdeşlik wagtymyz ahyrlady. Şonda men Hudaýyň täsin ýol bilen Pýotry we onuň aýalyny hem çagalaryny — bu synaga üýtgeşik usulda taýýarlaýşyna, şeýle hem, ony goldanyna we bu synaga hötde gelmäge kömek edenine haýran galdym.

Men öýe gelenimde, Şarlotta Pýotryň ýagdaýynyň nähilidigini sorady. Birnäçe aýyň dowamynda biz onuň üçin Hudaýa doga

edipdik we ikimizem onuň nähili görgüleri görýändigi we munuň oňa nähili täsir edendigi hakda öz-özümize sorag berýärdik.

“Diýseň gowy! — diýip, men aýtdym. — Pýotr öňküligine galypdyr. Ýöne indi ol Hudaýy has köp söýýär”.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Pýotr ýene Hudaýyň halkynyň eden dogalarynyň özüne türmede ýeňillik getirendigini maňa gürrüň berdi. Her gije dokuzda, türmede çyra söndürilen badyna, özüniň derrew uklap galýandygy ony haýran galdyrýardy. Öýüne gelende ol ýygnagynyň agzalarynyň her gije sagat sekizde bar işlerini taşlap, Pýotr — onuň howpsuzlygy, asudalygy we saglygy üçin Hudaýa doga etmegi özlerine borç edinendiklerini bildi. Birden Pýotr özüniň asuda ukusynyň sebäbine düşündi: Çehiýada agşam sekiz — Sudanda dokuz. Her gün agşam onuň — töweregindе näme bolýandygyna garamazdan uklap bilmegi, hut şol wagtda onuň üçin doga-dileg edýändikleriniň netijesi bolupdy! Her gün agşam Pýotr ýaly, Mesihe bolan imany üçin türmede oturan mesihiler üçin her gije doga-dileg etmekligi özüňize borç edinip alyň. Siz olaryň atlaryny we taryhlaryny biziň saýtymyzdan tapyp bilersiňiz (we olara hat ýazyp bilersiňiz). Telefonyňyza ýatladyjy jaňy gurnaň ýa-da olaryň suratlaryny goýuň, ýa-da Hudaýa doga edilmeli kartoçkaňyzy Mukaddes Kitabyňyzyň içinde ýa-da sowadyjynyň ýüzünde goýuň, şeýdip, her gün Hudaýa doga etmek kararyna geliň we Pýotryň gürrüňinden öz dogalaryňyzyň nähili ähmiýetiniň bardygyny ýada salyň!

### Doga-dileg etmek

“Ýa Reb, öz durmuşymda we Hudaýa doga edýän adamlarymyň durmuşynda doga etmäniň güýjüni hiç haçan hasapdan aýyrmazlygyma kömek et. Durmuşda duş gelmeli bolýan zatlarymyza bizi taýýarlanyň

we olaryň hemmesi üçin güýç berýäniň üçin Saňa minnetdar. Bar umydymy Saňa baglap, batyrlyk bilen öňe gitmäge maňa kömek et. Goý, meniň duş gelýän kynçylyklarym, Pýotr ýaly, Seni has köp söýmegime ýardam etsin. Omyn".

## Siziň gündeligiňiz

## Meniň gündeligimden

Pýotr azatlyga çykmazynyň öň ýanynda dostlary 14 aýlap türmede oturanyndan soň nähili bolduka diýip alada edýärler. Türme oňa nähili täsir etdikä? Türmäniň ýowuz şertleri onuň aklyna we tenine nähili zyýan ýetirdikä? Indi men olara türmäniň Pýotra hiç hili "zyýan ýetirmändigini" uly şatlyk bilen habar berip biljek. Ol şol Pýotr... Ýöne ol indi Hudaýy öňkülerine garanda, has köpräk söýýär! Onuň bilen wagtymy bile geçirmek nähili ýakymly boldy!

## Interwýu

Pýotr Ýeşeka bilen söhbetdeşligi siz "Ejir çekenleriň sesiniň" saýtyndan, www.vom-ru.org "Ejir çekenleriň sesi" Radiosy bölüminden tapyp bilersiňiz.

## YZARLANYLÝAN MESIHILER ÜÇIN DOGA EDIŇ

Hudaýyň Özüniň Mukaddes Ruhunyň üsti bilen biziň yzarlanylýan doganlarymyza özleri üçin doga edilýändigini bildirmegi üçin doga etmegi diýseň gowy görýärin.

Pýotr Sudandan öýüne gelende, her gije ol ýatjak bolan wagtynda, özi üçin Hudaýa doga edilendigini bildi. Şeýle hem, men bilelikde edilýän güýçli doga Hudaýyň basym jogap berýändigini eşitdim.

Bir gezek men Filippinden bolan missioner hem radikal musulman toparlary tarapyndan ýesirlige alnan aýal Grasiýa Bernhemden, ýesir alnan wagtlarynda, özi we adamsy Martin üçin Hudaýa nähili doga edendiklerini soradym.

Özleriniň ýesirlikde bolan uzak wagtynyň dürli pursatlarynda adamsynyň oňa seredip: “Edil şu wagt kimdir biri biziň üçin doga edýär!” diýýänini gürrüň berdi. Başga ýagdaýlarda hem ol adamsyna hut şeýle diýýärdi. Olar nähildir bir gudrat bilen muny bilýärdiler!

Yzarlanmalara duçar edilen mesihiler — siz Hudaýa doga edýän wagtyňyzda özleriniň ýatdan çykarylmandyklaryny we edil şu wagtda kimdir biriniň özi üçin doga edýänini biler ýaly, ŞU GÜN DOGA-DILEG EDIŇ.



## 18-NJI GÜN



# HUDAÝYŇ MEÝILNAMASYNA BEGENMEK

“Amyttaý ogly Ýunusa Rebbiň sözi geldi: “Hany bol, Ninewä — ol beýik şähere git-de, onuň halkynyň günäkärdigini jar et, çünki olaryň betpälligi Maňa aýan boldy. Ýöne Ýunus Rebbiň nazaryndan gaçyp, Tarşyşa gitmek üçin ýola düşdi. Ol Ýopa şäherine gelip, Tarşyşa gidýän bir gämi tapdy. Gäminiň ýol kireýini töledi we Rebbiň nazaryndan gaçyp, Tarşyşa gitmek üçin, ol gämiçiler bilen bile gämä mündi”.

**ÝUNUS 1:1–3**

.............................................

*Iordaniýa, 2016-njy ýyl*

Ruhy çopan Akil Iordaniýada hoşhabar ýygnagyna baştutanlyk edýär. Bu ýurt Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň köpüsi ýaly, ýüz göterim diýen ýaly, musulman ýurt bolup durýar. Akiliň ýygnagy bikanun däl, ýöne, elbetde, töweregindäkileriň

arasynda meşhurlykdan peýdalanmaýar. Ýygnakda gulluk edýäni sebäpli — aýratynam, musulmanlar bilen islendik işi geçirýäni sebäpli — haýbat atylmalar we basyş edilmeler, olaryň durmuşynyň bir bölegi bolup durýar.

Goňşy ýurt bolan Siriýada raýatlyk urşy turup, bu ýurdy içinden weýran edenden soň, onlarça bosgunlar Akiliň ýurduna geldiler. Akil olaryň gözgyny ýagdaýyny bilip, ol ýurtlar nähili aýylgançlyklary görmeli bolandyklaryna akyl ýetirdi. Ýöne onda ähli wagtyny diýen ýaly alýan gullugy bardy: ol ýygnaga ýolbaşçylyk edýärdi. Üstesine-de, ol musulmanlar bilen işleşeni üçin eýýäm basyşlara we haýbat atylmalara duş gelip görüpdi.

Bir gün siriýaly bosgunlara kömek edip başlamaga ýardam bermek üçin, ýygnagyna bir adam jaň edip, maliýeleşdirmegi teklip etdi. Akil mylakatly jogap berip: “Sag boluň. Meniň jogabym: ýok!” — diýdi. Onuň gündelik iş tertibi şeýle-de doludy. Ol täze gullugam, öz kalendaryny doldurmak üçin täze mümkinçilikleri-de gözlemedi.

Emma Akil bosgunlar üçinem, gulluk etmäniň bu mümkinçiligi üçinem öz ýüregini ýapmazlyga Hudaýyň çagyrýandygyny diýseň açyk duýdy. Akil Hudaýa doga edip, gijesini ukusyz geçirdi. Ilki ol Hudaý bilen jedelleşip, Oňa özüniň gullukda-da ýüküniň ýetikdigini düşündirmäge synanyşdy. Ýöne ruhy çopan ertire çenli dogry karara gelip, bosgunlara gullugy maliýeleşdirmegi teklip eden adama jaň etdi. Ol: “Hawa, eger siziň teklibiňiz entegem güýjünde bolsa, men kömegi gurnamaga taýýar” — diýdi.

Şeýdip, Akiliň bosgunlara gullugy başlandy. Ol öz ýygnagynyň beýleki agzalary bilen bile müňlerçe bosgunlaryň wagtlaýyn ýaşaýan gonalgalaryna, çadyrlaryna, gurlup gutarylmadyk jaýlaryna, garaz, gaçybatalga tapan ýerleriniň hemmesine aýlandy. Olarda güzeranyny dolar ýaly gazanç etmäge mümkiinçilik ýokdy. Olaryň çagalaryna-da ýerli mekdeplerde “gel” diýmeýärdiler.

Bosgunlar dürli dinleriň wekilleridiler. Olaryň käbirleri - galp hritstiandylar, käbirleri hem — ýezitlerdi, başga birleri — şaýylardy,

ýene birleri — sünnilerdi. Olary diňe bir zat birikdirýärdi: olar çykgynsyz ýagdaýdadylar, öýlerinden uzakdadylar we güzeranyny dolandyrmaga serişdeleri ýokdy.

Ynsanperwerlik kömegini bermekden başga-da, Akil bilen onuň ýygnagyndaky beýleki mesihiler, her gezek Isanyň — Isa al Mesihiň — ady bilen dileg edýändiklerini düşündirip, adamlar üçin doga etdiler. Doga edilmeginden boýun towlan adamyň örän seýrek bolmagy olary diýseň haýran galdyrdy. Galyberse-de, bosgunlar kömege aňry ýany bilen mätäçdiler, şol sebäpden hem, näme üçin kömegi, iň bolmanda, Isadan soramaly dälmişin?!

Bir gün Akil öz kömekçileri bilen çagalary bolan bir aýalyň öýüne bardy-da, olar üçin Hudaýa doga etmegi teklip etdi. Ene razy boldy-da, ýürekdäki dogabitdi kemçilikden ejir çekýän oguljygynyň saglygy üçin doga etmäge rugsat etdi. Ruhy çopan bilen beýleki mesihiler bu maşgala üçin *Isa al Mesihiň* ady bilen doga etdiler-de, öýden gitdiler we beýleki maşgalalara kömek etmeklerini dowam etdirdiler. Günüň ahyrynda olar özleriniň şäherine gaýdyp geldiler.

Birnäçe gün geçenden soň ruhy çopanyň telefony jyňňyrdady. Kömek alan we ogly üçin topar bolup Hudaýa doga edilen ene jaň edýärdi.

— Maňa oglum üçin eden dogaňyzy ýazyp beräýiň-dä! — diýip, ol aýal trubkada ýüzlendi.

Ruhy çopan hiç zada düşünip bilmedi.

— Bolýar, men şol dogany ýazyp bilerin diýip pikir edýärin. Ýöne, aýtsaňyzlaň, ol size nämä gerek?

— Oglum doglaly bäri ýüreginde bar bolan sesler ýok bolup gitdi! Lukmanlar onda haçan hem bolsa bir wagt ýüreginde meseläniň bolandygynyň alamatyny hem görmeýändiklerini aýtdylar! Maňa şol dogany ýazyp bermegiňizi isleýärin, sebäbi men beýleki çagalarym üçin hem şol dogany okamak isleýärin.

Musulmanlara Allatagala haçan we näme diýmelidigi takyk bellenilen. Bu aýal öz ogluna Isanyň şypa bereniniň şaýady boldy. Ol Isanyň hakykatdan hem jogap berýändigini gördi. Şonuň üçin

indi ol diňe Oňa doga etmek isleýärdi. Ol Mesihe dogry sözleri aýdýandygyna ynamly bolmak isleýärdi!

Akil şatlykly ýylgyrdy-da, oglanjygyň ýüregine şypa bereni üçin Rebbe minnetdarlyk bildirdi. Akil enä oglunyň sagalmagy üçin üýtgeşik sözleri aýtmandygyny düşündirdi. Oglanjygy aýdylan sözler däl-de, sözler Kime aýdylan bolsa, Şol bejerdi. Hudaýyň ogly Isa Mesih, ýagny Akil aýalyň ogly üçin Kime ýüzlenen bolsa Şol, dogalary eşidip, olara jogap berdi we oglanjygyň ýüregine şypa berdi.

*Isa al Mesihiň*, dogalary eşidip, olara jogap Berýäniň, yzyna eýerme kararyna gelmek üçin bu enä köp wagt gerek bolmady.

Akil bu wakany gürrüň berende, birazajyk utandy, sebäbi ol Hudaýa garşy çykypdy, öz üstüne ýene bir gullugy alardan aşa işlidigini aýdypdy. Mundan başga-da, onuň öz ýurdunyň adamlary Hudaýa mätäçdiler. Hudaý siriýalylara gulluk etmek üçin başga birini goýberip bilmeýärmikä?

Siriýaly bosgunlar üçin jogapkärçiligi öz üstüne alandan soň Akil Hudaýyň nähili täsin usulda hereket edýänini gaýta-gaýta gördi. Musulman bosgunlary özleriniň dindeşleriniň olara kömek etmek islemeýändikleri lapykeç edýärdi. Mesihiler bolsa, kömege geldiler. Akil Hudaýyň eliniň hereket edýändigini gördi. Ol Hudaýyň köplenç diňe özüne başardýan gudratly usulda, adamlaryň mätäçliklerini üpjün edýändigini gördi. Ol syrkawlaryň sagalýanyny gördi. Musulmanlaryň — hatda yslam ýolbaşçylarynyň hem Isanyň yzyna eýermek üçin yslamy terk edýändiklerini gördi. Beýle ýagdaý ýylda bir gezek däl-de, her gün bolup durýardy we adaty, garaşylýan diýen ýaly hadysa bolupdy.

Akiliň bosgunlara gulluk edip geçiren wagty, özüniň hepdedäki iň gowy wagty bolupdy. Hut şol gulluk oňa has uly kanagatlanmany getiripdi. Hut şol gullugyň üsti bilen Hudaý has açyk we güýçli hereket edipdi. Ruhy çopan gaça durjak bolan gullugynda, indi iň ýokary lezzeti hem şatlygy duýýardy.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Akile ilki siriýaly bosgunlara gulluk etmek üçin mümkinçilik — maliýeleşdirme tekilp edenlerinde, ol: “Sag boluň, ýöne ýok” — diýip jogap berdi, sebäbi bu onuň meýilnamalaryna gabat gelmeýärdi. Şeýle-de bolsa, Hudaý onuň pikirini üýtgedip, Öz çagyryşyna: “Hawa, Rebbim” diýmegine kömek etdi. Wagtyň geçmegi bilen hut şu gulluk Akil üçin has hasylly we kanagatlanma getiriji boldy.

Elbetde, Hudaýyň çagyryşyna diňe Akil beýle jogap bermedi. Ýunus hem Hudaýyň çagyryşyndan gaçdy (has takygy, ýüzüp gitmäge synanyşdy). Musa: “Ýa Reb! Başga birini goýber!” — diýip doga etdi (Gelip çykyş 4:13). Biz durmuşda özümize kimdir biriniň teklip edýän her bir mümkinçiligine “hawa” diýip bilmeýäris. Ýöne Hudaý bizi anyk gönükdirende, biz Onuň çagyryşyna jogap bermek kararyna gelmelidiris.

Belki, Hudaý siziň öňüňizde siziň girmek islemeýän gapyňyzy açandyr? Belki, Ol sizi nämedir bir zada çagyrandyr, siz hem: “Ýok, sag bol” diýensiňiz? Munuň üstünde pikirlenmek üçin wagt tapyň. Özüňizi “hawa!” diýmekden nämäniň saklaýandygyny ýazyň. Pikirlenip görüň, belki, Hudaý size Öz eliniň güýçli usulda hereket etjek ýoluny — siziň pikir edişiňizden has ýokary bolan şatlyga hem kanagatlanma alyp barýan ýoly teklip edýändir.

### DOGA-DILEG ETMEK

“Gökdäki Atam, meniň gitmeli ýolumy görkez, maňa Seniň sesiňi eşitmäge, Seniň islegiňi bilmäge we mydama çagyryşyňa “hawa” diýmäge taýýar bolmaga kömek et. Öz gatnaşýan gulluklarymda Seniň güýjüňi görmekligi we islendik ýagdaýda töweregimdäkiler üçin Seniň wekiliň bolmaklygy ber. Omyn”.

## Siziň gündeligiňiz

## Meniň doga edýän gündeligimden

Ine, sapardaky meniň üçin aýratyn wajyp bolan birnäçe pursatlar:

- Bosgunlaryň Hoş Habary kabul etmäge açyklygyny eşitmek. Kömek edýän mesihiler bosgunlara özleri üçin Mesihiň ady bilen doga etmek isleýändiklerini aýdýarlar. Olardan örän az adam ýüz öwürýär. Kopleriň şypa alandyklary, gudratlar we Mesihe gelendiklerini eşitmek nähili gudrat!
- Öz içine medisina we stomotologiýa klinikasyny, mekdebi we professional taýýarlygy alýan bosgunlara kömek beriji gulluga baryp görmek. Şol sebitdäki ýeke-täk bolan bu gulluk her hepdede ýüzlerçe janlary halas etdi, "Ejir çekenleriň sesine-de" onuň bilen hyzmatdaşlyk etme bagty miýesser etdi.
- Siriýaly bosgun aýalyň we onuň iki çagasynyň öýüne barmak. Bu ýüregiňi paralaýjy sapar bolupdy, sebäbi bu musulman aýalda hiç hili umyt ýok ýalydy. Ony adamsy taşlap gidipdi, çagalary-da Siriýada gören zatlary sebäpli şikeslenendiler. Ýöne ol özüne gatnaşyk hem kömek teklip eden ýygnak agzalaryna duş gelenine begendi. Gitmezden öň biz Hudaýyň ony söýýändigini we Hudaýyň onuň hem çagalarynyň aladasyny edýändigini bilmegi üçin doga etdik.





## 19-NJY GÜN

# TÜRMEDÄKI MUKADDES KITAP

“Şoňa görä-de, kim Isa Mesihe degişli bolsa, ol täze ýaradylyşdyr. Könesi geçip gitdi, indi täzesi geldi!”.

**2 KORINTOSLYLAR 5:17**

.........................................................

### Türkiýe, 2016-njy ýyl

“Meniň kakam şeýle hoşhabarçydy welin, eger ol bu duz gabyna şaýatlyk etse, onda ol hem toba geler!”

Biz Stambulyň Ýewropa bölegindäki köp gatly jaýyň ýokarsyndaky restoranda stoluň başynda oturdyk. Ol ýerden hemme tarapdan diýseň owadan, ýüregiňi joşduryan görnüş görünýärdi. Kelläňi çalaja aýlasaň, mukaddes Sofiýanyň soboryny ýa-da Mawy metjidi, ýa-da gämiler ýüzüp ýören Bosfory görüp bolýardy.

Biziň duşuşan maşgalamyz — ejesi, kakasy, uly ogly we onuň aýaly hem-de olaryň ýetginjek gyzy — birnäçe aý mundan ozal Eýrandan gaçyp gelipdi.

Kakasy, Homaýun, neşekeşlikde dünýädäki iň ýokary gökezijini görkezýän ýurtdakylaryň köpüsi ýaly, Eýranda umydyny ýitiren neşekeşdi. Düýşünde oňa Isa görnüpdir. Şondan soň ol oýananynda, heläkçilige alyp barýan baglylygyndan azat bolupdy. Onda indi neşe ulanmaga asla isleg bolmandyr. Bu gudrat Homaýuny Isanyň ýöne bir pygamberden has uludygyna, aslynda Onuň Hudaýyň Ogludygyna ynandyrdy. Biziň bilen gürleşýän Hudaýyň Ogly bize-de şypa berýär! Şonuň ýaly Hudaýyň yzyna kim düşmek islemez?!

Şondan bäri Homaýun neşe ulanmandyr, onuň saglygy-da gowulaşdy. Ýöne ruhy üýtgeşmeler has-da göze ilýärdi.

Adamsynyň neşäni taşlap, indi özüne öňküsinden has gowy gatnaşykda bolýanyny gören Homaýunyň aýaly gaty begenendir diýip çaklamak bolar. Emma tersine onuň aýaly gazap atyna münüpdir. Adamsy nädip ony we bütin maşgalasyny beýle masgaraçylyga salyp bildi?! Ol nädip yslamy goýup, Isanyň yzyna eýerip bildikä?!

Maşgala aýalynyň Homaýundan aýrylyşmagyny talap etdi, ýöne onuň aýaly nikasyny bozmaga taýýar däldi. Ol Homaýuny wagtlaýyn terk etdi, ýöne onuň durmuşyndaky göze görnüp duran üýtgeşmeler kem-kemden aýalynyň ýüregini eretdi. Ahyrsoňunda ol hem Isanyň yzyna eýerme kararyna geldi. şeýdip, olaryň Eýranyň bir şäherindäki öýi Hoş Habaryň nury boldy. Homaýun neşekeşlere özboluşly garaýardy. Ol olaryň her biriniň Mesihe gelmegini ýürekden isleýärdi. Ol olara kömek elini uzadyp başlady, şondan soň olaryň Mesihi kabul edip, neşäni taşlaýyşlaryny gördi.

Homaýun dogabitdi hoşhabarçydy. Onuň edýän her bir gürrüňi iman we Isanyň dogalara jogap berýän Hudaýdygy baradaky tema syrygýan ýalydy.

Ofisiant çaý getirdi. Ol biziň bulgurlarymyzy dolduryp, stoluň üstüne gant kubiklerini goýuşdyranda, gürrüň bir pursatlyk kesilen ýaly boldy. Goňşy jaýyň üçeginde ak çarlak otyrdy.

Neşekeşlere kömegiň berilmegini ýerli häkimiýet goldaýar diýip pikir etmegiňiz mümkin. Ýöne Eýranda beýle däl, aýratynam, gep Isa hakda barýan bolsa. Polisiýanyň we dini wekilleriň nazarynda Homaýun neşekeşlere kömek etmeýärdi. Ol dinden çykmaga yrýardy, bu bolsa — bu ýurtda yzy bilen türme tussaglygyny ýa-da, hatda, ölüm jezasyny hem alyp gelip bilýän agyr jenaýatdy. Şeýdip, Homaýun türmä düşýär.

Türmede Homaýunyň Mukaddes Kitaby ýokdy. Ol ýerde Homaýun başga mesihiler bilen tanyşdy, olar hem Mukaddes Kitap zerurlygy meselesini derrew çözdiler. Her bir tussag mesihä arassa bloknot berildi. Olar oňa tussag edilmezinden öň ýat tutan aýatlaryny ýazmalydy. Homaýunyň türmede geçiren üç ýylynyň dowamynda bu ýazgy kitapçasy onuň (we beýleki tussaglar) üçin Mukaddes Kitap boldy.

Ýöne Homaýun maşgalada imany üçin görgi gören ýeke-täk adam däldi. Ol tussag edileninden soň, onuň aýalyny-da tutdylar, sebäbi aýaly olaryň öý ýygnagyna ýolbaşçylyk etmäge gatnaşýardy we başga aýallary Mesihe getiripdi. Olaryň ogly Haýdar özüniň on sekiz ýaşyny türmede “belledi”, sebäbi ol hem eýranlylara öz kakasyny neşeden doly halas eden Isa hakda şaýatlyk edipdi.

Türmeden boşanyndan soň Homaýun öz üstüne Hudaýyň ýüklän gullugyny dowam etdirdi. Ýöne ony alyp barmak has kynlaşypdy. Häkimiýet wekilleri onuň her bir ädimini yzarlaýardylar, şonuň üçin bu işi dowam etdirmek başga mesihilere howp abandyrýardy.

Maşgala ýüregindäki agyr gussa bilen Eýrandan gitme kararyna geldi. Olar Türkiýä geldiler. Bu ýerde olar aç-açan işlemäge rugsat almak üçin uzaga çeken immigrasion prosesi geçmeli boldular.

Şeýle-de bolsa, Homaýun ýurtdan gaýdany bilenem, onuň eýranlylara gulluk etmesi bes edilmedi. Ol her gün agşam kompýuteriň ekranynyň öňünde oturyp, Eýrandaky mesihiler bilen wideoçatda gürleşdi. Ol ýygnak ýolbaşçylaryna we agzalaryna öwütler berdi we olary jan derejesinde wajyp bolan gullugy dowam etmäge ruhlandyrdy.

Hoşhabarçy ýurtdan gideni sebäpli Hoş Habary wagyz etmegini dowam etdirmeýär. Homaýun sözlük ätiýaçlygyny türk sözlerinden derrew dolduryp — azyk harytlary dükanlarynda, restoranlarda we Mesihe mätäçlere duş gelen ýerleriniň hemmesinde — türklere Mesihi wagyz edip başlady. Bu zatlar hakda gürrüň berende we gürrüňi ene-atasy tarapa sowanda Haýdar öz kakasynyň Mesihe hatda duz gabyny hem getirip bilýändigini aýdyp öwündi!

“Şeýlelikde, siziň geljegiňiz nähili?” — diýip, biz olardan soranymyzda, maşgalanyň BMG-dan bosgun statusyny almak boýunça işleriň gidip durandygyny we Günbatara göçjekdiklerini gürrüň bererine garaşdyk. Olaryň jogaby bizi haýran galdyrdy: olar Eýrana gideris diýip umyt edýärler. Hawa, olar öz halkynyň arasyna, özlerini türmä salan we yzarlan döwlete gaýdyp gitmek isleýärler. Olar ony ýigrenmeýärler. Olary yslam häkimiýetiniň wekilleriniň türmelere salan millionlarça eýranlylaryň ykbaly biynjalyk edýärdi, şol adamlar özlerine olary halas etmäge we olara şypa bermäge-de, olar bilen gatnaşykda bolmaga teşne bolan Halasgär hakda gürrüň berilmegine mätäç.

Hoşhabarçylyk ýüregi bolan adam öz ýurdunda entegem şeýle iş köp bolan ýerden Günbatara nädip gitsin?!

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Isa siziň durmuşyňyzy nähili üýtgetdi? Siziň “Mesihden öňki” köne tebigatyňyzyň nähili bölekleri aýryldy? Siz nädip “täze ýaradylyş” bolduňyz? Diňe bir gutulyş alanyňyzdan soň däl, eýsem, şu wagt hem. Isa sizi soňky on iki aýda ýa-da soňky alty günde nähili üýtgetdi? Sizi Özüne has meňzeş etmek üçin Isa edil şu wagt durmuşyňyzyň haýsy ulgamynda işleýär, haýsy ulgamyny dikeldýär? Öz gündeligiňize Hudaýyň özüňizi nähili üýtgedendigini, ýanýoldaşyňyzyň ýa-da ýakyn dostuňyzyň sizde nähili üýtgeşmeleri görüp bilýändigini ýazyň.

Soňky döwürde şol üýtgeşmeler hakda kimdir birine gürrüň berdiňizmi? Siz adamlary Mesihi kabul etmelidigine ynandyrmaga synanyşýan wagtyňyzda olaryň siziň logikaňyz bilen ylalaşmazlyklary, Mukaddes Ýazgynyň at-abraýy we beýleki aňly garaýyşlaryň serişdeleri babatda jedelleşmekleri mümkin. Ýöne siziň tejribäňiz, şahsy şaýatlygyňyz, durmuşyňyzda bolup geçen zatlar babatda jedelleşmek olara kyn bolar. Homaýun köp ýyllaryň dowamynda özüniň neşekeş bolandygyna, soň hem Isa duş gelendigine, neşä baglylygyň şobada ýitip gidendigine şaýatlyk edýär. Munuň bilen kim jedelleşip biler? Kim şol Isa bilen duşuşmak islemez?

Isadan şu hepdede Özüniň siziň durmuşyňyzda nähili hereket edýändigini kimdir birine gürrüň bermäge mümkinçilik bermegini haýyş ediň.

## Doga-dileg etmek

"Rebbim Isa, Homaýun ýaly batyr hoşhabarçylaryň bardygy üçin Saňa minnetdar. Meniň durmuşymda döredýän täsin üýtgeşmelere akyl ýetirmegime we şu hepdede Seniň meni nähili üýtgedendigiň hem-de meniň Saňa has köpräk meňzeş bolmagym üçin meni üýtgetmegi dowam edýändigiň hakda kimdir birine şaýatlyk etmegime kömek et.

Haýyş edýärin, Eýrandaky aýal hem erkek doganlarymy gora we mümkin boldugyça köpräk eýranlyny Saňa bolan imana getir. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň Hudaýa doga etme gündeligimden*

Meniň saparym gaty gowy geçdi! Ol has agyr ýerlerde ruhy söweşiň öň hatarynda Mesihe gulluk edýän doganlarym bilen ajaýyp duşuşygy getirdi, şeýle hem, bütin dünýäde meşhur bolan ajaýyp taryhy ýerleri görmäge mümkinçilik berdi.

Eýrandan bolan maşgala bilen duşuşmaklyk bu saparyň iň gowy ýeri boldy. Maşgalanyň kakasy üç ýyldan gowrak wagtyny, ejesi bir ýyla golaý wagtyny türmede geçirdi, hatda olaryň ogluny-da, ene-atasyny jezalandyrmak üçin, mesihilik imany sebäpli türmä saldylar (ol on sekiz ýaşyny türmede "belleýär"). Kakasy on üç ýyllap neşekeş bolandan soň Isa ony halas edýär. Ol türmede beýleki neşekeşlere, hatda ölüme höküm edilenlere-de gulluk edýär. Ol adama ak pata bermek üçin Hudaýyň ejirleri nädip ulanýandygyna düşünendigini aýtdy.





## 20-NJI GÜN

# “BIZ HEMME ZADY BILÝÄRIS”

“...Mesihiň hatyrasyna Oňa diňe iman getirmek däl, eýsem, Onuň ugrunda görgi görmek hem size berlendir”.

**FILIPILILER 1:29**

..............................................

### Hytaý, 2010-njy ýyl

Bir gezek Hytaýda meniň “Ejir çekenleriň sesiniň” ýurda Mukaddes Kitap getirmek boýunça hyzmatdaşlarynyň biri bilen duşuşygymy gurnadylar. Duşuşanymyzda onuň öz adyny aýdany aýtmany ýa-da onuň adyny ýatdan çykaranym, ýa-da ony basymrak ýatdan çykarmak üçin ýazmanym, birden ýazgylarym elimden alnaýan ýagdaýynda, onuň ady ýazgylarymda agzalmasyn diýip ýazmanym hem ýadyma düşenok. Men oňa Si diýjek, ýöne, ynanaýyň, ol Hytaýyň prezidenti däl!

“Ejir çekenleriň sesiniň” köp ýurtlardaky yzarlanylýan mesihilere gulluk etmeginiň bir usuly-da, olary Hudaýyň Sözi bilen üpjün etmekdir. Olaryň özleri üçin Hudaýa doga etmegi haýyş

etmeklerinden soňky ikinji haýyşlary, Hudaýyň Sözüniň getirilmegi üçin Hudaýa doga etmegi soramaklarydy. Ýewreýlere hatyň awtory Hudaýyň Sözüniň "janly hem täsirlidigini" aýdýar (4:12), şonuň üçin biziň Mesih ugrunda görgi görýän doganlarymyz onuň elýeter bolmagyny isleýärler. "Ejir çekenleriň sesiniň" Hytaýdaky yzarlanylýan doganlarymyza edýän goldawy, mümkin bolan serişdeleriň hemmesini ulanyp, ýurduň sebitleriniň hemmesine Mukaddes Kitaby ýetirmekden ybaratdyr.

Jenap Si biziň ýanymyza gije geldi. Onuň ýanyna barmak biziň üçin örän howpludy. Ol şeýle rahat hem asuda görünýärdi welin, mende bu adam hiç zatdan gorkmaýar diýen pikir derrew döredi. Ol öz şaýatlygyny gürrüň berende, onuň näme üçin şeýledigine düşündim. Maşgalasynda yzarlanylma duçar edilýän onuň ýeke özi däldi.

1949-njy ýyldaky kommunistik agdarlyşykdan soň Siniň atasy öý ýygnagynyň ruhy çopany bolupdyr we Hytaýyň dürli böleklerinde missioner bolup, on ýyldan gowrak wagtyny türmede geçiripdir. Jenap Si atasynyň türmede bolan wagtynyň gysga bolandygyna bizi ynandyrmaga howlukdy, sebäbi şol döwrüň ýygnak ýolbaşçylarynyň köpüsi ýigrimi ýyldan köpräk wagtlaryny türmede geçiripdiler.

Siniň kakasy dýakon bolupdyr. Ony-da polisiýa ençeme gezekler tutupdyr. Meniň täze tanşym, entek çagaka, özleriniň ýaşan ýerinde maşynyň örän az bolandygyny gürrüň berdi. Şonuň üçin her gezek olar köçede maşyn görenlerinde, bu polisiýanyň Siniň kakasyny tutup alyp gitmäge gelendigini aňladýardy. Olaryň öýüne maşyn golaýlaşanda, kakasynyň polisiýa bölümine boljak "saparynyň" birnäçe güne ýa-da türmede hepdeläp bolmagynyň mümkindigi sebäpli, eşiklerini taýýarlap bermegini ejesinden asudalyk bilen haýyş edýänini gürrüň berdi.

Şonuň ýaly maşgalada ýaşan jenap Siniň hem Hudaýa gulluk etmesinde hiç hili täsin zat ýok. Bu gullugyň nähili baha düşýändigi oňa diýseň gowy mälim, şoňa görä-de, özi-de belli bir tölegi tölemeli

bolanda bu waka ony haýran hem galdyrmady, gaharlandyrmady. Mundan başga-da, ol yzarlanmalarda, hatda, bähbidem görýär.

“Yzarlamalar töweregindäki zatlaryň hemmesini arassalaýan oda meňzeşdir. Eger biz arassa altyn almak isleýän bolsak, onda ony oda salmaly bolýarys” — diýip, ol aýtdy. Mesihiligi günbatar dini, günbatar medeniýetiniň hemme zatlaryny meşhur hasaplaýan hytaýlylaryň arasynda mesihiligiň meşhur bolup barýandygyny ol aýtdy.

“Ýygnak üçin yzarlanmalaryň ak patasy, ýygnak kynçylyklara uçranda, onuň arassalanýandygyndadyr we onda diňe Hudaýa bagyş edilen adamlaryň galýandyklaryndadyr”. Şeýlelikde, yzarlanmalar Mesihe bolan imana çynlakaý garaýarlar. Şeýle çynlakaý seredýändikleri sebäpli tussaglyk ýa-da fiziki agyry olara sežde etmäge we töweregindäkilere Hoş Habary aýtmaga hiç hili päsgel bermeýär, mesihilik meşhur bolany üçin ýygnaga barýanlar bolsa, haýal etmän yza çekilerler.

Arassa, arassalanan altyndan doly ýygnak, düzgün bolşy ýaly, saklap bolmazak bolýandyr.

Jenap Si şonuň ýaly mesihileriň biri. Atasy hem kakasy ýaly, polisiýa ony-da birnäçe gezek tutdy we ol birnäçe gezek on bäş gije-gündiz “administratiw jezalandyryşda” oturyp çykdy. Men jenap Siden özüniň ilkinji gezek tutulyşy hakda sorap başlanymda, onuň jogap berip aýdan ilkinji sözi “artykmaçlyk” diýen söz boldy.

“Men ahyrsoňy atam ýaly boldum! Mende bolup geçen zatlaryň atamyň (türmäniň ady bilgeşleýin aýryldy) welaýatynda oturan türmesiniň örän golaýynda bolup geçmegi diýseň täsin zat. Hudaý meniň maşgalama bu artykmaçlygy berdi. Köp ýyllar mundan ozal atam bu ýerde Reb ugrunda ezýet çekdi. Bu gün bolsa, men bu ýerde. Munuň hormatdygyny men bilýärin. Meniň kakam hem muny hormat hasaplaýar. Ol: “Köp ýyllar mundan ozal men bu ýere atańy alyp gitmek üçin gelipdim, bu gün bolsa, şol welaýatdan seni alyp gidýärin” — diýdi. Soň hem: “Rebbim, sag bol. Men Saňa minnetdar!” — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

Jenap Siniň aýdan zatlaryna akyl ýetirmek üçin maňa wagt gerek boldy. Meniň ýurdumdaky ene-atalaryň haýsy, şol sanda özümem, öz çagalarymyzy tussag edip, türmä salandyklary üçin minnetdarlyk bildireris? Ýöne jenap Si şeýle düşündirdi:

> "Mesihilik — bu gatnaşykdyr, Hudaý hem hakykydyr, şonuň üçin biziň Onuň bilen şahsy gatnaşyklarymyz bar. Şoňa görä-de, biz: "Hudaý, biz Saňa ynanýarys" diýenimizde, bu ýöne bir sözler bolmaýar. Onuň özümize Beýik Tabşyrygy berendigini bilip, biz Oňa ynanýarys, şonuň üçin Oňa gulluk etmek biziň üçin ullakan hotmatdyr. Men bagtly bolmazlyga sebäp göremok. Bu, hakykatdan hem, Hudaýyň beýik ak patasydyr!
>
> Üstesine-de, adamlary imana getirip bolýar. Türmede bar umydyny ýitiren adamlar bar, olara ölüm howpy salynýar, olar tizara bu dünýäni terk edýärler. Bizde olara Injili öwretmäge we janlaryny dowzahdan halas etmäge mümkinçilik bar. Şol ajaýyp wagtda ilkinji gezek şonuň ýaly gudraty duýanymda, bu nähili ak pata bolupdy!"

Jenap Si türmä birinji gezek gideli bäri şonuň ýaly garaýşy saklap ýör. Bu gün ol özüniň Mukaddes Kitaby ýaýratma gullugynyň türmä üç ýyllap ýa-da ondan-da köpräk wagtlap, gaýdyp barmagynyň sebäbi bolup biljegini bilýär. Emma bu sebäpli ol ukusyny ýitirenok.

"Yzarlanmalar we görgüler, olardan gizlenmek mümkin däl. Eger siz hakyky mesihi bolsaňyz, onda sizi yzarlarlar. Eger takwa adam bolmak isleseňiz, onda sizi hökman yzarlarlar" (2 Timoteos 3:12 seret).

Mundan başga-da, eger biz Rebbe gulluk etmek kararyna gelsek, häzir bolmasa-da, haçan hem bolsa bir wagt bizi, elbetde, yzarlarlar".

Biz gürrüňi gutaryp hoşlaşdyk, soň jenap Si gitdi. Onuň daşlaşyp barýan kölegesi garaňkynyň içinde derrewjik gaýyp bolup

gitdi. Ol öz maşgalasyna we gullugyna gaýdyp bardy, onuň täze yzarlanmalara, tussag astyna alynmalara we tussaglyklara gaýdyp baran bolmagy-da ahmal. Onuň arkasyndan seredip durşuma geljekki kynçylyklar we meseleler baradaky pikirleriň, edil Rebdäki şu batyr doganymy goýşy ýaly, meni-de asudalykda goýmagyny nähili isleýändigim hakda pikir etdim.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Injile duşmançylykly garaýan we ony çäklendirýän ýurtlarda ýaşaýan biziň yzarlanylýan mesihilik maşglamyzyň köp agzalary ýaly, jenap Si-de Mesihiň yzyna eýermäniň bahasyny gaty gowy bilýär. “Yzarlanmalaryň gutulgysyzdygyny biziň hemmämizem bilýäris. Şol sebäpden hem, yzarlanmalar gelende, bu batyr mesihileri gürpbasdy etmeýändigi we olaryň imanyny ýok etmeýändigi geň zat däldir, sebäbi olar yzarlanmalara taýýarlanýarlar, şoňa görä-de, olar gelende mesihiler: “Biziň ugrumyzda ejir çeken Mesih ugrunda görgi görmek biziň üçin artykmaçlykdyr!” diýip, ynam bilen aýdýarlar.

Siz öz durmuşyňyzdaky Mesihiň yzyna eýermäniň bahasyny nädip hasaplap bilersiňiz (gowy amatlyklarda ýaşanyňyzda-da)? (Luka 14:28-e seret). Imanyňyz nähili baha durýar we geljekde durar? Ol eýýäm nähili baha düşdi? Isanyň yzyna eýermegi dowam etdirmek üçin siz nämeden *meýletin we şatlyk* bilen el çekmäge taýýar? Öz gündeligiňizde sanaw düzüň, şeýle hem, Mesihiň yzyna eýermedäki her bir pidany siz nädip artykmaçlyk hasaplaýandygyňyzy ýazyň.

### DOGA-DILEG ETMEK

“Rebbim Isa, Men seni ozalky gowy gören zatlarymyň hemmesinden-de köp söýmek isleýärin. Seniň yzyňa eýermäniň bahasyna akyl ýetirmäge, meniň üçin Seniň özüme gerek hemme zatdygyňa

we Seniň maşgalaňdan, dostlukdan, material abadançylykdan, oňaýlyklardan ýa-da ünsümi Senden sowup biljek zatlaryň hemmesinden gymmatdygyňa düşünmegime kömek et. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Ýokary tizlikli otlular, dogrudanam, oňaýly... we çalt. Indi olarda HAKYKY UNITAZLARAM bar! Indi çala oturmaýarsyň, relslerde hiç zat gaçmaýar. Olar uçardaky howa çekijä meňzeş unitaza meňzeýär. Olarda, hatda, oturgyjam bar!

*(Awtoryň belligi: Hawa, men, dogrudanam, öz gündeligime hajathanalaryň hili hakda ýazýaryn!)*

## *Interwýu*

Si doganymyzdan alnan interwýuny siz "Ejir çekenleriň sesiniň: saýtyndan tapyp bilersiňiz www.vom-ru.org "Ejir çekenleriň sesi" Radio bölüminde".

## PIKIRLENMEK ÜÇIN SALGYLANMALAR

“Mesihilik görgüleriň we erbetligiň bardygyna garşy çykmaýar. Isa Özüniň keşbi üýtgän dagynyň üstüne çykanda, şägirtlerine Iýerusalime barýandygyny, haça çüýlenilip, ölümiň üstünden ýeňiş gazanjakdygyny aýdanyny ýada salyň. Isa Özüniň görgülerden gaça durup bilmejekdigine ynanýardy. Ol görgüleriň zerurdygyny bilýärdi. Ol aklanylmanyň boljagyna ynanýardy. Biziň umydymyz özümiziň agyrydan hem ezýetlerden saplanjagymyza esaslanmaýar. Ol, has takygy, biziň görgüleri ýeňjekdigimize esaslanýandyr...

Mesihiniň umydy, ol hatda gaz kamerasynyň öňünde-de, bejerip bolmaýan rak keseliniň öňünde-de berkdir hem asudadyr, ynamlydyr. Ejirli anna güni her neneň gorkunç bolsa-da, biz öňde Pesah ýekşenbesiniň bardygyna ynanýarys. Eger biz öläýsek näme? Isa-da öldi, şonuň üçin, eger Isa ölen bolsa, indi Onuň diridigine, şol sebäpden biziň hem ýaşajakdygymyza ynanýarys”.

**Brennan Menning**[1]

“Eý doganlar, dürli synaglara uçranyňyzda, muny uly begenç saýyň, çünki imanyňyzyň barlanmagynyň çydam döredýänligini bilýänsiňiz. Kämil hem doly bolup, hiç bir ýetmeziňiz bolmaz ýaly, çydam işiňi kämil etmelidir”.

**Ýakup 1:2–4**

1 Brennan Menning, “THE RAGAMUFFIN GOSPEL: GOOD NEWS FOR THE BEDRAGGLED, BEAT-UP, AND BURNT OUT”, awtorlyk hukugy © 1990, 2000, 2005 Brennan Manning. “WaterBrook Multnomah” rugsady bilen ulanylýar, çap edilme — “Random House”, “Penguin Random House LLC” bölüm. Ähli hukuklar goralan.



## 21-NJI GÜN



# IKI PAÝ — 1-NJI BÖLÜM

“Biri-biriňize sabyr-takatly boluň. Bir kişi birinden kineli bolsa, Mesihiň sizi bagyşlaýşy ýaly, siz hem birek-biregi bagyşlaň”.

**KOLOSELILER 3:13**

.............................................

### Malatýa, Türkiýe. Maý, 2007-nji ýyl

“Ejir çekenleriň sesiniň” beýleki işgärlerinde bolşy ýaly, yzarlanma wakalarynyň käbirleri meniň üçin şahsy waka bolýar. Meniň ýüregimde berk möhürlenip galan şonuň ýaly wakalaryň biri-de — bu 2007-nji ýylyň aprelinde Malatýa türk şäherindäki mesihilik çaphanasynyň ofisindäki üç mesihiniň ejir çekip ölendigi baradaky wakadyr.

Köpüçlikleýin habar beriş serişdeleriniň ganhorluk baradaky ilkinji beren habarlary açyş ýaly boldy. Olarda ganhorlaryň mesihileri diriligine parçalandyklary aýdylýardy, olaryň ölüminiň öň ýanynda gören görgüleri akla sygmajak ezýet bolandyr diýlip çaklanylýardy.

Men Hudaýyň bu wepaly adamlarynyň maşgalalary bilen şahsy taýdan tanyşmaga Hudaý mümkinçilik berer diýip pikir hem etmän oturşyma, olar hakda internetde okadym. Bu aýylgançlyk hakdaky

habary okanymdan soň, indi hem gündelik Mukaddes Kitap parçalaryna esaslanýan hekaýalary okap oturşyma, Elýaşanyň Ylýasdan donuny alyp galyşy hakda okadym we Türkiýedäki doganlarymyň akla sygmajak ezýetlerini ýada saldym. Entek gap-gaçlar ýygnalmadyk stoluň başynda otyrkam, men möňňürip başladym. Aýalym bilen iki oglum meniň näme üçin birden möňňürip başlanyma düşünmän haýran galyp seretdiler.

Mukaddes Kitapdan parçany okap bolanymdan soň, men mesihilige garşy güýç ulanmanyň netijesinde atasyz galan bäş çaga — Elýaşa ýaly atalarynyň ruhunyň, ol adamlary Mesih ugrunda janyny bermäge ýa-da Ondan ýüz öwürmezlige ýa-da musulman ýurtda mesihilik gullugyny alyp barandan, has howpsuz durmuşda ýaşamakdan el çekmä ruhlandyran ruhuň iki esse berilmegi üçin doga etdim.

Şol agşamlyk naharyndan ýedi hepde geçeninden soň men Malatýadaky "Zirwe" neşirýatynyň gapysynda durdum. Binanyň ýanynda polisiýa maşyny durdy, şonuň üçin meni myhman alan maşgala ol ýerde uzak durmagyň pähimsizlikdigini maňa aýtdy. Garamtyl agaçdan edilen şol gapynyň aňyrsynda, diňe Mesihiň yzyna eýerendikleri üçin meniň imandaky üç doganymyň damagynyň çalynmagy ýüregimde ýiti agyry döretdi. Olaryň ikisi türkdi. Olary häzirkizaman türk ýygnagynyň ilkinji ejir çekip ölenleri hökmünde atlandyrýarlar. Üçünjisi nemes mesihisidi. Ol Türkiýä türk halkyna gulluk etmek we onuň üstüne Injiliň nuruny seçmek üçin göçüp gelipdi.

Ganhorlar mesihilik ynamy hakda köpräk bilesigelýänsirän, hatda Mesihiň yzyna eýeriji bolmakçy hem bolýansyran bolupdyrlar. Olaryň käbirleri, hatda ýygnagyň ýygnanyşyklaryna-da gatnapdyrlar. Olaryň bäşisi-de, ganhorluk eden ýerlerinde tutulýarlar. Olaryň jübülerinde öz ýurduny we öz dinini — yslamy goraýandyklary baradaky hat bardy.

Meniň Türkiýä eden saparym çalt tamamlandy. Dostumyň dosty meni Malatýa alyp gitdi. Men ol ýerde nemes Kilmanyň dul galan

aýaly Sýuzanna Gekse bilen duşuşmakçy boldum, ýöne ol ýere baranymda, men kynçylyklaryň ýüze çykandygyny, Sýuzannanyň meniň bilen duşuşyp bilmezligininiň mümkindigini bildim.

Ýöne men dul galan aýala jaň etdim, soň biz onuň öýüne gitdik. Biz Tilman, onuň öldürilişi we aýalynyň gaýgylary hakda gürrüň etdik. Ol beýleki dul galan aýal bilen bile (üçünji öldürilen adaglanypdy, emma entek öýlenmändi), betbagtçylygyň bolanyna bary-ýogy *birnäçe* sagat geçenden soň, Türkiýäniň milli teleýaýlymynda ärlerini öldürenleri bagyşlaýandyklaryny aýdýarlar. Ol nädip şeýle edip bildikä? Men ondan: "Häzir diňe siziň ganhorlary bagyşlandygyňyz, milli telewideniýede aýdan zatlaryňyz hakda gürrüň edýärler. Siz nädip şeýle edip bildiňiz?" — diýip soradym.

Sýuzanna şeýle jogap berdi: "Gep ganhorluk edilenininiň ertesi güni bu ýere bütin Türkiýeden köp adamlaryň gelendiginde. Türk protestantlary, garaz, köp adam geldi. Maňa milli türk teleýaýlymyndan žurnalistleriň gelýändiklerini aýtdylar. Menden: "Sen nämedir bir zat diýmek isleýärsiňmi? Sen gowy bir zat aýdyp bilermiň? Ýüregiňde näme bar?" — diýip soradylar. Şonda men: "Men näme diýsemkäm?" diýip pikir etdim".

"Diýmek, bu ertesi gün bolupdyr — aslynda ýigrimi dört sagatdan soň bolýar-da?" — diýip, men belledim.

"Hatda ondan-da irräk — diýip, Sýuzanna jogap berdi. — Men gahar duýmadym, ýüregimde oňa meňzeş zadam ýokdy. Hiç zat. Men: "Bu adaty zat!" — diýip pikir etdim. Meniň kiçijik gyzym möňňürip, bu türkleriň hemmesiniň erbetdigini, haýal etmän Germaniýa gitmek isleýändigini, bu ýeriň erbetdigini aýdyp gygyrdy. Ol olara gaty *gaharlandy.* Men bolsa, hatda gaharlanmadymam, bu maňa adaty däl bolup göründi. Soň kelläme şeýle pikir geldi: "Ol adamlar näme edýändiklerini bilmediler ahyry!" — Mundan soň men: "*Bu barada Mukaddes Kitapda aýat bar ahyry!*" — diýip pikir etdim. Şonda men özüme: "Men dogrudanam olary bagyşlap bilýärin. Reb meniň köp günälerimi bagyşlady, şol sebäpden hem, menem olary bagyşlamaly!" — diýdim.

Men hakykatdan olara gaharlanamok. Belki, haçan hem bolsa bir wagt meniň hasrat wagtym, gaharlanjak wagtym geler. Ýöne, hatda şol wagtam... barybir olary bagyşlap bilerin diýip pikir edýärin, sebäbi olar, dogrudanam, näme edýändiklerini bilmediler ahyry. Eger polisiýany we töwerekdäkileri diňleseň, onda olar hakykatdan hem, näme edendiklerini bilmändiler... Şol sebäpden hem, men bagtyma: "Men olary bagyşlaýaryn, sebäbi Reb meni bagyşlady..." — diýip bilýärin".

"Şeýlelikde, siz muny, dogrudanam, hormat hasaplaýarsyňyzmy?" — diýip, men soradym.

"Bu Rebden gelen zat — diýip, Sýuzanna berk jogap berdi — Muny *öz güýjüň* bilen edip bolmaýar. Asla edip bilmeýärsiň!"

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

*Muny öz güýjüň bilen edip bilmeýärsiň.* Meniň synyma laýyklykda, Sýuzannanyň duýgulary we garaýşy adaty däl. Gazaply yzarlamalara duçar edilen mesihiler bilen sorag-jogap alşanymda, olaryň köpüsi göwnüne degenleri beýle basym bagyşlap bilmeýärdiler. Köp ýagdaýlarda bu bagyşlamaga synanyşyp, agyryňy, ajy öýkäňi we gaharyňy Hudaýyň eline berip, özlerini bu zatlardan hemişelik saplamaga Oňa mümkinçilik bermäge edilýän synanyşyk bolýardy. Bu kitabyň okyjylarynyň hem, şahsy pajygalylygy başdan geçiren bolmagy mümkin. Kimdir biri göwnüňize degendir ýa-da nähilidir bir ýol bilen, sizi bagyşlamak zerur bolan ýagdaýa düşmegiňize alyp barandyr?

Ýöne bu juda agyr ahyry! Göwnüňe degeni: "Ol näme edýänini bilenok" (Luka 23:34) — diýip, görkezen agyrysynyň we ýetiren zyýanynyň jogapkärçiliginden boşadaýmak gaty kyn. Aslynda bu asla mümkin däl. *Muny öz güýjüň bilen edip bolmaýar.* Munuň Sýuzannada bolşy ýaly, şobada bolýandygyna, ýa-da hepdeleriň, aýlaryň hatda ýyllaryň dowamynda bolýandygyna garamazdan,

bar işi Hudaýyň eli ýerine ýetirýär. Hut Onuň merhemeti bize bagyşlamaga güýç berýär.

Gündeligiňize durmuşyňyzdaky haýsy ulgamda Hudaýyň işlemegi zerur bolsa, şony hem ýazyň. Bu talap näçe wagtlap ýaşar?

## Doga-dileg etmek

"Rebbim Isa, meniň günälerimi bagyşlanyň üçin Saňa minnetdar. Haçda Seniň Özüň agyry hem ezýet çekdiň, meniň günälerimi Öz üstüňe aldyň we meniň ýerime jeza çekdiň.

Hudaýym, Seniň meni bagyşlaýşyň ýaly, edil şu wagt menem öz göwnüme degip, ______________________________ üçin __________ _______________ bagyşlama kararyna gelýärin.

Ýa Reb, men şol adamy bagyşlama kararyna geldim, ýöne maňa Seniň kömegiň gerek! Meniň duýýan ajy öýkämi, ýigrenjimi, gaharymy aýyr. Öz adatdan daşary güýjüň kömegi bilen göwnüme degeni gowy görmäge, Seniň maňa sowgat beren doly hem şertsiz bagyşlamaňy oňa görkezmäge maňa mümkinçilik ber. Maňa häzir, ertirem, ertesi günem, şondan soňky günleriň hemmesinde-de şol gahary we ajy öýkäni gaýtaryp getirmezlige kömek et. Seniň maňa edişiň ýaly, ony ýürekden hem gutarnykly bagyşlamaga maňa kömek et. Omyn"

.

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Her gezekki halkara gatnaw öňküsinden kynrak ýaly bolup görünýär. Bu gün Şarlotta munuň sebäbi meniň "öz şowlulygym tükenip barýar" diýip pikir edýändigimdedir diýip çaklady. Ýöne men asla beýle pikir etmeýärin. Ähtimal, men ömrümiň geçip barýandygyna, ogullarym Kameron hem Kedrik bilen öýde geçirýän wagtymyň gitdigiçe gysgalýandygyna ýyl geçdigiçe gowy düşünýändigimdedir.

Syýahat etmek kyn, sebäbi juda köp wagtda ýöne bir oturmaly, pikir etmeli we öýüňi küýsemeli bolýarsyň. Uçarym ýere gonan badyna, öýe baryp, işim bilen meşgullanyp başlan badyma, kynçylyklar öz-özünden ýitip gidýär, sebäbi aňym ýene işe güýmenýär.



## 22-NJI GÜN




# IKI PAÝ — 2-NJI BÖLÜM

"Hudaý mukaddes mesgeninde ýetimlere ata, dul hatynlara hakyny alyp berýän hossardyr".

**ZEBUR 67:6**

.................................................

### Malatýa, Türkiýe, 2007-nji ýyl

Ol owadandy, näzikdi we ejizjekdi. Ol hasratdan ýaňa jansyz ýalydy.

Türkiýede durmuşa çykmadyk mesihi bolmaklyk aňsat däl. Ýetmiş milliondan gowrak ilat ýaşaýan bu ýurtda ýygnak şeýle kiçidi welin, bu ýerde özüňe laýyk ýanýoldaş tapma mümkinçiligi diýseň azdy. Bu zatlaryň üstesine-de, täze imana gelenlere duşmançylykly gatnaşykda bolan musulman maşgalalary we goňşulary-da goşsaň, onda munuň näderejege kyndygyna düşünersiň.

Şeýle-de bolsa, bu gyz öz ýoluny batyrlyk bilen geçdi-de, hakyky söýgini tapdy. Toýa çenli bary-ýogy birnäçe aý galypdy.

Ýöne şol bagtly gün gelmezinden öň onuň ýigidini öldürdiler — ol Malatýadaky mesihilik neşirýatyň ofisinde gynalyp öldürilen mesihileriň biridi. Indi men stoluň başynda gyzyň garşysynda otyryn. Şol gün men ol gyzyň ýigidiniň mazaryna bardym we onuň musulman ene-atasy bilen duşuşdym. Onuň ene-atasy ogullarynyň

yslamy taşlanyna, şol sebäpden hem, edenini gazaply çekenine entegem gaharlydylar.

Agşamlyk naharynyň başynda ol ýerdäkileriň hemmesini emosiýalar gurşap aldy. Gyz bize öz ýigidi Ugur Ýukseliň oýun edip, oturgyjyň üstünde tans edip oturan wideosyny görkezdi. Men türk diline düşünemok, ýöne wideo düşürilen wagtynda onuň nähili şatlanýanyny gördüm. Bu gyz ýylgyrdy, soň hem, öz ýigidiniň edýän zatlaryna seredip güldi. Onuň entegem ýaşdan ýaňa öl bolup duran gözlerinde söýgi uçganaklady.

“Ol şeýle gowudy!” — diýip, ol gussa bilen aýtdy. Hawa, bu olaryň medeniýetinde hasaba alynýan zat. Ol gyza gaty gowy daraýan eken. Ol göwnaçyk hem şadyýan oglan eken. Ol Hudaýy söýüpdir, şonuň üçin, maşgalasy özüni öýden çykaryp kowanda hem, Hudaýdan ýüz öwürmändir. Köne dostlary ondan ýüz öwrenlerinde-de, ol Isany söýüpdir, ol soňky demine çenli Oňa gulluk etmek isläpdir, şol sebäpden hem, gyza özi bilen bile Isa gulluk etmegi teklip edipdir.

Ýöne Ugury öldürdiler. Polisiýa jaýyň içine okdurylyp girende, ol entek diri eken. Tiz kömek ony keselhana alyp gidýär, emma salnan ýara bejererden agyr eken. Ol juda köp gan ýitiripdir. Şol sebäpden hem, onuň bu ýerdäki janyny halas etmek mümkin bolmandyr. Şeýdip, onuň bakyýetdäki Isa bilen ýaşaýşy başlapdyr. Ýer ýüzünde bolsa, onuň boşap galan we hasrat içinde galan gelinligi galdy. Onuň ýüregini püre-pürläp duran hasraty gözleriniň owasyndan çykyp, ýaňagyndan syrygýar.

Soňrak ýerli mesihiler gyzyň ýigidi öldürilenden soňky ýedi hepdäniň dowamynda çeken jebriniň meniň göz öňüne getirerimden has güýçli bolandygyny maňa düşündirdiler. Bu ganhorluga çenli gyzyň mesihi bolandygyny az adam bilýän eken. Hatda onuň maşgala agzalarynyň käbirleri-de muny bilmeýän ekenler. Indi bolsa, bu barada, diňe bu barada-da däl, Türkiýäniň gazetleri birinji sahypalarynda ýazýar. Habar beriş serişdeleri gyzyň adyny we salgysyny-da ýazdylar, bu bolsa oňa yslama gaýdyp gelmäge

“kömek etjekler” ýa-da onuň “kapyr” ýigidiniň öldürilmegi babatda begenjini bildirmek isleýänler üçin ony elýeter nyşana öwürdi.

Ýöne bu şol ejizjek gyzyň egnine düşen ýeke-täk ýük bolmady. Türk medeniýetinde onuň ejir çekýänini açyk görkezmeli däldigini, sebäbi beýle etmegiň gyzyň ahlak abraýyny şübhe astyna salýandygyny düşündirdiler. Eger gyz ýigidi üçin hasrat çekip aglap ýörse, onda bu olaryň gatnaşyklarynyň fiziki gatnaşyga geçendigini aňladýardy.

Şonuň üçin ol özüniň mesihilik ýygnagynyň kiçi toparynyň çäklerinde daşarda nähili gynanýandygyny görkezmekde örän seresap bolmaly bolýardy. Ol hatda öz maşgalasynyň ýanynda-da jebir çekýändigini gizlemeli bolýardy.

Ýöne gussasy köşeşip başlasa-da, ýürek ýarasy bitip, ajy gözýaşlary gurasa-da, ondaky ýene bir mesihi ýigidi tapma mümkinçiligi nähili?

Biziň üçin — tutuş günbatarly, gurply mesihilerde bolşy ýaly, “Ejir çekenleriň sesiniň” işgärlerinde-de, has takygy erkeklerde — şunuň ýaly ýagdaýy we şeýle çuň gussalary görenimizde, oňa goşulyp kömek etme islegi adaty, hatda, endige öwrülen zatdyr. Meniň beýnim şunuň ýaly betbagtçylyga uçran bu gyzy “halas etme meýilnamasyny” işläp düzüp başlady. Belki, ony köpräk mesihiler bar bolan ulurak şähere göçürmelidir? Ol amerikala durmuşa çykyp, ABŞ-a gitse, ol ýerde bu gyz howpsuzlykda ýaşap bilerdi we yzarlaýjylarynyň elýeterinden daşda bolardy?

Emma bu gyz “halas bolma” gözlemedi. Eger doly hakykaty aýtsam, menem, işdeşlerimem oňa “halas bolmany” teklip edip bilmedik. Ýöne biz gatnaşmagy teklip edip bildik. Biz oňa agşamlyk naharyny hödür edip, bile oturyp we gülşüp, onuň telefonyndaky Uguryň wideosyny görüp bildik. Onuň gözlerinden ýaş akanda, biz oňa süpürgiç uzadyp bildik. Biz onuň, özüniň yslamy terk edip, Nasyraly Isanyň yzyna düşüji “kapyr” bolandygyny duýdansyz bilen ýurtda her gün geçirýän stressi hakdaky gürrüňlerini diňläp bildik. Biz onuň bilen bile Hudaýa doga edip bildik we ol töwereginde

möwç urýan suwuň içi bilen ýeke özi gidende, onuň üçin Hudaýa doga etmegimizi dowam etdirip bildik.

Men ol gyzy on dört ýyl mundan ozal merkezi Türkiýede şol gije restorandan çykyp gidenden soň görmedim. Men onuň durmuşa çykandygyny eşitdim, ýöne, gynansagam, maňa ol barada şundan başga zat mälim däl. Şol agşam gören gussamy Hudaý süpürip taşlap, ony uly şatlyga öwrendir diýip umyt edýärin. Ol Hudaýda öz goragçysyny görýändir diýip we Hudaýyň özi hakda iň gowy usulda alada edýändigini, Onuň özi üçin edýän aladasyny duýýandyr hem-de öz mätäçliklerini kanagatlandyrýandygyny duýýandyr diýip umyt edýärin (Zebur 68).

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Hasrat çekýänleri we görgi görýänleri "halas etme" islegi bize mahsusdyr. Ýöne käwagt özümiziň "halasgär" däldigimiz, munuň deregine adamy gatnaşyklar bilen goldamalydygymyz baradaky fakty kabul etmegimiz zerurdyr. Siziň durmuşyňyzda ony diňlemegiň, onuň bilen bile gülüşmegiň, aglaşmagyň we onuň bilen bile we onuň üçin doga etmegiň deregine, "halas etjek" bolan adamyňyz barmy? "Halas etmäge" synanyşmagyň deregine birine gatnaşyk teklip etmek gerek adamyňyz hakda pikirleniň. Ol adam üçin doga etmelidigini ýazyň we ony Rebbiň eline beriň. Şondan soň onuň bilen gatnaşygy ýola goýmaga çalşyň.

### DOGA-DILEG ETMEK

"Ýa Reb, töweregimdäkileriň hemmesi bilen gatnaşyklaryma Öz söýgiň köşeşdiriji melhemini guý. Adamy haçan "halas etmäge" çalyşmalydygymy, haçan oňa gatnaşyk teklip etmelidigimi bilerim ýaly, maňa ýiti duýgurlyk we akyldarlyk ber. Adamlary diňlemek, olar bilen bile gülüp, hem bile aglamak, Seniň goragyňa, merhemetiňe we

akyldarlygyňa mätäçler bilen Hudaýa doga etmek arkaly olara gulluk etmegi maňa öwret. Omyn”.

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Duşuşyklaryň hemmesinden soň biz neşirýatyň binasyna gitdik. Onuň öňünde polisiýa maşyny durdy, şeýle-de bolsa biz girip, parçalar hem wideo düşürmekçe bolduk, emma ofisiň gapylary entegem ýapykdy. Men örän täsin we juda garşydaş emosiýalary duýdum: meniň žurnalist tebigatym wakany dokumentleşdirmek isledi; “Indiana Jons”, edil polisiýanyň gözüniň öňünde işlände, adernaliniň möwç almasyndan howatyrlanýardy, meniň mesihilik tebigatym bolsa, bu gapynyň aňyrsynda meniň imandaky üç doganymy ölüm halyna çenli gynandyklary, ýogsam, olaryň bäş sany pyçak bilen ýaraglanan oglanlary ýaman bolmagy bes edip, günälerine toba etmäge we Mesihiň yzyna eýermäge söýgi bilen çagyrandyklary baradaky pikirden ýaňa sandyraýardy.



# 23-NJI GÜN



# IKI PAÝ – 3-NJI BÖLÜM

“Utanç deregine iki esse paý alarsyňyz, ryswalyk deregine mirasyňyzda şatlanarsyňyz; munuň üçin siz iki esse mülkli bolarsyňyz, ebedi şatlyk siziňki bolar”.

**IŞAÝA 61:7**

.............................................

## Stambul, Türkiýe, 2007-nji ýyl

Malatýa we merkezi Türkiýä baryp gaýdanymdan soň, men yzyma, Türkiýäniň iň uly şäherine gaýtdym. Mesihilik neşirýatyna hüjüm edilmeden soň dul galan ikinji aýal Semse Aýdyn Stambulyň golaýynda garyndaşlarynyň öýünde ýaşaýardy. Meýilnama ruhy çopan dostumyň meni aeroportda garşy alyp, meniň hem Semseden interwýu almagymdan ybaratdy.

Bellenilen wagtda ruhy çopan meniň yzymdan geldi, soň biz duşuşyga ugradyk. Birnäçe minutdan soň onuň mobil telefony jyňňyrdady, ol hem oňa jogap berdi. Özümiň bary-ýogy bäş sany türk sözüne düşünýändigime garamazdan, ilkinji ýigrimi sekundyň dowamynda täzeligiň köşeşdiriji däldigi maňa aýan boldy.

Ruhy çopan iňlis dilinde gowy gürläp bilmeýärdi, ýöne onuň bilimi telefon jaňynyň manysyny düşündirmek üçin ýeterlikdi. “Ol: “Ýok, gelme” — diýýär. Ol gaty ýadapdyr. Bu gün oňaýly gün däl”.

Meniň ýüregim jigläp gitdi. “*Men onuň bilen duşuşmak üçin on müň km. ýol söküp geldim. Eýsem, ol şu gün maňa, iň bolmanda, azajyk wagtyny sarp edip, ertir dynç alyp bilmeýärmika*?” — diýip, men egoistlik bilen pikir etdim.

Ýöne — dogrymy aýtsam, maňa mahsus hem däl — men derrew minnetdarlyga tarap öwrüldim. Meniň saparym uly üstünlige ulaşdy. Men Sýuzannadan interwýu aldym, Uguryň gelinligi hem ene-atasy bilen duşuşdym, gaty gowy material ýygnadym. Indi men olary “Ejir çekenleriň sesiniň” býulleteniniň okyjylary, radiodiňleýjiler we meni eşitmek isleýänleriň hemmesi bilen paýlaşyp bilýärin. Birden meniň ýüregim Hudaýa bolan minnetdarlykdan we ýürekden çykýan öwgüden doldy. Hatda soňky interwýu bolmanda-da, meniň “Ejir çekenleriň sesiniň” öňündäki borçlarymy ýerine ýetirme nukdaýnazarynda, saparym eýýäm uly üstünlik gazanypdy.

“Saňa minnetdar, Rebbim. Seniň duşuşygyň bolmagyna eýýäm ýol bereniň üçin minnetdar, Semseniň dynç almagyna ak pata ber we hasraty içinde ony köşeşdir. Maňa bolsa, öýüme sag-aman barmagyma we bu täsin mesihileriň taryhlaryny mümkin boldugyça gowy edip çykarmagyma ak pata ber”.

Meniň iş tertibimden duşuşyk birden gaýyp bolanda, ruhy çopan ikimiz ýerli restorana girme kararyna geldik, ýogsam, ertirlik nahary wagty eýýäm geçipdi, şeýle-de bolsa, biz naharlanmakçy bolduk. Nahar başynda meniň türk dilini, ruhy çopanyň hem iňlis dilini çäkli bilýändigimize garamazdan, gürrüňdeşlikden lezzet aldyk, soň birden onuň telefony jyňňyrdady.

Ol türkçe gürleşdi, soň maňa seredip ýylgyrdy-da, başyny atdy. Gürleşip bolandan soň ol:

“Ol geliberiň, ýöne köp wagtlyk däl, takmynan bir sagatlyk diýýär” — diýdi.

Şoňa çenli men interwýuny bir sagatdan az wagtyň dowamynda alýardym. Men: “Aliluýa!” — diýdim. Bu söz türk dilinde-de şol bir zady aňladýan bolara çemeli, sebäbi meniň ruhy çopan dostum hem: “Aliluýa!” — diýip gaýtalady.

Biz ertirligimizi howlugyp iýip, maşyna tarap ylgadyk. Takmynan bir ýarym sagatdan soň biz bir amerikaly bilen duşuşdyk. Oňa (soňrak bilşime görä) meni barlama, şeýle hem, maňa terjimeçi bolup hyzmat etme ýumşy berlen eken. Bu soňky synag boldy. Şeýdip, men tiz wagtdan Semse, onuň iki çagasy we öýünde ýaşaýan garyndaşy bilen duşuşdym. Semseniň iňlisçe bilşi çäklidi, ýöne garyndaşy welin, arassa gürleýärdi.

“Bu Ester — diýip, Semse özüniň utanyp duran we bu daşary ýurtlynyň kimdigini, oňa ynansa bolýanmydygyny bilmän duran kiçijik gyzy bilen tanyşdyrdy. — Bu bolsa, Elişa”.

Men birnäçe minutlap şokdan özüme gelip bilmän durdum. Elişa — bu Elýaşa adynyň ekwiwalenti ahyry!

Biz maşgala bilen, nahar stolunyň başynda, Elýaşa baradaky taryhy okanymyzda, Malatýadaky Mesih ugrunda janlaryny beren üç adamyň taryhy ýüregimde orun tapdy. Şol agşamdan başlap, Elýaşanyň Ylýasdan ruhuň iki paýyny alşy ýaly, bäş çaganyň özleriniň görgi görüp ölen kakalarynyň ruhundan iki paýy almaklary üçin men Hudaýa doga etdim. Indi şol çagalaryň iň soňkusy bilen tanşanymda, onuň ady hem Elýaşa bolup çykdy!

Öý eýeleri meniň gözlerimde näme sebäpden ýaşyň birden peýda bolandygyna düşünmediler, şonuň üçin men olara sebäbini gürrüň bermeli boldum. Biziň aramyzda baglanyşygyň bolmagy üçin Hudaý şu wakany ulanandyr diýip pikir edýärin, sebäbi meniň saparym bir sagat däl-de, sekiz sagada golaý dowam etdi. Semse öz taryhyny we duýgularyny gürrüň berdi, hatda, bolan wakadan soňky ýedi hepdäni geçirmäge özüne kömek etmek üçin Hudaýyň ulanan parçalaryny Mukaddes Ýazgydan okamak üçin özüniň Mukaddes Kitabyny-da eline aldy. Ondan soň gülki, gözýaşlar, nahar we

gürrüňdeşlik boldy. Tiz wagtdan men özümiň bu maşgalanyň bir bölegi bolandygymy duýdum.

Semse Malatýada ýaňy-ýakynda esaslandyrylan ýygnagyň ruhy çopany, şol pajygaly gün ertir bilen, bäş ganhora, olar Mesih hakda köpräk bilmek isleýändirler diýen umyt bilen ofisiň gapysyny açan adamsy Nekatiniň keşbini meniň üçin şekillendirdi.

Ölüm Nekatiniň Mesihiň hatyrasyna getiren ilkinji pidasy däldi. Onuň duşuşmak islän zenany — Semse — ony Rebbe bolan imana getireninden soň, musulman maşgalasy ondan doly ýüz öwrüpdi. Ol goşunda gulluk eden wagtynda, mesihiligi taşlap, özüniň dini köklerine, yslama, gaýdyp gelmegi üçin, gullukdaşlary hem komandirleri, edip bildiklerinden ony betbagt etmek isleýärdiler. Şeýle-de bolsa, olar Nekatini imandan el çekmäge mejbur edip bilmediler. Gullukdan soň ony mesihilik kitaplaryny ýaýradany sebäpli tussag etdiler.

Nekatini öldürmek islänleriň käbirleri, hatda, ýygnaga-da barýardy. Olar Injil bilen gyzyklanýan kişi bolýardylar, köp soraglary berýärdiler we şahsy duşuşyk bellemegi soraýardylar. Ruhy çopan olaryň mesihilige gyzyklanmasynyň ýürekdendigine ynanmaýardy, olara doly ynanmaýardylar. Şeýle-de bolsa, şol gün ertir bilen Nekati olar bilen duşuşmak, olaryň soraglaryna jogap bermek we "Ýol, Hakykat we Ýaşaýşy" kabul etmeklige olary çagyrmak üçin gitdi.

Şol gün säher ol özüni ýadaw duýýardy, ol ýaňyja dowamly sapardan gaýdyp gelipdi.

— Saňa gitmek nämä gerek? — diýip, Semse ondan soraýar. — Wagtyňy biderek ýitirmek nämä gerek?

— Olaryň islegleri ýürekden bolmasa-da, iň bolmanda, Injili-hä eşiderler — diýip, Nekati garşy çykdy.

Olaryň ýöne bir kynçylyklar döretmäge ýa-da ýygnagy ýapjak bolmaga synanyşýan bolmaklary mümkin, ýöne, hatda şeýle bolan ýagdaýynda-da, olaryň synanyşygy mümkinçilikdi. Nekati Mesihi wagyz etmek üçin, ondan peýdalanmaga taýýardy.

Ölüminiň öň ýanynda, Nekati Pesahda, ol Malatýadaky mesihileriň goýan, Pesah wakasyny beýan edýän pýesasynda oýnapdy. Ol şonda haça "çüýlenilen" Mesihiň roluny oýnapdy. Şol wagt Nekatiniň ýene Mesihe wekilçilik etjekdigi, ýöne bu gezek öz ganyny dökmek we janyny bermek bilen şeýle etjekdigi hakda oňa gatnaşyjylaryň hiç biri-de pikir etmeýärdi.

Jaýyň myhman otagynda oturan wagtymyzda, Semse adamsyny elinden alan bäş adamy bagyşlaýandygyny aýtdy. Ol muny diňe Hudaýyň güýjüniň kömegi bilen edýändigini aýdyp, Sýuzannanyň sözlerini gaýtalady. Elbetde, ol muny öz güýji bilen edip bilmedi. Semse özüniň özüni pida etmeklige taýýarlygynyň Isa, özüni we bir wagtlar awtobusda tanşan, takwa mesihä, adamsyna öwren we çagalarynyň kakasy eden musulmanyny halas eden Birine bolan çuň söýgüsinden syzyp çykýandygyny gürrüň berdi. Ol Mesih ugrunda ölmegiň özi üçin hormatdygyny aýtdy. Şeýle hem, Hudaýyň saýlap, ejir çekip ölme sylagyny beren adamynyň aýaly bolmagyň uly hormatdygyny aýtdy.

Yzymyza myhmanhana gitmek üçin jaýdan çykanymyzda, meniň ýüregimi minnetdarlyk duýgusy doldurdy. Men Malatýadaky ganhorlukdan has köp ejir çeken zenanlaryň üçüsi bilenem duşuşmagym we gürleşmegim üçin Hudaý gapy açdy. Ol olar bilen bile gülüşmäge-de, aglamaga-da, şeýle hem, "ölüminde Isa meňzäp, ... görgülerine şäriklige gatnaşmaga-da" (Filipililer 3:10) mümkinçilik berdi.

Menden özümi bu sapara Hudaýyň Özüniň goýberendigi duýgusy aýrylmady. Başga hiç kimem "Ejir çekenleriň sesem" goýbermedi. Nahar stolunyň başynda aglan günümden, "Bu — Elýaşa" diýen söze çenli, men saparymyň her etapynda Hudaýyň elini gördüm. Sapara men ugradym, ýöne ýörejek ugrumy Hudaý işläp düzdi.

Men özümiň ruhy çopan dostuma ýylgyryp seretdim we ýene şol gün täze öwrenen: "Aliluýa!" diýen türk sözümi aýtdym.

“Aliluýa! — diýip, ol uludan gülüp, şatlyk bilen gaýtalady — Aliluýa!”

Meniň ýüregim şatlykdan doldy. Indi men öýe gaýtamaga taýýardym. Ýöne men uçara münmänkäm, Hudaý meniň üçin ýene bir ajaýyp mümkinçiligi taýýarlady.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Durmuşyňyzda Hudaý sizi nämedir bir zada çagyranynda, siziň ony “wagtyňy boş geçirmek” diýip hasap eden zadyňyz bolupdymy? Siziň işiňizdäki adam Mesih üçin doly ýapykmy? Göze görünmeýän gullugyň netijesi *ýok* ýaly bolupdymy? Kimdir birine Injili eýýäm ýigrimi bäş gezek gürrüň berseňizem, netijesiniň boljagyna hatda yşarat hem *görmedik* ýagdaýyňyzda, oňa ýigrimi altynjy gezek ony gürrüň bermegi wagty biderek geçirmek hasaplaýarsyňyzmy? Nekati Aýdyň “wagtyny ýitirmäge” taýýardy, biri Injili eşitse bolýar. Ol ýygnaga gelen ýaş ýigitleriň ýürekden gelmeýändigini aňýardy. Şeýle-de bolsa, ol olar oňa ýamanlyk etmäge synanyşsalar-da, barybir Injili eşidip bilerler, adam Hoş Habary eşideninde bolsa, bu hiç haçanam wagtyňy biderek geçirmeklik bolmaýar diýip pikir edip, duşuşyga gidýär.

Öz pikiriňizçe wagtyňyzy biderek geçirýändirin diýip pikir edýän adamlaryňyzyň atlaryny ýazyň. Şu günden başlap, her gezek şol adamlar hakda pikir edeniňizde ýa-da olar bilen gürleşeniňizde, Nekati Aýdyňyň Hudaýa wepalylygynyň mysalyny ýada salyp, onuň bilen işleşmegi dowam etdiriň!

### DOGA-DILEG ETMEK

“Atam, öz günlerimiň hemmesiniň Seniň eliňdedigini mydama ýatda saklamagyma kömek et. Meniň ýolumy Sen taýýarlaýarsyň.

Seniň öz öňümde goýan ýumuşlaryňa ýa-da ýanyma ugradýan adamlaryňa "wagty biderek ýitirmek" diýip seretmegime ýol berme we olar gyzyklanmaýan ýaly bolup görünse-de, olara Seni görkezme mümkinçiligi hökmünde garamaga, Seniň söýgiň we Seniň Ogluň olar ugrundaky gurbanlygy hakda şaýatlyk etme mümkinçiligini elden gidermezligime kömek et. Omyn".

## Siziň gündeligiňiz

## Meniň gündeligimden

Semde 2000-nji ýylda dört aýlyk göwreli wagtynda, Nekatini tutup, bir aýyň dowamynda türmede saklandyklaryny gürrüň berdi. Nekatini boşadanlaryndan soň, olar Türkiýede Rebbe gulluk etmäniň we Injili wagyz etmäniň doly töwekgelçiliginiň bardygyny ara alyp maslahatlaşmak üçin bile oturdylar. Olar adaty işde işläp, ýygnaga gatnap biljekdikleri, şeýle edibem, mesihi bolup galyp biljekdikleri, şeýle bolan ýagdaýynda türme tussaglygyndan we kynçylyklaryň köpüsinden gaça durup biljekdikleri hakda gürrüň etdiler.

Şol agşam olar biragyzdan Mesihiň yzyna doly eýerme we töwekgelçilige garamazdan, Onuň buýran zatlarynyň hemmesini ýerine ýetirme kararyna geldiler.

Şol günden başlabam, olar özlerini Rebbiň gullugyna doly bagyş etdiler.

## YZARLANYLÝAN MESIHILER ÜÇIN HUDAÝA DOGA ETMEK

"Ejir çekenleriň sesi" Injile duşmançylykly garaýan we ony çäklendirýän ýurtlarda Injili wagyz edýänler hakdaky wakalary köp çap edýär. Men şol doganlarymy yzarlanylýan mesihiler hökmünde atlandyrýaryn. Olar mesihilere aýratyn gazaply daralýan ýerlerinde wagyz etme gullugyny alyp barýarlar. Olar töwekgelçiligiň bardygyna düşünýärler, şeýle-de bolsa, Hudaýyň çagyryşyna jogap bermegi dowam etdirýärler. Olaryň köpüsi üçin imanyň üçin we mesihilik işi üçin yzarlanylma hem jezalandyrylma — bu wagtlaýyn zatlardyr.

**ŞU GÜN** bütin dünýädäki Injile duşmançylykly garaýan we ony çäklendirýän ýurtlarda gulluk alyp barýanlar üçin Hudaýa DOGA EDIŇ. Olaryň maşgalalaryny goramagyny Hudaýdan diläp doga ediň. Gullugy we öz işine islenilmeýän ünsüň berilmeginden gaça durmak babatda karara gelmekde olara akyldarlyk hem duýgurlyk berilmegini soraň. Hoş Habary wagyz etmekde olara Hudaýyň batyrlyk bermegi we olaryň tagallalarynyň bol miwe getirmegi üçin doga ediň.



# 24-NJI GÜN



# IKI PAÝ — 4-NJI BÖLÜM

“Men ekdim, Apollos suwardy, ýöne ösdürýän Hudaýdyr. Şoňa görä, eken-de, suwaran-da hiçdir, diňe ösdürýän Hudaý ähmiýetlidir. Eken bilen suwaran birdir, ýöne her biri öz zähmetine görä sylagyny alar”.

**1 KORINTOSLYLAR 3:6–8**

.........................................................

## Stambul, Türkiýe, 2007-nji ýyl

Günümiň aglaba bölegini Semse hem onuň maşgalasy bilen geçirenimden soň, men göterilen ruhy ýagdaýdadym. Men rehimdarlygy, maňa bu sapary tamamlamagyma, iki dul galan aýal, bir gelinlik we Uguryň ene-atasy bilen duşuşmaga, üç sany ejir çekip ölen doganlarymyň ikisiniň mazaryna baryp görmäge, Hudaýyň nazarynda gymmat bolan mukaddesler bilen iýmiti paýlaşmaga, gürleşmäge, gülmäge we aglamaga mümkinçilik bereni üçin Hudaýa bolan ullakan minnetdarlygymy duýdum.

Meniň irden öýe uçmagyma bir gün galdy. Men özümiň iň gowy görýän şäherlerimiň birinde, Mawy metjit bilen Mukaddes Sofiýa soborynyň, dünýädäki iň owadan hem aklyňy haýran edýän ymaratyň golaýyndadym. Men indi gowşaşyp, Türkiýedäki soňky

günümi syýahatçy hökmünde geçirerin diýip pikir etdim. Ýöne ýurtdan gitmezimiň öň ýanynda, Hudaý maňa ýene garaşylmadyk ak patany berdi.

Meniň şol wagtlar Stambulda ýaşaýan dostlarym bardy. Men olara özleriniň ajaýyp şäherine barmakçy bolýandygym barada elektron hat ýazypdym. Olaryň öýi doludy, olarda ýerinde Hoş Habary wagyz etmek boýunça tejribe almak üçin musulman ýurda ABŞ-dan gelen talyplaryň bir topary düşläpdi.

Agşam men olara höwes bilen gitdim. Amerikaly üçin hemişe (diýen ýaly) ýat ýurtda amerikala duş gelmek ýakymly bolýar. Bizi umumy ynam, dil we milletimiz birikdirýärdi. Elbetde, ajaýyp türk nahary-da! Biz gürleşikden lezzet aldyk.

Agşamyň ahyrynda olar menden öz saparym, gullugym, aýratynam, Malatýadaky dul galan aýallar bilen bolan duşuşyklarym hakda gürrüň bermegimi haýyş etdiler. Men derrew kiçijik ekranly wideokameramy çykaryp, Sýuzanna Geksiň öz ýitgisi, Mesihiň güýjüniň özüne ýaşamaga güýç berendigi we adamsyny öldürenleri bagyşlaýandygy hakda beren gürrüňiniň ýazgysyny talyplara görkezdim.

Meniň ýüregim buýsançdan, şol bir wagtyň özünde-de, Türkiýedäki aýal doganlarymyň başyna düşen zatlar sebäpli gaýgydan doludy. Şeýle hem, ýüregim maňa bu ýere gelmäge, olar bilen duşuşmaga we özleriniň şaýatlyklaryny aýtmaga kömek edeni üçin Hudaýa bolan minnetdarlykdan doludy. Käwagt bolşy ýaly, ýüregim şeýle püre-pür bolup, onuň bir bölegi gözlerimden akdy. Men Uguryň gelinliginiň paralanan ýüregi hakda ýüregimiň bir bölegini paralaman gürrüň berip bilmedim.

Özümiň ozal hiç haçan görmedik, şol wagtdan bäri-de duş gelmedik bu talyplarym maňa diýseň mylakatly boldular. Isa hakda türk musulmanlaryna gürrüň berme mümkinçiligi üçin ölmäge taýýar bolan üç mesihiniň taryhy olaryň ýüreklerine täsir etdi.

Hudaýyň missionerçilik gullugyna çagyrşyny we Mesihiň "bütin dünýä gitmeklige" (Mark 16:15) eden çagyrşynyň diňe resullara

däl-de, eýsem, Onuň ähli döwürlerdäki şägirtleriniň hemmesine degişlidigini düşündirmek öz wezipelerimiň biri diýip hasap edýärin. Reb Öz şägirtlerini Özüniň ady nirede wagyz edilmedik bolsa, şol ýere gitmeklige çagyrýar. Meniň üstünde işlän zatlarymdan haýsy hem bolsa birini — kitabymy, radiogepleşigimi, "Ejir gekenleriň sesiniň" maglumatlar býulletendäki makalamy — kimdir birine Hudaýyň *ony* gulluga çagyrýandygyna düşünmäge kömek etmek üçin ulananyny bilmek meniň üçin iň beýik ak patalaryň biridir.

Şol agşam talyplar bilen hoşlaşyp, men myhmanhana gaýdyp gelenimde, olar bilen geçiren wagtymyň bu sapardaky Hudaýyň beren ak patalarynyň soňkusydygyny duýdum. Bu ýaşlaryň ýüreklerinde missionerçilik gullugyna çagyryş tohumyny ekme mümkinçiligi bolupdy. Men munuň ýaly mümkinçilikleri hiç haçan sypdyrmazlyga çalyşýaryn!

Şol tohumlardan nähili hasylyň ösüp çykandygyny men bilemok. Men şondan soň şol talyplary hiç haçan görmedim we olaryň näme bilen meşgullanýandyklaryny we niredediklerini bilmeýärin. Hudaý maňa olaryň durmuşyna aralaşma mümkinçiligini berdi, menem ony Hudaýyň kömegi bilen maksimal derejede ulanmak üçin, elimden gelen hemme zady etdim.

Ertesi gün irden, yzarlanylýan mesihiler bilen duşuşmagym we olaryň şaýatlyklaryny eşidip, olary dünýä bilen paýlaşmagym üçin Türkiýä meni Hudaýyň Özüniň goýberendigini içimden duýup, entegem begenip, özümi öýe alyp barýan uçarda otyrdym. Sapardan soňky indiki günlerde Sýuzanna, Semse we Türkiýede duşuşan adamlarym hakda gürrüň bermäge mende mümkinçilik bolar. Men olaryň wepalylygy hakda gürrüň berjek radiointerwýumyň üstünde höwes bilen işlemäge başlaryn we "Ejir çekenleriň sesiniň" býulleteni üçin makala ýazma mümkinçiligine sabyrsyzlyk bilen garaşýaryn. Semse öz taryhyny öz sözleri bilen gürrüň berip biler ýaly, radioda goýbermek üçin ondan interwýu almak mümkinçiliginiň bolmagy üçin Hudaýa doga edýärin.

# PIKIRLENMEK ÜÇIN

Hudaý bizi belli bir ýere belli bir maksatsyz alyp barmaýar we belli bir duýgularyň bolmagyna sebäpsiz ýol bermeýär. Munuň sebäbi köplenç diňe bir biziň imanda bolmagymyza ýa-da şahsy häsiýetimiziň emele gelmeginde jemlenmeýär. Köplenç Hudaýyň maksady biziň şol tejribämizi başgalar bilen paýlaşmagymyzda jemlenýär. Hudaý biziň her birimize iman tohumyny ekýän tejribäni we şol tohumlary töweregimizdäkileriň durmuşyna geçirip ekmäge mümkinçilik berýär. Ol bize diňe bir tohum bermän, eýsem, biz eýýäm taýýarlanan topraga olary ekip bilerimiz ýaly, biziň ýolumyza belli bir wagtda belli bir adamlary hem getirýär.

Öz zähmetimiziň netijeleri bize mydama mälim däl. Şol tohumy suwarmaga, olar ösüp çykanda we hasyl getireninde ýanynda bolmaga gatnaşmazlygymyzam mümkin, biziň hatda olaryň hasyl getirenini-de bilmezligimiz mümkin bolup biler. Şeýle-de bolsa, biziň wezipämiz — Hudaýyň özümize ekmek üçin beren tohumlarynyň hemmesini ekmekdir.

*"Men ekdim, Apollos suwardy, ýöne ösdürýän Hudaýdyr*".

Öz durmuşyňyzda Hudaýyň Özüniň merhemetini başgalar bilen paýlaşmagyňyz üçin sizi ulanan ýagdaýyny öz gündeligiňize ýazyň. Hudaýy şöhratlandyrmak üçin siz bu barada şu hepdede kime şaýatlyk edip bilersiňiz?

## DOGA-DILEG ETMEK

"Gökdäki Atam, durmuşy tejribämiň, töweregimdäki adamlaryň durmuşyna ekmek mümkin bolan iman tohumynyň peýda bolmagyna nädip ýardam edýänini görmegime we Seniň maňa berýän her bir mümkinçiligiňde şol tohumlary ekmekde wepaly bolmagyma kömek et. Seniň şöhratyň üçin ekýän tohumlarymdan ebedi ruhy hasyly ýetişdir, haýyş edýärin! Omyn".

## Siziň gündeligiňiz

## Meniň gündeligimden

"Amerikaly talyplar bilen bolan duşuşyk olaryň durmuşyndaky yzarlanylýan mesihilere gulluk etmäge çagyryş tohumyny suwarmaga berlen mümkinçilik diýip pikir edýärin — indi Hudaýyň nähili hasyl getirýänine garaşarys. Men adamlary missionerlik gullugyna ruhlandyrmaklygyň öz çagyrlyşymyň bir bölegi bolup durýandygyny duýýaryn, şoňa görä-de, bu maksat üçin islendik mümkinçiligi ulanmaga çalyşýaryn".



## 25-NJI GÜN



# IKI PAÝ — 5-NJI BÖLÜM

“Ahyry başdan, heniz bolmadyk zatlary owaldan aýan edýärin. Men: “Maksatlarym berjaý bolar, bar isleglerimi amal ederin” diýýärin”.

**IŞAÝA 46:10**

........................................................

Kolorado, Roždestwo, 2017-nji ýyl

Öz durmuşymyzyň köp ýyllarynyň dowamynda Hudaýyň amala aşan meýilnamasyny we eliniň kuwwatly hereketlerini biz soňunda görýäris.

Roždestwody. Şarlotta ikimiz, Mesihiň doglan gününi maşgalamyz we dostlarymyz bilen bile bellemek üçin, onuň ene-atasynyň öýüne gitdik. Biziň garşymyzda, ullakan nahar stolunyň başynda, Semse Aýdyn çagalary Ester hem Elişeý bilen, ýagny on ýyl mundan ozal, entek ýitgi we hasrat ýaralary täzejekä tanşan maşgalam otyrdy.

2007-nji ýylda Malatýadaky ganhorlukdan birnäçe hepde geçenden soň öýe gaýdyp gelenimde, “Ejir çekenleriň sesiniň” wekili edip, gynalyp öldürilen üç mesihiniň dul galan aýallary we gelinligi bilen duşuşmagym, olaryň şaýatlyklaryny eşitmegim

we öýe gaýdyp gelenimde, olaryň azat ýygnagy hakda gürrüň bermegim üçin Hudaýyň Özüniň meni saýlanyny aýdyň duýdum.

Indi nahar stolunyň başynda oturanymda, Hudaýyň şol syýahata näme üçin diňe meni goýberenininiň sebäbini gördüm. Hudaý wagta bagly däl: Ol on ýyldan soň näme boljagyny we on ýyl mundan ozal nämäniň bolanyny şu günki ýaly görýär.

Ençe ýyllar geçenden soň men Türkiýedäki doganlarymyň dul galan aýallaryny uzakdan alada etdim ýördüm. Her gezek men ýurtda bolanymda we olary tanaýan adamlar bilen gürleşenimde, olaryň ýagdaýlarynyň nähilidigi, nirede ýaşaýandyklary bilen gyzyklandym. Şonuň üçin Nekati öldürilenden soň tizara onuň garyndaşlarynyň Nekatiniň çagalaryny öz howandarlygyna berilmegini talap edip başlandyklaryny bildim. Olar çagalary "maşgala masgaraçylygyndan" — olaryň "kapyr" kakalaryndan — tapawutlylykda, wepaly musulmanlar edip terbiýelemek isläpdirler.

Eger türk sudunda musulman kazy hasrat çekýän ata bilen enäniň tarapynda duran bolsa, Semse hem islendik söýýän ene hökmünde çagalarynyň elinden alynmagy hakdaky pikiriň bolmagyna-da ýol bermedik bolsa, onda bu ýerde täsin zat ýok. Şonuň üçin ol ýurtdan gaçyp, ahyrsoňunda ABŞ-a gelipdir. Ol özüniň ullakan täze ýurdundaky ýerleriň hemmesinden saýlap, Kolorado ştatynyň Denwer şäherinde ýerleşýär.

Meniň aýalym Kolorado — Springsde ulaldy, onuň ene-atasy entegem ol ýerde ýaşaýar. Şeýdip, bir gezek tomusda zähmet rugsadyna gitmegi meýilleşdirenimizde, men Semsä jaň edip, Kolorado baranymyzda, biziň bilen naharlanmak isleýänmidigini soradym. Ol razy boldy.

Biz Denwerde başga çäreleri meýilleşdiripdik — tebigat we ylym Muzeýine barmagy ýa-da "Denwer Bronkos" türgenleşme lagerine gitmegi meýilleşdirendigimizem ýadyma düşenok — ýöne biz Semsäni, Esteri we Elişany günortanlyk naharyna çagyrdyk. Bu 2011-nji ýyldy ýa-da şoňa golaý wagtdy. Şarlottanyň ene-atasy — meniň şu wagta çenli duş gelen adamlarymyň iň sahysy hem

takwasy bolan iki adam — Denwerde bolan bu sapara biziň bilen gitdiler we bile naharlandylar.

Semse "Dennisde" duşuşmagy teklip etdi. Soňrak ol bu ýeriň öz öýünden daşda däldigini we ol ýere pyýada baryp biljekdiklerini düşündirdi. Ol uly şäherde maşyn sürmegi entegem öwrenip bilenokdy. Biz bile naharlandyk. Çagalar az gürlediler, olar bu amerikalylaryň kimdigini we näme sebäpden özleri bilen naharlanmak isleýändiklerini bilmeýärdiler. Semse Nekati ölenden soňky birnäçe hepdäniň dowamynda öz öýüne gelen adamyň kän bolandygyna garamazdan, meniň olaryň Türkiýedäki öýüne birinji gezek baranymy ýatlady.

Duşuşygyň ahyrynda aýalymyň ene-atasy Semsä: "Biz Kolorado-Springsde ýaşaýarys. Eger size kömek gerek bolsa, onda jaň ediň!" — diýdiler. Olar telefon belgilerini we elektron poçtanyň salgylaryny alyşdylar, soň biz gaýtdyk. Men Semsäni ýene görenime şat boldum. Men biz oňa goldaw edendiris we ruhlandyrandyrys diýip umyt etdim. Bu duşuşygyň Semsäni aýalymyň ene-atasy bilen baglaşdyran köpri boljakdygyna şol gün meniň akyl ýetiren bolmagym gümanadyr.

Olar indiki gezek Denwere baranlarynda, Semsä jaň edip, ony ýene nahara çagyrypdyrlar. Soň ýene birnäçe gezek çagyrdylar. Semsäniň maşynyny bejermek gerek eken. Meniň gaýyn atam üçin, özi muňa garşy bolýan bolsa-da, bejerip bilmejek maşyny ýok. Indiki aýlaryň we ýyllaryň dowamynda ýene köp naharlanmalar, gürrüňdeşlikler, gülküler we gözýaşlar boldy. Ahyrsoňy Semse aýalymyň ene-atasynyň golaýyna göçme kararyna gelýär.

Denwerdäki "Dennisde" geçen şol günden şu wagta çenli hem dowam edip gelýän dostluk döredi. Meniň ogullarymyň mamasy bilen babasy Nekatiniň çagalarynyň özbolușly mamasy hem babasy boldular.

Şol roždestwo güni nahar stolunyň başynda oturanymda, men on ýyl mundan ozal Türkiýede: "Semse gaty ýadady. Bu gün duşuşyp bilmeýär" diýen, soň hem: "Geliň, ýöne köp wagtlyk däl.

Takmynan bir sagatlyk" diýen habary alan günümi ýada saldym. Ine, indi on ýarym ýyldan soň biziň maşgalalarymyz bile roždestwo saçagynyň başynda otyr.

Şol gün gaýyn atam Elişadan Hudaýa doga etmegi haýyş etdi — iýmit üçin minnetdarlyk bildirmegini ýa-da başga bir zat üçin doga etmegini sorany ýadyma düşenok. Indi ýigidiň sesi erkek kişiniň sesi ýaly bolupdyr, daşyndan görseň, ol kakasynyň ýaşlygyna meňzeýär, men onuň suratyny görüpdim. Elişa Hudaýa doga edip başlady welin, bu ýaş ýigidiň Kime doga edýänini bilýäni şobada göze ilýär. Ol içinde Hudaýyň Ruhy ýaşaýan adamdy, Isany şeýle söýeni üçin Onuň ugrunda janyny hem bermäge taýýar bolan kakasynyň mirasyny alan ýigitdi.

Elişa doga-dileg edip otyrka, men özüme sorag berdim: *meniň şeýle köp wagt öň eden dogalarym eşidiläýdimikä? Kakasy Mesih ugrunda görgi görüp ölen Elişa (bu Elýaşa), hakykatdan hem, öz kakasynyň ruhunyň iki paýyny alaýdymyka?*

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Yzyňyza we imanda ýöreniňize seredeniňizde, onda Hudaýyň hereket edenini aýdyň görýärsiňizmi? Şol wagtlar, belki-de, arz eden bir zadyňyz, Hudaýyň Öz işiniň alamatyny öňünden görkezmesi bolan, ol wagtlarda size görünmezek bolan bir zady ýadyňyza düşýärmi? Şol wagtlarda nämedir bir zat üçin Hudaýa doga edeniňiz, indi hem şol doga etmäniň hasylyny ýygnaýanyňyz ýadyňyza düşýärmi? Şol eden dogalaryňyza berlen jogaplary ýazmak, Hudaýa eden işi hem ak patalary üçin, şolaryň netijesinde Onuň özüňize niýetlän ýolundan barýandygyňyz üçin minnetdarlyk bildirer ýaly wagt tapyň.

Hudaýda siziň şu günki ýagdaýlaryňyz bilen baglanyşykly bolan, özüňiziň görýäniňize ýa-da bilýäniňize garanda has ulurak meýliniň bolmagynyň mümkindigi hakda pikirlenmek üçin wagt

tapyň. Hudaýyň maksadynyň dolulygyny doly görýänçäňiz ýyllar geçýän bolsa-da, Onuň eliniň hereketini kabul etme kararyna geliň. Bu babatdaky öz duýgularyňyzy — hatda göwnigalmalaryňyzy-da ýazyň. Ýakyn ýyllarda siz yzyňyza nazar aýlap, Onuň öz durmuşyňyzda nähili hereket edendigini görüp bilersiňiz.

## Doga-dileg etmek

"Gökdäki Atam, hemme zadyň ahyryny iň başynda görýändigiň, hereket edip, meniň durmuşymda we düşen ýagdaýlarymyň içinde öz islegiňi amala aşyrýanyň üçin Saňa minnetdar. Meni nähili ulanmak isleýän bolsaň, şonuň ýaly hem ulanyp bilmegiň üçin öz islegimi Seniň islegiňe tabyn etme kararyna gelýärin. Ýakyn aýlarda we ýyllarda meniň üstüm bilen geçirýän hem geçirjek işiňi görmäge maňa rugsat et, haýyş edýärin. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Interwýu*

Semse Aýdyn bilen geçirilen interwýuny siz "Ejir çekenleriň sesiniň" saýtynda eşidip bilersiňiz www.vom-ru.org "Ejir çekenleriň sesi" Radio bölümi.

# PIKIRLENMEK ÜÇIN SALGYLANMALAR

“Mesihiligiň hakykat baradaky düşünjesiniň iň merkezinde Öz duşmanlarynyň bagyşlanmagyny sorap, olar üçin ölen Adam dur. Bu baradaky pikirler mesihileri diňe özlerinden tapawutlanýanlara düýbünden başgaça garamaklyga alyp baryp biler. Bu olaryň öz garşydaşlaryny zorluga we ezmeklige duçar edip bilmeýändiklerini aňladýar”.

**Timoti Keller**[1]

“Hawa, ugrunda bar zadymy ýitiren Rebbim Mesih Isany tanamagyň artyk gymmaty üçin her zady zyýan saýýaryn, Mesihi gazanjak bolup, syr-süplük saýýaryn. Muny Mukaddes Kanundan gelen öz dogrulygyma däl, eýsem, Mesihe bolan iman arkaly berlen, iman saýasynda Hudaýdan gelen dogrulyga eýe bolup, Mesihde boljak bolup edýärin. Ölüminde Oňa meňzäp, Ony tanamak, direlişiniň güýjüni, görgülerine şärikligiň nähilidigini bilmek, garaz, ölümden direlişe ýetmek isleýärin”.

**Filipililer 3:8–11**

1 Timoti Keller, “THE REASON FOR GOD: BELIEF IN AN AGE OF SKEPTICISM”, awrotlyk hukugy © 2008 Timothy Keller. “WaterBrook Multnomah” rugsady bilen ulanylýar, çap edilme — “Random House”, bölüm “Penguin Random House LLC”. Ähli hukuklar goralan.



# 26-NJY GÜN



# “EGER BÜTIN DÜNÝÄ IMAN EDEN BOLSA”

“Çünki Hudaý dünýäni köp söýýänligi üçin, Ogluna iman edenleriň hiç biri heläk bolman, ebedi ýaşaýşa gowuşsyn diýip, Özüniň ýekeje Ogluny berdi. Hudaý Ogluny dünýäni höküm etsin diýip däl-de, eýsem, dünýä Ol arkaly halas bolsun diýip iberdi. Oňa ynanýan höküm edilmez, ynanmaýan bolsa, Hudaýyň ýekeje Oglunyň adyna iman etmeýänligi üçin eýýäm höküm edilendir”.

**ÝOHANNA 3:16–18**

.........................................

## Demirgazyk — Günbatar Hytaý, 2003-nji ýyl

Gyşyň ortasydy, myhmanhana örän sowukdy. Men ýylanmak üçin ýyly geýimde ýatdym. Daşarda gar ýagyp durdy.

Biz Hytaýyň uzak günbataryndaky sebitdedik, Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň baştutanlyk edýän söweşiniň edil möwç

urýan ýerindedik. Bu fiziki söweş däldi-de, psihologiki söweşdi. Hytaý döwleti öz halkyny gözegçilikde saklamak isleýärdi; ol her bir adamyň partiýa we döwlete wepaly bolmagyny talap edýärdi.

Hytaýyň bu böleginiň ilaty adaty yslama uýýar. Olaryň dili partiýanyň ýolbaşçylarynyň gürleýän mandarin dili däl-de, türki *uýgur* dili. Bu territoriýanyň üstünden gözegçiligi üpjün etmek üçin hytaý döwleti, uýgur medeni täsirini basyp ýatyrmak ýa-da iň bolmanda, ony gowşatmak üçin, ol ýere etniki han taýpasyndan hytaýlylaryň müňlerçesini göçürdi.

Hytaý döwletiniň nazarynda uýgur bolmagyň özi yzarlanylma duçar bolmagy aňladýardy. Uýgur bolup, üstesine mesihi bolsaň nähili bolýar? Bu hemme tarapdan kynçylygyň boljagyny aňladýar!

Gündiz biz özümizi syýahatçy ýaly alyp bardyk, köçelerde gezdik, bazarlarda suwenirler satyn aldyk we hemmämiz surata düşdük. Diňe garaňky düşeninden soň bize mesihiler bilen duşuşmak başartdy, ýöne biz olaryň öýlerine baryp bilmedik, bu juda köp ünsi çekjekdi. Şonuň üçin olar biziň ýanymyza geldiler.

Meniň Aly diýip atlandyrjak ýaş ýigidim, baryp talyplyk ýyllarynda özüniň uýgur halky bilen han taýpasyndan bolan hytaýlylaryň arasyndaky dartgynlylygyň sebäpleri, şeýle hem, hytaý halkynyň hem döwletiniň ezmesinden gaçmaga uýgurlara nädip kömek etmelidigi hakdaky soraglary özüne berip başlady. Ol öz halkyna nädip kömek etmelidiginiň jogabyny yslamdan taparyn diýip umyt etdi.

Bu hakda pikirlenip ýörkä, Aly bir mesihä duş geldi. Ol adamy Aly onçakly halamady, ýöne onuň wagyz edýän taglymatynyň ony düşündirip bolmajak ýagdaýda özüne çekýändigini duýdy. Aly *mesihiligiň* öz halkyna parahatlyk getirip biljekmidigi hakdaky soragy öz-özüne berip, ony öwrenip başlady.

“Men özüm üçin yslamda köp erbet zatlary açdym, bu taglymatdaky köp zatlary men kabul edip bilmedim. Yslamda adalat ýok, dogrulyk ýok. Şonuň üçin men Mukaddes Kitaby okap başladym” — diýip, Aly bize gürrüň berdi.

Alynyň kakasy ýerli metjide ýolbaşçylyk edýän eken. Onuň dogany yslamy öwrenmek üçin Owganystana talibanlaryň arasyna gidipdir. Bu maşgala özlerinden biriniň mesihilige gyzyklanma bildirmegi bilen ylalaşýan maşgalalardan däldi. Şeýle-de boldy. Olar Alynyň Mukaddes Ýazgyny okaýanyny bilenlerinde, Mukaddes Kitaby alyp ýakdylar.

"Hiç haçan bu kitaby okaýma — diýip, olar oňa buýruk berdiler. — Ondaky zatlaryň hemmesi ýalan. Ondaky zatlaryň hemmesi ýoýulan!"

Ertesi gün hepdelik namaz okalýan gündi. Maşgala metjide gitmekçi bolanda, Aly özüniň olar bilen gitmejekdigini aýtdy. Şol pursatdan başlap, maşgala ony her hili edip yzarlap başlapdyr we tizara öýden kowdy.

"Indi men seniň kakaň däl, indi *hiç haçan* şu öýe geläýme!" — diýip, kakasy Ala aýtdy.

Ýöne ýakynlary Alynyň diňe bir öýsüz galandygy bilen kanagatlanmady. Kakasy onuň okaýan okuw jaýyna baryp, ol ýerde goh turuzdy-da, mugallymlary talyplara gowy seretmezlikde aýyplady, eger olar öz işlerini ynsap bilen ýerine ýetiren bolsa, onda oglunyň mesihi bolmajakdygyny aýtdy.

Tussag edilmeden gorkan Aly okuwyny taşlap gitdi. Ol garyndaşlarynyň ýanyna gitdi, ýöne kakasy Alynyň indi musulman däldigini olara-da aýtdy, şol sebäpden hem, olaram ony kabul etmediler. Hatda dostlary-da köçede onuň bilen salamlaşmakdan we kömek etmekden ýüz öwürdiler.

Aly açyk meýdanda ýaşady, şeýdibem, syrkawlap, keselhana düşdi. Adatça Hytaýda syrkawa iýmiti maşgalasy getirýärdi, ýöne maşgalasy Alydan ýüz öwrüpdi. Hudaýyň munuň hem aladasyny edendigi Alyny haýran galdyrdy. Ala nebsi agyran şepagat uýasy oňa nahar getirip başlapdyr. Eger ol bolmadyk bolsa, özüniň ölmeginiň mümkindigini Aly bize aýtdy.

Alynyň taryhyny diňläp oturşyma men imandaky şele ýaş ýigide urgy yzyna urgynyň degişini göz öňüne getirdim. Şeýle-de bolsa,

ol bu urgularyň hemmesine döz gelip, Mesihe bolan imanyndan ýüz öwürmekden boýun towlady. Ol ony taşlamakdan ýüz öwürdi. Şondan bäri-de, onuň durmuşynyň her bir etapynda Hudaý ony goldap ýör.

Alynyň keselhanada bolan wagty üçin hasapnama gelende, Hudaý bu tölegi tölemek üçinem serişde berdi. Indi Aly mekdepde okamaýardy, onuň öýi-de ýokdy, şonuň üçin oňa iş gerekdi. Ýöne okuwy gutarmadyk, üstesine-de mesihi bolan bu ýaş ýigidi kim işe alar? Emma Hudaýyň gudratynyň kömegi bilen, asla garaşylmadyk wagtda Ala iş teklip etdiler. Bu ýigit öz ýolunyň her bir etapynda Hudaýyň goraýan we özüni üpjün edýän elini görýärdi.

Talyplyk ýyllarynda Aly özüniň uýgur halkyna nämäniň parahatçylyk getirip biljekdigi hakdaky soraglary özüne berýärdi. Indi onda dünýäniň Hany bilen şahsy gatnaşyklary bardy, şol sebäpden hem, Isa hakda öz halkyna gürrüň bermegi diýseň isleýärdi.

Meniň yzarlanylýan mesihilere köp berýän soraglarymyň biri: "*Siziň Mukaddes Kitapdaky iň gowy görýän aýadyňyz haýsy aýat?*" diýen soragdyr.

Alynyň gowy görýän aýadyny her bir mesihi aýdyp bilýän bolsa gerek: Ýohanna 3:16.

"Hudaý Özüniň *hemmeleri* söýýändigini aýdýar. Bu maňa ýaraýar, sebäbi menem öz halkymy söýýärin. Eger bütin dünýä Mesihiň taglymatyna eýerýän bolsady, onda dünýäde parahatçylyk bolardy!" — diýip, Aly maňa düşündirdi.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Isa Öz hakykatynyň maşgalalary böljegini we bizi hatda öz öýümizde-de duşman etjekdigini bize duýdurdy:

> “Çünki Men ogly atasyndan, gyzy enesinden, gelni gaýyn enesinden aýyrmaga geldim. Adamyň duşmany öz içerisindäkiler bolar. Atasyny, enesini Menden artyk söýen Maňa mynasyp däldir. Ogluny, gyzyny Menden artyk söýen Maňa mynasyp däldir. Öz haçyny alyp, Meniň yzyma düşmedik hem Maňa mynasyp däldir”. (Matta 10:35–38).

Belki, Isanyň bu parçadaky sözlerini şahsy tejribäňizde hiç haçan başdan geçirip görmeli bolan dälsiňiz. Belki, maşgalaňyzyň agzalary iman ýoluňyzda sizi goldandyrlar we höweslendirendirler, hatda bu günem sizi Mesihiň durmuşyna meňzeş durmuşda ýaşamaga çagyrýandyr. Eger bu şeýle bolsa, onda bu ak pata üçin minnetdarlyk dogasyny ýazmaga we Aly ýaly, Mesihiň yzyna eýermegiň ýerdäki maşgalaň senden ýüz öwürmegini aňladýanlar üçin Hudaýa doga etmäge wagt tapyň.

Eger siz — maşgalaňyz bilen Isanyň arasynda saýlaw etmäge mejbur bolanlaryň biri bolsaňyz, onda özüňiziň ýeke hem unudylan däldigiňizi biliň. Isa Alynyň we Hoş Habaryň çäklendirilýän ýurtlarda ýaşap, saýlaw etmäge mejbur bolýan başga-da köp doganlaryň aladasyny edişi ýaly, siziň hem aladaňyzy etmek isleýär.

## Doga-dileg etmek

“Rebbim Isa, Seni hemme zatdan ýokary, hatda maşgalamdan hem gymmatly saýmagyma kömek et! Omyn”.

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Hytaýda sowugyňam, garyňam telekeçiligi alyp barmagy haýallatmandygy meniň üçin gyzykly boldy. Dükanlar — hatda köçedäki gazet dükanjyklaram adamdan doludy! Ýerli ilat gara we minusly temperatura endik edinene meňzeýär.

Bütin ýurt bir sagat guşaklygynda dur. Şonuň üçin bu ýerde, günbatarda, gün sagat 9-a çenli diýen ýaly dogmaýar. Bu maňa akla sygmajak ýaly bolup görünýär, ýöne Hytaýyň Kommunistik partiýasynyň nukdaýnazarynda munuň bir milliarddan gowrak raýata gözegçilik etmegi, dolandyrmagy we agalyk etmegi esli ýeňilleşdirýändigine ynanýaryn.



27-NJI GÜN



# JAÝLAMA ÇÄRESINDÄKI WAGYZ

"Ýöne ýüregiňizde Reb Hudaýy mukaddes ediň. Içiňizdäki umyt hakynda özüňizden hasabat soran her kese, her wagt pes göwünlilik hem mylakatlylyk bilen jogap bermäge taýýar boluň".

**1 PETRUS 3:15**

.............................................

Orta Aziýa, 2002-nji ýyl

Gynamalar ýatlanylanda erkek kişiniň aglanyny men birinji gezek gördüm. Ruhy çopan Ragimowyň gözlerine ýaş aýlandy, soň hem ýaňagyndan syrykdy. Biz onuň ýanynda otyrdyk, yssy tomus günüdi, ýöne Kaspi deňzi tarapdan ýeňiljek ýakymly şemal öwüsýärdi.

"Meni ýençdiler — diýip, ol ýuwaş, emma sesindäki çogup duran emosiýa bilen aýtdy. — Meni köp gezek ýençdiler".

Ýöne indiki deminde ruhy çopan özüne azar berenler üçin Hudaýa doga edýändigini aýtdy: "Men muny hiç zadam edip bilmeýärin, diňe olar üçin Hudaýa doga edýärin".

Sowet Soýuzy ýykylanyndan we garaşsyzlygyny alandan soň onuň ýurdunda köp zatlar üýtgedi. Ýöne diňe bir zat üýtgemedi: bu ýurtda mesihi bolup, töweregiňdäkilere Isa hakda gürrüň bermek — özüňi yzarlanmalara duçar etmegi aňladýar. Orta Aziýanyň halklary, ahyrsoňy, ateistik ideologiýany, islendik dini herekete duşmançylykly gatnaşygy hem onuň üstünden gülmäni öz içine alan ýetmiş ýyllyk agalyk etmeden saplandylar.

Emma kommunizmiň köki bilen aýrylanyndan soň, onuň ýerine mesihiligi kommunistlerden-de beter ýigrenýän yslam geçdi. Kommunistler mesihileri asudalygy bozýanlar, tertip-düzgün jezalandyrmasyna mynasyp hasaplaýardylar, radikal musulmanlar bolsa, olary kapyr, ölüme mynasyp hasaplaýarlar.

Ruhy çopan Ragimow öz watandaşlarynyň arasynda Isanyň yzyna eýeren ilkinjileriň arasyndady. Ol kommunistik ezilmäniň dabanyny we radikal yslamyň möwç alan bogujy tolkunyny özünde duýup gördi. Ol şolaryň ikisindenem ejir çekdi.

Emma yzarlamalar we azar bermeler Ragimowa Isa hakda gürrüň bermäge päsgel berip bilmedi. Eger ruhy çopan haýsydyr bir sebäbe görä, oba baraýsa, ol obanyň adamlaryna Hoş Habary gürrüň bermegimi Hudaý isleýär diýip çaklaýardy. Eger ony polisiýa tutsa, onda polisiýa işgärlerine-de Hoş Habary wagyz etmegimi Hudaý isleýär diýip hasap edýärdi. Eger onuň ýolunda radikal musulmanlaryň topary duş gelse, diýmek, Hudaý olary *özlerine* şaýatlyk etmek üçin iberendir diýip çak edýärdi.

Ruhy çopan Ragimow Mesihe bolan yhlasynyň we ýalynly imanynyň hakyky ýagdaýlarda ýüze çykýandygyny bize aýtdy.

Bir gün Ragimow, edil gölegçiler ýöräp barýarka, bir oba bardy. Obanyň ak sakallarynyň biri ölen eken. Ragimow pursatdan peýdalanyp, jaýlama ýolbaşçylyk edýän mollalaryň (yslamyň alymlarynyň) ikisi bilen gürrüň edip başlady. Ol olaryň pikiriçe, merhum soňky demini goýbereninden soň oňa näme bolýandygy bilen gyzyklanýardy.

Mollalar oňa takyk jogap berip bilmediler.

— Eger şunuň ýaly wajyp soraglara jogap berip bilmeýän bolsaňyz, bu ýerde näme işleýärsiňiz? — diýip, Ragimow olara garşy gürledi.

— Eger sen beýle akylly bolýan bolsaň, jaýlanylma wagtynda özüň çykyş edersiňmi? — diýip, mollalaryň biri jogap berdi.

Bu ruhy çopanyň deňesinden geçirip bilmejek mümkinçiligi boldy! Jaýlanylma wagtynda ol öňe çykyp, ýogalan musulmanyň tabydynyň ýanynda durdy. Ragimow Isa Mesih arkaly Hudaýyň ýanynda baky bolmaga umydyň bardygy hakda gürrüň etdi. Onuň içinde iki molla bilen oba milisioneri bolan ýüz elli adamdan ybarat bolan diňleýjileri ony ünsli diňlediler.

Merhumy jaýlap bolanlaryndan soň, obanyň köp ýaşaýjylary, gürleşmek üçin, Ragimowyň ýanyna geldiler. Sylag hem hormatyň alamaty hökmünde (olaryň medeniýetine laýyklykda), olar onuň iki ýaňagyndan ogşadylar.

“Bu molla biziň şu wagta çenli diňlän mollalarymyzyň iň gowusy — diýip, olar musulman mollalaryna: “Biz onuň öz obamyza gaýdyp gelmegini isleýäris” diýdiler”.

Ragimow olaryň haýyşyny ýerine ýetirmäge şatdy. Soňrak ol bu ýere gaýdyp gelip, olara “ISA” filmi görkezdi.

Bu Hoş Habary wagyz etmek üçin ýyly kabul ediliş we açyk gapy — onuň bagtly ýatlamalarynyň biri boldy.

Ýöne soňy düýbünden başgaça bolup gutaran wakalaram bolupdyr. Bir obada, biziň gürrüňini eden wakamyzdan baryýogy birnäçe aý ozal, ruhy çopany asla ýyly garşy almandyrlar. Ragimow ol ýere bir maşgalany baryp görmek üçin gitdi. Ragimow ol ýerden gideninden soň, öýe howpsuzlyk gullugynyň işgärleri gelip, maşgala agzalarynyň hemmesiniň dokumentleriniň nusgasyny aldylar we olara indiki gezek Ragimow gelende, milisiýa habar bermegi buýruk berdiler, şeýle hem, eger olar mesihileriň hemmesi bilen gatnaşmagy bes etseler has gowy hem howpsuz boljakdygyny duýdurdylar.

Emma howpsuzlyk gullugynyň işgärlerine bu maşgalany-da, Ragimowy-da gorkuzmak başartmady. Biz gürleşen wagtymyzda ol şol oba ýene barmagy meýilleşdirýärdi.

Başdan geçiren urulmalary, agyrylary we görgüleri onuň ýadyndady. Şeýle hem, özi üçin Hoş Habaryň hakykatyny açanda tapan umydy-da onuň gowy ýadyndady, Hudaýyň Öz Ogluny Orta Aziýada we bütin dünýäde ýaşaýan ähli adamlar üçin gurbanlyk hökmünde goýbereni hem ýadyndady.

Watandaşlary ilkinji gezek bu habary eşidenlerinde we Hudaýyň söýgi wadasyny hem Mesih bilen bakyýetde bolmany saýlanlarynda olaryň gözlerinde döreýän nury görende Ragimowyň duýýan şatlygy wagtlaýyn görgülerden ýa-da urgy ejirlerinden has ýokarydyr.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Biz “tabynlyk hem pes göwünlilik bilen hasabat bermäge” we her bir ýüze çykan ýagdaýa Hoş Habary wagyz etme mümkinçiligi hökmünde seretmäge nädip mydama taýýar bolup bileris? Ragimow mesihilige duşmançylykly garaýan ýurtda jaýlama çäresinde Hoş Habary wagyz etmek üçin gaty gowy mümkinçilik hökmünde garaýan birinji mesihi däl. Hytaýly bir ruhy çopanyň jaýlama çärelerinde wagyz etmegi gowy görýändigini, sebäbi, elbetde, bu wagtda adamlaryň bakyýet hakda pikir edýändiklerini, mundan başga-da, milisiýanyň jaýlama çärelerindäki ýygnanyşyklara hiç haçan diýen ýaly üns bermeýändigini aýdany ýadyma düşýär.

Siz hem, edil ruhy çopan Ragimow ýaly, duş gelýän adamyňyzy, oňa Injili wagyz etmegiňiz üçin Hudaýyň ony siziň ýoluňyza getirip goýýandygyna ynanýarsyňyzmy? Şunuň ýaly pikir siziň hereketleriňize we gürleşikleriňize nädip täsir edip bilýär? Her gün Hudaýyň öz ýoluňyza iberen adamyna Isanyň söýgüsi hakda şaýatlyk etmäniň gapysyny açmagy üçin Oňa doga-dileg edip ýatlatmagy telefonyňyza belläň.

## Doga-dileg etmek

"Ýa Reb, özüme duş gelýän her bir adamy Seniň gözleriň bilen görmeklige we her bir duşuşyga hem-de her bir gürrüňdeşlige Seniň söýýän we ugrunda ölen adamyňa merhemet hem-de hoşhabar hakykatyny getirme mümkinçiligi hökmünde garamaga maňa kömek et. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Uçuş adaty bolmadyk başdan geçirme boldy!

Men edil pajygaly ýagdaýda çykylýan çykalganyň ýanynda otyrdym. Uçar uçuş-gonuş zolagyna çykyp, tizlik alyp başlanda, gapdalda içeri howa girýän ýaly sykylyk eşidildi! Meniň işdeşim stýuardessadan gapynyň germetiki ýapylanmydygyny sorady, ol hem onuň gowy ýapylandygyna bizi ynandyrdy. Soň uçar ýokary galanda, ilgiji ýapyp duran panel açyldy, men muňa gaty gorkdum! Uçaryň ýigrimi ýyldan az bolmadyk tutulary sary tegmilli ýaşyl awokadonyň reňkinde bezelendi, oturgyçlaryňam reňki solandy.

Üstesine-de, oturgyçlar öňe ýygnalýar, şonuň üçin, eger oturgyçda hiç kim oturmadyk bolsa, uçarman hem tormoz berse, onda oturgyjyň özi öňe ýykylýardy. Ine, saňa hezillik! Hä, hawa, men gazyň ysynam duýdum!

Ahyrsoňy men sandyrap, Hudaýa doga edenimden soň we ýokary uçanymyzdan soň, men gowşaşdym, hatda birazajyk irkildimem.



# 28-NJI GÜN



## “HAJATHANA KAGYZY HÖKMÜNDE ULANYP BILERSIŇ!”

“Agrippa Pawlusa: “Meni az salymyň içinde yryp, mesihi etjek bolýarsyňmy?” diýdi. Pawlus oňa: “Men, az bolsun, köp bolsun, diňe sen däl, eýsem, şu gün meni diňleýänleriň bary hem şu zynjyrlarsyz meniň ýaly bolsunlar diýip, Hudaýdan dileýärin” diýdi”.

**RESULLARYŇ IŞLERI 26:28–29**

…………………………………………..

### Orta Aziýa, 2002-nji ýyl

Meniň interwýu alan mesihilerimiň köpüsiniň Mesihe duşmazyndan öňki durmuşy täsin. Men Telman bilen tanşanymda, ony öz ýaşaýan ýerine, Orta Aziýa ýurdunyň aýra saklanylýan bölegine, ýekeje-de ýygnak bolmadyk ýere, missionerçilik gullugyna goýberdiler. Onuň iman etmezinden öňki durmuşy meni diýseň haýran galdyrdy.

Telman jenaýatçylykly maşgalada ulalan jenaýatçydy. Ol — öz sözüne görä mynasyp bolan — jenaýatçylykly hereketi üçin türmede oturyp çykdy. Onuň doganlary-da jenaýatçylar bolupdyr.

Men Telmandan:

— Nädip jenaýatçylykly maşgaladan bolan musulman Isa Mesihiň yzyna eýeriji bolup biler? — diýip sorag berdim.

— Oňa Mukaddes Ruh galtaşan bolsa gerek. Başgaça bolup bilmez — diýip, ol jogap berdi.

Ýyljajyk gündi. Biz daşarda otyrdyk. Telman özüniň taryhyny gürrüň berdi. Ýanymyzdaky şäher meýdançasynda fontan bardy. Belki, şu ýakymly gurşaw Telmana özüniň imana geliş taryhynyň ýakymsyz jikme-jikliklerini gürrüň bermäge päsgel berendir. Ol özüniň jenaýatçylykly durmuşy we häzirki meşgullanýan gullugy we ondaky kynçylyklar hakda gürrüň berdi, ýöne özüniň imana gelşi we onuň bilen baglanyşykly bolan meseleler hakda hiç zat aýtmady. Taryhyň bu bölegini men başga mesihiden, Telmanyň dostundan eşitdim.

Dünýewi musulman hem jenaýatçy Telman Isanyň yzyna eýeriji bolanda, onuň “dönükligi” bütin maşgalany gazaplandyrdy. Ol özüniň bütin tohumyny masgara etdi, munuň üçin bolsa, kimdir biri jeza çekmelidi. “Telmanyň özi yslamdan ýüz öwürme kararyna gelen däldir. Ony kimdir biri bu hak ýoldan çykarandyr! — diýip, ýakynlary geçirimlilik bilen karara geldiler. Şonuň üçin “ähli betbagtçylyklarda” onuň aýalyny aýyplap, Telmanyň iki erkek dogany ony rehimsizlik bilen ýençdiler.

Özüm är bolanym üçin, Telmanyň çeken hasratyny we utanjyny göz öňüne getirip bildim. Eýsem, är öz aýalyny goramaly dälmi? Eger maşgalasy onuň eden zadyna gaharlanan bolsa, onda onuň aýalyny ýençmegiň deregine, bu meseläni özi bilen çözlüşmeli dälmi? Taryhyň bu bölegini näme üçin Telmanyň özünden däl-de, başga birinden eşidendigime düşündim. Äre munuň ýaly zady gürrüň bermek kyn bolýar.

Şeýle-de bolsa, Telman bilen aýalyny berilýän azarlar saklap bilmedi-de, gaýtam, özlerini Hudaýyň çagyran ýoluna düşme kararynda berkitdi. Telman öz ýygnagynda Mukaddes Kitap öwreniş kursuny geçdi, soň ony ýurduň başga bir bölegine missionerçilik gullugyna iberdiler. Ol aýaly bilen goşlaryny ýygnap göçüp gitdiler we özleriniň täze ýygnagynda hoşhabarçylyk işine başlamak üçin ilki uzak garyndaşlarynyň öýünde boldylar.

Ýöne ol ýerdäki häkimiýet özleriniň şäherinde ýygnagyň bolmagyny islemedi. Telmany milisiýa bölümine çagyrdylar-da, ony sorag etdiler we gorkuzdylar. Döwlet hasaba almasy bolmasa, onda ýygnak döretmegiň bikanun iş bolýandygyny oňa aýtdylar. Ahyrsoňy bu maşgaladan bu ýerde wagtlaýyn ýaşamaga berlen rugsatnamany aldylar-da, öňki ýaşan ýeri bolan paýtagta gitmegi buýruk berdiler.

Telman bilen aýaly garşy çykmalara gabat gelseler-de, ýan bermediler. Olar bolmaly rugsatnamanyň ýoklugy sebäpli ýygnak döretmäge berlen aýanlykdan el çekmekçi däldiler. Telman özüniň paýtagtdaky döwlet hasaba alynmasy bar bolan ýygnagynyň ruhy çopany bilen maslahatlaşyp bildi we şu ýygnak öz adyndan Telmanyň missionerçilik gullugy üçin zerur bolan dokumentleri taýýarlap bildi.

Telman şähere gaýdyp geldi-de, ol ýerde hoşhabarçylyk işini dowam etdirdi. Ony nobatdaky gezek milisiýa bölümine alyp bardylar. Telman milisiýanyň başlygynyň öňünde oturanynda, öz işine ýurdunyň döwlet işgärleriniň rugsat berendigini aýdýan resmi dokumentleri çykardy.

Milisiýanyň başlygy diňe it ýylgyrşyny etdi. “Bu dokumentleri hajathana kagyzy hökmünde ulanyp bilersiň. Bu ýerde kanun — men!” — diýip, ol aýtdy.

Telmany ýene şäherden kowdular. Bu ýene ony Hudaýyň çagyran işinden saklap bilmedi. Eger oňa şäherde ýaşamaga rugsat bermeseler, onda ol bu ýere ýygy-ýygydan gelmeli bolýardy.

Ol her hepdede şol ýere — birnäçe sagatlap maşynda, ondan-da köpräk wagtlap awtobusda gatnap başlady. Telman Hoş Habary wagyz etdigiçe, mesihiler topary ulaldy. Gaýduwsyz missioner hakda eşidenlere onuň bilen tanyşmak we gürleşmek gyzyklydy. *Ol näme dälimi? Näme üçin ol şäherden kowanlaryndan we resmi adamlar, eger bu ýere ýene gaýdyp gelse, özünde kynçylyklaryň ýüze çykjagyny düşnükli aýdanaryndan soň hem gelýär? Nädip beýle bolup bilýär, ozal onda jenaýatçylykly işleri sebäpli milisiýa bilen meseleleri bardy, indi bolsa, milisiýa ony ýygnak açjak bolýany üçin saklaýar? Onuň wagyz edýän taglymatyndaky näme häkimiýeti beýle gaharlandyrýarka?*

Telman öz gullugynyň dowam etdirilmegi we bu şäherdäki has köp musulmanlaryň Isa Mesihi öz Halasgäri hem Rebbi hökmünde kabul etmekleri üçin doga-dileg etmegimizi sorady. Şeýle hem, ol özüne Hudaýyň şäherde ýaşamak üçin rugsatnama bermegini, aýaly bilen bile Hudaýyň özlerini çagyran we anyk ak pata berýän gullugyna golaý bolmak üçin göçüp barmaklaryny diläp doga etmegimizi haýyş etdi.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Hudaý sizi nämedir bir zada çagyranynda, bu sizi näderejede ýeňil gorkuzýar? Eger ilkinji minutdan işler gowuja gitmese, siz çalt ýan berýärsiňizmi? Telmana täze şäherde gulluk alyp barmagy gadadan etdiler, ýöne ol munuň üçin zerur bolan dokumentleri aldy. Soňra oňa bu kagyzlaryň peýdasyzdygyny aýtdylar, emma ol gullugyny goýmak hakda pikirem etmedi. Soň oňa bu şäherde ýaşamagy gadagan etdiler, ýöne ol yzygiderli ol ýere gatnap, işini dowam etdirdi. Päsgelçilikleriň ýekejesi-de, Hudaýyň bu şäherde gulluk etmäge çagyrmasyna jogap bermäge oňa päsgel bermedi.

Sizde şunuň ýaly aýgytlylyk barmy? Siz Hudaýa doga etmäge, zähmet çekmäge we öz ýoluňyzyň täzeden täze strategiýasyny

işläp düzmäge, öz durmuşyňyzdaky Hudaýyň çagyryşyny ýerine ýetirmek bilen öz araňyzda durýan islendik päsgelçiliklerden aýlanyp geçmäge ýa-da ýeňip geçmäge taýýarmy? Ruhy durmuşyňyzda duş gelýän päsgelçilikleriňiz hakda öz gündeligiňize ýazyň. Şeýle hem, olary ýeňip geçmegiň ýollaryny sanaň.

## DOGA-DILEG ETMEK

“Rebbim Isa, bilýän zadymy batyrlyk bilen dowam etmäge kömek et. Päsgelçilikleriň, oňaýsyzlyklaryň ýa-da kynçylyklaryň bardygyna garamazdan, Sen meni çagyrýarsyň. Olary ýeňip geçmegiň usullaryny tapmaga kömek et. Omyn”.

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Saparyň birinji güni: Maňa bu ýere gelmek üçin ýigrimi sekiz sagada golaý wagt gerek boldy, Londonda garaşan dowamly alty sagadym hem şonuň içinde. Men bu ýere ýarygijä golaý geldim we sagat ikä golaý ýatdym. Elbetde, men gowy ýatyp bilmedim, üç sagat dagy ýatan bolsam gerek.

Biz myhmanhanadan sekizden azajyk soňrak çykdyk we gije bir otuzda — on ýedi ýarym sagatdan soň gaýdyp geldik. Özümi uzakly gün erbet duýmanym meni haýran galdyrdy! Hudaýa şükür! Bu wagtyň içinde biz bir müň bir ýüz km. ýol geçdik. Meniň ýanymda giden ýerli ýoldaşym maňa “gahryman” diýdi we başga

islendik daşary ýurtly bolan bolsa, onuň ýüz km-den soň ýüňyldap başlajakdygyny aýtdy!

## PIKIRLENMEK ÜÇIN SALGYLANMALAR

"Ýygnak dünýäden doly aýra bolanda, ol mydama gülläp ösdi. Birinji üç ýüzýyllygyň dowamynda dünýä Ýygnagy ýigrendi. Zyndan, dar agaçlary, ýabany atlaryň toýnaklary Mesihiň yzyna eýerijiler üçin gaty gowy zat hasaplandy. Adam mesihi bolanyndan soň, ol ene-atasyny, öýüni hem ýerini galdyrdy, mundan başga-da, ol öz janyny orta goýdy... Ýöne ol wagtlar gahrymanlaryň döwrüdi; bu ägirtleriň zamanasydy. Ýygnak entek hiç haçanam özüniň gan bilen çokundyrylmasyndan geçen döwründäkisi ýaly ösmedi we güllemedi. Ýygnagyň gämisi hiç haçan öz palubasyna ejir çekenleriň gan akymy guýlan wagtyndakysy ýaly, ajaýyp ýüzmedi. Eger haçan hem bolsa bir wagt bu dünýäni Mesih üçin ýeňmek isleýän bolsak, onda biz görgi görmelidiris we ölmelidiris".

**Çarlz Spenjer**[1]

"Şeýlelikde, oglum, Mesih Isadaky merhemet bilen güýçlen. Birtopar şaýatlaryň ýanynda menden eşiden sözleriňi beýlekilere-de öwredip biljek adamlara tabşyr. Mesih Isanyň oňat esgeri bolup, meniň bilen bilelikde görgi gör".

**2 Ţimoteos 2:1–3**

1 Çarlz G. Sperjen, "Gymmat zady ýigrenji zatdan tapawutlandyrmak", 1860-njy ýylyň 25-nji martynda edilen wagyz, "The New Park Street Pulpit", том. 6 (Grand-Rapids, Miçigan: "Zondervan", 1964), 154.



## 29-NJY GÜN




# “HIÇ KIM HOŞ HABARY SAKLAP BILMEZ!”

“Hudaýyň huzurynda, şeýle hem dirilere we ölülere kazylyk etjek Isa Mesihiň huzurynda, Onuň gelmeginiň we şalyk sürmeginiň hatyrasyna saňa şulary berk tabşyrýaryn: pursadyň amatly bolup-bolmazlygyna garama-da, Hoş Habary dyngysyz wagyz et. Günä edýänleri paş edip, olary ýazgar, sabyrlylyk bilen öwüt-ündew berip, taglymaty öwret”.

**2 TIMOTEOS 4:1–2**

.....................................................

### Azerbaýjan, 2002-nji ýyl

Ruhy çopan Ýalow yhlasly mesihi we gaýduwsyz hoşhabarçy bolmazyndan öň, ondan-da beter yhlasly — Muhammede ynanmakda, ýurdundaky beýleki adamlaryň köpüsine garanda, has yhlasly musulman bolupdyr. Ol gaty sowatlydy we maddy ýagdaýda-da üpjün edilendi, ýöne ol barybir hakyky ynjalygy tapyp bilmändir.

Hudaýhon musulman bolany üçin ol öz ýüreginiň dynman berýän soraglaryna jogap tapma umydy bilen Gurhan okady. Ol

hatda Mekgä zyýarat edip, haç parzyny ýerine ýetirmek bilen wajyp yslam borçlarynyň birini-de ýerine ýetirdi. Ol öz dininiň talap edýän zatlarynyň hemmesini etdi, ýöne barybir ýüreginde birahatlyk bardy. Ol sustupes ýagdaýa düşüp, özüne kast etmäge taýýarlanyp başlady.

"Men *şerigatyň* kanuny boýunça ýaşamaga çalyşdym. Men durmuşymda nämedir bir zadyň ýetmezçilik edýänini duýdum. Men Gurhandan öz soraglaryma jogap tapmadym. Men özümi akmak hasapladym-da, özüme bilim ýetmezçilik edýändir öýtdüm. Men gitdigiçe köp okadym. Emma köp okadygymça, jogabyny tapyp bilmeýän soraglarym şonça-da *köpeldi*" — diýip, ol Azerbeýjanyň paýtagtyna baran wagtymyzda maňa we kärdeşime gürrüň berdi.

Bir gün mesihi ruhy çopany Ýalowy ýygnanyşyga çagyrdy. Bu ýygnanyşykda alty sany azerbeýjan hem bardy. Ýalow bu ýygnanyşykdaky ýedinji we entek özüni Mesihiň yzyna eýermeklige bagyş etmedik ýeke-täk adam boldy. Ýalow alty aýyň dowamynda toparyň sapaklaryna gatnaşdy we Mukaddes Kitaby okady. Ruhy çopan oňa Isa hakda we ölümden soň näme bolýandygyny bilmek mümkinçiligi hakda gürrüň berdi. Ýalow Muhammediň sözlerini Isanyň sözleri bilen deňeşdirip, Gurhany okamagyny dowam etdirdi.

Bir gün ol Mukaddes Kitaby açanda, gözi Zebur 91:14-de düşdi: "Yhlasyny Maňa baglandygy üçin, Men ony halas ederin, ony goraryn, çünki *Meniň adymy* tanady".

"Maňa Hudaýy çagyrmak gerek. Ýöne men Onuň adyny bilmeýärin" — diýip, Ýalow doga edip bolandan soň pikir etdi. Hudaý onuň dogasyny eşitdi. Şeýdip, ol alty aýlap, ýeke-täk imansyz adam bolup, Mukaddes Kitaby öwrenmek kursundaky sapaklara gatnaşandan soň, Hudaýyň Sözünden okan aýatlary we ruhy çopanyň sözleri, ahyrsoňy, onuň ýüregine we aňyna aralaşdy. Ýalow öz durmuşyny Mesihe bagyş etdi. Indi toparda Mukaddes Kitaby bile okaýan ýedi mesihi boldy.

Ýalowdaky özgerlişikler birden hem pajygaly boldy. Adamsynyň durmuşyny Isanyň üýtgedişini gören aýaly hem, Isanyň yzyna

eýerdi. Emma maşgaladakylaryň hemmesi Ýalowyň saýlawyndan hoşal bolmadylar. Ejesi yslamy terk etmek bilen onuň özüni hem bütin tohumyny masgara edendigini aýdyp, ony maşgalanyň öýünden kowdy.

Ýalow iki ýyldan gowrak wagtlap, özüniň ofisinde ýatdy. Ol her gije ýasama krowat ýasamak üçin iki stoly bile goýýardy. Ol Injili öwrenmäni we Isanyň yzyna eýermäni dowam etdirmäge çalyşýardy. Şeýle hem, ol diňe bir maşgalasyny däl-de, eýsem, watandaşlaryny hem Isa bolan imana getirmek isleýärdi. Okuw kursuny geçeninden soň Ýalowy gulluga iberdiler.

Musulman ýurtda munuň ýaly gulluk gaty gymmat düşýär. Tiz wagtdan Ýalowy beýleki mesihiler bilen bile tussag etdiler. Olary on bäş gün sakladylar, sorag etdiler we yslama gaýdyp gelmäge we hoşhabarçylyk işini bes etmäge mejbur etdiler.

Indiki ýyl ýene ony başga bir ruhy çopan bilen bile, edil ýygnanyşyk gidip duran wagtynda tutdylar. Olary podwaldaky ýeke oturylýan kamerada sekiz günläp sakladylar. Kameranyň ölçegi ini bir metr, uzynlygy bir ýarym metr eken. Ol ýerde polda ýatyp, aýak uzadara-da ýer ýok eken.

Kameranyň gapysynda kiçijik äpişgejik bolup, sakçylar ol ýerden tussaglara seredýän eken. Ýöne Ýalow Pawlusyň Timoteosa "wagty bolsun bolmasyn taýýar bolmaga" görkezme berenini ýatlap, gapydaky äpişgejik özi bilen beýleki ruhy çopanyň sakçylara Injili wagyz edip bilmegi üçin goýlandyr diýen karara geldi. Şeýdip, olar gezekli-gezegine wagyz edip başladylar.

Sakçylaryň biri garnynyň güýçli agyrýandygyndan arz edende, Ýalow öz kamerasyndaky äpişgejigiň aňyrsynda, Isanyň bu adamy sagaltmagyny sorap doga etdi. Hudaý Ýalowyň dogasyna jogap berdi, ol adam hem şobada ýeňillik duýdy.

"Türme işgärleri biziň jenaýatçylar däldigimizi bilýärdiler" — diýip, Ýalow gürrüň berdi. Ol we beýleki ruhy çopan olardan "ISA" filmi getirip bermeklerini haýyş etdiler. Olary haýran galdyryp,

sakçylar diňe bir filmi getirmäge razy bolman, eýsem, gullukçylara ony beýleki tussaglara-da görkezmäge rugsat berdiler!

“Biz göni türmede “ISA” filmi görkezdik, sakçylaryň köpüsi Isany kabul etdiler!” — diýip, Ýalow gürrüň berdi.

Olaryň “bölejik ýygnagy” ösmegini dowam etdirdi. Tiz wagtdan ýene on tussag Mesihiň gurbanlygy arkaly bagyşlama kabul etmek we Onuň yzyna eýermek kararyna geldiler. Ýalow boşadylanyndan soň, başga-da üç sany tussag boşadyldy. Indi olar ýygnak agzalary boldular.

Gürrüňdeşlik wagtymyzyň soňlanyp barýany sebäpli, men özümiň täze dostumdan özüniň ýene tutuljagyny öňünden görýänmidigini soradym. Ol uludan ýylgyryp, soraga jogap berende, bu maňa täsin göründi.

“Men özümi ýene tussag etmeklerini isleýärin. Meni tussag eden adam, Hudaýyň Sözüni eşidýär! Bu Hoş Habary wagyz etmäge ýene bir mümkinçilik bolýar. Maňa näme bolanda-da, millionlarça adamlar ony wagyz etmegi dowam etdirerler. Hoş Habary hiç kim saklap bilmeýär!” — diýip, ol ynandyryjylyk bilen aýtdy.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Siziň durmuşyňyzda töweregiňizdäkiler size seredip biler ýaly, nähili “äpişgejik” bar? Belki, olar siziň iş ýeriňizde, ýaşaýan etrabyňyzda ýa-da çagalaryňyzyň okaýan mekdebinde bardyr. Öz gündeligiňize bu “äpişgejikleriň” her biriniň nädip size Hoş Habary wagyz etmäge we töwerekdäkilere Isanyň söýgüsi hakda gürrüň bermäge mümkinçilik berip biljekdigini ýazyň. Eger oňaýsyzlyklar, hatda kynçylyklar hem adamlary Mesih bilen tanyşdyrmaga köpräk mümkinçilik berýän bolsa, siz olara çydamaga taýýarmy?

## DOGA-DILEG ETMEK

“Rebbim Isa: “Meni tutan Hudaýyň Sözüni eşider!” diýýän mesihi doganym Ýalowyň batyrlygy üçin Saňa minnetdar. Maňa-da: “Meniň bilen işleýänler... meniň çagalarymyň synpdaşlarynyň ene-atalary... Hudaýyň meniň ýoluma iberen adamy... Hudaýyň Sözüni **eşider**! Omyn” — diýip bilerim ýaly, maňa-da şeýle batyr bolmaga kömek et”.

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Biziň ýerli mesihiler bilen duşuşmakçy bolýan şäherimizde täze myhmanhananyň peýda bolandygy gowy täzelik.

Biziň onda saklanmandygymyz — erbet täzelik.

Täze myhmanhana şäheriň daşynda ýerleşýär, şonuň üçin kärdeşim ol bize oňaýly bolmaýar diýen karara geldi. Biz yzymyzdan taksi gelýänçä, ýarym sagada golaý garaşmaly bolýarys.

Şonuň üçin biz şäheriň merkezindäki myhmanhanada ýerleşdik. Öňki düşlän myhmanhanamyz onuň ýanynda kaşaň bolup görünýärdi!

Onda hajathana kagyzy ýokdy, unitazyň oturylýan ýeri ýokdy. Hiç hili ýorgan-düşek ýokdy. Kükürdiň birgeňsi ysy gelýän suw hem, gün içinde bary-ýogy ýedi sagat akýardy.

Eger şu gün agşam meýilleşdirilen duşuşyklarymyzyň hemmesini geçirip bilmesek, onda men ertir täze myhmanhana gitmegi talap

ederin. Häzir bolsa, bu ýerde iki gijäni geçirmek baradaky pikir — bu çydarymdan agyrrakdy.

Bizi kondisionerli "lýuksa" geçirdiler... ýöne bu otagyň hem, öňküden gowulygy ýokdy. Men nähili öýi küýseýärin!



## 30-NJY GÜN



# “RESULLARYŇ YZY BILEN”

“Ine, siz şunuň üçinem çagyryldyňyz, sebäbi Mesih siziň üçin ejir çekdi. Öz yzyna eýermegiňiz üçin, Ol size görelde boldy”.

**1 PETRUS 2:21**

........................................................

### Hytaý, 2000-nji ýyllaryň başlary

Hytaýdaky mesihileriň ýanyna baranyňda, döwletiň tutanýerlilik bilen ynandyrjak bolup çalyşýan dini azatlygynyň hakykata gabat gelmeýändigine düşünmek üçin köp wagt gerek bolmaýar. Saparlarymyň birinde myhmanhanada “*Pekine syn*” žurnalyny maňa gowşurdylar. Onuň daşky sahypasynda gursagynda haçy tutup duran hor aýdymçynyň geýmindäki bir aýalyň suraty bardy. Daşky sahypada: “Kepil geçilen azatlyk: dini işleriň hemmesi toparlar tarapyndan garaşsyzlykda alnyp barylýar” diýlip ýazylypdyr.

Biziň bilen duşuşmaga giç agşam gelen we yzarlanylmadan gaça durmak üçin aýlawly ýollardan gelen Danyýel (toslanylan

at) bize “ähli dini işleriň” ýagdaýy hakda düýbünden başga taryhy gürrüň berdi.

Danyýel — ullakan hasaba alynmadyk ýygnagyň ýolbaşçylarynyň biri we öz gullugy sebäpli türmede ençeme ýyllaryny geçiren uly ruhy çopanyň sag elidi. Danyýeliň kimdigi, elbetde, jemgyýetçilik howpsuzlygy Býurosynyň işgärlerine jikme-jik mälimdi.

“Meniň goňşymyň telefon ulgamy mydama boş we mydama işleýär. Meniň ulgamym bolsa, köplenç öçürilýär, ol işläýende-de, men onda başga sesleri eşidýärin” — diýip, ol bize gürrüň berdi. Yzymyzy mydama yzarlaýandyklary, her bir gürrüňimiziň diňlenilýändigi we ýazylýandygy köpimizi, iň bolmanda, gaýgy etmäge mejbur ederdi. Danyýel bolsa muňa başgaça seredýär: eger ony diňleýän adam bar bolsa, diýmek, onda Mesih hakda şaýatlyk etmäge mümkinçilik bar.

“Bizi diňe bir döwlet däl, eýsem, imansyz watandaşlarymyz hem yzarlaýarlar” — diýip, ol aýdýar. Şu sebäpden hem, ol bilgeşleýin Isa Mesihiň söýgi we bagyşlama taglymatyna laýyklykda ýaşamagy makul bilýär.

Danyýelde bozulmazak asudalyk we Rebbe bolan berk iman görnüp dur. Ol her bir aýdan sözüni ölçerip dökýär, şonuň üçin ol ýekeje sözüni-de ýele sowurmak islemeýär diýen pikir döreýär. Biziň gürrüňdeşligimizdäki pauzalar ony alada goýmaýar. Meniň pikirimçe ol polisiýa sorag eden wagty-da, pulsy azajyk hem çalyşmaýan adamdyr. Biz ýaňyja onuň bilen tanyşdyk, men bolsa, eýýäm Hudaýyň bu adamyna bolan buýsanjy duýýaryn.

Biz eger biziň ýaly daşary ýurtly mesihiler bilen duşuşan wagtynda tutulaýsa näme boljakdygyny Danyýelden soradyk.

— Sizi Hytaýdan kowarlar we gara sanawa ýazarlar, netijede siz gaýdyp hiç haçan bu ýere gelip bilmersiňiz.

— Hawa, ýöne saňa näme bolar?

— Entek onuň ýaly zat bolanok, ýöne, resul Pawlusyň [Resullaryň işleri 21:12–13] aýdyşy ýaly, Iýerusalime, hatda ölüme-de gitmäge men doly taýýar.

Imansyz adam üçin Danyýeliň sözleri takdyra ten berýäniň sözi ýaly görner, emma ol muňa düýbünden başgaça garaýar. “Kynçylyklar hem yzarlanmalar — bu özbolşuna bir ak patadyr. Yzarlanmalar we görgüler mesihini güýçli hem kämil edýär. Birinji asyrdaky irki ýygnak Günbatar Ýewropadaky we ABŞ-daky (biziň günlerimizde) “resullaryň yzy bilen” diýen ýygnaga asla meňzeş däldir. Ol Päkistandaky, Owganystandaky, Hytaýdaky we Demirgazyk Koreýadaky gizlin ýygnaklara köpräk meňzeşdir”.

— Biz mydama: “Resullaryň yzy bilen ýöräň” — diýýäris. Olaryň yzy nirede? Kynçylyklarda. Yzarlanmalaryň içinde!

Biziň gürrüňdeşligimizden bir ýyl öň Danyýeliň gulluk edýän ýygnagy dört ýüz elli sany mesihä suwda çokundyrylmany öwredipdir. Şeýle çalt ösýän ýygnagy gizlin saklamak kyn bolýar. Onuň ösýändiginiň sebäbi Hudaýa wepaly mesihileriň Hoş Habary tutanýerlilik bilen wagyz edýändigindedir. Olar Hoş Habary wagyz etmäni ruhy çopanyň ýa-da el goýlan gullukçylaryň borjy hasap etmeýärler. Olar Mesihe iman eden her bir adamy hoşhabarçy diýip hasap edýärler.

Biziň Danyýel bilen duşuşygymyz tamamlandy. Ol töweregine seredip, ýene aýlawly ýollardan öýüne gitmek üçin birinji çykmalydy. Biz bolsa, çykalgada garaşyp duran bolaýmasynlar diýip, ýene bir käse çaý içip, öýden çykmazdan öň, birazajyk garaşarys.

Ýöne Danyýel entek biziň ýanymyzdady, şonda men ondan:

— Hoşhabarçylygyň üçin tussag ediläýen ýagdaýyňda, tussaglyga sen nähili taýýarlyk görýärsiň? — diýip soradym.

— Iň wajyp zat — bu ruhy taýýarlykdyr. Her gün, mysal üçin, Mukaddes Kitaby köpräk okap, her gün täzeden täze parçalary ýatda saklamakdyr. Şonda elimden Mukaddes Kitabymy alaýanlarynda-da, men hötde gelip bilerin — diýip, ol aýtdy.

— Seniň pikiriňçe şeýle bolarmy? Seni tussag ederler diýip pikir edýärsiňmi? — diýip, men soradym.

— Eger Hudaýyň islegi şeýle bolsa, onda men oňa eýererin. Hemme ygtyýar Hudaýyň elindedir, Ol bize şägirt taýýarlamagy

tabşyrdy. Ýöne men biz taşlanylandyrys ýa-da ýekediris diýip pikir etmeýärin. Nehemýanyň aýdyşy ýaly (4:20) söweş biziňki däl, ol Rebbiňkidir. Söweşýän biz däl, biz özümiz üçin söweşmeýäris. Ýok, ýok, ýok. *Biziň üçin Hudaý söweşer*!

Danyýel paltosyny geýdi, şeýdip, biz hoşlaşdyk. Ol yzyna garaňkylyga, sowuk gijä, Hudaýyň "resullaryň yzy bilen" gitmäge çagyran ýoluna gider.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

"Resullaryň yzyna eýermek" hakda pikirlenenimizde köpimiz özümiziň Isa bilen oduň başynda oturanymyzy, Pentikost gününde müňlerçe adamlaryň Mesihe imana gelýändigini, agsaklaryň ýöräp başlaýandygyny, syrkawlaryň sagaýlandygyny görýänimizi göz öňüne getirýän bolsak gerek. Özümizi filippin türmesine salanlaryny, ýenjenlerini, gämi heläkçiligine uçranymyzy ýa-da aýagymyzy ýokary edip, haça çüýlänlerini göz öňüne getirenimizde bolsa, beýle ýyly hem ýakymly duýgular peýda bolmaýar. Emma resullaryň ýoly şu zatlaryň hemmesiniň üstünden geçýär. Olaryň ýoly beýiklikleriň üstünden we şatlykdan, garaňkylyk, agyry hem şübheler jülgesinden geçýär.

Bu gün siz resullaryň ýolundan ýöreýärsiňizmi? Siziň bu günki ýoluňyz nireden geçýär: dagyň ýokarsyndanmy ýa-da jülgeden? Iň esasy zat, siz ondan dogry barýarsyňyzmy?

### DOGA-DILEG ETMEK

"Ýa Reb, ýolumyň Seniň islegiňdäki ýoluň, oňaýlyklaryň we ýeňillikleriň ýa-da görgüleriň we agyrynyň üstünden geçýändigine garamazdan, Saňa gulluk etmäge taýýar bolmagyma kömek et. Aňsat bolanda-da, kyn hem agyryly bolanda-da "resullaryň ýolundan" dogry ýöremäge maňa kömek et. Meniň ýaşaýşymy görenlerinde, mende Seni görerleri ýaly ýaşamaga maňa rugsat et! Omyn".

## Siziň gündeligiňiz

## Meniň gündeligimden

Danyýel iman ugrunda ejir çekmäge taýýardygyny we muňa öňünden taýýarlanyp başlandygyny aýtdy. Şu sapar wagtynda biz şeýle zada her duralgada duş geldik... Bu mesihiler görgülere taýýar, sebäbi olar oňa taýýarlanýarlar. Olar şol günüň geljegini bilýärler we oňa taýýarlanýarlar. Bu sapar wagtynda Hudaý maňa şony — taýýarlyk görmegi öwretmek isleýärmikä?



# 31-NJI GÜN



# “...MEN SIZI KÖŞEŞDIRERIN”

## AFRUZ, 1-NJI BÖLÜM

> “Eý argynlar, agyr ýüklüler, Meniň ýanyma geliň, Men size dynçlyk bereýin...”
>
> **MATTA 11:28**

..................................................

### Türkiýe, 2003-nji ýyl

Kärdeşim ikimiz Türkiýedäki, öz dogduk mekany Eýrandan gaçyp gelen ýerindäki, ýygnakda Afruz bilen tanyşdyk. Ol adamsy bilen öz ýurdunda iman edeninden soň, töweregindäkilere batyrlyk bilen Hoş Habary wagyz edip başlaýarlar. Döwlet olaryň gyzyny ellerinden aljakdygyny aýdyp, haýbat atyp başlanyndan soň, olar howpsuzlyk hem gaçybatalga gözläp, ýurtdan gaçmaly bolýarlar.

Afruz Isany gözlemese-de, Ony tapdy, şeýdip, Ol onuň durmuşyny hemişelik üýtgetdi. Bu aýalyň ýurdundan gaçyp gelendigine, maşgalasynyň nirede hemişelik ýaşajagyny bilmeýändigine garamazdan, Afruz asudady hem ynamlydy, şonuň üçin Hudaý meni onuň bilen derrew öwrenişdirdi. Ol Isada edil tupanyň ortasyndaka asudalyk tapdy.

Biz ýygnagyň bosgunlara kömek beriji merkez bolup durýan yz tarapky otagynda oturdyk. Töwerekde adamlar aýlanşyp ýördüler, nahar bişirýärdiler we bosgunlaryň beýleki mätäçliklerini kanagatlandyrýardylar. Biz çaý içip oturşymyza, Afruzyň öz şaýatlygyny gürrüň berşini diňledik:

*“Men kollejde okadym we işledim. Maňa bu gaty agyr düşýärdi. Ejem bilen kakam ýanymda däldi, şonuň üçin gaty ýekesireýärdim. Men Alladan özüme kömek etmegini soradym.*

*Men güýjümde baryny edip, dine berlen musulman bolmaga çalyşýardym. Men yslamyň parzlarynyň hemmesini berjaý edýärdim we güýjümde baryny edip, mümkin boldugyça oňa çuň aralaşmaga we mümkin boldugyça Alla ýakyn bolmak isleýärdim. Ýöne dartgynlylyk barha artýardy, psihologiki basyş bar güýjümi alýardy. Maňa iş berýän adam meni bir aýlyk başga kompaniýa geçirdi, şol sebäpden hem, meseläm has artyp, okuwdan daşgary-da işim has köpeldi.*

*Bir gije men öz otagymda Alla arz etdim: “Nähili basyş! Besdir! Men mundan artyk çydamok! Men işleýärin we okaýaryn. Sen näme üçin maňa kömek etmeýärsiň? Näme üçin sen meni köşeşdirmeýärsiň?!”*

*Men hatda Oňa haýbat hem atdym: “Eger sen maňa kömek etjek bolsaň, onda agşam maňa özüňi görkez. Eger şu agşam maňa alamat görkezmeseň, onda men dünýä giderin-de, ýeňil aýallar ýaly ýaşaryn!”. Soňra hem: “Men uzak gije ýatjak däl! Seniň öz ýanymdadygyňa ynanmak üçin men seniň alamatyňa garaşaryn” — diýdim.*

*Şeýdip, men Muhammediň Hudaýy bilen bir sagat gürleşdim we Allany görmäge garaşdym. Men ýadap, başymyň aşagyna namazlygymy goýdum. Ýaryjigedi. Birden men öz otagyma düşen we onuň içini dolduran ýagtyny gördüm. Men gorkdum-da, otagdan ylgap çykdym. Soň men özüme: "Eýsem, men şuny dilemänmidim?" — diýdim. Şonuň üçin yzyma gaýdyp, namaz okaýan ýerimde oturmalydygyma we soňunda näme boljagyny görmelidigime özümi ynandyrdym.*

*Otagyň içi ýagtydy. Men daň atandyr öýtdüm, ýöne bu wagt ýarygijedigine düşündim. Men başymy galdyranymda, Isa Mesihi gördüm. Ol ak eşiklidi. Men ozal Mesihiň keşbini hiç haçan görmedik bolsam-da, nähilidir bir usulda Onuň Şoldugyna düşündim.*

*Men goşgy ýazmagy gowy görýärdim, şonuň üçin kagyzym hem ruçkam mydama taýýar bolup durýardy. Men derrew bellik edip başladym.*

*Men [pars dilinde]: "Eý argynlar, agyr ýüklüler, Meniň ýanyma geliň, Men size dynçlyk bereýin" — diýip ýazdym.*

*Birazajyk gaharlandymam. Men Muhammediň Hudaýyny gözleýärdim, meniň ýanyma bolsa, Isa Mesih geldimi?! Bu näme?! Men namazlygymy aldym-da: "Besdir! Men ýatmaga gitjek!" — diýdim.*

*Ertesi gije men ýene düýşümde Mesihi gördüm. Ol maňa: "Eýsem, Men saňa Meniň kölegämde gizlenmäge gelmelidigiňi, ýanyma gelip, howpsuzlykda bolmalydygyňy aýtmadymmy?" — diýdi. Men: "Ýöne Sen Mesih ahyry. Hakyky Hudaý nirede? Maňa Allany ýa-da Muhammedi görmek gerek" — diýip jogap berdim.*

*Ertesi işimde işdeşlerimiň biri meniň keýpsizdigimi gördi-de: "Ýagdaýlaryň gowumy?" — diýip gyzyklandy.*

*Men: "Meniň ejem Amerikada, ony köpden bäri göremok. Bilemok, haçan hem bolsa bir wagt men ýene ony görermikäm? Meni şu biynjalyk edýär" — diýdim.*

*Ol meni köşeşdirip başlady: "Hudaý mydama seniň ýanyňda. Hudaý söýgüdir. Ähli meseleleriňi we aladalaryňy Oňa ber". Adatça Eýranda adamlar gelip: "Men mesihi" — diýmeýärler. Ýöne bu adam, men ol ýerde üç hepde işlänimden soň, ýanyma gelip, özüniň mesihidigini aýtdy. Şonuň üçin men: "Nähili Hudaý meniň beýle gynanmagyma, munuň ýaly basyşy duýmagyma ýol berer?" — diýip zeýrendim".*

Afruz mydama öz ýanynda göterýän bloknotyny çykarýar-da, şol görnüş gören gijesinde ýazan zatlaryny özüniň täze dostuna görkezýär: "Eý argynlar, agyr ýüklüler, Meniň ýanyma geliň, Men size dynçlyk bereýin".

Kärdeşi kitabyny çykaryp, öz gözleýän sahypasyny tapýança, sahypalary ünsli agdarýar. Ol kitaby Afruza uzadyp, sahypadaky bir ýeri görkezýär.

Afruz ol ýere seredende, bu kitapdaky (Matta 11:28) sözleriň, edil özüniň ýazgy kitapçasyna ýazan sözleri ýalydygyny görýär.

"Bu nähili kitap?!" — diýip, Afruz haýran galyp soraýar. Ol ozal Mukaddes Kitaby hiç haçan hem görmändi. Dosty oňa onuň nähili kitapdygyny aýdýar we onuň üçin edil şonuň ýaly kitaby satyn alyp biljekdigini aýdýar.

"Bu meniň imanymyň başlangyjy boldy" — diýip, ol ýuwaşja aýtdy.

Bu Afruz üçin örän aňsat bolmadyk uzak ýolundaky ilkinji ädim bolýar.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Belki, Afruzyň taryhyndaky Hudaýy çagyryp: "Maňa Özüňi görkez! Men çykgynsyzlykda!" diýmesinde siz özüňizi görýänsiňiz. Şeýle bolsa, dostum, batyr bol. Hudaý dogalara jogap berip, durmuşymyzda Özüni hakykatdan hem güýçli edip görkezýär.

Ýöne siziň çykgynsyzlykda uzak wagtlap bolanyňyz üçin, bu doganyň size daşrakda ýaly bolup görünýän bolmagy-da mümkin. Eger bu şeýle bolsa, belki, siz bu wakadaky mesihi işdeşsiňiz. Eger Hudaý size başgalaryň mätäçliklerini görmäge mümkinçilik berse, onda siz Onuň Sözüni açyp, şol Sözi çykgynsyzlyga düşen adama parahatlyk hem umyt bermegine eltip bilersiňizmi? Öz kärdeşiňize, dostuňyza ýa-da goňşyňyza parahatçylygy we asudalygy hakykatdan berip biljek Birini görkezmäge taýýarmy? Kimdir birine kömek etmegi ýürekden isleýän ýagdaýdamydygyňyzy öz gündeligiňize ýazyň. Isanyň size “her neneň kyn ýagdaýda bolsaňyz-da, rahatlyk bermegi” teklip etmesi siziň üçin nämäni aňladýar?

## Doga-dileg etmek

“Rebbim Isa, men şu hepdede öz durmuşymda Seniň eliň işleýşini görmek isleýärin. Meni täzeden doldur; ýadawlygyň hem göreşiň deregine, maňa rahatlyk hem asudalyk ber. Saňa mätäç bolanlara Seniň rahatlygyň hakda gürrüň bermäge mümkinçilik ber. Omyn”.

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Afruz işdeşine öz ýazan sözlerini görkezeninde, işdeşi hem oňa Mukaddes Kitapdan aýady görkezýär. Şondan soň tizara Afruz halas bolmany alýar!

Eýsem, bu HAÝRAN GALDYRYJY dälmi?! Missionerleriň baryp bilmeýän ýerlerinde we Mukaddes Kitaby alyp barmak kyn bolan ýerlerde Hudaýyň Özi adamlara Özüni düýşlerde we görnüşlerde görkezýär!

## YZARLANYLÝAN MESIHILER ÜÇIN DOGA-DILEG ETMEK

Afruzyň Isa bilen özüniň duşuşandygy baradaky gürrüňi musulman dünýäsiniň wekilleri üçin adatdan daşary bir zat däldir. Hoş Habar gullukçylary musulmanlara ilkinji gezek duş gelenlerinde köplenç: "Soňky döwürlerde sen nähilidir bir adatdan daşary düýş gördüňmi?" diýip soraýandyklaryny maňa köp gürrüň berýärler.

Musulmanlar ýeke-täk Hudaýyň bardygyna eýýäm ynanýarlar. Hudaýa tabyn bolmagyň gerekdigine olar eýýäm ynanýarlar. Şonuň üçin Hudaý Özüni olara açanda, Isa Özüniň Hudaýdygyny görkezende, olar Onuň yzyna eýermäge taýýar bolýarlar.

Musulman ýurtlarda we bütin dünýäde Mukaddes Ruhuň güýçli işlemegi üçin Hudaýa DOGA EDIŇ. Musulmanlaryň, induslaryň, ateistleriň, buddistleriň we beýlekileriň hemmesiniň Isa Mesih bilen adatdan daşary duşuşygy başdan geçirmekleri, Onuň kuwwatly güýjüni tanamaklary, Onuň Sözi bilen gyzyklanmaklary we özleriniň Halasgäre mätäçdiklerini bilmekleri üçin Hudaýa doga ediň



## 32-NJI GÜN



# “MESIHIDIGIŇIZI SUBUT EDIŇ!”

### AFRUZ, 2-NJI BÖLÜM

“Şeýlelikde, Hudaýyň goşanyny adam aýyrmasyn”.

**MARK. 10:9**

.......................................................

Türkiýe, 2003-nji ýyl

Bir gün Isa Afruza öz ata watany Eýrandaky otagynda giç agşam görnüp, Özüniň “argynlara we agyr ýüklülere” dynçlyk berjegine söz berende, onda iman döredi. Şeýdip, Afruz Halasgärden ruhy asudalygy aldy. Emma ol Allany goýup, Isanyň yzyna eýereninde, onuň Eýran *Yslam respublikasyndaky* durmuşy has agyr boldy.

Afruz täze iş tapjak bolanda, onuň indi musulman däl-de, mesihidigini bilende, hiç bir iş berijiniňem özüni kabul etmeýändigini gördi, sebäbi Eýran häkimiýeti “dinden çykanlary” işe alýan kompaniýalara gün bermeýärdi. Oňa iş teklip ediläýen

ýagdaýynda-da, ol iň pes aýlykly, iň pes derejeli we hiç hili ýeňilligi bolmadyk iş bolýardy. Ýöne iş tapmaga synanyşyk etmesi Afruz üçin yzarlanmalaryň başlangyjy bolupdy.

Ýygnakda Afruz bir mesihi oglan bilen tanyşýar, olar durmuş gurma kararyna gelýärler. Olar toý dabarasyny ýygnak binasynda edýärler, ýöne beýle etmekleri häkimiýetiň gazabyny olaryň başyna inderýär.

Ilkinji nika gijesinde olaryň myhmanhanadaky otagyna polisiýa işgärleri okdurylyp girýär-de, ýaş çatynjalary tutup äkidýärler. “Siziň durmuş gurandygyňyzy biz nireden bileli?” — diýip, olar çatynjalardan ýerli metjitden berlen nikany tassyklaýan dokumenti görkezmeklerini talap edýärler.

“Meniň egnimdäki köýnek, gelindigime, adamymyň egnindäki eşik bolsa, onuň meniň baran ýigidimdigine şaýatlyk edýär!” — diýip, Afruz jogap berýär. Emma onuň jogaby poliseýleri kanagatlandyrmaýar. Soň olar toýuň nirede bolany, nikalaşdyrma çäresini geçiren ruhy çopanyň ady baradaky maglumaty talap edýärler. Ruhy çopanyň kimdigini bilenlerinde bolsa, poliseýler tussag etjekdiklerini aýdyp, oňa haýbat atýarlar.

Tussaglykdan soň är-aýal Eýranyň başga ýerine, özleriniň “dinden çykandyklaryny” hiç kimiň bilmeýän ýerine göçme kararyna gelýärler we ol ýerde özlerine az basyş ediler diýip umyt edýärler. Ýöne hatda, bu “howpsuz” ýerde hem, nähilidir bir ýol bilen, Isa Mesihiň yzyna eýermek üçin yslamy taşlandyklaryny bilen radikal musulmanlardan haýbat atmalary alyp başlaýarlar.

Gyzy doglanyndan soň Afruz bilen adamsyna täze howp abanýar we haýbat atylýar. Olar gyzyna Emmanuel diýen mesihi ady dakýarlar, şonuň üçin dogluş hakdaky şahadatnamany almak üçin baranlarynda, ýolbaşçylar munuň hakykatdan hem mesihilik ady bolup durýandygynyň “subutnamasyny” soraýarlar we özleriniň mesihidiklerini tassyklaýan dokument talap edýärler, “Mesihidigiňizi subut ediň!” — diýip, olar aýdýarlar.

Eýranda dinden çykma ölüm jezasy bilen jezalandyrylyp bilinýär. Afruz bilen adamsynyň yslamy taşlandyklaryny "subut edýän" dokument bir wagtyň özünde olaryň "jenaýatynyň subutnamasy" bolýar hem-de olara ölüm jezasyny çykarmaga esas bolýar. Ýöne olar şonuň ýaly dokument aljak bolaýanlarynda-da, haýsy metjit ony olara berjekdi? Adamyň başga islendik bir dinden yslama geçendigi baradaky dokumenti almak iň aňsat işdi, emma adamyň yslamy taşlanyny tassyklaýan haýsydyr bir dokumenti almak asla mümkin däldi.

Afruz bilen adamsy olaryň ýagdaýyny Hudaýyň üýtgetmegi üçin doga edýärler-de, ýygnakda gulluk etmegini dowam etdirýärler. Afruz aýallar gullugyna ýolbaşçylyk edýär we, hatda, Eýranyň başga ýerlerinde-de gulluk edip başlaýar. Ýöne döwlet olaryň dinden çykandyklaryny ýatdan çykarmaýar.

Emmanueli çagalar bagyna bermeli wagt gelende, ol ýerde ony kabul etmekden, şeýle hem, oňa başlangyç mekdebe dokument bermekden ýüz öwürýärler. Afruz mundan soň näme boljagyny bilýärdi: häkimiýet adamsy ikisini gyzynyň aladasyny etmelisi ýaly etmezlikde aýyplar we oňa bilim bermez. Soň hem, olary ýaramsyz ene-ata hökmünde görkezip, Emmanueli ellerinden alar.

Afruz bilen adamsy Eýranda Mesihiň yzyna eýermekligiň özlerini türmä alyp baryp biljekdigi bilen ylalaşdylar, emma gyzyny ýitirme, ony ellerinden alyp, musulman gyz edip terbiýelejekdikleri baradaky pikir olar üçin çekerden çökder boldy.

Är-aýal köp doga edenlerinden soň, biragyzdan karara geldiler: olar Emmanueli ýitirmäge töwekgelçilik edip bilmeýärler. Şonuň üçin maşgala ýurtdan gaçyp, ilki Türkiýä (interwýu almak üçin meniň Afruz bilen duşuşan ýurduma), soň hem Günbatar ýurtlarynyň birine gitdiler.

Afruz bilen Türkiýede duşuşanyma birnäçe ýyl geçenden soň, men ondan elektron poçta üsti bilen hat aldym. Ol özüniň indi öz öýi hasaplaýan şäherinde mesihilik radio stansiýasynda goýberilen meniň bir radiointerwýumy diňläpdir. Ol Stambuldaky ýygnakda

meniň bilen gürleşen Toddmy? Olaryň maşgalasyny Hudaýyň öňküsi ýaly ulanýandygyny we indi olaryň howpsuzlykdadyklaryny bilmek şeýle ýakymly boldy!

Afruz özüniň täze ýurdunda Mesihe gulluk etmegini dowam etdirýär we mesihi zenanlary bar güýçleri we bütin ýürekleri bilen Mesih üçin ýaşamaklyga çagyryp, köplenç aýallar toparlarynda öz taryhyny gürrüň berýär.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Käwagt Hudaý bizi yzarlanmalar, kynçylyklar ýa-da görgüler bolsa-da, hatda ölüm jezasy howpy abananda-da Özüni wagyz etmeklige çagyrýar. Başga bir ýagdaýlarda, basyşlaryň köşeşmegi we biziň howpdan gaçmagymyz üçin Ol bize gitmegi buýurýar. Resul Pawlus kesara ýüzlenip, beýik ygtyýarlygyň öňünde öz imanyny gorama hukugyny talap edýär. Şol Pawlusy, Damaskdan gaçmagy we ony öldürjek bolýanlaryň elinden halas bolmagy üçin, şäher diwaryndan sebede salyp aşak sallap düşürýärler. Durmuşynyň we gullugynyň dürli etaplarynda Hudaý ony dürli ýollara gönükdirýär.

Siz näme? Siz garşy çykmalara batyrgaýlyk bilen garşy durmagyň ýa-da uruşmakdan gaça durmanyň ýoluny gözleýärsiňizmi? Hudaýyň sizi Hoş Habaryň garşydaşlarynyň, hatda yzarlanmalaryň öňünde-de öz imanyňyzy berk goramaga çagyran wagty boldumy? Şeýle hem, Onuň size daşlaşmagy, ümsüm bolmagy we göni uruşmakdan gaça durmagy buýurýandygyny duýan wagtyňyz boldumy? Yzyňyza nazar aýlanyňyzda, Onuň ýolbaşçylygynyň pähimli ekendigini görýärsiňizmi? Siziň Hudaýa tabyn bolmaňyzyň netijeleri nähili boldy? Bular hakda öz gündeligiňize ýazyň.

## DOGA-DILEG ETMEK

“Rebbim Isa, Seniň sesiňi aýdyň eşitmegime we men babatdaky meýilleriňi görmegime maňa kömek et. Imanda berk durmaga meni çagyran wagtyňda maňa batyrlyk hem gaýduwsyzlyk ber, ýolumy dowam etdirmegi ýa-da yza çekilmegi buýran wagtyňda maňa akyldarlyk hem merhemet ber. Şeýle ýagdaýlaryň islendik birinde töweregimdäkiler üçin ak pata bolmagyma mümkinçilik ber. Seniň adyň bilen doga edýärin. Omyn”.

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Şondan soň biz (ady aýdylmaýar) gürrüň beren eýranly mesihi bilen duşuşdyk we oňa pars dilindäki on sany Mukaddes Kitaby ugratdyk. Ol myhmanhana geldi, biz onuň bilen bary-ýogy birnäçe minut gürleşdik-de, ony yzyna ugratmaga howlukdyk, sebäbi myhmanhananyň işgärleri bizde şübhe döretdi — olar biziň haçan geljekdigimiz we gitjekdigimiz, şeýle hem, ýanymyza kimiň geljekdigi bilen JUDA köp gyzyklandylar...

Myhmanhananyň işgärleri, aýratynam, öz otagymyzda duşuşmak üçin mesihileri çagyranymyzda, bizi örän geň galyjylyk bilen synladylar. Olaryň näme pikir edýändiklerini bilemok welin, olar bizde ten tikeneklemesini döretdiler — her bir ädimimizi örän ünsli synladylar. Olar meniň telefon jaňymy diňledilermikä? Myhmanhanada olary diňleme mümkinçiliginden mahrum edip biljek sputnik aragatnaşygy ýokdy.



## 33-NJI GÜN

# “HATDA GURHANDA-DA ISANYŇ GELJEKDIGI ÝAZYLYPDYR!”

“Isanyň Mesihdigine iman edýän kişi Hudaýdan doglandyr. Atany söýýän kişi Ondan Dogany-da söýýändir. Hudaýyň balalaryny söýýändigimizi Hudaýy söýüp, Onuň buýruklaryny berjaý edişimizden bilýäris. Çünki Hudaýyň söýgüsi Onuň buýruklaryny berjaý etmekdir”.

**1 ÝOHANNA 5:1–3**

………………………………………………….

Bangladeş, 2005-nji ýyl.

Men Hasem Şarkar bilen tanşan wagtymda, ol kyrk bäş ýaşyndady, Isanyň yzyna eýerip başlanyna-da, ýaňy alty aý geçipdi. Eýýäm şol wagtyň içinde imany sebäpli, ol öýüni hem işini ýitiripdi. Şeýle-de bolsa, ol özüniň täze tapan imany hakdaky şaýatlygynyň

aýlawyny ýuwaşatmakçy däldi, Rebden el çekmek hakda gürrüňem ýokdy.

Şarkar — öz obasynda günlükçi bolup işleýän orta ýaşlaryndaky sowatsyz adamdy. Ol musulman maşgalada dogulýar, şonuň üçin, edil öz ene-atasy we obanyň beýleki ýaşaýjylary ýaly, bütin ömrüne yslamyň taglymatyna eýerýär.

Soň Şarkaryň obasyna bir hoşhabarçy gelýär-de, obanyň adamlaryna "ISA" filmini görkezýär. Yslam taglymatyndan ol Isanyň pygamberdigini bilýärdi, ýöne onuň ekranda gören Isasy ýöne bir Hudaýyň pygamberinden *has beýik* Biridi. Şonda Şarkarda gelen hoşhabarça berer ýaly sorag köpeldi. Olar gürleşip otyrkalar, gören filmi hakda pikirlendi we Isanyň, hakykatdan hem, Hudaýyň Ogludygyna ynandy, sebäbi Isa Muhammediň jogap berip bilmedik soraglaryna jogap berýärdi.

"Men Isany söýýärin, sebäbi Ol ýeke-täk Halasgär. Men muňa düşünýärin, şonuň üçin Ony kabul etdim. Men muňa örän şat" — diýip, Şarkar maňa düşündirdi.

Günlükçi bolany üçin Şarkar her gün ýer eýelerinden ýa-da telekeçilerden biriniň özüni hakyna tutaryna garaşyp, obanyň merkezinde durmaly bolýardy. Ýöne Şarkaryň indi musulman däl-de, "kapyr" hem "dinden çykandygy" mälim bolanda, ony işe çagyrmagy bes etdiler, şeýdip, onuň serişdesi derrew gutarýar.

Şeýle-de bolsa, basyşlar Şarkary yrandyrmady, yzarlamalar bolsa, ony dymmaga mejbur edip bilmedi. Aslynda ol Isa hakda gürlemän dymyp bilmedi. Iman edenine bary-ýogy birnäçe hepde geçeninden soň Şarkar özüniň ýaş obadaşlarynyň birnäçesini goňşy obadaky mesihilik ýygnagyna bile gitmäge çagyrýar. Olar onuň bilen gidýärler-de, Hoş Habary eşidýärler we olaram Isanyň yzyna eýerme kararyna gelýärler.

Indi Şarkar ýöne bir dinden çykan däldi; ol missionerdi, ol sebäpli beýleki musulmanlar dinden çykýardylar. Indi ondan gaça durmak ýeterlik däldi-de, ony jezalandyrmak zerurdy.

Gazaba münen oba ýaşaýjylary Şarkaryň daşyny alýarlar, soň gaharly gykylyklar derrew gazaply urgulara öwrülýär. Şarkary ýençýärler; onuň ýüzi çişýär, gögerýär we ganaýar.

Ýöne hatda okamagy-da başarmaýan adam azar bermelerde ýokardan berlen synagy görýär. "Men durmuşymy Isa berdim, şonuň üçin munuň özi meniň hakyky mesihidigimi ýa däldigimi görkezýän synagdyr" — diýip, ol gürrüň berdi.

Ýöne Şarkar synagdan geçýär. Iman eden alty aýynyň dowamynda ol otuz sany musulmany imana getirýär. Ol olara wagyz eden zatlarynyň bir bölegini, çagalykdan yhlas edip öwrenen yslamynyň taglymatyndan alypdyr. "Hatda Gurhanda-da Isanyň geljekdigi ýazylypdyr!" — diýip, ol tolgunma bilen ýüzlenýär. — Onda soňky anna namazyny hut Isanyň geçirjekdigi aýdylýar. Muny hemmelerem bilýär! Bu — yslamyň taglymaty ahyry!"

Men Şarkar bilen tanşanymda, ol "Ejir çekenleriň sesiniň" maşgalalaryndan we ýaşaýan ýerlerinden kowlan mesihiler üçin Bangladeşde esaslandyran "howpsuz öýünde" ýaşaýardy. Ol ýerde onuň güni ir ertir sagat bäş otuzda Hudaýa doga etmekden başlanýardy. Şarkar şägirtlik hem hoşhabarçylyk boýunça bilimi, edil gubka ýaly çekýärdi. Şarkar okap bilmeýändigi sebäpli Mukaddes Kitaby audioýazgynyň kömegi bilen öwrendi. Onda kassetada Hoş Habarlaryň dördüsi, Mukaddes Ýazgyny diňlemek üçin tutawajy elde aýlanylýan kasseta proigrywateli bardy.

Bangladeşden öýe gaýdyp gelenimden köp wagt geçmänkä, men Oswald Çembersiň eserindäki maňa Şarkary ýatladýan bir parçanyň üstünden bardym:

> "Tebigy taýdan zehinli adam hökman gowy mesihi bolýar diýip pikir etmäge meýilli bolýarys. Aslynda Hudaýa edýän gullugymyz ukybymyza däl-de, tersine, garyplygymyza baglydyr. Esasy zat biziň özümiz bilen getirýän zadymyz däl-de, Rebbiň bize salýan zadydyr... Wajyp bolan ýeke-täk zat, Hudaýyň kuwwatly höweslendirmesi arkaly biziň

Isanyň dostlary bolandygymyzdyr. Mesihiň yzyna eýerijileriň jemgyýeti özleriniň garypdygyny bilýän adamlardan durýandyr... Mesihi bolanymyz üçin biz şahsy maksadymyza ymtylmaýarys-da, eýsem, Hudaýyň meýilnamalaryna ýetmäge çalyşýarys”[1]

Bu parçany okanymda we Bangladeşde tanşan adamlarymy ýatlanymda, Şarkaryň şaýatlygynyň ýüregimde çuň ornaşandygyna düşündim. Eger biz dürli ukyplary, zehinleri bar bolan adamlaryň sanawyny ýazsak, onda Şarkar bu sanawyň birinji bölegine-de düşmese gerek. Ol okap bilmeýär, özem bary-ýogy alty aý mundan ozal imana geldi, ýöne “Hudaýyň maksadyny” ýerine ýetirme işi ýüze çykanda, Hudaý Şarkary birinji bölümde saýlaýar! Özüniň iman ýolunyň birinji alty aýynda ony eýýäm ýençýärler, sebäbi ol töweregindäkilere Isa hakda şaýatlyk etmegini bes etmeýär! Ol eýýäm Mesihe otuz musulmany getirdi!

Meniň özümi we öz ýaltalygymy aklajak bolup edýän dyrjaşmalarym Şarkar ýaly mesihileriň batyrlygynyň, Mesihe yhlaslylygynyň we saklap bolmajak şaýatlyklarynyň ýanynda gözgyny ýaly bolup görünýär!

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Şarkaryň şaýatlygy sizi näme hakda pikir etmäge mejbur edýär? Mesihe edýän gullygyňyzda siz “öz zehiniňize” daýanýarsyňyzmy ýa-da Onuň Öz maksadyna has gowy ýetmegi üçin size güýç bermegine we Özüniň sizi goýbermek isleýän ýerine goýbermegine ýol berýärsiňizmi? Şu wagta çenli “Rebbiň özüňize saljak” zadyna däl-de, öz ukybyňyza bil baglan zadyňyzyň durmuşyňyzda

1 Oswald Çembers, “Edip biljek zatlarymyň hemmesi — Onuň şöhraty üçin” Jeýms Reýmanyň redaksiýasy bilen, © 1992, Oswald Chambers Publications Assn., Ltd., “Discovery House Publishers” rugsady bilen ulanyldy, Grand-Rapids, Miçigan ştaty, 49501. Ähli hukuklar goralan.

bolanmydygyny görkezmegini Hudaýdan soraň. Özüňize däl-de, mümkin boldugyça Mesihe nädip köpräk bil baglap biljekdigiňizi ýazyň ýa-da mesihi dostuňyz bilen ony ara alyp maslahatlaşyň.

## DOGA-DILEG ETMEK

"Rebbim Isa, imandaky doganym Şarkaryň görkezen göreldesi üçin Saňa minnetdar. Maňa edil şonuň ýaly yhlas bilen gulluk etmegime we Seniň maňa berýän bar zehiniňi, başarnygyňy we bilimiňi ulanyp, töwergimdäkilere Sen hakda şaýatlyk etmegime kömek et. Men ýene bir gezek özümi Seniň öz maksadymdan ýokary hem uly bolan maksadyňa bagyş edýärin. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Men krowatda ýatyryn we uklamaga synanyşýaryn.

Bu gün biz Dakkadan bäş sagatlyk ýoly geçdik. Bu paromda giň, GIŇ, derýadan geçmäni hem öz içine alýar. Özem bu gurakçylyk wagtynda! Soň biz kenara ýetdik-de, sport gämisinde başga bir derýadan geçdik, ondan soň hem, barmaly ýerimize çenli ýene bir km. pyýada ýöredik.

Bu transport, tehnologiýalaryň derejesi wemedeniýet Oklahomanyň tehnologiýa derejesinden we medeniýetinden has uzakda!

## PIKIRLENMEK ÜÇIN SALGYLANMALAR

“Bu durnuksyz dini asyrda beýle bir köp bolmasa-da, barybir Mukaddes Kitapda Rebbe gulluk etmäniň ahlak aýgytlylygy hakda köp gürrüň edilýär. Köne Äht “Ýakubyň wada berenini”, Danyýeliň bolsa, “ýüregine baglanyny” gürrüň berýär. Pawlus “siziň ýanyňyzda Isa Mesihden, onda-da haça çüýlenilen Mesihden, başga zady bilmeýän bolmagyň pikirini etdi”. Bizde ilki bilen “ýüzüni çakmak daşy ýaly tutup”, göni Haça tarap giden Reb Isanyň göreldesi bar. Bular we başga-da köpler bize, Hudaýyň erkini güýçli erk bilen ýerine ýetirme isleginden dörän ruhy beýikligiň göreldesini galdyrdylar! Olar atyr ysly bulutlarda göklere uçmaga synanyşmadylar-da, eýsem, “Rebbe ýapyşma we Oňa bütin ýüregiň bilen gulluk etme” faktyny şatlyk bilen kabul etdiler. Bize ýan bermek zerurdyr –bu eýmenç, ajaýyp pursatda öz erkimiz hemişelik döwlen ýaly görnüp biler, emma bu beýle däldir. Hudaý jany gazananynda erki arassalap, ony Öz erki bilen birlige alyp barýar, ýöne ony hiç haçan weýran etmeýär!”

**A. U. Ţozer**[2]

“...olar onuň bilen ylalaşdylar. Ýöne resullary çagyryp, ýençdirdiler. Isanyň ady bilen geplemezligi tabşyryp, olary boşatdylar. Resullar mejlisiň öňünden şadyýan gitdiler, çünki Reb Isanyň ady üçin masgaraçylyk çekmäge mynasyp bolupdylar”.

**Resullaryň işleri 5:39–41**

2 E. U. Tozer, “Moral Determination”, SermonIndex.net, 2020ý, 27-nji oktýabry, http://www.sermonindex.net/modules/articles/index.php?view=article&aid=4693.



## 34-NJI GÜN

# MAÝYP EDILEN ELLER — 1-NJI BÖLÜM

“Olar öz iman etmedik Birini nähili çagyrarlar? Eşitmedik zatlaryna nähili iman ederler? Wagyzçysyz nähili eşiderler? Iberilmeseler, nähili wagyz ederler? Ýazylyşy ýaly: “Parahatlyk hoş habaryny, ýagşy zatlaryň hoş habaryny wagyz edýänleriň aýaklary ne ajap!””.

**RIMLILER 10:14–15**

.............................................

### Seul, Koreýa, 2008-nji ýyl

Men hanym Çoýuň ellerini... we gözýaşlaryny hiç haçan unutmaryn.

Biz Çoý Ýon Jin bilen Günorta Koreýanyň Seul şäherinde tanyşdyk, ýöne ol Koreýa Halk Demokratik respublikasyndaky ýaragsyzlandyrylan guşaklygynyň demirgazygynda, bütin dünýä ýapyk bolan Ýekemen Patyşalygynda ulalýar.

Demirgazyk Koreýadaky mesihileri yzarlamanyň häsiýetine düşünmek üçin “*çuçhe*” taglymatyna, demirgazyk koreý režiminiň ideologiýa diýýän, emma aslynda her bir raýat uýmaga mejbur

edilýän we “din” bolup durýan taglymatyna azajyk düşünmek gerek. *Çuçhe* (“özüňe göwnüň ýetmesi”) döwlete ýolbaşçylyk edýän Kimler maşgalasynyň gudratly zatlardygyny öwredýär.

Naharyň öň ýanynda çagalara: “Iýmitimiziň bardygy üçin sag bol, atam Kim Ir Çen” — diýip, “minnetdarlyk dogasyny” etmegi öwredýärler. Her bir demirgazyk koreýaly adam Kimler nesline alty ýüz sany senadan ybarat bolan milli senalar ýygyndysyndan öwgi “senalaryny” aýtmaly.

Şonuň üçin adam Isanyň yzyna eýereninde, bu diňe bir başga, keseki ýurtly hem duşmançylykly ýa-da “günbatar” ideýasyna eýermek bolup durmaýar. Isanyň Rebdigine ynanmak — diýmek, Kim Ir Çeniň reb däldigine ynanmakdyr, bu bolsa, eýýäm watanyňa dönüklik etmek bolýar. Demirgazyk Koreýanyň döwleti dönükleri, aýratynam, öz raýatlarynyň arasynda şunuň ýaly ideýalary ýaýratmaga het edip bilýänleri irkilmän synlaýar we ýadaman yzarlaýar.

Hanym Çoý tanalýan döwlet işgäriniň — ýekeje goly bilen türmeden kimdir birini boşatmaga güýji ýetýän uly abraýa eýe bolan adamyň aýalydy. Ol maşgalasynyň dosty üçin “töwellaçylyk edýär” welin, ony türmeden boşadýarlar. Dosty minnetdarlyk hökmünde olaryň öýüne sowgatly gelýär. Ol ygtybarlyja gizlemek üçin şu wagta çenli ýere gömlüp goýlan öl, heňlän kitaby alyp gelýär.

“Bu garyplara kömek edýän, gökden gelen bir Adam hakyndaky taryh. Ony okamak isleýärsiňizmi?” — diýip, ol är-aýal Çoýlara aýdýar.

Jenap Çoý ozal Mukaddes Kitap hakda-da, Isa hakynda-da eşitmändi, ýöne Onuň taryhy ony özüne çekiji bolup görünýär, şol sebäpden hem, aýaly ikisi bu sowgady kabul edýärler. Hanym Çoý her gije öýüniň tutularyny gowuja ýapyşdyryp, içerini hiç kimiň görüp bilmejekdigine göz ýetirýär. Demirgazyk Koreýada goňşyňy içalylyk edip synlamaklyk, olaryň öýünde islendik üýgeşik waka

bolanda, ony habar bermek buýruk berlen. Hanym Çoý özleri hakda habar berilmejekdigine ynamly bolmak isleýärdi.

Soň öý bikesi burça geçip, kellesini ýorgan bilen ýapýar-da, üstünde kiçiräk, ýöne berk durjak, içinde kitap okap bolar ýaly, "çadyr" ýasaýar. Soň ol ýorgany ýakmaz ýaly, seresaplyk bilen şem ýakýar-da, köneje porsy kitaby okap başlaýar.

Olara bu sowgady getirip beren adam ilki bilen "Gelip çykyş" diýlip atlandyrylýan birinji bölümi okamagy, soň hem Ýohanna diýen adamyň ýazan zatlarynyň hemmesini, başga dört bölümini okamagy maslahat berýär. Ol bu bölümleri, beýleki bölümlere geçmezden öň, üç gezek okamagy maslahat berýär.

Her gije hanym Çoý şemi öçürmezinden, ýorganyň aşagyndan çykyp we kitaby yzyna ygtybarly gizlin ýere gizlemezinden öň, kitaby sagatlap okaýar. Ol kitaby okap bolýança, burny şemiň tütüninden ýaňa gara bolýar, aňy bolsa, soragdan doly bolýar. Ony Ýohannanyň Hoş Habarynda suratlandyrylan Isa atly adam özüne çekýär. "Onda ýaşaýyş bardy" — diýip, ol Ýohannanyň Hoş Habaryndaky 1:4-i okaýar. Ýohanna 1:29-daky: "Ine dünýäniň günäsini *Öz üstüne* aljak Hudaýyň Guzusy" diýen sözleri okaýar. Şol Hoş Habardan, 7:7-den, ol Ony dünýäniň ýigrenýändigini, 1 Ýohanna 3:13-den bolsa, Onuň yzyna eýerýänleri hem dünýäniň ýigrenjekdigini bilýär.

Bu kitapda begendiriji wadalar, ýeňiş hem ak pata wadalary bardy. Ýohanna 5:4-de: "...Dünýäden üstün çykan ýeňiş biziň imanymyzdyr" — diýen sözler bardy.

Okamaklyk şeýle bir özüne çekijidi welin, hanym Çoýda mydama täze soraglar peýda bolýardy, ýöne oňa jogap berer ýaly adam ýokdy. Ýöne birnäçe aý geçenden soň, onda käbir soraglaryna jogap almaga mümkinçilik boldy. Onuň öýüne indi Hytaýda ýaşaýan daýysy myhmançylyga geldi. Bir gezek hanym Çoý daýysynyň nahara başlamazyndan öňürti başyny aşak egenini duýdy. Ol daýysynyň doga edişini synlap durka, Mukaddes Ruh

onuň ýüregine täsir etdi, şonda ol okan wakalaryny ýada saldy. Şeýdip, soraglar gaýyp boldy-da, täze iman döredi.

Ertesi gün irden daýysy hanym Çoýa: "Eý, merhemet, Sende halas boldum... ölüdim — gudrat bilen direldim, kördüm — indi nury görýärin!" diýen aýdymy öwretdi. Soňrak ýegeni daýysynyň ýanyna Hytaýa gitmäge rugsatnama aldy. Ol ýerde bolanda, ol ilkinji gezek imanlylaryň ýygnanyşygyna baryp gördi we Demirgazyk Koreýa gaýdyp gelmezinden öň ruhy çopan bilen bile Hudaýa doga etdi.

Töweregiňdäkilere içalylyk edilip ýörelýän ýurtda öz imanyny uzak wagtlap gizlin saklamak hanym Çoýa başartmady. Tizara ony "dini içalylykda" we "antikommunistik ideýalary ýaýratmakda" aýyplap, tussag etdiler.

Hanym Çoý öz gürrüňini dowam etdirende, otagyň atmosferasy üýtgedi. Injiliň Hoş Habary arkaly Hudaýyň onuň ýüregine täsir edişi we oňa gutulyş sowgat berşi hakdaky gürrüňi diňläp oturyşymyza, biziň her birimiz Hudaýy şöhratlandyrdyk we Oňa minnetdarlyk bildirdik. Indi Mesihe eden imanynyň oňa nähili baha düşendigini eşidenimizde, ýüreklerimiz, soň hem gözlerimiz möňňürip başlady.

"Meni polisiýa alyp gitdiler-de, gaty güýçli gynadylar — diýip, hanym Çoý gürrüň berdi. — Meni oturgyjyň üstünde durmaga mejbur etdiler we dyzlaryma urdular. Ýüzüme we bedenimiň hemme ýerine urdular. Meniň ýüzümiň hemme ýeri göm-gök boldy we gan öýdi. Menden içalylyk edenimi boýun almagy we bize Mukaddes Kitaby getiren adamyň adyny aýtmagy talap etdiler. Özümiň içaly däldigimi we Demirgazyk Koreýanyň döwletine garşy gönükdirilen içalylykly hereketleri etmändigimi gaýtaladym. Men kitaby getiren adamyň adyny aýtmadym we Mukaddes Kitaby ýeke özümiň okandygymy nygtadym durdum".

Gynamalar islenilýän netijäni bermänden soň, polisiýa taktikasyny üýtgetdi...

# PIKIRLENMEK ÜÇIN

Hanym Çoýam, onuň adamsam ozal hiç haçan Mukaddes Kitaby görmändiler we Isanyň Kimdigine asla düşünmeýärdiler. "*Demirgazyk Koreýada, elbetde, Isanyň Kimdigini asla bilmeýän adamlar bar, ýöne Günbatarda beýle zat bolup bilmez*" diýip pikir etmek aňsat. Ýöne bu ýerde-de şonuň ýalylara duş gelmek bolýar. Siz Isanyň Kimdigi hakda asla hiç zat bilmeýän ýa-da Mukaddes Kitaby hiç haçan görmedik birini tanaýarsyňyzmy? Belki, ol immigrantdyr ýa-da başga ýurtdan gelen bosgundyr, ýa-da mesihiler bilen hiç haçan iş salyşmadyk adamdyr. Birnäçe adamyň adyny ýazyň-da, şonuň ýaly adamlara Isa hakda şaýatlyk etmek üçin olar bilen gürleşmegiň meýilnamasyny düzüň.

## DOGA-DILEG ETMEK

"Isa, töweregimde ýaşaýan adamlaryň Seni tanamaklary we olaryň Seniň Sözüňi bilmekleri öz-özünden bolmaly zat diýip hasap etmezligime kömek etmegiňi soraýaryn. Sen we Seniň hakykatlaryň hakda entek eşitmediklere gürrüň bermek mümkinçiligini görmäge maňa kömek et. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Bu gün mende iň erbet ýagdaý bolup geçdi! Hemme zatdan çen tutsaň, ortaça statistiki koreýalynyň agramy meniň agramymdan has ýeňil bolmaly öýdýärin, sebäbi şu günki tanşan demirgazyk koreýaly adamymdan interwýu alyp otyrkam, meniň plastik oturgyjym edil aşagymda döwüldi-de, menem poluň üstüne agdarylyp gitdim!

Men oturgyjyň arkasyna ýaplanmadym ýa-da onuň üstünde yranmadym... oturgyç öz-özünden göni aşagymda pytrady! Olar menden köp ötünç soradylar-da, maňa başga oturgyç getirip berdiler... ýöne bu meni gaty utandyrdy.

Berhiz saklamaga çen boldy diýip pikir edýärin...





## 35-NJI GÜN

# MAÝYP EDILEN ELLER — 2-NJI BÖLÜM

“Çünki Hudaýdan dogan kişi dünýäni ýeňýändir, dünýäden üstün çykan ýeňiş biziň imanymyzdyr”.

**1 ÝOHANNA 5:4**

...................................................

### Seul, Koreýa, 2008-nji ýyl

Fiziki gynamalar hanym Çoýy özüne Mukaddes Kitaby beren adamyň adyny aýtmaga mejbur edip bilmänden soň, polisiýa taktikasyny üýtgetdi, olar onuň ýüregini gynama kararyna geldiler.

Olar jenap Çoýy polisiýa çagyryp, eger aýalyna garşy görkezme berip, onuň Mukaddes Kitaby saklamakda we okamakda jemlenýän “jenaýatyny” boýun alsa, onda aýalynyň basymrak öýüne gaýdyp barjakdygyny aýtdylar.

Soň olar hanym Çoýuň ýanyna baryp: “Seniň adamyň saňa garşy görkezme berdi. Şonuň üçin, eger sen hemme zady açyk ýürekden boýun alsaň gowy bolar” — diýdiler.

Adamsynyň dönükligini ýatlanda, hatda şunça ýyl geçenden soň hem, hanym Çoý gürrüňini zordan dowam edip bildi. Ol demini dürsemek we gözýaşyny süpürmek üçin ýygy-ýygydan saklandy.

“Şondan soň meniň aýaklarymy daňyp, başaşaklygyna goýup asdylar we urdular. Türmede meni her gün uzakly gün urdular. Meni ýerimden turup, elimi kiçijik äpişgejikden çykarmaga mejbur etdiler we ellerime turba bilen urdular. Meniň hemme ýerimden gan akdy. Ellerim durşuna sypjyrylandy we döwlendi welin, men olary gymyldadyp bilmeýärdim”.

Hanym Çoý gürrüňini dowam etdirende, ellerinde entegem göze görnüp duran gynamanyň yzlaryny görkezmek üçin uzatdy. Birnäçe barmaklar bolmaly däl ýerlerden çykyşyp durdular. Barmaklaryna turba bilen urlanda adamyň çekýän agyrysyny göz öňüne getirip bilmedim. Hanym Çoý sud edilende, adamsy özüni aldandyklaryna düşünip, aýalyna garşy şaýatlyk etmegiň deregine, batyrlyk bilen ony gorady. Haýran galaýmaly, bäş sadaga çeken suddan soň, ol “günäsiz” diýlip yrkar edildi.

Ýöne hanym Çoýuň “günäsizligi” režim üçin ulanarlykly bolmady, şonuň üçin suduň kararyny ýatyryp, täze sud işini gozgadylar. Ikinji sud prosesi bir sagada golaý dowam etdi. Hanym Çoý özüni goramak üçin hiç zadam diýip bilmedi, sebäbi suduň öň ýanynda ony şeýle güýçli urdylar welin, onuň ýüzi diýseň çişdi, şol sebäpden hem, ol ýekeje söz hem diýip bilmedi. Bu gezek ony günäli diýip ykrar etdiler-de, on bäş ýyllyk azatlykdan mahrum edilmä höküm etdiler.

“Türmede men mydama Hudaýa doga etdim, hatda meni urýan wagtlarynda-da” — diýip, hanym Çoý bize gürrüň berdi.

Ol özüniň Mukaddes Kitabynyň porsy hem heňli sahypalaryndan okan aýatlarynyň birnäçesini ýatdan bilýärdi. Ol Isanyň sözlerini ýatlap, olary: “Eger sag ýaňagyňa ursalar, olara çep ýaňagyňy-da tut” — diýip gaýtalady.

Ol 1 Ýohannada imanynyň dünýäni ýeňjekdigi hakda okan wadasyna ýapyşdy we munuň hatda Kimiň režiminiň dünýäsi babatda hem hakykatdygyna ynandy.

Türmede bary-ýogy bir ýylyny geçireninde, hanym Çoýuň agramy bary-ýogy otuz kilogrammdy. Adamsyna onuň bilen görüşmäge rugsat edenlerinde, ol özüni *halas etmegini* ondan ýalbaryp sorady. Jenap Çoý öýüni satdy, garyndaşlaryndan we kömek edip biläýjek dostlaryndan pul ýygnady. Ol türmä pul bilen telewizor getirdi. Onuň meýilnamasy başa bardy: onuň aýalyny goýberýärdiler.

Şuňa çenli men: "Meniň ýurdum — düýnädäki iň gowy ýurtdur!" — diýen şygara ynanýardym — diýip, hanym Çoý bize gürrüň berdi. — Ýöne Demirgazyk Koreýanyň aslynda nähildigine men diňe türmede göz ýetirdim. Men adamyma: "Eger men ölmän galsam, onda bu ýerde ýaşamak islemeýärin, sebäbi indi men bu ýeriň nähildigini bilýärin!" — diýdim.

Wagtyň geçmegi bilen hanym Çoýa Hytaýa gaçmak, soň hem Günorta Koreýa baryp ýetmek başartdy.

Köplenç yzarlanylýan mesihiler bilen duşuşanymyzda, olaryň ýaralarynyň bitýändigini, olaryň özlerine azar berenleri doly bagyşlaýandyklaryny we söýýändiklerini görýäris. Hanym Çoýda häzirlikçe beýle bolanok. Ol Kim Çen Iri (Demirgazyk Koreýanyň şol wagtky baştutanyny) öz watandaşlaryna görkezýän eýmençlikleri üçin jezalandyrmalydygy baradaky pikirini diýseň jikme-jik paýlaşdy. Onuň gözýaşlaryny we adaty däl ýagdaýda gyşaryp duran barmaklaryny görenimizde, biz onuň gaharlanmasyna düşündik.

Biz hanym Çoý bilen tanşanymyzda, ol öz watanyny gul edýän zalym režim bilen barlyşyksyz urşy alyp barýardy, ýöne bu uruş harby ýaragy ulanmak arkaly alnyp barlanokdy-da, ruhy ýarag bilen alnyp barylýardy. Ol Seuldaky mesihilik radiogullugyndaky komandanyň düzüminde işleýärdi. Bu radiogulluk Demirgazyk Koreýa Mukaddes Ýazgyny we beýleki mesihilik gepleşikleri

eşitdirýärdi. Bu stansiýanyň gulluklarynyň biri-de, hanym Çoý ýaly gaçyp gelen demirgazyk koreýaly adamlara özleriniň şaýatlyklaryny göni ýaýlymda paýlaşmaga, ýurtlaryndaky adamlaryň özleriniň "gadyrly ýolbaşçylary" hakdaky hakykaty bilmeklerine we dostlaryna hem maşgalalaryna özleriniň diridiklerini we howpsuz ýere baryp, Günorta Koreýada gaçybatalga tapandyklaryny habar bermäge mümkinçilik bermekde jemlenendir.

Hanym Çoýuň barmaklary döwlen we maýyp edilen. Onuň ellerine turba bilen urulmazyndan öňki çalasynlygyny hem güýjüni hiç haçan gaýtaryp berip bolmaýar. Ýöne onuň sesi güýçli, sebäbi sesi Hudaýy şöhratlandyrýar we dünýäni — hatda indi Kim Çen Iriň rehimsizlik bilen hökümdarlyk edýän Ýekemenler Patyşalygynyň dünýäsini-de — ýeňip biljek imany yglan edýär.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

1 Ýohanna 5:4-däki "dünýäni ýeňmek" söz düzüminde ulanylan "ýeňmek" sözi "ýeňmek, ýeňiji bolup çykmak" hökmünde terjime edilýär. Biz mesihiler imanda berk duranymyzda, synaglara hem yzarlanmalara, hatda ölüme çenli-de, döz gelenimizde "dünýäni ýeňýäris".

Hanym Çoý bilen bolan gürrüňdeşlik özüňe ýamanlyk edenleri bagyşlamagyň nähili kyndygyny maňa ýatlatdy. "Ýeňmek" ýa-da "ýeňiji bolup çykmak" başga adamlaryň biziň durmuşymyzdaky günäleriniň netijelerini Isanyň adatdan daşary usulda aýyrýanyny we ajy öýkäni, gazaby we olardan kine saklamany şobada aýyrýanyny aňladýar diýip pikir etmek erbedem däl. Käbirleri bu gudratly güýji duýýan bolsalar-da, hanym Çoý entegem özüne şeýle sütem edenleri bagyşlamaga çalyşýar. Siziň hem şunuň ýaly ýagdaýda bolmagyňyz mümkin. Eger bu şeýle bolsa, onda öz öňüňizde-de, Hudaýyň öňünde-de dogruçyl boluň. Hudaýdan

öz ýüregiňizi ýumşatmagyny haýyş ediň. Özüniň hudaýlyk güýji bilen size “ýeňmäge” — doly bagyşlamaga, agyryny, duýýan gaharyňyzy hem ajy öýkäňizi bir gyra goýmaga kömek etmegini soraň.

## DOGA-DILEG ETMEK

“Rebbim Isa, meniň günälerimi bagyşlanyň üçin Saňa minnetdar. Meniň eden erbet zatlarymyň hemmesi üçin haçda jepa çekip ölenine minnetdar. Haýyş edýärin, meniň ýüregimi ýumşat we “dünýäni ýeňmäge” hem-de özüme ýamanlyk edenleri, Seniň maňa bagyşlanma teklip edişiň ýaly, bagyşlamaga taýýar bolmaga kömek et. Omyn”.

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Biziň çemodanlarymyz Seul aeroportundaky konweýer lentasynyň üsti bilen aşak düşdi. Olar polat troslar bilen daňlyp, biri-biri bilen birikdirilendi. Olara ýanyp-sönüp duran çyraly kiçijik guty birikdirilendi. Mundan öňki ýurda baranymyzda biz oglanlarymyzy gaty begendirjek pyçaklary satyn alypdyk. Şolary Seula gelenimizde çemodanlarymyz şöhlä tutulanda görüpdirler öýdýärin. Pyçaklaryň tyglary Günorta Koreýa getirmäge rugsat edileninden on bäş sm. uzyndy. Ýanyp-sönýän çyra gümrükçilere biziň goşlarymyzda bir meseläniň bardygyny habar bermelidi... bu bizi alada goýdy!

Biz gümrük postunda pyçaklary tabşyrmaly, soň hem (saklanylany üçin töleg töländen soň), ABŞ-a uçmak üçin yzymyza aeroporta gelenimizde, olary yzyna almaly bolduk. Ýöne gaýdyp gelenimizde bu iş hakyky synag boldy. Gümrükhana işgäri polietilen bukja dolanan iki pyçagy aldy-da, bizi uçuşa çykarylýan çykalga alyp geldi. Soň ol olary uçara almaga rugsat almak üçin kapitanyň kabinasyna girdi. Şondan soň, ahyrsoňy, pyçaklary hasaba alnan goş edip, el goşlary bölümine ýerleşdirdiler.

Aziýadan öýe, ýigrimi dollardan-da az bahasy bolan iki pyçagy alyp gelmek nähili KYN boldy!

*(Awtoryň belligi: bu oglanlaryň kolleksiýasy üçin öýe pyçak alyp gelen soňky saparym boldy!)*



## 36-NJY GÜN

# LAOSDAKY BIR WAGYZ

“Ýöne diňe özüni aldaýan diňleýji däl-de, sözi ýerine ýetiriji boluň. Çünki kim sözi diňläp, ony ýerine ýetirmese, ol öz tebigy keşbini aýnada synlaýan adama meňzeşdir: ol öz-özüni synlap gidýär-de, nähilidigini şobada unudýar. Emma kim kämil kanuna, azatlyk kanunyna ýakyndan seretse, huşsuz diňleýji bolman, işe amal ediji bolup, onda dursa, ol öz edenlerinde bagtly bolar”.

**ÝAKUP 1:22–25**

..........................................................

*Laos, 2011-nji ýyl*

Biz Laosyň demirgazygynda ýygnak binasynda tanyşdyk. Ýygnak binasy sement fundamentiň üstünde gurlan ýönekeýje binady. Ýygnanyşyklar wagtynda ulanylýan plastik oturgyçlar diwaryň düýbünde örülip goýlupdy. Olaryň dört-baş sanysy indi garşydaş diwaryň ýanynda töwerek gurap durdy. Biz gürleşmek üçin olarda oturdyk. Yssydy. Jaýyň içinde işläp duran wentilýator jaýy salkyn edenokdy-da, diňe gyzgyn howa getirýärdi.

Şol gün biz birnäçe laosly mesihiden interwýu aldyk, ýöne Fan dogan we onuň eşiden ýeke-täk wagzynyň taryhy meniň hakydamda mydamalyk galdy.

Fan demirgazyk Laosyň uzak bölegindäki obajykda doglupdyr. Ulalanyndan soň ýigit dünýäni görmek isläpdir. Ol öz obasynyň teklip edip biljek mümkinçiliklerinden köpräk mümkinçilik almak isläpdir. Şonuň üçin ol Laosyň paýtagty Wentýana gidipdir.

Wentýan kiçijik obadan gelen Fana ägirt uly bolup göründi. Ulaglaryň güwwüldileri, müňlerçe motorellerler, adamlaryň mähelleleri we ýiti ýagtylar bir wagtyň özünde ony gorkuzýardy hem haýran galdyrýardy. Emma şäher, Fanyň umyt edişi ýaly, myhmansöýer bolup çykmandyr, onuň eşiden mümkinçilikleri bolsa, derrew peýda bolmandyr. Ol indiki gezek haçan nämedir bir zat iýjegini bilmän, köçede galdy.

Fan şäherlerde mugt tüwi alyp bolýan ýerleriň bardygyny eşidipdi. Ýigit onuň ýaly ýeriň toslamadygyny ýa-da aslynda hakykatdan hem bardygyny bilmeýärdi, ýöne ol şeýle açdy welin, ony barlap görmek kararyna geldi. Öz obasynda Fana haçly jaýy tapsa, onda şonuň içinde köplenç tüwi berilýändigini aýtdylar we haçyň nähili şekilde bolýandygyny şekillendirdiler, sebäbi ol ozal hiç haçan haç görmändi.

Fan bir jam tüwä diýseň mätäçdi.

Ýigit ýygnak binasyny tapdy-da, oňa ynamsyzlyk bilen girdi. Ol özüniň ýygnaga ilkinji gezek barşy hakda gürrüň berende tüwi, mugt ýa pully, ýa-da başga hili tüwi hakda hem hiç zat aýtmady. Ol bu ýygnakda eşiden haýran galdyryjy täzeligi — biziň her birimizi şeýle güýçli söýýändigi sebäpli, biziň günälerimiziň tölegini tölemek üçin haçda ölmäge Öz Ogluny goýberen Ýaradyjy Hudaý hakda guwanç bilen gürrüň berdi! Fan bu habara şeýle bir tolgundy welin, özüniň günäsi üçin Isanyň töleg tölemesine mätäç bolan günäkärdigi baradaky fakty derrew kabul etdi. Ol ruhy çopan bilen gürleşdi-de, toba dogasyny etdi we bu dünýä özi üçin gelen Isanyň yzyna eýermeklige öz durmuşyny bagyş etdi.

Şol gün ruhy çopanyň Fana nahar beren bermäni şu wagta çenli maňa mälim däl, ol bu barada ýekeje agyz sözem aýtmady. Ol diňe ýaňyja eşiden ajaýyp täzeligine bolan garaýşy hakda gürrüň berdi.

Fan öz obasynda hiç kimiň entek bu täsin habary eşitmändigi we olarda onuň tapan parahatlygyny hem şatlygyny tapmaga mümkinçiliginiň ýokdugy, sebäbi olaryň obasynda haçly jaýyň ýokdugy baradaky pikire çydam edip bilmedi. Şonda Fan özi ýagdaýy üýtgetmeli diýen karara geldi.

Şeýdip, Fan awtobusa münüp, Wentýanyň özüne teklip eden ykdysady mümkinçiliklerine garamazdan, ol ýerden gaýtdy. Ol yzyna, özüniň ýaňyja giden kiçijik obasyna, demirgazyga gaýdýan ýolda eslije sagadyny geçirdi. Fan obasynda adamlary ýygnady-da, özüniň Wentýanda bir zady, olaryň hemmesiniň hem eşitmesi örän wajyp bolan zady bilendigini aýtdy.

Fanyň imanynyň arkasyndan onuň obasyndan on alty maşgala buddizmi we atalaryň ruhlaryna tagzym etmäni goýup, Isa Mesihiň yzyna eýermek kararyna geldi. Fan diňe ýekeje wagzy eşidip, Rebbe ýüzden gowrak adamy getirdi!

Fan täze tapan imanynda berkemegi dowam etdirdi, şeýdip, ýigit täze bilimleri aldygyça, öz gezeginde obasyndan täze imana gelenlere halypalyk etdi.

Ýöne Hudaýa bolan iman hem gulluk Fana we beýleki imanlylara gaty gymmat düşdi.

“Keseki dinden” ýüz öwürmekden we öňki durmuşyna gaýdyp barmakdan boýun towlan mesihileri obadan kowdylar. “Siz ýa mesihi bolup bilersiňiz, ýa-da biziň obamyzda ýaşap bilersiňiz. Saýlaň!” — diýdiler. Fan bilen onuň ýygnagy Mesihi saýladylar. Döwlet bu oba ýük maşynlarynda poliseýleri iberdi we mesihileriň obadan mejbury gitmelidigini aýtdy. Isanyň yzyna eýerýänler alyp ýetişen goşlaryny aldylar. Olary ýük maşynlaryna mündürdiler-de, obadan alyp gitdiler we yzlaryna hiç haçan gaýdyp gelmezligi buýruk berdiler.

Fan bilen onuň ýygnagy başga obada ýerleşdi, ýöne men olar bilen duşuşan wagtymda, olara ol ýerden hem kowulma howpy abanýardy. Emma bu haýbatlar ruhy çopan Fany gorkuzmaýan ýalydy. Öňki obadan kowanlaryndan soň, özüniň kiçijik mesihilik ýygnagynyň mätäçliklerini Hudaýyň üpjün edişini ol görüpdi. Eger ýene şeýle bolsa, heýem, Ol olary betbagtçylygyň içinde galdyrarmy?

Biz Fan bilen tanşan wagtymyzda, ol eýýäm — ýygnaklarda bolşy ýaly, taýpalaryň dillerinde hem Hoş Habary wagyz edilýän radiogepleşiklerde eşitdirilýän wagyzlary köp diňläpdi. Ýöne ilkinji gezek eşiden wagzynyň üsti bilen Hudaýyň Fanyň durmuşynda şeýle köp zady edeni meniň üçin ýatdan çykmajak zat boldy. Şol wagyz onuň we obadaşlarynyň durmuşyna beýle hasyly nädip getirip bildikä?! Şol wagyz, bu sözüň göni manysynda, ýüzden gowrak adam üçin bakyýeti üýtgetdi.

Fan bilen duşuşanyma birnäçe ýyl geçenden soň men Günorta Aziýadan bolan bir dostumy gördüm we onuň soňky durmuşy bilen gyzyklandym. Kärdeşim hem Fany we onuň şaýatlygyny ýatlady. Bize Fanyň duýdansyz ýogalandygyny aýtdylar. Indi biziň dostumyz şol birinji wagzynda eşiden ebedi sylaglary — bir jam mugt tüwüden has uly bolan sylaglary alýar!

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Men — ruhy çopanyň hem missioneriň ogly, yssy Laos ýygnagynda derimi akdyryp oturşyma özümi şeýle pikiriň üstünde tutdum: Fan doganyň gürrüňi — örän ynandyryjydy. Men bir wagyzdan köp wagyzlary diňledim. Aslynda men soňky elli ýylyň dowamynda müňlerçe wagzy eşidendirin.

Men ýygnagyň, kollejiň ýa-da lagerleriň doga-dileg edilýän otagynyň gapysyndan çykanymda Hudaýyň habaryna hakykatdan gulak asýarynmy ýa-da, edil hiç zat bolmadyk ýaly, öz durmuşym

bilen ýaşamagy dowam etdirýärinmi? Edil şu wagtjyk özüm we şu hepdede duş geljek her bir adamym üçin ebedi manysy bolan habary eşitmedik ýaly bolup ýaşamalymy? Ýöne, gynansak-da, hut şeýle zat diýseň ýygy-ýygydan bolýar!

Fan dogan ýygnak binasyndan bary-ýogy ýekeje wagyz eşidip çykdy-da, awtobusa münmäge we on alty maşgalany imana getirmek üçin, yzyna öz obasyna barýan köp sagatlyk ýoly sökmäge howlukdy. Ine, wagzyň gymmaty nämede jemlenýän eken!

Siz näme? Siz şu wagtjyk eşiden wagzyňyzy, Hudaýyň habaryny eşitmesi gerek bolan adamy gözlemek üçin soňky gezek haçan ýygnak binasyndan ylgap çykdyňyz? Biziň köpimiz mydama beýle zat etmeýäris.

Bu ýekşenbe güni ýygnak binasyndan çykanyňyzda, Fan dogany ýada salyň. Gündeligiňize ruhy hakykaty, Mukaddes Ýazgydan parça ýa-da özüňizde täsir galdyran bir mysaly ýazyň. Indi şu hepdede şony paýlaşjak adamyňyzyň adyny ýazyň.

## Doga-dileg etmek

"Ýa Reb, Sen bize şeýle köp zat berdiň! Sen bize material ak patalary, Öz Sözüňe we Seniň Hakykatyň ilçilerine arkaýyn golaýlaşyp bilmäni berdiň. Seniň beren azatlygyňy we ak patalaryňy dogry ulanmaga kömek et! Seniň Sözüň — ýaşaýşyň açarydygyny we şol ýaşaýyş hakda töweregimizdäki adamlara höwesli hem yzygiderli aýtmalydygyny ýatda saklamaga kömek et! Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Ine-de, men "Bangkok howa ýollarynyň" wintli reaktiw uçarynyň howpsuzlyk çykalgasynyň ýanynda otyryn. Stýuardessa şu wagtjyk maňa howpsuzlyk gapysyny nädip we haçan açmalydygyny düşündirdi (ony diňe kapitan çykmaga komanda beren wagtynda açmaly!).

Ol düşündirmegini gutardy-da, ýylgyryp: "Ýöne haýyş edýärin, türgenleşjek bolup, ony komandasyz açmaga synanyşaýmaň" — diýip duýdurdy.

## YZARLANYLÝAN MESIHILER ÜÇIN HUDAÝA DOGA ETMEK

Imandaky yzarlanylýan erkek hem aýal doganlarymyzdan ilki bilen eşidýän haýyşymyz "Biziň üçin Hudaýa doga ediň!"

Olaryň ikinji haýyşy: "Bize köpräk Mukaddes Kitap beriň!".

Biziň yzarlanylýan doganlarymyz Hudaýyň Sözüniň güýjüne — adamlary Isa Mesihe çekýän güýje, imanlylary taýýarlaýan we olara yzarlanmalardan ýeňişli geçmäge kömek edýän güýje gaty gowy düşünýärler.

**BU GÜN** Mukaddes Kitabyň bütin dünýä, aýratynam, Hoş Habara duşmançylykly garaýan we ony çäklendirýän ýurtlara ýaýramagy üçin Hudaýa DOGA EDIŇ. Ol ýerde ýaşaýan her bir mesihide özüniň şahsy Mukaddes Kitabynyň bolmagy üçin Hudaýa doga ediň.

# 37-NJI GÜN



# “BIZ ONY ŞEÝLE KÜÝSEÝÄRIS!”

“Bir agza horluk çekse, ähli agzalar bilelikde horluk çeker. Bir agza şöhratlansa, ähli agzalar bilelikde şatlanar. Siz Mesihiň teni, aýry-aýry agzalarysyňyz”.

**1 KORINTOSLYLAR 12:26-27**

## Günorta-Gündogar Aziýa, 2019-njy ýyl

Onuň adamsy iki ýyldan gowrak wagt mundan ozal dereksiz ýitdi. Ony 2017-nji ýylda Malaýziýada, başyndan ahyryna çenli kyrk sekunt gerek bolan we ýedi maşyn bilen on bäş adam gatnaşan guramaçylykly harby operasiýa wagtynda köçeden ogurlapdyrlar. Şol günden soň ruhy çopan Raýmond Kohy hiç kim görmändir. Onuň maşynynam tapmandyrlar. Eger onuň maşgala agzalary öýme-öý girip, wideokameralardaky ýazgylar

boýunça onuň ogurlanylyşyny tapmadyk bolsalar, onda Raýmond bugaran ýaly bolardy.

Men sifr diktofonuny işledip, Raýmondyň aglap oturan aýaly Sýuzannanyň öňünde tutup otyrdym.

“Biz ony şeýle küýseýäris!” — diýip, Sýuzanna aýtdy. Onuň ýüzünden ýaşyň akýandygy gürrüňimiziň audioýazgysynda-da düşnüklidi. - Iň agyr zadam, onuň nirededigini, oňa näme bolandygyny we häzir ýagdaýynyň nähildigini bilmezlikdir. Ol iki ýyllap garaşma wagtynda we öz döwleti bilen Raýmondyň takmynan ýerleşýän ýeri hakdaky maglumat ugrunda göreşen wagtynda çagalary bilen nähili ýokary baha tölemeli bolandyklaryny düşündirdi. Bu synanyşyklaryň Malaýziýa döwletine ýalbarmalaryň, talap etmeleriň we onuň “ýitmegine” günäkär bolanlary jogapkärçilige çekmäge haýyş etmeleriň iki ýyly boldy.

Sýuzanna pikirini jemlemek we köşeşmek üçin bir salym dymdy. Onuň indiki sözleri asla meniň garaşan sözlerim bolmady: “Ýöne biz Hudaýa minnetdarlyk bildirýäris”.

Şondan soň ol bütin dünýädäki mesihileriň Hudaýa eden dogalarynda, otkrytkalarynda, hatlarynda we elektron hatlarynda bildirýän söýgüleri, şol söýginiň özüne we çagalaryna agyr günleri we howsalaly gijeleri geçirmäge kömek edendigi üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdi. Maşgalany diňe Hudaýyň maşgalasy däl-de, eýsem, Hudaýyň Özi-de, “rehimler Atasy, bütin tesilliler Hudaýy” (2 Korintoslylar 1:3) hem goldady.

“Şu wagtda Hudaý biziň üçin diýseň hakyky hem şahsy taýdan duýulýan boldy. Birinji üç hepdäniň dowamynda örän gorkanym, hatda dowul pristupynyň bolany hem ýadyma düşýär. Ýöne biz ýekelikde bolma kararyna geldik, bu maňa Hudaýda pikirimi jemlemäge, diňe Isa gözlerimi dikmäge kömek etdi” — diýip, ol gürrüň berdi.

“Men Zebur 46:11-i gaty gowy görýärin: “Saklanyň-da tanaň, Men — Hudaýdyryn”. Maňa özümi horlamak we göreşmek gerek däl, men ýöne bir köşeşip, Onuň meni hiç haçan terk etmejekdigine

we hemme zatlaryň Ony söýýänleriň hem-de Onuň maksadyna laýyklykda çagyrylanlaryň bähbidine işleýändigine ynamly bolup bilýärin. Agyr ýagdaýlaryň bardygyna garamazdan, Onuň merhemetiniň ýeterlikdigini men görýärin".

Sýuzanna ruhy çopan Raýmondy şu wagtky başdan geçirýän synaglaryna Hudaýyň taýýarlandygyna ynanýar. Raýmond ogurlanylmazyndan birnäçe aý öň, onuň ruhy durmuşynda güýçli çuňlaşmanyň bolýandygyny Sýuzanna duýýar. Ol doga etme wagtyny adatdakysyndan has köp uzaldypdyr we Mukaddes Ýazgydan has köp ýerini ýat tutupdyr.

"Raýmond Hudaýa doga etme gezelenjine ir ertir bilen sagat üçde gidýärdi, şeýle hem, Mukaddes Ýazgydan parçalary ýat tutup, soň olary maňa aýdyp berýärdi. Ol: "Men şu wagtjyk 1 Korintoslylar 15-i ýat tutdum" — diýdi. Şonuň üçin men onuň öýkünmek üçin nähili gowy göreldedigi hakda ýygy-ýygydan pikir edýärdim".

Sýuzanna adamsy nämedir bir erbet zat boljagyny öňünden duýandyr diýip pikir etmeýär. Ýöne ogurlanmazyndan birnäçe aý öň Raýmondyň imanyny Hudaýyň berkidip başlandygy göze görnüp durdy. Sýuzanna, şeýle hem, ak patalaryň kömegi bilen Raýmondyň ýesirlikde aman galyp bilendigi üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdi. Sýuzanna onuň şeýle sada adam bolandygyny, geýim şkafynda üç sany jalbarynyň we üç köýneginiň bolmagynyň ony diýseň kanagatlandyrandygyny gürrüň berdi. Ol, şeýle hem, adamsyna Hudaýyň gowy saglyk berendigini, onuň hatda özünden onlarça ýaş kiçi bolan ýetginjekler bilen futbol oýnandygyny gürrüň berdi.

Ol Raýmonda her gün derman içmegiň gerek bolmandygy üçin Hudaýa minnetdarlyk bildirdi, eger ol derman içmeli bolan bolsa, onda ony ogurlanlar dermandan mahrum edip bilerdiler.

Raýmond ogurlanmazyndan köp wagt öň özüne howpuň abanýandygyny bilýärdi. Ogurlanmazyndan birnäçe ýyl öň ol poçta üsti bilen kiçiräjik guty alýar. Ol gutyny açanda, onuň içinden iki sany ok çykýar. Sýuzanna hem, islenilmeýän poçtany — ak

poroşokdan doly konwerti alýar. Ol poroşogyň zäher bolmagy mümkin. Bu habar düşnüklidi: gullugyňyzy bes ediň, ýogsam...

Ýöne Raýmond bilen Sýuzanna Hudaýa gulluk etmegi bes etmeýärler. Olar garyplaryň we mätäçleriň aladasyny etmegi, Isa Mesihiň ady bilen olara kömek hem umyt teklip etmegi dowam etdirýärler. Olar özlerini töwekgelçilige alyp barýandyklaryna düşünýärdiler, şeýle-de bolsa, işlerini dowam edýärdiler.

"Hawa, Raýmond, hatda birazajyk gorkynyň we biynjalygyň bardygyna-da garamazdan, gullugyny dowam etdirdi. Ýöne ol özüni Beýik Tabşyrygy ýerine ýetirmäge Rebbiň çagyrýandygyny duýdy. Bu bolsa, her bir taýpa, halka we dile degişlidir. Hudaý adamlaryň arasynda tapawut goýmaýar, şonuň üçin biz garyplar, mätäçler hem hor ýaşaýanlar bilen işleşmegimizi dowam etdirdik, biz bu işi Hudaýyň kömegi bilen etdik. Bäş-alty ýyllap diýen ýaly bize hiç hili haýbat atylmady, şonuň üçin biz hemme zat gowudyr öýtdük".

Hawa, dogrudanam, Raýmondyň öýüne gaýdyp gelmedik gününe çenli hemme zat gowy boldy.

Sýuzanna adamsynyň ýitendigi hakda arza bermek üçin polisiýa bölümine baranda, şol gün Raýmondyň nirede bolandygyny, kim bilen duşuşmakçy bolandygyny we nähili maşynda ýörendigini soramagyň deregine, ol ýerde ondan Raýmond ikisiniň gullugy hakda sorag edýärler. Polisiýa işgärleri Raýmondy gözlejek bolup, asla hereket hem etmeýärler, ýöne malaýziýaly musulmanlaryň mesihi bolmazlygynyň aladasyny güýçli edýärdiler. Ahyrsoňy Sýuzanna polisiýa bil baglamagy bes edýär-de, gözlege özi çykýar. Ogurlanmanyň wideoýazgysyny howpsuzlyk guramasynyň işgärleri däl-de, eýsem, onuň maşgalasy tapýar.

2017-nji ýylyň şol gününde Raýmondy ogurlan adamlara bolan nähili duýgyny duýýandygyny men Sýuzannadan soradym. Onuň beren jogaby ruhuň haýran galdyryjy kämilligini, şeýle hem, şol kämillik ugrundaky göreşi açyk görkezdi.

"Ilki başyndan men olary bagyşlama kararyna geldim, sebäbi olar näme edýänlerini bilmeýärler. Men Reb Isanyň göreldesine eýerýärin, şol sebäpden hem, meniň ýüregimde hiç hili garalyk ýok — diýip, ol düşündirdi. — Sebäbi men Hudaýyň meniň üstüm bilen hereket etmegini isleýärin. Ýöne bu aňsat bolmady. Adam hukuklary boýunça komissiýanyň jemgyýetçilik derňewleriniň gidişinde sorag eden poliseýleriň birnäçesine şu iki ýylyň dowamynda duş gelenimde, olary bogmak islän pursatlarym hem boldy, sebäbi olar aç-açan ýalan sözleýärdiler. Olar asla hyzmatdaşlyk etmeýärdiler. Bir gezek maşynda gidip barýarkam, poliseýlere erbet garaýşymyň barlygy üçin Hudaýyň meni ýazgarany ýadyma düşýär. Şonda men Onuň öňünde aglap toba etmeli boldum we özümiň polisiýa üçin Hudaýa doga etmelidigimi boýun aldym. Howpsuzlyk guramalarynyň bütin sistemasy korrupsiýa ýatan, jenjellere we erbetlige batan, ýöne men has giň görnüşleri görmegi öwrenmek gerek diýip pikir edýärin. Meniň görmeli bolan şol giň görnüşim hem, Hudaýyň Malaýziýada arassalama alyp barýandygyndan ybaratdyr. Öz nurunyň garaňkyda öwşün atmagy üçin Oňa garaňkyny hem erbet zatlaryň hemmesini ýokary galdyrmak zerur gerek. Dünýäniň nury hem duzy bolan biz mesihiler Hudaýyň Malaýziýadaky isleginiň amala aşmagy üçin doga-dileg etmäge borçludyrys. Meniň özüme ýamanlyk edenleri bagyşlap hem olar üçin doga-dileg edip bilmegim üçin Hudaý ilki meniň bilen düşünişmeli boldy, sebäbi olara Rebbi tanamak zerurdy. Malaýziýada özgerlişikleriň bolmagy üçin adamlaryň durmuşynyň üýtgemegi wajyp".

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Adamsy ogurlanandan soňky ýyllara döz gelmäge Sýuzanna Koha Mesihiň Bütindünýa Teniniň doga-dilegleri we söýgüsi kömek etdi. Öz gündeligiňize synaglar gyzgalaňly bolan wagtynda Mesihiň Teniniň sizi nähili berkidendigi hakdaky ýatlamalary ýazyň.

Edil şu wagtyň özünde özi üçin siziň Mesihiň goldaw, kömek we umyt teklip edýän Teni bolmagyňyzy isleýän erkek ýa aýal dogany bilýärsiňizmi?

## Doga-dileg etmek

"Rebbim Isa, edil Sýuzannanyň ýüreginde hereket edişiň ýaly, meniň hem ýüregimde hereket et. Maňa bagyşlamaga kömek et. Töweregimdäkileri söýmäge, olary, hatda maňa ýamanlyk edenleri-de ýa-da gaty göwnüme degenleri-de bagyşlamaga güýç ber. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Sýuzanna özleriniň güýjünde baryny edip, Raýmondyň taryhyny jemgyýetçiligiň gözüniň öňünde saklamaga, şeýle hem, näme bolanyny düşündirmegini talap edip, döwlete basyş etmegi dowam etdirmäge synanyşýandyklaryny aýdýar. Şonuň üçin ol dokuz ýüzden gowrak radiostansiýanyň Raýmondyň işi hakda gürrüň bermegi uly položitel iş bolar diýip hasap edýär.

## *Interwýu*

Sýuzanna Koh bilen taýýarlanan interwýuny "Ejir çekenleriň sesiniň" saýtyndan tapyp bilersiňiz: www.vom-ru.org Radio "Ejir çekenleriň sesi" bölümi.



# 38-NJI GÜN



# GONAMÇYLYKDAKY ÝAŞAÝYŞ

“Ýüküňi Rebbiň üstüne taşla, Ol seni saklar; Ol dogry adamy asla sarsdyrmaz”.

**ZEBUR 55:22**

……………………………………………..

## Süleýmaniýa, Yrak, 2008-nji ýyl

Ol göni gonamçylygyň ortasyndaky mazarlaryň biriniň üstündäki daşa gysylyp, ýere ýatdy. “Men ýelden gizlenmek üçin daşa has ýakyn ýatdym. Sebäbi, bilýärsiňizmi, gije örän sowuk bolýar” — diýip, ol bize gürrüň berdi.

Zarguosyň yslamy goýup, Isanyň yzyna eýerenden soňky alty aýynyň dowamynda öýsüz galan wagtynda nirede ýatandygyny we nädip ölmän galandygyny görkezmegi üçin ýörite şol gonamçylyga bardyk.

Zarguos Isany ilkinji gezek düýşünde gördi. Anyk sene onuň ýadyndady, sebäbi bu onuň ejesiniň ölmeziniň bir gün öň ýanynda bolupdy. Düýşünde Isa oňa aşa ýiti ýagtynyň içinde göründi,

şonuň üçin Zarguos gözüni gapyp barýan ýagtydan ýaňa gözlerini ýummaly boldy. Isanyň sözleri söýgüden doludy: "Gorkma! Meniň ýanyma gel".

Bu düýşi görenden soň Zarguos adaty ybadathana bardy. Ýöne bu ýerdäki ruhany: "Musulmanlara bu ýere gelmek bolmaýar" — diýdi. Şondan soň Zarguos radio satyn aldy-da, ony mesihilik gepleşiklerine düzdi. Şol gepleşikleriň birinde ol salgyny bildi-de, ol ýere hat ýazdy we hatynda Isany düýşünde görendigini, şonuň üçin Ol hakda we Onuň taglymaty hakda köpräk bilmek isleýändigini gysgaça ýazdy. Zarguos özüne golaý ýerde ýaşaýan mesihileriň atlary we telefon belgileri ýazylan jogaby aldy we olary öýüne çagyryp, bile ýygnanyşyk etdi. Beýleki mesihiler bilen ol toba dogasyny etdi we durmuşyny Isa Mesihe bagyş etdi.

"Şol pursatdan başlap, azar bermeler başlandy" — diýip, Zarguos biz onuň kireýine alan jaýynyň myhman otagynda otyrkak gürrüň berdi. Özüniň täze tapan ynamy hakda ol aýaly Çimine aýtdy. Ol hem munuň üçin oňa gaharlanan birinji adam boldy. Ol ymamyň gyzy we ymamyň uýasy bolany üçin öz adamsynyň dinden çykan bolmagyny islemeýärdi. *Olar öz maşgalalaryna näme diýerler*?

Zarguosyň aýalynyň maşgalasy asudalyk bilen yslama gaýdyp gelmäge ony yrmaga başlady. Ýöne asuda yrjak bolmalar kömek etmäninden soň, ýagdaý ýitileşdi — ilki gykylyklar hem haýbatlar başlandy, ondan soň hem ýaraglar atyldy. Zarguosyň garyndaşlary bilen ýaraşyk baglaşmaga kömek etmegi üçin ýany bilen alyp baran iki dosty atyldy. Üçüsi gaçdy.

Çiminiň maşgalasy Zarguosa aýalyny hem iki gyzyny öýüne alyp gitmäge rugsat etmediler. Çiminiň kakasy mesihi bilen nikada bolmagyň yslamyň kanunlaryna ters gelýändigini, Zarguos mesihiligine galsa, gyzy bilen agtyklarynyň öz öýünde saklajakdygyny aýdyp gygyrdy.

Zarguos öýüne geldi. Şondan iki hepde geçeninden soň, ol öýüniň myhman otagynda otyrka, aýnadan granat uçup girdi. Ol

partlady, ýöne Zarguos gudrat bilen zyýan çekmän galdy. Aýaly bilen çagalaryny onuň elinden alypdylar, indi bolsa, öz jany-da howp astyndady. Ol öz öýünden gaçdy-da, alty aýlap köçede ýaşady. Ol açlygyndan ölmez ýaly iýmite ýeter ýaly birnäçe *dinary* dostundan aldy, gijesine bolsa, şäher gonamçylygyna baryp, ol ýerde ýatdy.

Aýalyndan hem gyzlaryndan jyda düşürilip, gonamçylykda ýaşan wagtynda Mukaddes Kitabyň haýsy aýatlaryndan özüniň güýç alandygyny men Zarguosdan soradym. Ol Zebur 55:22: "Ýüküňi Rebbiň üstüne taşla, Ol seni saklar; Ol dogry adamy asla sarsdyrmaz" diýdi.

Men haýran galdym:

— Zarguos, gonamçylykda ýerde ýatanyňda we maşgalaňdan aýra salanlarynda, sen nädip Hudaýyň *aslynda* seniň aladaňy edýänini duýduň?

— Hudaýyň özüm bilendigini men mydama duýdum — diýip, Zarguos ynamly jogap berdi. — Bu ajaýyp wagt, Hudaýa doga etmek we ruhy ösüş wagty, meniň üçin Hudaý bilen bile bolan iň gowy wagtym boldy.

Zarguos maňa bu wakany gürrüň berýärkä, Çimin adamsynyň gapdalynda diwanda otyrdy. Maşgalasy Çimini öýünde alty aýlap saklady. Ýöne ol aýrylyşan aýal bolup masgara bolandan, öz medeniýetinde hasap edilişi ýaly, mesihiniň aýaly bolup masgara bolanyny gowy gördi we adamsynyň ýanyna gaýdyp geldi.

Aýaly gelen wagty-da Zarguosa gaty gaharly boldy. Zarguos nädip beýle edip bildi? Näme üçin? Ol Zarguos bilen ýaşar, ýöne ol özüniň täze ynamyna aýalynyň asla şat däldigini bilmelidir.

Indiki ýyllaryň dowamynda aýaly adamsynyň, ynamy üçin ummasyz pidalary etmeli bolýandygyna garamazdan, Isa bolan imanyny durmuşa ornaşdyrýandygyny ünsli synlaýar. Zarguos işini ýitirýär, ýöne imanyny saklaýar. Ol garyndaşlary bilen gatnaşyklaryny ýitirýär, emma imanyny saklaýar. Aýaly oňa erbet daraýar we gazabyny onuň üstünden inderýär. Adamsy onuň gaharyny kabul edýär-de, oňa ak pata hem söýgi bilen

jogap berýär. Ahyrsoňy aýaly özüniň mundan artyk garşy çykyp bilmejekdigine düşünýär.

— Näme siziň pikiriňizi üýtgetdi, Isanyň hakykat ekendigine düşünmäge size näme kömek etdi? — diýip, men Çiminden soradym.

— Zarguosyň imany şeýle güýçlüdi welin, men ony kabul etmän we Mesihiň yzyna eýermän bilmedim. Men adamym üçin Hudaýa minnetdar.

Çimin eger adamsynyň ynamyny kabul etse, maşgalasynyň özünden doly we yza gaýtmasyz ýüz öwürjekdigini bilýärdi. Ol özüniň nähili pida getirýänini bilýärdi. Ýöne adamsynda gören zatlary oňa şeýle bir täsir edýär welin, ol onda bar bolan zady almak üçin hemme zada taýýar bolýar.

Imanda bir bolmagyň, indi hem wagyzçylyk işinde we gullugynda bir bolmagyň nämäni aňladýandygyny sorap gyzyklandym. "Bu has gowy" — diýip, Çimin jogap berdi. Ol öz pikiriçe örän kyn bolsa-da, maşgalasynyň Mesihe imana gelmegi üçin Hudaýa doga etmegi dowam etdirýändigini aýtdy. "Ýöne Hudaý üçin mümkin däl zat ýok" — diýip, ol aýtdy.

Gürrüňdeşligiň ahyrynda azat ýurtlardaky adamlaryň özleri üçin näme diläp doga etmelidiklerini soradym. Olar özlerine Hudaýyň hususy öý bermegini sorap doga etmelidigini haýyş etdiler, sebäbi mesihi maşgala kireýine jaý tapmak örän kyn bolýar. Olar, şeýle hem, çagalarynyň biriniň mätäçligi üçin Hudaýa doga etmegi haýyş etdiler.

"Bizde azat ýygnak üçin ýene bir habar bar. Mukaddes Kitaba berk ýapyşyň! Biziň tejribämiziň görkezişi ýaly, Mukaddes Kitabyň merhemeti — biziň entegem bile ýaşaýandygymyzyň sebäbidir" — diýip, Zarguos göni meniň gözüme seredip aýtdy.

Men munuň örän gowy habardygyny aýdyp jogap berdim.

Yzymyza myhmanhana gaýdan ýolumyz, ýaragly adamlar duran gözegçilik — geçiriş nokatlarynyň üstünden geçip, iki sagat dowam etdi. Ýolda men Mesihe bolan imanyndan el çekenden

gonamçylykda ýatanyny gowy gören hem-de şol wagtyny *durmuşyndaky Hudaýda bolan iň gowy* wagty hasaplan adam hakda pikir etdim.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Çimin, hatda adamsyna gaharlananda-da, oňa erbet daranda-da, onuň iman boýunça ýaşaýandygyny görüp, "onuň imanyny kabul etmän bilmändir". Çimin, şeýle hem, onda bar bolan zady almak isläpdir! Siz töweregiňizdäkilerden kimdir birinde şonuň ýaly imanyň bardygyny gördüňizmi? Bolçulykda hem kaşaň durmuşda ýa-da kynçylyklara we şowsuzlyklara duş gelende ýaşandakysyna garanda, kimdir biriniň imany size haçan köpräk täsir etdi? Özüňize görkezen göreldesi üçin siz oňa minnetdarlyk bildirdiňizmi?

Iň zerur zat hem, siz töweregiňizdäki adamlar "imanyňyzy kabul etmän bilmez ýaly" durmuşda ýaşaýarsyňyzmy? Imandaky şonuň ýaly durmuşyň nähili bolmalydygyny öz gündeligiňize ýazyň.

### DOGA-DILEG ETMEK

"Rebbim Isa, "dogry adamyň yranmagyna ýol bermeýäniň üçin" Saňa minnetdar. Başgalaryň ünsüni Özüňe çekmek üçin bizi — hatda agyrylarymyzy hem betbagtçylyklarymyzy-da ulanýanyň üçin Saňa minnetdar. Haýyş edýärin, töweregimdäki adamlar Isany tanamak islär ýaly — şeýle güýçli imanda, hatda "adamlar meniň imanymy kabul etmän bilmez ýaly" imanda ýaşamaga kömek et. Omyn".

### *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Biz furgonda, bu saparda özümize kömek edýän, birnäçe yrakly mesihi bilen gitdik. Kirkuka barýan ýolda, nirdedir bir alyslarda gözegçilik — barlag nokadynda bizi sakladylar. Kamuflýaž eşikde elleri AK — 47 awtomatly iki sany adam biziň ýanymyza geldi, olaryň biri pasportymyzy sorady. Ol ABŞ-nyň iki raýatynyň pasportyny görende, onuň gözleri uçganaklan ýaly boldy. Ol kärdeşim ikimize furgondan çykyp, öz yzyna düşmegi buýruk berdi.

Amerikalylary furgondaky beýleki ýolagçylardan daşlaşdyrmaklary gowluk bilen gutarmajak ýaly boldy. Ýaragly bir adam bizi ýoldan uzakdaky depäniň üsti bilen alyp gidende we biz furgony görüp bilmez ýaly bolanymyzda, ýüregim agzymdan çykjak ýaly bolup başlady. Men bizi ogurlajak bolýandyklaryna ynamlydym.

Ol bizi tüneke üçekli kiçijik bir jaýa alyp bardy. Onuň komandiri biziň bilen ýüzbe-ýüz salamlaşmak we Amerikany şeýle gowy görýändigini hem-de bu ýerde, Kurdistanda amerikalylaryň nähili garşy alynýandygy hakda gürrüň bermek isläpdir! Men ýene dem alyp başlanymdan soň, muny bize aýtmak üçin furgonyň ýanyna özi baran bolsa, has gowy boljakdygyny aýtmagyň gerekdigi hakda pikir etdim! Indi balagymy çalyşsam kem boljak däldi!

Görüp otursak, olar Amerikany hakykatdan hem gowy görýän peşmerga kürt topary (Yragyň Kürdüstanyndaky harbylaşdyrylan goşuny) eken!



## 39-NJY GÜN



# ÖZÜŇI GYNAÝAN ÜÇIN HUDAÝA DOGA ETMEK

“Edil şunuň ýaly, eý, aýallar, siz hem öz äriňize tabyn boluň. Eger äriňiz Hudaýyň sözüne ynanmaýan bolsa, ol aýalynyň ar-namysly, Hudaýdan gorkup ýaşaýan päk durmuşyny görüp, hiç bir aýdyp-diýmezden imana geler”.

**1 PETRUS 3:1–2**

........................................................

Efiopiýa, 2005-nji ýyl

Negasi öz nikasynyň missioner nikasy boljakdygy babatda mamlady, ýöne är-aýalyň haýsynyň has üstünlikli missioner boljakdygy babatda welin ýalňyşypdy!

Men Negasi bilen Efiopiýanyň günortasyndaky ýygnakda — ilatynyň aglaba bölegini yslama uýýan ýerinde tanyşdym. Ýygnakda — dördünji synpa çenli başlangyç mekdep hem bardy, şonuň üçin

biz yzarlanylýan mesihilerden interwýu alan wagtymyzda çagalaryň seslerini eşitdik we äpişgeden olaryň futbol we beýleki oýunlary oýnaýandyklaryny gördük.

Negasi ýygnagyň geçirýän seminaryna, şeýle hem "*ferengi*" (daşary ýurtlular) bilen duşuşmaga gelen ruhy çopanlaryň biridi.

Men Negasiden ozal musulman bolanmydygyny soradym — Hawa, bolupdyr.

Men näme sebäpden onuň yslamy goýup, Isanyň yzyna eýermekçi bolanyny soradym.

— Isany men saýlamadym — diýip, ol oýlanyp jogap berdi. — Isa — Ol meni saýlady!

Soň Negasi özüniň missionerlik nikasy hakdaky wakany maňa gürrüň berdi.

Negasi biziň Ife diýip atlandyrjak bir gyzymyzy göz astyna alýar. Bir gezek ol şol gyz bilen degişýär welin, gyz: "Isanyň haky üçin!" — diýip ýüzlenýär.

Negasi Ifeniň musulman maşgalada doglanyny bilýärdi, şol sebäpden hem, olam özi ýaly musulmandyr öýdýär. Emma indi ol onuň sözleriniň bir zady aňladýanyny bilýär: bu gyz mesihi. Muny bilenden soň Negasi ony öz öýüne alyp barýar-da, özüne durmuşa çykmaga ony mejbur edýär. "Ol oňa güýç bilen öýlenipdir" — diýip, terjimeçi düşündirdi. Dogrymy aýtsam, men juda köp sorag bermek islemedim, sebäbi şunuň özi eýýäm gaty eýmenç eşidildi. Gyzy özüne durmuşa çykmaga güýç bilen mejbur eden adam nädip ruhy çopan bolup bilýär? Şeýle ýagdaýlarda bu nähili nika bolup bilýärmiş? Ol missioner nikasy bolup çykýar!

Ife özüni adamsy üçin Hudaýa doga etmeklige bagyş edýär. Ol näme etse-de, Ife onuň üçin Hudaýa doga edýär. Negasiniň maksady — islendik ýol bilen aýalyny yslama gaýtaryp eltmekdi!

"Men ony üç ýyllap urdum we iki ýyllap gynadym, ýöne ol imanynda şeýle berk bolany üçin ondan ýüz öwürmedi" — diýip, ol gürrüň berdi. Hatda ýyllar geçenden soň hem, Negasi onuň batyrlygynyň we sabrynyň öňünde titreýärdi.

Olaryň nikasynyň ejirli üç ýylyndan soň Hudaý Ifeniň dogalaryna jogap berýär.

Bir gije Negasi berk ýapylan gapynyň aňyrsynda *salawat* yslam dogasyny okap otyrdy. Ýarygije eken, ýöne birden otagyň içi ýagtydan dolýar-da, Isa peýda bolýar. Negasi Onuň ýaralanan ellerini görendigini aýtdy.

“Kime doga edýärsiň? — diýip, Isa ondan soraýar, soň hem Özüniň Muhammetden has beýikdigini, Negasini ejesiniň göwresinde peýda bolaly bäri tanaýandygyny aýdýar. — Men şu wagta çenli seniň aladaňy edip Gelendirin”.

Gün doganyndan soň, Negasi derýadan geçip, golaýdaky ýygnaga tarap ugraýar. Ýekşenbe günidi, şol sebäpden hem, ýygnak agzalary ýygnanyşyk üçin ýygnanan ekenler. Olar Negasini görenine şat bolmaýarlar, sebäbi olar ony mesihileri, şol sanda öz aýalyny hem yzarlaýan radikal musulman hökmünde tanaýardylar.

— Saňa näme gerek? — diýip, mesihiler uzakdan durup gygyrýarlar. — Sen Isany ýigrenýärsiň ahyry!

— Isa maňa şu ýere gelmelidigini aýtdy — diýip, Negasi jogap berip gygyrýar. Gullukçylaryň biri oňa sorag bermesini dowam etdirýär-de, onuň hakykatdan hem, Isanyň yzyna eýermek isleýändigine göz ýetirýär. Onuň bilen bile Hudaýa doga etmezinde öň oňa yslamy goýup, Isanyň yzyna eýermegiň nämäni aňladýandygyny düşündirýärler: bu özüňi yzarlanmalara duçar etmegi aňladýar.

— Mesihidigiň üçin seni yzarlarlar. Saňa ýamanlyk etmekleri mümkin. Sen muňa näme diýersiň? — diýip, oňa aýdýarlar.

Negasiniň jogaby ýönekeý boldy:

— Meni bu ýere alyp gelen Isa hemme zadyň aladasyny eder. Ol meni terk etmez!

Negasi ýygnakdan öýüne geleninden soň, musulman namazynyň wagty gelýär. Ol endigi boýunça dyza çökýär. Ýöne yslam dogalarynyň deregine ol Isadan özüniň aňyny, dilini açmagyny we Özüni has gowy tanamagy üçin ýüregini açmagyny haýyş edýär.

Negasi özüniň ýanyna Isanyň gelenini aýalyna gürrüň berende, Ife: "Aliluýa! Aliluýa!" — diýip, şeýle bir gaty gygyrýar welin, goňşulary adamsy ony ýene urýandyr diýip pikir edýärler.

Ýygnak agzalary Negasä özüne yzarlanmalaryň garaşýandygyny aýdypdyrlar, olaryň aýdanlary derrewjik gelýär. Birnäçe günden soň musulmanlaryň bir topary Negasini tutup, ondan musulman dogasyny okamagyny talap etdiler. Arap dilini okandygy üçin ol özüni: "Gurhanyň özünde: "Isa Hudaýyň Ogly, Muhammet bolsa, bary-ýogy pygamber" diýlip ýazylypdyr" — diýen sözler bilen goramaga çalyşdy. Emma bu musulmanlary kanagatlandyrmandyr. Olar Negasä pikirlenip, yslama gaýdyp gelmeklige bir hepde puryja berdiler. Eger ol muny etmese, onda ýene gelip, oňa garşy *jehad* alyp barjakdyklaryna söz berdiler.

Bir hepdeden soň musulmanlar ýene geldiler. Olaryň biri Negasiniň bokurdagyna gylyç çenedi. Üç ýyllap aýalyny urup gelen bu adam üç hepdä galman batyr hoşhabarçy boldy. "Eger men ölsem, onda meniň oglum wagyzçy bolar. Eger siz meniň tenimi parçalasaňyz, onda oňa elini degren her bir adam mesihi bolar. Meniň öljek ýerimde bolsa, ýygnak binasy gurlar" — diýip, mähellä aýtdy. Mähelle gudrat bilen yzyna gitdi.

Ýöne haýbatlar dowam etdi. Başga bir gezek radikal musulmanlar Negasi öýünde ýokka, onuň öýüne geldiler-de, Ife bilen onuň ogluny öýe gabap, öýi otladylar. Üç ýylyň dowamynda ärinden taýak iýip we adamsynyň Hudaýyň Patyşalygynda halas bolmagy üçin dynman doga-dileg edip ýören aýal, edil öýüniň ýalynlaýşy ýaly iman bilen ýalynlady. Ot alawlap başlanda, ol: "Şadragyň, Meýşagyň we Abednegonyň Hudaýy — meniň Hudaýym" — diýip gygyrdy. Ol ogly bilen ýanyp duran öýden hiç hili şikes alman çykdylar.

Biz Negasi bilen tanşanymyzda, Ife ikisiniň hoşhabarçydyklaryny aýtdy. Ol erkekler bilen işleýär, Ife bolsa — aýallar bilen. Olar dogduk obasyny terk etmeli bolýarlar, ýöne nirä barsalar-da, kime duş gelseler-de, Isa hakdaky Hoş Habary wagyz etmegini dowam

etdirýärler. Olaryň nikasy, Negasi ony göz öňüne beýle getirmedik bolsa-da, dogrudanam missioner nika boldy.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Men aýalyma Ifeniň düşen ýowuz ýagdaýynda galmagyny maslahat bermezdim. Ýöne Hudaý onuň ýamanlyga ýagşylyk bilen jogap bermäge taýýarlygyny we adamsynyň ýüregini üýtgetmek hem-de täsin gullugyň başyny başlamak üçin dogadaky tutanýerliligini ulanýar. Siziň durmuşyňyzda merhemetde we dogada köpräk tutanýerlilik görkezmesi gerek bolan ulgam barmy? Öz gündeligiňizde ýa-da mesihi dostuňyz bilen gürleşen wagtyňyzda, hatda gitmek ýa-da işiňizi goýmak isleýän bolsaňyz hem, tutanýerlilik görkezmesi gerek bolan ulgamyňyzy öwreniň.

### DOGA-DILEG ETMEK

"Rebbim Isa, hatda iň bolgusyz adamyň hem, Seniň merhemetiňi almak isleýändigi üçin Saňa minnetdar. Ýolumda duş getirýän adamlaryň, maňa gaharly ýa-da gazaply bolsalar-da, Seni tanamaýanlar üçin doga-dileg etmegimi hiç haçan bes etmezligime kömek et. Omyn".

### *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

Bu günki gürleşen soňky oglanym mesihi gyza güýç bilen öýlenen musulmandy. Ol üç ýylyň dowamynda aýalyny musulman bolmaga mejbur etjek bolup urýar, ýöne günleriň birinde Isa oňa görnüp: "Meniň yzyma düş" — diýýär. Adamsyny Mesihe getirmek üçin ýyllap urulmalara çydam eden — şol aýalyň ýerine özüňi göz öňüne getirmek mümkinmi? Görsene! Rebbiň yzyna eýereli bäri ony urdular we tasdanam öldüripdiler, ýöne ol barybir öz gullugyny dowam etdirýär.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN SALGYLANMALAR

"Ölüm — biziň durmuşymyzdaky iň bagtly gün. Biz muňa hemme zatdan-da köpräk begenmeli, sebäbi bu biziň hakyky ýurdumyza geçişimizdir".

**Moris Ţorneý** (1910–1949)[1]

1 Jon Foks we "Ejir çekenleriň sesi", "Foks: Ejir çekenleriň sesi" (Waşington, Kolumbiýa okrugy: "Salem Books", 2019).



# 40-NJY GÜN



# GALDYRYLAN MIRAS

"Hojaýyny oňa: "Berekella, ýagşy, sadyk hyzmatkär! Sen az zatda sadyk bolduň, men saňa köp zatlary ynanaryn, hojaýynyň şatlygyna şärik bol" diýýär"".

**MATTA 25:21**

## Halmahera, Indoneziýa, 2003-nji ýyl

Soňky ýigrimi üç ýylyň dowamyndaky saparlarymyň köpüsiniň iň gowy bölegi — bu onuň soňudy. Men öýüme, aýalymyň we ogullarymyň ýanyna gaýdyp gelmegi nähili gowy görýärin! Yza gaýdýan ýol mydama şeýle uzak bolup, hiç haçan gutarmajak ýaly bolup görünýär. Ýa-da men aýalymy gujaklamaga, ogullarym bilen oýnamaga, öz düşegimde ýatmaga, çemodanlarymdaky zatlary çykaryp, sapardan alyp gelen şaýatlyklarymyň üstünde işlemäge howlugýarmykam?

Meniň gadyrly okyjym, biziň siz bilen bilelikde eden kyrk günlük syýahatymyz tamamlanyp barýar. Siz hem taryh

çemodanyňyzdaky eşiden wakalaryňyzy, şeýle hem, iň wajyp zady, ýagny dünýäniň dürli ýurtlarynda ýaşap yzarlanylýan mesihileriň mysalynda Hudaýyň öwretmek isleýän sapaklaryny "çykarmaga" başlarsyňyz diýip umyt edýärin.

Soňky wakanyň deregine men size illýustrasiýa galdyrmak isleýärin:



Men bu suraty näçe görsem-de, her gezek görenimde maňa ony görmek agyr düşýär. Men bu suraty 2003-nji ýylda Indoneziýada düşüripdim. Bu mazar. Ýöne ol — boş mazar.

Men öz kärdeşlerim bilen Indoneziýanyň gündogar bölegindäki Moluk adalary diýen sebitdäki Halmahera adasyna bardyk. Ol ýerde biz barmazymyzdan birnäçe ýyl ozal ýowuz yzarlanmalar bolup geçipdir. Bu ada mesihiligi getiren ilkinji adamlar Halmahera 1860-njy ýyllarda baran gollandiýaly missoner är-aýal bolupdyr.

Maňa bu maşgala barada hiç zadam mälim däl. Men diňe olaryň bu ada Hoş Habary getirmek üçin gelendiklerini, ölendiklerini we depäniň üstünde ajaýyp süýji suwly köle tarap bakdyryp özleriniň guran öýleriniň ýanynda jaýlanandyklaryny bilýärin. Olaryň haýsy denominasiýa degişli bolandyklaryny, näçe çagasynyň bolandygyny, bakyýete gitmezinden öňürti, ol ýerde näçe wagtlap ýaşandyklaryny-da bilmeýärin. Olara adaly adamlaryň Mesihe köpçülikleýin gelendikleriniň şaýady bolmak bagtynyň miýesser edenini etmänini ýa-da bir-iki indoneziýalynyň Mesihi kabul edenini görmek üçin köp ýyllaryň dowamynda tutanýerli işländiklerini-de bilmeýärin. Belki-de, olara ýekeje imana gelen adamy görmek bagty ýetirenem däldir.

Men diňe bu är-aýalyň ýaşandyklaryny, Hudaýa gulluk edendiklerini, bu adada ölüp, şu mazarda jaýlanandyklaryny bilýärin.

Belki, bu barada surata seredip gürrüň etmek kyndyr, ýöne olaryň mazary häzir boş. Bu missionerleriň jaýlanan mazarynda süňkleri ýok.

Men bu ýere barmazymdan birnäçe ýyl ozal Halmaherada radikal yslamçylar guduz açan ýaly bolupdyrlar. Biziň komandamyz ýakylan birnäçe ýygnak binasyny gördi. Biz üstlerine hüjüm edilen, ýaralanan we maşgalalarynyň wagşylyk bilen öldürilişiniň şaýady bolan mesihiler bilen duşuşdyk. Ýöne radikal musulmanlar diňe ýygnak binalaryna hüjüm etmändiler-de, eýsem, mesihileriň öýlerine-de, olaryň özleriniň üstlerine-de hüjüm edipdirler. Özleriniň ýigrenjiniň hem gazabynyň alawlaýan ýalny içinde bu günki ýygnaga hüjüm etmek olara ýeterlik bolmandyr.

Gazaba atlanan mähelle ýüz ýyldan gowrak wagt mundan öňki mazara şeýle gazaply darap, gollandiýaly är-aýalyň süňklerini çykaryp alyp, olary ýakypdyrlar. Olar süňkleri ýakmak we bu “musulman” toprakdan mesihiligiň islendik zadyny, hatda adada bolan ilkinji mesihilik şaýatlygynyň “çeşmelerini-de” süpürip taşlamak üçin ot ýakypdyrlar.

Men bu maşgala hakda hiç zadam bilmeýärin. Ýöne bir zady bilýärin: bu gollandiýaly missioner är-aýal haýran galdyryjy ruhy miras galdyrypdyr.

Bu missionerleriň ruhy mirasy şeýle beýik bolup, ölenine bir asyrdan gowrak wagt geçenden soň hem, olaryň gullugy entegem duşmany guduzlama ýagdaýyna salypdyr. Duşman öz territoriýasyna olaryň gelip, ol ýerde Hoş Habaryň baýdagyny dikmäge het edip bilendigine gazaplanyp ýör. Ol her bir ýitirilen bir metr ýer üçin, her bir göklerde bakyýetde bolmak üçin ýitirilen jan üçin entegem gahalanyp ýör. Olar nädip het edip bildikäler? Olaryň ölenine ýüz ýyldan gowrak wagt geçenden soň adamlar Hudaýyň şol batyr çagalarynyň süňkleriniň birwagtky jaýlangy duran ýerini bize görkezdiler-de: “Olar mesihidiler!” — diýdiler.

Gadyrly okyjy, eger siziň öleniňize ýüz ýyldan gowrak wagt geçenden soň hem şeýtan durmuşyňyzy nähili ýaşanyňyza, Mesihiň joşgunly şaýady bolanyňyza entegem gaharlanýan bolsa, onda bu beýik abraýyň we täsin ruhy mirasyň alamatydyr! Siziň bilen bilelikde eden kyrk günlük syýahatymyz wagtynda biz şonuň ýaly adamlaryň köpüsi bilen — durmuşy hem mesihilik şaýatlygy şeýtany uzak wagtlap gaharlandyrjak adamlar bilen tanyşdyk.

Indi bolsa, gün-günden, aýma-aý, garaz, Hudaý ömrümizi näçe uzaltsa, şonça-da şonuň ýaly bolma we Oňa bolan imandan we Onuň Patyşalygyna gulluk etmekden doly bolmak kararyna gelmelidiris.

## PIKIRLENMEK ÜÇIN

Siz öz ruhy mirasyňyzy nähili ýagdaýda görmek isleýärsiňiz? Siz ölüp, göklerde Hudaýyň ýanyna baranyňyzdan soň hem, şeýtanyň size uzak wagtlap gaharlanmagy dowam etdirmegini isleýärsiňizmi? Öz gündeligiňize bu ýerde, ýer ýüzünde nähili

miras galdyrmak isleýändigiňizi ýazyň. Gurmakçy bolýan ruhy mirasyňyza bir kerpiç goýmak üçin bu gün siz näme edersiňiz?

## DOGA-DILEG ETMEK

"Rebbim Isa, meni berkit we durmuşym uzak ýyllaryň dowamynda bu ýerde, ýer ýüzünde we meniň üstüm bilen Seniň imana getirjek adamlaryň durmuşy arkaly bakyýetde ähmiýetli yzy galdyrar ýaly edip ýaşamagyma kömek et. Her gün, ädimme-ädim, sözme-söz Saňa we Seniň töwerekdäkileriň hemmesine bolan söýgiňe şaýatlyk etmek bilen mirasymy sabyrly hem tutanýerli gurmaga maňa kömek et. Omyn".

## *Siziň gündeligiňiz*

## *Meniň gündeligimden*

"Laskar Jehad" (indoneziýa dilinden terjime edeniňde "Jegadyň esgerleri" — Jafar Umar Talip tarapyndan döredilen mesihilige garşy indoneziýaly yslam goşuny bolup, häzir ol dargadylan hasap edilýär) goşunyndan bolup çozuş edenler ada deňziň hemme tarapyndan bolşy ýaly, jeňňelligiň içinden hem gelýärler, şonuň üçin oba adamlaryna gaçara ýer galmaýar. Biziň alan suratlarymyzyň birinde şol wagşyçylykly çozuşyň netijesinde maşgala agzalary we ýakyn garyndaşlary wepat bolan ýigrimä golaý adam dur.

Bu saparda men Rimlilere haty okaýaryn, şonda bu gün maňa aşaky aýat düşdi:

"Ilki bilen, imanyňyzyň bütin dünýäde yglan edilýänligi sebäpli, baryňyz üçin Isa Mesih arkaly Hudaýyma şükür edýärin" (Rimliler 1:8).

Bu "Ejir çekenleriň sesiniň" gullugynyň düýp özenini has gowy şekillendirýän ajaýyp aýat. Biz Hudaýyň yzarlanylýan çagalarynyň imanyny bütin dünýä yglan edýäris.

# MINNETDARLYK

Siziň bu kitaby eliňizde tutmagyňyzyň özi — meniň köp ýyllyk arzuwymyň ýerine ýetmesidir. Arzuwlaryň başgalaryň kömegi bolmasa, amala aşmaýandygy maňa gaty gowy bellidir!

Birinjiden, men soňky ýigrimi üç ýylyň dowamynda duşuşan we interwýu alan yzarlanylýan mesihilerime çuň hoşallygymy bildirýärin. Meniň olar bilen köplenç gürrüň etmäge çalyşýan zadym — bu olaryň durmuşyndaky iň agyryly we agyr duýgularydyr. Şeýle-de bolsa, olar şol duýgularyny höwes bilen paýlaşdylar, maňa sorag bermäge rugsat etdiler we özleriniň gymmatly şaýatlyklaryny meniň diktofonuma hem galamyma ynandylar. Meniň üçin olar bilen gürrüňdeş bolmaklyk — mukaddes hormatdyr. Rebdäki aýal hem erkek doganlarym, köp sag boluň. Siziň şaýatlyklaryňyzy gowuja edip ýetirendirin diýip umyt edýärin.

Aýalym Şarlotta her gezek dünýäniň mesihiler üçin howply bolan ýerlerine syýahata ugradanynda meni Hudaýa ynanýardy, käwagt hem, meniň bilen bile “Ejir çekenleriň sesiniň” hyzmatyny edýän iman gahrymanlary bilen duşuşyga gidýärdi. Ol — meniň durmuşdaky we gullukdaky hyzmatdaşym we iň gowy dostum. Ondan başga syýahata bile ugramagy ýa-da öýe bile gaýdyp gelmegi isleýän hiç kimim ýok!

Kameron bilen Kerdik, biziň ogullarymyz, meniň üçin Hudaýa doga etdiler, ejeleriniň aladasyny etdiler we her gezek sapardan gaýdyp gelenimden soň gürrüň beren wakalarymy sabyrly (käwagt höwes bilen) diňlediler. Indi olaryň özleri uly adamlar, öz maşgalalarynyň başy, borçlardan hem işden ýüki ýeten adamlar. Olaryň durmuşynyň özleriniň Isany söýýändiklerine şaýatlyk

edýäni üçin men minnetdar! Daniel bilen Laura, şunça ýyllap diňe ogully bolup ýaşanymyzdan soň, biziň gyzlarymyz boldular! Biziň “oglanlarymyz” gaty gowy saýlaw etdiler, şonuň üçin biz “gyzjagazlarymyzyň” ikisinem gaty gowy görýäris!

Meniň ene-atam, Fil we Lýusil Nettltonlar, maňa Mesihe we Onuň Tenine gulluk edýän durmuşy görkezdiler. 1982-nji ýylda biziň maşgalamyzyň ABŞ-dan Papua — Täze Giwineýa giden gününi “Ejir çekenleriň sesinde” gulluk etmekdäki ilkinji ädimim diýip hasap edýärin. Ondan bäri meniň ejem — kakam dürli ýerlerde we dürli rollarda gulluk etdiler we köp uçarlarda uçdular! Olaryň Hudaýa bolan söýgüsi we Oňa hem adamlara bolan wepalylygy durmuşymyň her bir etapynda meni ruhlandyrmagyny dowam etdirýär.

Men köp ýyllaryň dowamynda bu kitaby ýazmak isledim, emma örän köp wagtlap özümi gowuja ele alyp we elime galam alyp bilmedim. Öz dostum hem öňki kärdeşim Sid Uebba hasabatlylyk boýunça hyzmatdaşym bolmagyny haýyş edenimde, ýagdaýlar üýtgedi. Ol mylakatlylyk bilen, ýöne tutanýerlilik bilen iş başlatjak bolup, maňa basyş etdi. Onuň kömegi bolmadyk bolsa, bu kitap siziň eliňizde däl-de, entegem meniň arzuwymda galardy. Sag boluň, doktor Sid!

Men “Ejir çekenleriň sesindäki” dostlarymyň we kärdeşlerimiň söýgüsi hem goldawy üçin minnetdar.

Koul Riçards — meniň başlygym, “Ejir çekenleriň sesiniň” häzirki prezidenti — mydama bu kitabyň, “Ejir çekenleriň sesi” radiostansiýasynyň ruhlandyryjysy hem-de meniň goldawym boldy. Men oňa ýolbaşçylyk edeni üçin minnetdar.

Men “Ejir çekenleriň sesiniň” öňki prezidenti Jim Daua “Ejir çekenleriň sesi” radiosynyň işe başlamagyna ýaşyl çyrany ýakandygy üçin minnetdar. Ilkinji ýaýlymdan başlap, Jim programmanyň gowy boljagyna ynandy we ony (hem-de meni) söz bilen bolşy ýaly, býujet serişdeleri bilenem goldady. Sag bol, Jim.

Kris Robinnet “Moody Publishers” bilen gatnaşygy saklamaga kömek etdi, şeýle hem, kitabyň çap edilmesi bilen baglanyşykly bolan meseleleriň hemmesini gözegçilik astynda saklady, maňa yzarlanylýan mesihileriň şaýatlyklaryny iň gowy edip ýazmakda ünsümi doly jemlemäge mümkinçilik berdi.

Şeril Odden köp ýyllar mundan ozal meni yzarlanylýan mesihileriň gullukçylarynyň hataryna girmäge çagyrdy we “Ejir çekenleriň sesine” meni işe aldy. Şeýle etmek bilen ol meniň durmuşymyň gidişini düýpli özgertdi. Ol we Dewid Robbins teksti Mukddes Ýazgy bilen baýlaşdyrmakda, pikirlenmek üçin parçalary ýazmakda, şeýle hem, bu kitabyň tekstini kämilleşdirmekde ullakan kömek etdiler. Men olara eden goşantlary üçin minnetdar.

“Ejir çekenleriň sesiniň” Halkara gullugy bölüminiň işgärleri — eger atlaryny yglan etsem olaryň garşy çykjakdyklaryna ynanýaryn — olar gullukdaky ajaýyp hyzmatdaşlar we biziň mesihi maşgalamyzyň yzarlanylýan agzalarynyň ajaýyp gullukçylarydyr. Siziň bu kitapda okan her bir saparym wagtynda diýen ýaly, bu bölümiň işgärleri ýokary derejede habar we maglumat alyşmalar arkaly meniň gündelik ýoldaşlarym boldular. Olar saparyň jikme-jikliklerini işläp düzdüler, maslahatlar berdiler, terjimeçi gözläp tapdylar, ýagdaýlar hakdaky goşmaça maglumatlary berdiler, meni (hemişe diýen ýaly) erbetliklerden halas etdiler we mydama meniň işimi ýeňilleşdirdiler. Olar bilen syýahat etmek mümkinçiligi we olary öz işdeşlerim, doganlarym hem dostlarym hökmünde tanamak mümkinçiligi maňa ýarady.

Tim, Oliwiýa we Hýu “Ejir çekenleriň sesi” Radionyň önümçilik prosesinde esasy roly oýnaýarlar. Jeremi Berton meni we meniň täze kitabymy dünýä jar etdi. Jon Uilke meniň publisistim boldy we dürli habar beriş serişdeleri arkaly on müňlerçe adamlar bilen gatnaşyk saklamanyň gapysyny açdy. Rojer Kemp we onuň “RK Media”-daky komandasy “Ejir çekenleriň sesi” Radionyň, şonuň bilen birlikde hem, mesihi maşgalamyzyň yzarlanylýan agzalarynyň

şaýatlyklarynyň ýaýrama ulgamyny geometriki progressiýadaky göwrümini giňeltdi.

Men “Ejir çekenleriň sesiniň” her bir maşgala agzasyna minnetdar. Men olaryň her biriniň adyny tutup geçmek isleýärin, ýöne, gynansak-da, bu mümkin däl. Olar her hepdeki radiogepleşik üçin grafika berýärler, yzarlanylýan mesihileriň şaýatlyklaryny “Ejir çekenleriň sesiniň” býulletenine ýerleşdirýärler (makalalar ýazýarlar, fotomateriallaryň üstünde işleýärler, dizaýn düzýärler), olary sosial torlarda we “Ejir çekenleriň sesiniň” konferensiýalarynda paýlaşýarlar, bütin dünýä ugradylýan kömekleri toplaýarlar we iberýärler, awiapetekleri tapýarlar, zekatlaryň geliş prosesi, biziň kompýuterlerimiziň howpsuz işiniň üpjünçiligi üçin, hasaplaryň tölegleri we missiýamyzyň ofisiniň gowy ýagdaýda saklanmagy üçin jogapkärçilik çekýärler. Isany söýýän we Onuň yzarlanylýan Tenine wepaly gulluk edýän bu doganlarym bilen bile işlemek meniň üçin uly hormatdyr.

“Moody Publishers” komandasy bilen işleşmek hem ýakymly. Emi Simpson meniň bu kitaba garaýşyma derrew düşündi. Bu kitabyň meniň kompýuterimden siziň eliňize geçmekdäki hysyrdyly işi ol etdi. Kewin Emmert meniň golýazmamy redaktirledi we her bir wakany has aýdyň hem ýagtyly öwşün atar ýaly edip timarlady. Dizaýnerler komandasy bolsa, syýahatyň motiwini şeýle owadan görkezýän ajaýyp daşky sahypany we içki sahypalary döretdiler, olar meniň garaşyşymdan-da ajaýyp bolup çykdylar. “Moody Publishers” komandasynyň her bir agzasyna köp sagbolsun aýdýaryn!

Iň soňunda-da, okyjym, size sagbolsun aýdýaryn! Kyrk günüň dowamynda mesihi maşgalamyzyň yzarlanylýan agzalary bilen bolan duşuşyklar siziň imanyňyzy üýtgeder diýip umyt edýärin. Çagyrlyşymyzyň bahasy nähili bolsa-da, pidamyz nähili bolsa-da, Isa şoňa mynasypdyr!

# MAZMUNY


GIDILEN GÜN: Uçuşyň öň ýanyndaky gözegçilik sanawy . . . . . 9
1-NJI GÜN: Biziň gözegçiligimizden daşda . . . . . . . . . . . . . . . . . 17
2-NJI GÜN: “Öň men ony ýenjipdim” . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 23
3-NJI GÜN: “Bizde özümize gerek zatlaryň hemmesi bar” . . . . 29
4-NJI GÜN: “Men, hatda hammamda suwa düşenimde-de gark bolup bilýärin” . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 35
5-NJI GÜN: “Bularyň haýsy gowy?” . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 41
6-NJY GÜN: “Muňa bolan umyt maňa güýç berdi” . . . . . . . . . . . 49
7-NJI GÜN: Iň gowy bolmaga dyrjaşmak — 1-nji bölüm . . . . . . 55
8-NJI GÜN: “Meniň durmuşymdaky iň süýji wagt” . . . . . . . . . . . 61
9-NJY GÜN: Yzarlamalar — tötänlik däl-de, kanunylyk . . . . . . . 69
10-NJY GÜN: “Biz uzak wagtlap Hudaýa doga etdik...” . . . . . . 75
11-NJI GÜN: Eritreýadaky gorky . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 83
12-NJI GÜN: “Eger Hudaý bizi ulanyp bilse” . . . . . . . . . . . . . . . 89
13-NJI GÜN: Mukaddesligiň nusgasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 95
14-NJI GÜN: Paltodaky okuň galdyran deşigi . . . . . . . . . . . . . . 105
15-NJI GÜN: Ýerdäki şaýatlyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 111
16-NJY GÜN: “Ajaýyp wagt boldy” . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 117
17-NJI GÜN: “Indi ol Hudaýy has köp söýýär” . . . . . . . . . . . . . . 123
18-NJI GÜN: Hudaýyň meýilnamasyna begenmek . . . . . . . . . . . 131
19-NJY GÜN: Türmedäki Mukaddes Kitap . . . . . . . . . . . . . . . . . 137
20-NJI GÜN: “Biz hemme zady bilýäris” . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 143
21-NJI GÜN: Iki paý — 1-nji bölüm . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 151
22-NJI GÜN: Iki paý — 2-nji bölüm . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 157
23-NJI GÜN: Iki paý — 3-nji bölüm . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 163
24-NJI GÜN: Iki paý — 4-nji bölüm . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 171

25-NJI GÜN: Iki paý — 5-nji bölüm . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 177
26-NJY GÜN: "Eger bütin dünýä iman eden bolsa" . . . . . . . . . . 183
27-NJI GÜN: Jaýlama çäresindäki wagyz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 189
28-NJI GÜN: "Hajathana kagyzy hökmünde ulanyp bilersiň!" . 195
29-NJY GÜN: "Hiç kim Hoş Habary saklap bilmez!" . . . . . . . . . . 201
30-NJY GÜN: "Resullaryň yzy bilen" . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 207
31-NJI GÜN: "...men sizi köşeşdirerin". . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 213
32-NJI GÜN: "Mesihidigiňizi subut ediň!" . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 219
33-NJI GÜN: "Hatda Gurhanda-da Isanyň
geljekdigi ýazylypdyr!" . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 225
34-NJI GÜN: Maýyp edilen eller — 1-nji bölüm . . . . . . . . . . . . . 231
35-NJI GÜN: Maýyp edilen eller — 2-nji bölüm . . . . . . . . . . . . . 237
36-NJY GÜN: Laosdaky bir wagyz . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 243
37-NJI GÜN: "Biz ony şeýle küýseýäris!". . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 249
38-NJI GÜN: Gonamçylykdaky ýaşaýyş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 255
39-NJY GÜN: Özüňi gynaýan üçin Hudaýa doga etmek . . . . . . 261
40-NJY GÜN: Galdyrylan miras . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 267
MINNETDARLYK. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 273




# YZARLANYLAN MESIHILER BILEN DUŞUŞMAGA SYÝAHAT

Todd Netlton («Ejir çekenleriň sesi», VOMradio.net radio gepleşigiň alyp baryjysy) 20 ýyldan gowrak wagtyň dowamynda bütin dünýä syýahat edýär we Isanyň adynyň hatyrasyna yzarlanylan ýüzlerçe mesihilerden interwýu alýar. Indi ol sizi özi bilen birlikde batyr mesihiler bilen duşuşmaga çagyrýar, olaryň imany sizi özüňizi Mesihe has çuňňur bagyş etmäge ruhlandyrar.

Gymmata düşýändigine garamazdan, olar özleriniň Halasgäri üçin berk durdular. Olaryň beren gürrüňleri biziň hem şeýle hereket etmegimize kömek eder.

TM